Türkmenistanyň Bilim ministrligi
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

# TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ ÜPJÜNÇILIK HUKUGY

(Okuw gollanmasy)

Garaýew Ş.A.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet
uniwersitetiniň hukuk fakultetiniň
raýat hukugy kafedrasynyň aspiranty

Aşgabat-2010ý.

**Garaýew Ş. A**

# TÜRKMENISTANYŇ DURMUŞ ÜPJÜNÇILIK HUKUGY

**(Okuw gollanmasy)**

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**Aşgabat- 2010**

# G I R I Ş

Durmuş üpjünçilik hukugy- bu durmuş üpjünçilik hukugynyň nazaryýetiniň emele geliş ojaklaryny, hukugyň mazmunyny, düzümini, raýatlaryň galtaşýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynda durmuş taýdan goraglylygyny, olaryň gelip çykyş kanunalaýyklygyny, düzgünleşdiriji hukuk çeşmesini, durmuş üpjünçiligini we oňa bolan hukugyň emele geliş şertlerini, ýuridiki faktlaryň netijelerini, maddy we maddy däl, şeýle hem, prosessual hukuk gatnaşyklaryny, hukuk düzgünleşdirmesiniň kanunalaýyklygyny öwrenýän we şonuň esasynda durmuş üpjünçilik jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk pudagydyr. Durmuş üpjünçilik hukugy özüniň ylmy esasyny durmuş üpjünçilik ylmyndan, ol bolsa öz esasyny özüniň geşmişinden: taryhyndan, taryhy terjimehalyndan alyp gaýdýar. Diýmek, durmuş üpjünçilik hukugynyň emele gelmegi üçin üç sany esas, birinjiden, durmuş üpjünçilik döwlet syýasaty, ikinjiden, döwlet durmuş üpjünçilik hukuk binýady we döwlet hukuk çeşmeleri, üçünjiden, şolaryň esasynda dörän durmuş üpjünçilik ylmy we onuň nazaryýeti hökmany zerurlyk bolup durýar.

Her bir hukuk pudagynda bolşy ýaly, durmuş üpjünçilik hukugynyň (durmuş üpjünçiligiň däl) baş funksiýasy hukuk gatnaşyklaryny emele getirmek we ony düzgünleşdirmekdir. Durmuş üpjünçiliginiň (hukugyň däl) baş funksiýasy hemaýat etmek we goldamakdyr. Emma hukuk binýady bolmasa, şu iki sany baş funksiýa hukuk hukdaýnazaryndan başa barmaýar. Elbetde, ahlak kadalary boýunça jemgyýetçilik gatnaşyklarynda bu mesele başa

baryp biler, emma ol subýektiw häsiýetde bolup geçer, tutuş jemgyýete elýeterli bolup bilmez, bu funksiýalaryň amala aşmagy adamynyň ahlak-wyždan hiline bagly bolup galar.

Türkmen halkynyň Beýik akyldary Magtymguly Pyragy “Bahyla ugramaň, güler ýüz bermäň, **möhüm bitirmäge kipaýat ýagşy**”[1] diýip geçipdir. Bu pikiriň özi, diňe bir ahlak baha beilmesi hem däl-de, aslynda **“kipaýatyň-kömegiň”** hukugy üpjün etmegiň serişdesidigi hem mälim bolýar. Munuň özi durmuş üpjünçilik hukugynyň we ony üpjün ediji baza bolup durýan durmuş üpjünçiliginiň ykdysadyýetiň ösüşi we onuň netijeleri bilen berk baglanyşyklydygyny görkezýär. Şeýlelikde, durmuş üpjünçilik hukugy (ol dörän bolsa-da, adat-hukuk, jemgyýetçilik häsiýetinde bolsa-da ) haýsy jemgyýetçilik gurluşynda hereket
edende-de, onuň baş funksiýasy, aslyýeti, düýp mazmuny, esasy ýörelgeleri üýtgemeýär. Ösüşiň we jemgyýetçilik gurluşynyň häsiýetine görä, durmuş üpjünçilik hukugynyň we durmuş üpjünçiliginiň göwrümi, gurluşy, görnüşleri we olaryň möçberleri üýtgeýär, ýagny peselýär ýa-da ýokarlanýar.

Durmuş üpjünçilik hukugynyň esasy ähmiýeti adam şahsyýetini goraýanlygydyr. Adamyny hemmetaraplaýyn üns merkezinde goýmak we gurşap [1]

Magtymguly. Saýlanan eserler, iki tomluk. I tom. Aşgabat. 1983ý. “Delalat ýagşy”. 167 sah.

almak Türkmen döwletiniň baş ýörelgesidir. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda “ Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly

hazynasy adamdyr” diýip berkidilmegi, ata-babalarymyzyň ynsanperwer däplerini dowam etdiriji, öz halkynyň Milli lideri diýen belen abraýa eýe bolan Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň gös-göni özüniň öňe süren “Döwlet adam üçindir” diýen Baş ýörelgesi döwletiň durmuş üpjünçilik syýasatynyň baş ugruny kesgitleýändigine we nazarlaýandygyna doly şaýatlyk edýär. Durmuş üpjünçilik hukugynyň jemgyýetiň ähli gurşawlaryny öz içine alýan toplumlaýyn kemala getirlýändigini pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň berilmeginden we olaryň görnüşleriniň köpeldilmeginden, möçberleriniň ýokarlandyrylmagyndan başlap, durmuş hyzmatlaryna, medeni dynç alyş, bejeriş-şypahana hyzmatlaryna çenli ýoly geçýändigi, bularyň hemmesiniň adam şahsyýatini goramaklyga we onuň mertebesini saklamaklyga gönükdirilendigi doly beýan edýär.

Şu okuw kitabynda durmuş üpjünçilik hukugynyň esasy göwrümi bütewileşdirilip-umumylaşdyrylyp, ulgamlaşdyrylyp alyndy, onuň hukuk binýatlary tipleşdirildi we öwrenilmeli esasy hukuk çeşmeleri, olaryň gelip çykan ulgamlary, täsir ediş meýdanlary alyndy. Munuň özi durmuş üpjünçilik hukugyny özbaşdak hukuk pudagy hökmünde öwrenmekde, dolandyryş dili bilen aýdanymyzda, guramaçylyk tertibini emele getirmäge mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda, Drumuş üpjünçilik hukugyny düýpli çägi, degişlilik aslyýeti we ýörteleşdirilen maksatnamasyny boýunça pudaklaýyn öwrenmegiň ylmy esasyny goýmak üçin şertler doly emele geldi. Döwletimiziň Milli Lideriniň tagallasy bilen turuwbaşdan durmuş üpjünçilik kanunçylygy bütewileşdirildi, ulgamlaşdyryldy, hukukgyň içerki we ondan daşarky hukuk

binýatlary, hukuk çeşmeleri doly anyklaşdyrma ýoluna nazarlandy. Şonuň bazasynda indiki wezipe durmuş üpjünçilik hukuk ylmyny kemala getirmekden, bar bolan ylmy çeşmeleri toplumlaýyn öwrenmekden we ony ýerine ýetirmek üçin olary okuw kitaplarynyň töweregine jemläp, hukuk ylmy meýdanyna birikdirmek bilen durmuş üpjünçilik ylmynyň "imperiýasyny" döretmekden ybaratdyr. Bu kitap durmuş üpjünçilik hukugynyň esasy daşky korpusyny we içki gurluşyny düzýändigi, hukugy kompleksleýin öwrenmäge mümkinçilik berýändigi, indiki öwrenmeli meseleleriň üstüni açyp biljekdigi bilen ähmiýetlidir. Ol nireden nämäni gözlemelidigini, näme hakda pikir etmelidigini, nämäni nirä jemlemelidigini, nirede ulanmalydygyny, pikiriň we derňew işiniň, eksperimental işiň netijesiniň peýdaly ýa-da peýdasyz bolup çykjakdygyny, öňki hereket edýän ýagdaýy gaýtalaşakdygyny ýa-da gaýtalamajakdygyny, öňki ýagdaýy kämileşdirýändigini, hukugy alýan we hukugy üpjün edýän taraplaryň ahyrky bähbitlerini, olaryň goraglylygyny anyklamaga ýardam edýär. Bu- hukugyň berjaý edilmeginiň we hukugyň bozulmagynyň üstüni açmaga-da, umumy hukuk düşünjesini edinmäge-de ýardam edýär. Öňünden belleýärin, bu kitap okuw gollanmasydyr, hukugy we onuň ylmyny öwrenmegiň umumylaşdyrylan programmasydyr.

Okuw gollanmasy durmuş üpjünçilik hukugynyň düşünjesine degip geçýär, şeýle hem, pensiýalar, döwlet kömek pullary, ýeňillikler, bilim, saglygy goraýyş we beýleki durmuş hyzmatlary ulgamlary boýunça esasy çygryny görkezýär.

# GIRIŞ BÖLÜMI

## I BAP. TÜRKMENISTANDA DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGI WE DÖWLET SYÝASATY

### §1.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasatynda durmuş üpjünçilik konsepsiýasy

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasatynda esasy durmuş üpjünçilik konsepsiýasyny kesgitleýär. Onuň bu ugurdaky döwlet syýasatynda iş orunlaryny döretmek we ilatyň iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak, ýol-ulag gatnaw hereketini giňeltmek we ösdürmek, ýaşaýyş jaý üpjünçiligini çözmek, karz-maliýe, şol sanda puluň hümmetini ýokarlandyrmak meselelerini çözmek, saglygy goraýyş, bilim ulgamlaryny kämilleşdirmek we ösdürmek esasy durmuş üpjünçiligi hökmünde garalýar hem-de ileri tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz özüniň ýakyn gelejekdäki maksatnamasynda şu aşakdakylary ileri tutýar:

- Telekeçilere göterimsiz karzlar bermek,
- Ipoteka tertibinde ýeňillikli şertlerde raýatlara karz pul bermek,
- Raýatlary banklarda maýa goýmaklyga çekmek we maýa goýumlaryň görnüşlerini giňeltmek, maýa goýumlaryň eýeçilik ygtybarlylygyny kepillendirmek,
- Türkmen manadynyň denominasiýasyny geçirmek.

- Saglygy goraýyş ugurlaryny we saglygy goraýyş hyzmatlaryny giňeltmek,
- Bilim beriş usulyýetini kämilleşdirmek, Türkmenistanyň ykdysadyýeti, medeni durmuşy üçin zerur bolan hünärler boýunça hünärmenleriň ýetişdirilmegininde işerki we daşarky bazalary giňeltmek, talyplaryň sanyny artdyrmak, täze bilim-terbiýeçilik edaralarynyny gurmak.
- Aragatnaşyk ulgamyny ösdürmek, ähli ilatyň telefon serişdeleri bilen doly üpjün edilmegini gazanmak.

Hormatly Prezidentimiz özüniň durmuş üpjünçilik konsepsiýasyny ynsanperwerlik we sahawatlylyk ýörelgelerinden ugur alyp işläp düzýär.

Ol özüniň döwlet syýasatyndaky maksatlaryny we wezipelerini ähli döwlet dolandyryş işlerinde beýan edip, giň halk köpçüligine ýetirýär. Onuň maksatlaryny we wezipelerini görkezýän sözlerinden birnäçe aýry-aýry parçalary mysal getirip göreliň:

- “Eger biz şol demir ýoly gursak: - täze demir ýol arkaly baý ýataklarymyzy özleşdirip bileris... “demir ýoluň ugrunda stansiýalar gurlup, täze obalar, şäherler dörär”, “bu zatlaryň hemmesi müňlerçe adam üçin iş ýerlerini döreder. ...” (Gazagystan-Türkmenistan-Eýran demir ýolt barada) [1]

-“Biziň içeri syýatymyzda hem baş maksadymyz halkymyzy gowy ýaşatmak.” [2]

(227 sahypa),

-“...Türkmenbaşydan Faraba çenli, Aşgabatdan Daşoguza çenli hem-de etrabara gara ýollaryny gurýarys.” [3]

-“Ylym, bilim biziň işimiziň iş möhüm bölegi bolmaly. Döwletimiz ylymly, bilimli adamlara daýanmaly.” [7] (230 sahypa)
-“ Men bu meseläni öz gözegçiligimde saklaýaryn. ... Sport ýurdumyzda köpçülikleýin häsiýete eýe bolmaly.” [4] (230 sahypa)
-“Ilatyň dynç alşyny guramak, ýurtda syýahatçylyk barada uly maksatnamalarymyz bar. ... Halkymyz üçin nähili eşretleri döredip bolýan bolsa, biz olary hökman dörederis” [5] (231 sahypa)

Ýokarda getirilen sitatalardan görnüşi ýaly, eger durmuş üpjünçiligi nukdaýnazaryndan alanymyzda, Hormatly Prezidentimiz döwlet syýasatynyň esasy wezipelerini özüniň durmuşa geçirmekçi bolýan syýasy-ykdysady maksatnamasynda anyk kesgitleýär.

Elbetde, syýasat ykdysadyýete hyzmat ekmeklige doly güýjünde gönükdirilende ilatyň-her bir raýatyň durmuş üpjünçilik derejesi-de ýokarlanýar, durmuş taýdan goraglylygy-da iş ýüzünde kepillendirilýär we durmuşa ornaşdyrylyp, hemişelik hereketde bolýar. Bu bolsa jemgyýetiň syýasy ylalaşykda ýaşamagyny, hukuklaryň we borçlaryň gyşarnyksyz amala aşyryrylmagyny, durnukly, ortaça maddy ýagdaýy doly üpjün edýär.

Haçanda ykdysadyýet öndüriji bolanda onuň hereketi ykdysady kanunlara we ykdysadyýet ylmynyň predmetine degişli bolýar. Haçanda ykdysadyýetiň önminden peýdalanmaklygy paýlamak prosesinde jemgyýetçilik gatnaşyklary hukuk kanunlaryna we hukuk ylmynyň predmetine degişlilige geçýär. Raýat hukugynyň, maliýe hukugynyň, ýaşaýyş jaý hukugynyň, ýer hukugynyň we başga hukuk pudaklarynyň ykdysadyýetiň miwelerini

eýelik etmek, peýdalanmak, ygtyýar etmek, dolandyrmak bilen baglanyşykly jemgyýetçilik gatnaşyklary olaryň çäklerindäki hukuk gatnaşyklary bolup durýarlar we şol pudaklaryň hukuk  kadalary bilen düzgünleşdirýärler.

Şol hatarda durmuş üpjünçilik hukugynyň hem esasynda ykdysadyýet ýatýar. Ýöne ykdysadyýetdäki önümçilik prosesinde ilatyň durmuş taýdan üpjünçiligini we durmuş taýdan goraglylygyny düzgünleşdirýän durmuş üpjünçilik hukugydyr.  Umuman, hukuk öz mazmunyny şertnamalaýyn, borçnamalaýyn, dolandyryjylyk gatnaşyklary bilen düzýär hem-de kada belleýji, prosessual hukuk gatnaşygyny ýüze çykaryjy häsiýetini özüne alýar.

Ýurtda näçe nebit-gazyň satylandygy, näçe pagtanyň öndürilendigi, pul dolanyşygynyň işjeňliginiň derejesi, gaznalardaky maliýe serişdeleriniň möçberi, nirä näçe, nähili şertde maýa goýulanda näçe girdeýji, peýda alynjakdygy, haýsy hojalyk pudagynyň özüni ödeýiş derejededigi, senagat we beýleki önümçilikler nähili guralanda ony giňeldip boljakdygy we ş. m. ykdysadyýet ylmynyň öwrenýän we çözýän meseleleridir. Emma öndüriji güýçleriň iş orunlaryny kemeltmek, işçi güýjüň zähmete ukypsyzlygy we başgalar hukuk gatnaşyklary boýunça çözülýän meselelerdir. Ýagny, iş ornunyň ýitirilendigi, zähmete ukypsyzlyk döwründe
zähmet hakynyň ýitirilendigi üçin öwezini doluş tölegleri bolup durýan kömek pullaryny bellemäge we ony almaga hukuk döreýär. Şu babatda durmuş ätiýaçlandyrmasy serişdelerinden maliýe serişdelerini almak durmuş

[1-5]. G. Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat. 2007ý.

üpjünçilik hukugynyň hukugy amala aşyrmak wezipesidir, durmuş ätiýaçlandyrmasynyň maliýe çeşmelerini saýlap almak bolsa ykdysadyýetiň degişli pudagynyň işidir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň durmuş üpjünçilik konsepsiýasyny ykdysady hasaplamalaryň we onuň mümkinçilikleriniň, hem-de hukuk binýadynyň esasynda döredýär. Onuň konsepsiýasy boýunça her bir raýatyň durmuş taýdan goraglylygyny we onuň gelejegi bolan durmuş üpjünçiligini kepillendirmeklige hukuk şertleri döredilýär. Mysal üçin, pensiýalara, kömek pullaryna bolan hukuk şeýle ýagdaý ýüze çykan mahalynda raýatyň haýsy gatlaga degişlidigine, emläk we beýleki ýagdaýyna seretmezden degişli edilýär. Munuň özi
ata-babalarymyzyň baýa-garyba deň göz bilen garamak ýörelgelerine eýerilýändigine we onuň dowam etdirilýändigine şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiz özüniň durmuş üpjünçilik konsepsiýasyny ykdysadyýetiň eklenjine we syýasatyň hemaýatkärligine, ruhy baýlygyna
baglylykda işläp taýýarlaýar. Ol özüniň konsepsiýasynda öňe sürýän pikirlerini
şeýle açyp görkezýär: “ Häzirki wagtda öňde goýlan baş wezipe hemmeler üçin deň hukuklary üpjün etmekden we kanunlaryň berjaý edilmegini kepillendirmekden ybaratdyr. Biz ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna toplumlaýyn çemeleşmäge, olaryň ösüşini utgaşdyrmaga hem örän çynlakaý ähmiýet berýäris.

Ýöne, elbetde, hatda özgertmeleriň şeýle utgaşdyrylan toplumynda hem bizde öz ileri tutýan wezipelerimiz bar. Senagaty ösdürmek babatda olar energetika pudagydyr we

oba hojalygydyr, **durmuş taýdan üpjünçilik babatda bolsa**, saglygy goraýyş hem-de bilim ulgamydyr. ...

Ozaly bilen, biz saglygy goraýyş meselelerine durmuş üpjünçiligi wezipeleriniň iňňän möhüm bölegi hökmünde garaýarys. Hakykatdan-da, enelik we çagalyk, maýyplara, uruş weteranlaryna, pensionerlere saglygy goraýyş ýeňillikleri ýaly we beýleki möhüm durmuş üpjünçiligi meseleleri kanunçylyk taýdan berkidilmese, saglygy goraýyş ulgamynyň kadaly işlemegini göz öňüne getirmek kyn.

Şonuň üçin biziň saglygy goraýşy ösdürmek babatdaky syýasatymyz we çemeleşmelerimiz **umumy durmuş üpjünçiligi syýasatymyz bilen ýakyndan baglydyr**, ýönekeý adam hakynda alada etmek bolsa onuň binýatlyk esasydyr. ...” (381-383 sahypalardan)[1]

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan döwlet syýasatyndaky durmuş üpjünçilik konsepsiýasy, onuň aýratyn ileri tutulýan wezipeleri baradaky pikirleri aýdyňdyr. Ol jemgyýetde her bir raýadyň hukuk nukdaýnazaryndan seredeniňde, durmuş üpjünçiliginiň içerki we daşarky mazmuny boýunça hukuklaryndan peýdalanmaklary barasynda alada edýär, berk hukuk şertleriniň döredilmegini üpjün edýär.

## § 2. Türkmenistanyň durmuş üpjünçilik boýunça dowlet syýasaty we onuň ugurlary

Türkmenistan döwleti syýasy, ykdysady we medeni sferalarda alyp barýan

[1] G. Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat. 2007ý.

döwlet syýasatyny jemgyýeti dolandyrmagyň ähli sferalary boýunça bütewilikde toplumlaýyn we aýratynlykda kesgitleýär. Döwlet syýasatyna umumy häsiýetnama berilende, ol esasan, döwleti we jemgyýeti kompleksleýin ösdürmek ýörelgesi boýunça alnyp barylýar diýip, bellenýär. Şonuň bilen bir hatarda, durmuş üpjünçiligi boýunça-da, döwlet syýasatynyň wezipeleri bellenendir we ol maksatnamalaýyn alnyp barylýar.

Durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasaty näme?

Durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasaty- munuň özi döwlet tarapyndan alnyp barylýan we gözegçilik edilýän ilatyň maddy hal-ýagdaý derejesini kesgitleýän, baha berýän, üpjün edýän, ilatyň aýry-aýry toparlaryny garrylyk ýaşy, zähmet we gulluk işi, saglyk ýagdaýy (maýyplygy), zähmete ukypsyzlygyň ýitirilmegi we beýleki durmuş wakalary, faktlary bilen baglanyşykly durmuş taýdan gorag astyna alýan we olaryň durmuş üpjünçiligini, olar üçin durmuş şertleriniň döredilmegini amala aşyrýan döwletiň syýasy-ykdysady we hukuk işiniň kompleksidir.

Durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasaty Türkmenistanda esasan iki ugur boýunça jemgyýetçilik degişliligine gönükdirilendir:

1). Jemgyýetiň umumy degişliligine gönükdirilen ugry.

2). Adamlaryň aýry-aýry toparlaryna gönükdirilen ugry.

Döwlet syýasatynyň bu iki ugur boýunça ýerine ýetirýän wezipesiniň özboluşly aýratynlyklary hem, biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşygy hem bardyr.

1-nji ugur boýunça döwlet syýasaty ilatyň ähli gatlaklarynyň ýaşaýyş we maddy hal-ýagdaý derejesini ýokarlandyrmaklyga we olary ykdysadyýetiň gazananlaryndan mümkingadar köp peýdalanmaklyga çekmeklige gönükdirilen öndürijilikli işi alyp barýar. Munuň özi senagat (agyr we ýeňil) we oba hojalyk (agrar) önümçiliginiň, sowda we hyzmat ediş ulgamynyň gazananlarynyň netijesinde medeniýetiň ösmegini üpjün etmek, medeni ugurlaryň (dynç alyş, sagaldyş, sport, syýahatçylyk, sungat we başg.) olara gatnaşmaklyga çekilen ilatyň hasabyna ykdysadyýete goşmaça gazançlaryň goşulmagyny, ylmyň, bilimiň, saglygy goraýşyň ösdürilmegini, halkyň maddy we ruhy-intellektual baýlygyny gazanylmagyny we ony ykdysadyýetiň ýokary kuwwatynyň saklanmagynyň we ösmeginiň çeşmesine öwürmekligi üpjün edýän mukaddes, ynsanperwer, adalatly syýasy işdir. Bu syýasy işiň baş maksady syýasaty ykdysadyýete, ykdysadyýeti bolsa halka hyzmat etdirmekdir.

Öňde bellenip geçilen Döwlet syýasatynyň 1-nji ugry boýunça maddy we ruhy eşretleri raýatlar Türkmenistanyň konstitusiýasynda berkidilen we kepillendirilen hukuklarynyň we azatlyklarynyň çäklerinde, şeýle hem Türkmenistanyň kanunlaryny we başga kadalaşdyryjy namalaryny öz içine alýan kanunçylygy bilen düzgünleşdirilmeginiň çäklerinde kanun we şertnama gatnaşyklary boýunça umumy esaslarda peýdalanýarlar. Bu ugur boýunça halka berilýän ýeňillikli şertler hem umumy

peýdalanmaklyga gönükdirilendir. Mysal üçin, gazyň, elektrik togunyň, nahar duzunyň mugt peýdalanylmagy, zähmet haklarynyň ýokarlandyrylmagy we ş. m. Bu ugur boýunça ähli durmuş eşretlerindäki (ýaşaýyş jaý, ulag, aragatnaşyk, bilim, saglygy goraýyş, durmuş hyzmatlary we ş. m.)
amatlyklar ykdysadyýetiň ösüş depgini bilen gös-göni baglanyşyklydyr we olaryň döredilmeginiň, giňeldilmeginiň ahyrky çäkleri kesgitlenmeýär, diňe minimal we ortaça derejesi göz öňünde tutulýar ýa-da meýilleşdirilýär.

Durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasatynyň adamlaryň aýry-aýry toparlaryna gönükdirilen ugrynyň 1-nji ugurdan aýratynlygy özüniň hereket
etmegini zähmet, dolandyryş, durmuş üpjünçilik we beýleki hukuk binýadyndan
başlaýandygyny, ykdysady paýynyň ýörite bölünýändigi, önümçiligi sagdyn işçi güýji bilen üpjün etmeklige gönükdirilendigi, onda raýatlaryň aýratyn toparlarynyň ýörite goralýandygy, olara ýörite hukuk artykmaçlyklarynyň we ýeňillikleriň berilýändigi bilen baglanyşyklydyr. Şeýle hem, 2-nji ugruň ýene-de
bir aýratynlygy, ondaky hukugy üpjün etmek üçin maliýeleşdirmegiň ýörite
çeşmeleriniň saýlanyp alynýandygy, durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmekligiň usullarynyň bellenýändigi bolup durýar.

Durmuş üpjünçiliginiň adamlaryň aýry-aýry toparlaryna gönükdirilen ugry (2-nji ugur) bilen jemgyýetiň ähli gatlaklaryna gönükdirilen ugry aýratynlyklarynyň bolşy ýaly, biri-birine baglanyşyklydyrlar hem.

Adamlaryň aýry-aýry toparlary diýip biz kimleri göz öňünde tutýarys?

Olar pensionerler, maýyplar, ekleýjisini ýitirenler, dürli sebäplerde wagtlaýyn zähmete ukyplylygyny ýitirenler, çaga dogran eneler, köp çagaly eneler we başga durmuş goldawyna mätäçlerdir, durmuş taýdan ýörite goralmagyna degişlilerdir.

Bu ýyrde bu iki ugruň hem biri-biri bilen esasy baglanyşygy ykdysady dereje we Konstitusiýa we kanunçylyk boýunça pensiýa we kömek pullaryna bolan hukugyň bellenilen tertipde her bir raýada degişlidigidir we kepillendirilýändigidir.

Ýörite artykmaçlyklar we ýeňillikler bolsa hemme raýatlara deň derejede

peýdalanmaga berilmeýär we şeýle hukuklar raýadyň zähmet ýa-da gulluk ýagdaýyna, onda gazanan netijesiniň resmi ykrar edilmegine , zähmet we gulluk

borjy bilen baglanyşykly ýüze çykan ýagdaýlara, şahsy hukuk statusyna (weteran, maýyp), şeýle hem olaryň jemgyýetdäki ýaşaýyş-durmuş derejesini goramaklyga baglylykda berilýär.

Şeýlelikde, bu iki ugur boýunça öz wezipelerini utgaşdyryp alyp barýan durmuş

üpjünçilik syýasaty bir bütewi mehanizme öwrülýär we ol sosial adalatlylygy,

halkyň ahli gatlaklarynyň deňhukuklylygyny we sosial taýdan goraglylygyny,

durmuş eşretlerinden deň derejede peýdalanmaklaryny üpjün edýär, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, kanunçylygynda, halkara konwensiýalarynda bellenilen

adam hukuklaryny doly derejede kepillendirýär, baýlaşdyrýar.

Durmuş üpjünçilik syýasatynyň bu iki ugrunda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow öz sosial pragmatiki garaýyşlaryny we meýillerini özüniň durmuş üpjünçilik konsepsiýalarynda jemleýär. Munuň özi ilatyň durmuş üpjünçilik ýagdaýyny ýokarlandyrmagy mydamalyk üns merkezinde goýýar hem-de ony amala aşyrmagyň ykdysady we hukuk şertlerini üpjün edýär.

Okuw gollanmasynyň ähli indiki baplarynda esasan, durmuş üpjünçilik syýasatynyň 2-nji ugrunda kesgitlenen ýörelgeler boýunça durmuş üpjünçiligini hukuk taýdan öwreneris.

## § 3. Durmuş üpjünçiligi hakynda Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň ähmiýeti.

Durmuş üpjünçilik hukugyny beýleki hukuk pudaklaryndan tapawutlandyrýan we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän çägini kesgitleýän, hukuk ylmynyň pudagy hökmünde öwrenýän predmetini özbaşdaklaşdyrýan zat onuň esasy hukuk çeşmeleri bolup durýar. Şol esasy hukuk çeşmesi bolan "Durmuş üpjünçiligi hakynda" Türkmenistanyň bitewikanuny jemi VII bölümden, XXXX bapdan we 187 sany maddadan ybaratdyr.

Eýsem, bu bütewi kanunyň esasy ähmiýeti näme?

Bu bütewi kanunyň ilkinji esasy ähmiýeti şulardan ybaratdyr:

1. Durmuş üpjünçiligi boýunça Türkmenistanyň döwlet syýasatyny hukuk taýdan amala aşyrylmagyny we oňa döwlet gözegçiligini üpjün edýänligi,

2. Bütewikanunyň häzirki bazar ykdysadyýetiniň talaplaryna laýyk gelýändigi we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan ähli sosial gatlaklaryň, şol sanda, özbaşdak iş bilen meşgullanýan, oba hojalyk önümlerini öndürýän gatlaklaryň hem sosial taýdan goraglylygyny üpjün edýänligi we durmuş taýdan üpjünçililigi boýunça isleglerini ödeýänligi,

3. Pensiýa bolan hukugy kesgitleýän bellenen şertler boýunça iş döwri doly bolmadyk raýatlara hem olaryň isleglerine görä, bellenilen tertipde doly däl pensiýanyň bellenmeginiň göz öňünde tutulandygy,

4. Dürli sebäplere gärä pensia bolan hukugy bolmadyk pensiýa ýaşyna ýeten raýatlara hem döwlet durmuş kömeginiň berilýändigi.

5. Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň sosial adalatlylyk, ynsanperwerlik,
sahawatlylyk, adam hukuklaryny ýokary derejede goramak ýörelgelerini, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda bellenişi ýaly, Türkmenistanda jemgyýetiň we
döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygyny (3-nji madda) iş ýüzünde ykrar etmekligi şöhlelendirýändigi.

Durmuş üpjünçiligi hakynda Türkmenistanyň bütewi kanunynyň ähmiýeti perspektiwalaýyndyr we strategiki mana eýedir. Bu hukuk binýadynyň durmuş gatnaşyklarynda döwletiň pozisiýalaryny durmuşa uýgunlaşdyrmakdaky, durmuş meselelerini abraýly, mertebeli, adalatly çözmekdäki, hukuk we ylmy maksatlary we onuň netijelerini halka barha ýakynlaşdyrmakdaky

ähmiýeti çäksizdir. Şu nukdaýnazardan alanyňda-da, bu bütewikanunyň aşakdaky hyzmatlaryny mese-mälim görmek bolýar:

1). Durmuş taýdan üpjünçilik ulgamynda olaryň esasy wezipeleriniň amala aşyrylýan döwründe kanunçylygyň ulanylyşynda,

2). Pensiýalaryň we kömek pullarynyň bellenmeginiň, hasaplanmagynyň, kesgitlenmeginiň, gaýtadan hasaplanmagynyň tertibi boýunça işi alyp barmakda,

3). Birnäçe kanunlara salgylanýan durmuş üpjünçilik gatnaşyklaryny (maýyplar, uruş weteranlary, harby we beýleki gulluk bilen baglanyşykly raýatlar boýunça) şu bütewi kanunyň kadalaryna laýyklykda duzgünleşdirmekde we durmuş üpjünçilik hukuk kadalarynyň ýurduň çäklerinde ulgam boýunça deň we birmeňzeş ulanylmagynda, eýeçiligiň ähli görnüşindäki emele gelen strukturalara degişli bolmagynda,

4). Ýokardaky wezipä esaslanyp, Kanunlary kodifikasiýalaşdyrmakda we dürli derejedäki kanunçylygyň (meselem, pudaklaýyn, ýerli) şu bütewikanuna laýyklykda kabul edilmeginde hem-de oňa gabat getirilmeginde, kanunçylygy “merkezleşdirmekde”,

5). Kanuna düşündiriş berilmeginde we ilatyň kanuna düşünmeginde,

6). Durmuş üpjünçiligini hukuk ylmynyň pudagy hökmünde öwrenmekde.

Ýokardaky hukuk netijeleriniň gazanylmagy bilen işi dolandyrmakdaky we durmuş üpjünçilik wezipelerini ýerine ýetirmekdäki durmuş kanagatlanmalaryny ornaşdurmakdaky ähmiýeti bu bütewi kanunyň gymmatyny has-da artdyrýar.

Onuň şeýle ähmiýeti şu ýagdaýlarda äşgärdir:
1). Iş ýüzündäki ýüze çykýan gapma-garşylyklary, dürliçe çemeleşmeleri, başgaça aýdylanda hukuk päsgelçiliklerini aradan aýyrmakda we mümkin bolan durmuş nägileliklerini, jedelleri, şikaýat tertibindäki prosessual hereketleriň döremegini aradan aýyrmakda,
2). Býurokratik çemeleşmeleriň we biri-birini gaýtalaýan iş dolandyryş resmilikleriniň- gözükdiriji, düzgünnama we resmikagyz düzmek we doldurmak proseduralarynyň azalmagyna, işgäriň we ýüz tutujynyň wagtynyň tygşytlanmagyna, şonuň hasabyna işgär üçin dynç alyş wagtynyň uzalmagyna we fiziki ukyplylygyny dikeltmegine mümkinçiligiň döremeginde.

Şeýlelikde, bu bütewi kanunyň kabul edilmegi ilatyň durmuş taýdan goralmagyny we durmuş üpjünçiligini hemmetaraplaýyn nazarda tutýandygy we hukuk binýadyny kesgitleýändigi bilen bahasyna ýetip bolmajak ähmiýete eýedir.

# II BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGINI EDARA EDIŞ ULGAMY

## § 1. Durmuş üpjünçiligini dolandyrmagyň düşünjesi.

Durmuş üpjünçilik işini dolandyrmak Türkmenistanyň döwleti tarapyndan guralýar. Durmuş üpjünçiligini dolandyrmak onuň hukuk binýadynyň esasynda amala aşyrylýar we bu funksiýa ýuridiki tarap hökmünde hereket edýän döwletiň ýerine ýetiriji we serenjam beriji häkimiýet ygtyýarly böleginiň düzümine girýän dolandyryş edarasy tarapyndan ýerine ýetirilýär. Durmuş üpjünçiligini dolandyrmak işi onuň tabynlyk tertibinde guralan ulgamy boýunça durmuşa geçirilýär we döwlet tarapyndan bellenen esasy wezipeleriniň, işiniň, hukuklarynyň we borçlarynyň çäklerinde herekete girizilýär.

Durmuş üpjünçiligini dolandyrmak işi esasan, iki häsiýetlendirme boýunça ýüze çykýar:

1. Durmuş üpjünçiligi boýunça iş dolandyryş prosedurasyny (önümçiligini) ýerine ýetirmek.
2. Iş dolandyryş prosedurasynyň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly prosessual işi ýerine ýetirmek.
3. Beýleki hojalyk pudaklarynyň ulgamy, şol sanda hususy sektoryň gurşawy boýunça durmuş üpjünçilik işini dolandyryjylyk tertibinde döwlet gözegçiligini amala aşyrmagyň çäklerinde ýerine ýetirmek.

Başky iki häsiýetlendirme boýunça durmuş üpjünçilik işi içki ulgam boýunça durmuş üpjünçilik kanunçylygynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýän çäklerde amala aşyrylýar, 3-nji häsiýetlendirme boýunça-da şeýle ýagdaý saklanýar,

ýöne bu ýerde durmuş üpjünçilik işi dolandyryş hukuk pudagynyň düzgünleşdirýän hukuk gatnaşyklary boýunça hem amala aşýar. Mysal üçin, edaralardan, kärhanalardan, guramalardan pensiýa ätiýaçlandyryş gatançlarynyň, geçirimleriniň gelip gowuşmagyna, olaryň hasabynyň ýöredilmegine we hasabatlylygyna gözegçilik etmek.

Bu soňky häsiýetlendirme boýunça durmuş üpjünçiligini dolandyryjylyk işi gözegçilik etmek çäklerinde şu tertipde ýerine ýetirilýär:

a). Edara- kärhanalaryň durmuş üpjünçiligine dahylly işlerini barlamak.

Mysal üçin, iş döwrüni tassyklaýan subutnamalaryň dogrulygyny barlamak, bank hasaplaryna (sçýotlaryna) degişli maliýe serişdeleriniň geçirilişini barlamak.

b). Maliýe edaralaryndan (bank, salgyt gullugy), edara-kärhanalardan durmuş üpjünçiligi boýunça maliýe serişdeleriniň toplanmagy, olaryň ulanylmagy, gönükdirilen maýa goýumlardan serişdeleriň gelmegi we başgalar barada degişli maglumatlary almak.

w). Durmuş üpjünçiligini meýletin ätiýaçlandyrma serişdeleriniň hasabyna maliýeşdirmegi üpjün eýmek işi boýunça raýatlary işe çekmek çäklerinde düşündiriş işlerini alyp barmak we ony guramak işini amala aşyrmak.

Durmuş üpjünçiligini başky iki häsiýetlendirme boýunça dolandyrmak durmuş üpjünçilik hukugynyň subýektleriniň arasyndaky ýüze çykýan hukuk gatnaşyklarynyň esasynda bolup geçýär.

1-nji häsiýetlendirmede önümçilik işi ministrlikden başlap aşaky ulgam birikmeleri tarapyndan dolandyrylýar. 2-nji häsiýetlendirmede bolsa birinjiden, tabynlyk tertibinde ýokarda durýan edaralarynyň aşakda durýan

edaralaryň işine gözegçilik işiniň netijesine (aşakda durýan edaranyň işiniň bellenilen tertibe layklygy ýa-da däldigi), ikinjiden, raýatlardan aşaky edaralaryň işi boýunça arzalaryň, şikaýatlaryň berilmegine baglylykda, amala aşyrylýan prosessual hereketler arkaly ýokardan aşak bolan ýagdaýda dolandyrylýar. Prosessual hereketleriň aýratynlykly taraplarynyň biri jedelleri çözmek bilen baglanyşyklydygy, bu jedelleriň degişli ministrliginiň düzüminde ýörite döredilen pensiýalary bellemek we döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak boýunça merkezi toparlar tarapyndan seredilýändigi, hereketiň jedele kazyýetde seredilmegine geçip bilýänligidir. Hatda jedele gös-göni kazyýetde seredilip bilinýän ýagdaýy hem bar.

Şeýlelikde, durmuş üpjünçiligini dolandyrmak işi- bu kompleksleýin, ulgamlaýyn, guramaçylykly alnyp barylýan, durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasatyny, durmuş üpjünçiliginiň esasy wezipeleri we işi amala aşyrylýan dolandyryş pudagynyň işidir. Durmuş üpjünçiligini dolandyrmaklygyň mazmunyny esasan, durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasaty, dürmuş üpjünçilik ýörelgeleri, durmuş üpjünçiliginiň funksiýasy, onuň wezipeleri, öünmçilik prosedurasy we prosesi, hukuk gatnaşyklary bolup durýan dolandyryş obýektleri düzýärler. Durmuş üpjünçiliginiň dolandyryş mehanizmini bolsa, durmuş üpjünçilik edaralarynyň ulgamy we olaryň gurluşy düzýärler.

## § 2. Durmuş üpjünçilik edaralarynyň ulgamy.

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän aýratyn hukuk pudaklarynyň bolşy ýaly, hojalyk ýa-da edara ediş degişliligi boýunça hukuk kadalarynda bellenen tertibiň çäklerinde pudaklaýyn dolandyryş ulgamy hem bolýar. Şol pudak ulgamy bolsa, özüniň çözmeli meselesiniň, ýerine ýetirmeli wezipeleriniň we ygtyýarlyklarynyň çäklerinde döwlet funksiýasyny amala aşyrýar.

Durmuş üpjünçilik hukuk pudagy boýunça biziň öwrenýän dolandyryş ulgamymyz hem döwletiň ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň durmuş üpjünçiligi boýunça jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ýuridiki şahslaryň işini guramak, utgaşdyrmak, serenjam bermek ýoly bilen dolandyrmaklygy amala aşyrýan döwlet häkimiýet strukturasynyň we mehanizminiň bir bölegidir.

Durmuş üpjünçilik edaralarynyň ulgamy esasy iki sany degişlilik boýunça ýöriteleşdirilýär:

1. Durmuş üpjünçilik edaralarynyň tabynlyk tertibindäki ulgamy,
2. Durmuş üpjünçiligini amala aşyrýan ýörite edarlary.

Ikinji ulgama durmuş üpjünçiligine dahylly hereketleri amala aşyrýan
pudaklaryň ylgamlary degişlidir. Meselem, saglygy goraýyş edaralary, ýol-ulag kärhanalary, aragatnaşyk edaralary we ş. m.

Durmuş üpjünçiligini tabynlyk tertibinde guralan struktura boýunça dolandyrmak ulgamy aşaky basgançaklar boýunça emele gelendir:

1. Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi,
2. Ministrligiň gurluş düzümindäki müdirlikler, merkezi toparlar;
3. Welaýat (Aşgabat şäher) durmuş taýdan üpjünçilik müdirlikleri,
4. Şäher we etrap durmuş taýdan üpjünçilik bölümleri.

Durmuş taýdan üpjünçilik işini ýerine ýetirýänligi boýunça ýörite döredilen edaralaryň işi durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň ulgamy boýunça usulyýet-guramaçylyk utgaşdyrmak ygtyýarlygynda hereket edýärler.

Mysal üçin, Ýalňyz ýaşaýan gartaşan raýatlara we maýyplara durmuş hyzmatyny edýän merkez ýuridiki şahs bolmak bilen degişli derejedäki raýatlara durmuş hyzmatyny amala aşyrýandygy we öz işinde esasy durmuş üpjünçilik kanunçylygyny gollanýandygy üçin ol durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň dolandyryş ulgamynyň işi utgaşdyryjy ygtyýarlygyna degişli edilýär.

Maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleri, weteranlaryň jemgyýetçilik birleşikleri we ş. m. hem şeýle derejedäki guramalaryň hataryna girýär.

Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň içerki gurluşy müdirliklerden (bölümlerden ) düzülýär we olar öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda hereket edýärler we öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrýarlar.

Durmuş üpjünçiligini dolandyryş ulgamynyň ýerli edaralarynyň ikinji basgançagynda durmuş taýdan üpjünçilik müdirligi (welaýat, Aşgabat şäher) bolup, ol esasan, ýerlerde amaly-usulyýet, işleri utgaşdyrmak we guramak, ýerli guramaçylyk meselelerini çözmek, pudagyň beýleki jemgyýetçilik guramalary, edara-kärhanalary bilen

gatnaşygyny üpjün etmek işini ýerine ýetirýär. Mundan başga-da, onuň ýerine ýetirýän işiniň prosessual häsiýeti hem bardyr. Ol jedeller boýunça ministrligiň çykaran netijeleriniň ýerine ýetirilişine gözegçiligi we başga gözegçilik işlerini hem amala aşyrýar.

Durmuş üpjünçilik ulgamynyň 1-nji basgançagyndaky edarasyna şäher (etrap) durmuş taýdan üpjünçilik bölümi degişlidir.

Şäher (etrap) durmuş üpjünçilik bölümi dolandyryş tertibi boýunça welaýat (Aşgabat şäher) durmuş taýdan üpjünçilik müdirligine we ministrligine tabyndyr.

Şäher (etrap) durmuş taýdan üpjünçilik bölüminiň aşakdaky ýaly gurluş düzümi bardyr:

1. Umumy işler boýunça bölümçesi,
2. Pensiýa ätiýaçlandyrmasy bölümçesi,
3. Ykdysadyýet we maliýe bölümçesi ( hasaphana),
4. Pensiýalar we döwlet kömek pullary bölümçesi.

Ýerli durmuş taýdan üpjünçilik bölümi öz işini Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, kanunlaryna, beýleki kanunçylyk namalaryna, şeýle hem durmuş üpjünçilik ministrliginiň kadalaşdyryjy namalaryna, öz düzgünnamalaryna laýyklykda alyp barýarlar. Bu bölüm durmuş üpjünçiliginiň önümçiligini ýerine ýetirmek we doly amala aşyrmak üçin döredilýär. Bu ulgam bölegi bolmazdan, ilatyň sosial taýdan goraglylygyny we durmuş üpjünçiligini üpjün etmek asla mümkin däldir.

Şonuň üçinem onuň wezipesi we ýerine ýetirýän işi dolandyryş işiniň möhüm böleginiň biridir.

## § 3. Durmuş üpjünçilik edaralarynyň esasy wezipeleri

Durmuş üpjünçilik edaralary özüniň niýetlenen dolandyryş ulgamyna laýyklykda hereket edýärler. Olaryň hereketini dolandyryşa gönükdirilen önümçiligi amala aşyrmak üçin kesgitlenen wezipeleri, wezipelerini amala aşyrmak ygtyýarlygy we ýerine ýetirýän funksiýalary üpjün edýär.

Durmuş üpjünçilik edaralarynyň wezipeleri öz pudagynyň ýerine ýetirýän funksiýasyna baglylykda, özleriniň umumy we aýratyn mazmunyny emele getirýärler. Bu edara ediş (dolandyryş) pudagynyň umumy wezipeleriniň mazmuny kesgitlenen döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmeginden, durmuş üpjünçilik hukugynyň ýörelgeleriniň, maksadynyň berjaý edilmeginden, durmuş üpjünçiliginiň ähli görnüşleri boýunça önümçiligi alyp barmakdan, raýatlaryň (adamlaryň) durmuş üpjünçiligine bolan hukugyny üpjün etmeginden, durmuş üpjünçiliginiň kanunylygyny berjaý etmekden, nägilelikleri we jedelleri kanunçylyga laýyklykda çözmekden we prosessual tertibi berjaý etmekden, durmuş taýdan goraglylygyň we durmuş taýdan üpjünçiligiň amala aşyrylmagyndaky gözegçilikden, raýatlar we içki-gurluş düzgüni babatynda usulyýet, guramaçylyk çärelerini, şeýle hem, hukuk-öňüni alyş çärelerini durmuşa geçirmekden, merkezleşdirilen dolandyryş tertibini üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Durmuş üpjünçilik edaralarynyň umumy wezipeleri ulgam boýunça ähli derejedäki dolandyryş edaralary üçin ýerine ýetirilmegi we berjaý edilmegi hökmany hem-de wajyp bolup durýar, şeýle hem, bu umumy wezipeler pudagyň

bütin ulgamy boýunça häsiýetlidir. Aýratyn mazmunly wezipeler durmuş üpjünçilik edarasynyň gurluş düzüminiň ýöriteleşdirilmeginden we olara belibir kesgitlenen yktyýarlyklaryň paýlanmagyndan gelip çykýar. Meselem, pensiýalary we kömek pullaryny bellemek boýunça merkezi toparlar ýöriteleşdirilen funksiýalaryna mahsus bolan wezipeleri: pensiýalary we kömek pullaryny bellemek üçin ýuridiki faktlary barlamak, olara baha bermek, resminamalaryň düzülişiniň dogrulygyny we hukugyň kanunylygyny anyklamak we durmuş üpjünçiliginiň ol ýa-da beýleki görnüşini bellemek barada netije çykarmak we şular bilen baglanyşykly beýleki wezipeleri durmuşa geçirýärler.

Durmuş üpjünçilik edaralarynyň wezipelerini esasy we goşmaça wezipelere-de bölmek mümkin. Esasy wezipeler umumy we ýöriteleşen funksiýasy boýunça durmuş üpjünçilik maksadyny amala aşyrmak üçin niýetlenen hem-de öňde goýulan wezipeler bolup, goşmaça wezipeler esasy wezipeleri ýerine ýetirmeklige gönükdirilen wezipelerdir. Durmuş üpjünçilik edaralarynyň işgärleriniň wezipe borçlarynyň islendigi muňa mysal bolup biler. Meselem, pensiýa bellemek üçin iş döwrüni tassyklaýan subutnamalary barlamak we olaryň hakykylygy barada delilnama düzmek durmuş üpjünçilik edarasynyň işgäriniň wezipe borçlaryna girýän wezipeleriň biridir.

Ilki bilen her bir pudaklaýyn edaralaryň hereket etmegi we wezipeleriň umumy hem-de içki mazmunyny anyklamak üçin aşakdaky alamatlaryň bolmagy zerurdyr:

- pudagy tabynlyk tertibinde dolandyrmaklyga niýetlenen bolmagy,

- Dolandyryşyň işi ýerine ýetiriş hereketi we iş ýörediş (prosessual) önümçiligi boýunça guralan bolmagy:
a). Wezipeleriň paýlanylan bolmagy,
b). Ygtyýarlyklaryň paýlanylan bolmagy,
w). Gözegçilik we hasabatlylyk tertibinde dolandyrylmagy,
g). Nägilelikler-şikaýatlar we jedeller boýunça iş ýorediş tertibinde dolandyrylmagy.
- Dolandyryş funksiýasynyň pudaklaýyn ulgamlaşdyrylan bolmagy.
Eýsem önümçilik wezipesi, dolandyryş wezipesi, dolandyryş ygtyýarlygy, ýerine ýetiriş işi biri-birinden tapawutly düşünjelermikä?
1. Önümçilik wezipesi- durmuş üpjünçilik edarasynyň niýetlenen işini (pensiýalary, kömek pullaryny bellemek üçin resminamalary toplamak, talap etmek, subutnamalary barlamak, olar boýunça degişli hasaplaýyş, gaýtadan hasaplaýyş, möçberini kesgitleýiş we ş. m. hereketler) ýerine ýetirmeklige berkidilmegi.
2. Dolandyryş wezipesi- durmuş üpjünçilik edarasynyň içerki ulgamda we daşarky gatnaşykda gözegçilik ediş we hasabatlylyk, iş ýörediş tertibini guramaklyga we amala aşyrmaklyga niýetlenen işini ýerine ýetirmeklige berkidilmegi.

Dolandyryş wezipesiniň ýerine ýetirilýän wagtynda önümçilik wezipesiniň utgaşmagy hem bolup bilýär. Mysal üçin, Şikaýat bilen ýüz tutan raýatdan (adamdan) zerur bolan tassyklaýjy subutnamalaryň talap edilmegi, resminamalaryndaky ýalňyşlyklary düzetmek ýa-da nätakyklyklary aradan aýyrmak üçin yzyna gaýtarylmagy we ş. m.

3. Dolandyryş ygtyýarlygy- ýerine ýetirýän işiniň (funksiýasynyň) häsiýetine görä niýetlenen dolandyryş wezipesini amala aşyrmak üçin hukuk çäklendirmesine berkidilmegi. Ýerine ýetirýän işiniň häsiýeti diýlende, durmuş üpjünçiliginiň görnüşlerine görä önümçilik hereketiniň ýagdaýyna düşünilýär. Mysal üçin, atly pensiýa hasaplaryndaky pensiýa toplamalarynyň maýa goýmaklyga gönükdirmekden alnan girdeýjiniň hasaplanyp ýazylmagy baradaky kadanyň döredýän şertleri (seret 21-nji madda).
4. Dolandyryş funksiýsy- dolandyryş-önümçilik pudagynyň niýetlenen wezipelerini ýerine ýetirmäge ýöriteleşdirilmegi hem-de önümçilik we dolandyryş wezipeleriniň iş ýüzünde hereket etmäge berkidilmegi.

## § 4. Durmuş üpjünçiligini dolandyryş edaralarynyň ýerine ýetirýän işi (funksiýasy)

Durmuş üpjünçiligini dolandyrmaklygy amala aşyrmak üçin onuň ulgamynyň ýerine ýetirmeli funksiýasyny kesgitlemek zerurdyr. Durmuş üpjünçiligini dolandyrmagyň funksiýasy pudagyň haýsy önümçiligi, haýsy hukuk işini amala aşyrmaga niýetlenenligi boýunça kesgitlenip, ol birinjiden, durmuş üpjünçiligini dolandyrmagyň wezipelerini, ikinjiden, çözmeli meselelerini, üçünjiden guramaly işlerini ýüze çykarýar we olary dolandyryş funksiýasyna hyzmat etmeklige berkidýär, bu üç dolandyryş düzümi dolandyryş funksiýasynyň mazmunyny düzýärler. Ýerine ýetirilýän funksiýanyň dolandyryş funksiýasy bolup çykmagy üçin oňa mahsus bolan alamatlary bolmalydyr. Şol alamatlar: dolandyryşyň maksadyndan, dolandyryşyň ýörelgesinden,

ygtyýarlylyk arabaglanyşygyndan, edara ediş hukuk ukyplylygyndan ybarat diýip hasaplamak mümkin. Bularyň hersine gysgaça häsiýetnama berilse, dolandyryşyň umumy nazarlamasy aýdyň görünýär. Dolandyryşyň maksady durmuş üpjünçiliginiň öňünde goýlan wezipeleri, döwlet syýasatyny durmuşa geçirmekde işleriň guralmagyny, durmuş üpjünçilik funksiýasynyň amala aşyrylmagyny, iş önümçiliginiň we iş dolandyryşynyň kanunalaýyk işlemegini üpjün etmeklige gönükdirilendir. Dolandyryş ýörelgeleri durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasatynyň, düzgünleşdiriji hukuk kadalarynyň hukuk gatnaşyklarynda, ulgamy dolandyryşda kanunylyk tertibinde, adalatlylyk tertibinde, ýokardan aşak tabynlyk we aşakdan ýokary hasabatlylyk tertibinde, wezipeleriň ygtyýarlylyk bölünşigi tertibinde dolandyryşy amala aşyrmaklyga gönükdirilendir. Durmuş üpjünçiligini dolandyrmagyň ygtyýarlylyk arabaglanyşygy diýlende talap etmek hukugynyň we talaby berjaý etmek borjunyň hukuk gatnaşygynda bolýanlaryň arasynda kesgitlenmegine we şol hukuk-borç gatnaşygynyň ygtyýarlylyk çägine hukuk taýdan degişli bolmagyna düşünmek bolar. Dolandyryş hukuk ukyplylygy edaranyň (ulgamyň) işini kanunçylyk namalary esasynda düzgünleşdirmegi dolandyrmak hukugyna eýe bolmak, edarany (ulgamy) özbaşdaklykda, degişlilikde (şahamçalar, bölümler babatynda), tabynlykda dolandyryş basgançagy boýunça hukuga eýe bolmaklygy häsiýetlendirýär. Bu alamatlar durmuş üpjünçilik hukugynyň usullary (öňüni alyş, rugsat beriş we gadagan ediş, dispozitiw, imporatiw, imporatiw-dispozitiw) boýunça dolandyryş funksiýasyny amala aşyrmakda doly ýüze çykýarlar.

Durmuş üpjünçiligini dolandyryş funksiýasy dolandyryşyň daşky gurluşy boýunça-da häsiýetlenýär. Durmuş üpjünçiligini dolandyryş edaralarynyň ýerine ýetirýän işini iki ulgama bölmek mümkin:

1. Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň ýerine ýetirýän işi (funksiýasy),

2. Ýerli durmuş taýdan üpjünçilik bölüminiň ýerine ýetirýän işi (funksiýasy).

1). Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligiň ýerine ýetirýän funksiýasy, Türkmenistan boýunça durmuş üpjünçiligi babatynda ýeke-täk döwlet syýasatyny durmuşa geçirmekligi we amala aşyrmaklygy üpjün etmekden, ýeke-täk döwlet syýasatyny ýöretmekden, durmuş üpjünçiligi bilen baglanyşykly işleri guramakdan, meseleleri çözmekden, raýatlaryň durmuş taýdan goraglylygyny we durmuş taýdan üpjünçiligini durmuşa geçirmekden, durmuş taýdan üpjünçilik ulgamynyň we onuň edaralarynyň işine gözegçiligi amala aşyrmakdan, durmuş üpjünçiligine dahylly gatnaşyklarda ähli pudaklar we eýeçilik sektorlary boýunça döwlet gözegçiligini amala aşyrmakdan, durmuş üpjünçilik ulgamy boýunça hasabat bermekligi guramakdan we hasabatlylygy üpjün etmekden ybarat bolup, onuň umumy funksiýasy döwlet dolandyryş häkimiýetliligini ýerine ýetirmeklige gönükdirilendir.

2). Durmuş taýdan üpjünçilik bölüminiň ýerine ýetirýän funksiýasy, döwlet tarapyndan öňde goýulan we durmuş üpjünçiligi hem-de beýleki kanunçylyk boýunça amala aşyrmaly ulgam boýunça umumy wezipeleriň ýerine ýetirilmegini dolandyrmakdan, durmuş üpjünçilik bilen baglanyşykly ýeke-täk döwlet syýasatyny, durmuş üpjünçilik kanunçylygyny berjaý etmekden we

önümçiligini şoňa salgylanyp alyp barmakdan, özünden ýokarda durýan dolandyryjy edaralaryň kadalaşdyryjy namalaryny (buýruklaryny, görkezmelerini, düzgünnamalaryny we başg.) durmuşa geçirmekden we beýleki usulyýet-guramaçylyk çärelerini öz edara ediş çäklerinde geçirmekden we geçirilýän şeýle çärelere gatnaşmakdan, durmuş üpjünçiligine dahylly bolan ähli ýerli meseleleri öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde çözmekden ýa-da şeýle çärelere gatnaşmakdan ybarat bolup, ýokary dolandyryş edarasynyň döwlet dolandyryş funksiýasyny ýerli şertlerde ýerine ýetirmeklige we işe ornaşdyrmaklyga gönükdirilendir.

Durmuş taýdan üpjünçilik bölüminiň funksiýasy onuň Tertipnamasynda, bu edaranyň bölümçeleriniň düzgünnamalarynda kesgitlenýär we Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň kadalaşdyryjy hukuk namalary, Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kanunçylyk namalary arkaly ýerine ýetirilýär.

Dolandyryş funksiýasy önümçilik durmuşynda, kanunçylygy ulanyş tejribesinde, usulyýet görkezmeleri we beýleki täzelikler işe girizilende, pudagara we beýleki dolandyryş gatnaşyklarynda ýüze çykýan meseleleri çözmekde aýratyn öňe çykýar. Ýüze çykan meseleleri ýa-da iş hereketinde döreýän meseleleri çözmek funksiýasy dolandyryşyň doly berkararlygyny üpjün edýär we dolandyryş edarasynyň ygtyýarlylygyny, dolandyryş ýörelgelerini, tagallalary utgaşdyrmakdaky ornuny, edara ediş ygtybarlylygyny aýdyň görkezýär. Şeýle hem bu funksiýa iş dolandyryşdaky päsgelçilikleri aradan aýyrmakda, kanunylygy üpjün etmekde, önümçiligi netijeli guramakda dolandyryşyň ähmiýetini ýokarlandyrýar.

Önümçiligi, işi guramak funksiýasy dolandyryşy ýokardan aşak tabynlyk tertibinde edara ulgamyny döretmekde, önümçiligiň, işiň aýry-aýry ugurlary boýunça ýöriteleşdirilen bölümleri döretmekde, dürli meseleleri çözmek boýunça toparlary döretmekde, aşakdan ýokary hasabatlylygy döretmekde, barlag-derňew geçirmekde (tükelleme, maliýe derňewi, meýilledirilen döwürleýin önümçilik barlarlary we ş.m.), iş dolandyryş önümçiligini döretmekde, dolandyryşy-ýolbaşçy düzümi döretmekde, usulyýet kömegini bermek we tejribäni ýokarlandyrmak, hünärmenleriň bilimini kämilleşdirmek, häzirki zaman tehniki we usulyýet serişdelerini durmuşa ornaşdyrmak, hünärmenleri dahylly işlerine çekmek, pudagara aragatnaşygyny saklamak bilen baglanyşykly we beýleki işiň netijeliligine, şeýle hem dolandyryşy merkezleşdirme ýörelgelerine hyzmat edýän çäreleri geçirmekde ýüze çykýar.

Dolandyryş funksiýasy hukuk ýörelgeleri esasynda-da amala aşyrylýar.

Ýagny, dolandyryş ýörelgeleri durmuş üpjünçilik kanunçylygynda we hukugynda göz öňünde tutulan ýörelgelerden gelip çykýar. Hukugyň ýörelgeleri bolsa ykdysady potensiala esaslanýan döwlet maksatnamasyndan gelip çykýar. Eger döwlet özüniň kanunçylygynda haýsy ýörelgäni öňe sürýän bolsa, şol ýörelgäni durmuşa geçirmeklige gönükdirilen kadany hem döredýär. Hiç bir kada öz-özünden döremeýär, ilki bilen öňde goýlan maksady aňladýan ýörelge emele gelýär, şondan soňra hukuk kadasy döreýär. Meselem, maksat döwletiň durmuş ätiýaçlandyryş serişdelerini rejeli peýdalanmak bolsa, şoňa hyzmat etjek ýörelge hem

meýletin pensiýa ätiýaçlandyryş ýörelgesidir, bu ýörelgäni durmuşa geçirmek bolsa meýletin pensiýa ätiýaçlandyryşyň hukuk kadasynyň paýyna düşýär. Umuman, ýörelgeleriň şu häsiýeti sebäpli, olar durmuş üpjünçilik hukugynyň subýektiw tarapyna degişli edilýär. Diýmek, dolandyryş funksiýasynyň ýörelgesi kanun esasynda emele gelýär we ol kanunda nähili häsiýetde bolsa, nämäni maksat edinýän bolsa, hut şonuň ýaly bolubam galýar.

# UMUMY BÖLÜM
# I BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGI HUKUGYNA DÜŞÜNJE

## § 1. Durmuş üpjünçiligi hukugynyň düşünjesi.

Durmuş üpjünçiligi jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň giň gurşawyny öz içine alýar. Adyndan belli bolşy ýaly, dürmuş üpjünçiligi her bir raýat, adam üçin durnukly we ýokary maddy hal-ýagdaýyň döredilmegini üpjün etmek boýunça alnyp barylýan döwlet syýasaty bilen berk baglanyşyklydyr. Durmuş üpjünçiligi mazmuny boýunça bir tarapdan, giň halk köpçüliginiň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaklyga gönükdirilen ykdysady şertleriň döredilmegini, ikinji bir tarapdan bolsa ilatyň käbir derejedäki gatlaklarynyň durmuş taýdan goralmagyna hukuk şertleriniň döredilmegini öz içine alýar.

Ykdysady taýdan döredilýän şertler ilatyň giň köpçüliginiň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň ykdysady taýdan kepillendirilmesidir. Bu şertler anyklaşdyryp aýdanymyzda ykdysady ösüşiň netijesinde döredilen amatlyklardyr. Muňa aýdyň göz ýetirmek üçin şu mysallara ýüzleneliň: iş orunlary döretmek, işsizlik wagtyndaky kepillendirmeler, zähmet haklaryny ýokarlandyrmak, ilatyň dynç alşyny guramak, syýahatçylygy ösdürmek, saglygy dikeltmek, keseliň öňüni almak, keseli bejermek boýunça saglygy goraýyş hyzmatyny giňeltmek, ýeňillikli ýaşaýyş jaýlaryny bermek, ylym we bilim beriş ulgamyny kämilleşdirmek, çagalar edaralaryny döretmek, gazdan, tokdan, suwdan,

duzdan mugt peýdalanmak, gündelik sarp edilýän önümleri, harytlary arzanlatmak, aragatnaşyk ulgamyny giňeltmek, howa-demir-gara ýollarynyň gatnawynyň giňeltmek, başga ýeňillikli şertleri döretmek we ş. m.

Hukuk taýdan döredilýän şertler ilatyň käbir gatlagyny durmuş taýdan goramaklyga gönükdirilendir. Ilatyň bu toparyna saglygy, garrylylygy, gulluk, zähmet we durmuş ýagdaýy bilen baglanyşykly maddy taýdan aýratyn kömek berilmegine, ýörite hyzmatyň guralmagyna, ýeňillikleriň berilmegine mätäç hem-de mynasyp bolan adamlar degişli edilýär. Şu ýerde mynasyp adamlar diýip, gulluk ýagdaýynyň şertleri bilen baglanyşykly özüne we maşgala agzalaryna ýeňillikler berilýän adama düşňnilýär.

Şeýlelikde, ykdysady we hukuk şertlerine baglylykda, durmuş üpjünçiligi özüniň birnäçe alamatlaryny ýüze çykarýar. Eger-de durmuş üpjünçiligi diňe ykdysady şertler bilen bagly bolsa, onda onuň alamatlary şeýle häsiýetlendirilip bilner:

1). Dürmuş üpjünçiliginiň jemgyýetiň ähli gatlaklaryna degişliligi.

2). Maliýeleşdiriş çeşmeleriniň jemgyýetiň ähli gatlaklaryna gönükdirilmegi,

3). Döwlet tarapyndan amatlyklaryň döredilmegi we ýeňillikleriň berilmegi ýa-da olaryň giňeldilmegi.

Durmuş upjünçiligi durmuş taýdan goramaklygy göz öňünde tutýan bolsa, onda ykdysady şertler bilen bilelikde hukuk şertleri döreýär we ol özüniň gönükdirilen maksady boýunça ýöriteleşdirilen häsiýete eýe bolýar. Durmuş üpjünçiliginiň hukuk şertleri şu alamatlary ýüze çykarýar:

**1). Maliýeleşdiriş çeşmeleri.**

"Durmuş üpjünçiligi hakynda" Türkmenistanyň bitewi kanunyna laýyklykda , durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmegiň şu görnüşleri göz öňünde tutulandyr:

Meselem, a). Merkezledirilen döwlet büjetiniň serişdeleri, b). Döwlet durmuş ätiýaçlandyryş serişdeleri, ç). Iş berijeleriň serişdeleri we başgalar.

Bulardan başga-da, saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň serişdeleri hem saglygy goraýyş hyzmaty boýunça durmuş üpjünçiliginiň maliýe çeşmesi hasaplanyp bilner.

**2). Durmuş taýdan üpjünçiligiň adamlaryň käbir toparlaryna gönükdirilmegi.**

"Durmuş üpjünçiligi hakynda" Türkmenistanyň bitewi kanuny boýunça durmuş taýdan goramak üçin durmuş üpjünçiligi raýatlaryň (adamlaryň) aýry-aýry toparlaryna degişli edilýär. Mysal üçin, garrylyk ýaşyna ýeten adamlar, wagtlaýyn zähmete ukypsyz bolan adam, göwreli, çaga dogran aýal, ekleýjisini ýitirenler, maýyplar we ş. m..

3). Durmuş taýdan goramaklygyň adamlaryň käbir toparyna gönükdirilmegi.

Durmuş taýdan goramak adamlaryň käbir toparyna ýeňillikleri bermek görnüşinde durmuş üpjünçiligini göz öňünde tutýar. Mysal üçin, maýyplar (şol sanda, saglyk ýagdaýy boýunça ker, kör, lal adamlar, ruhy keselliler), hukuk goraýyş edaralarynda gulluk eden adamlar we olaryň maşgala agzalary, uruş weteranlary, olara deňleşdirilen adamlar, olaryň diri gezip ýören durmuş gurmadyk ýanýoldaşlary, zähmet weteranlary pensiýalardan ýa-da kömek pullaryndan başga-da, kanunlarda göz öňünde

tutulan (Mysal üçin, ýaşaýyş jaýdan, ulaglardan, aragatnaşyk serişdelerinden we ş. m. peýdalanmakda ) ýeňillikler berilýär.

**4). Durmuş üpjünçiligini bermegiň şertleri.**

Adamlaryň käbir toparlary üçin durmuş üpjünçiligi pensiýany, kömek puluny, ýeňillikleri ýa-da başga görnüşdäki döwlet goldawyny bermek arkaly amala aşyrylýar. Durmuş üpjünçiligine bolan hukugyň döremegi üçin kahunçylykda göz öňünde tutulan ýagdaýlar, wakalar boýunça şertleriň bolmagy zerurdyr. (Mysal üçin, garrylyk, bellibir ýaşa ýetmek, söweş hereketlerine gatnaşmak, uruş wagty tylda işlemek, uruş döwri gabowda bolan ýerlerde işlemek, adamyň wepat bolmagy, aradan çykmagy bilen ekleýjiniň ýitirilmegi we ş. m.)

**5). Durmuş üpjünçiligini bermegiň maksady.**

Durmuş üpjünçiligi esasan, durmuşda kynçylykly ýagdaýlara sezewar bolan adamlara, saglyk ýagdaýy, garrylygy, gulluk işi we başga ýagdaýlary bilen baglanyşykly durmuş taýdan hukuklarynyň goralmagyna mätäç bolan adamlara, beýleki raýatlara garanyňda has köp durmuş çykdaýjylaryny etmäge mejbur bolýan adamlara, durnukly ýaşaýyş derejesini üpjün etmek üçin maddy goldaw bermekligi maksat edinýär. “Prawo sosialnogo obespeçeniýe Rossii” (Moskwa. 2005ý.) diýen okuw kitabynda durmuş üpjünçiliginiň maksady döwürler boýunça üç topara bölünýär. 1. Ýakyn wagtlyk, 2. Aralyk, 3. Ahyrky. Şular esasynda, aýallaryň göwrelilik we dogrumdan soňky işden boşadylýan wagtynda maddy goldawyň berilmegi ýakyn wagtdaky maksada , enäniň we çaganyň saglygy hakyndaky alada aralyk maksada, sagdyn nesliň ýetişdirilmegi we ilat sanynyň artmagy ahyrky

maksada mysal getirilýär. Şeýlelikde, durmuş üpjünçilik hukugynyň düşünjesiniň kesgitlemesi öz-özünden düzülýär duryberýär. Türkmenistanyň konsttusiýasynda, kanunlarda we kadalaşdyryjy hukuknamalarda göz öňünde tutulan aýry-aýry toparlara degişli edilen adamlaryň durmuş wakalary, saglyk ýagdaýy sebäpli dörän kynçylykly maddy hal-ýagdaýlaryny jemgyýetiň beýleki agzalarynyň ýagdaýy bilen deňleşdirmek, olaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramak, zähmet, durmuş, saglygy dikeldiş-bejeriş, medeni şertleri döretmek gatnaşyklaryny, hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini kadalaşdyrýan hukuga durmuş üpjünçilik hukugy diýlip düşünilýär.

Şu kesgitlemede görkezilen hukuk düşünjesine diňe kanunlarda talap edilýän şertleriň ýüze çykmagy, durmuş üpjünçiligi bilen bagly ýagdaýlar girýär.

## § 2. Durmuş üpjünçilik hukugynyň dersi

Durmuş üpjünçilik hukugyny beýleki hukuk pudaklaryndan tapawutlandyrýan özboluşly içki aýratynlyklaryny alamatlandyrýan usullary bolan hukuk gatnaşyklary bolýar. Şol hukuk gatnaşyklary bolsa durmuş üpjünçilik hukugynyň öwrenýän dersidir we bu hukugyň özbaşdaklygyny kesgitleýär. Durmuş üpjünçiliginiň hukuk gatnaşyklary zähmet, raýat we maliýe hukugynyň çäklerinde hem ýüze çykyp biler. Mysal üçin, iş sapary üçin öwezini doluş töleginiň tölenmegi, boş durlan wagt üçin hak tölemek, hünär kämillik derejesi üçin goşmaça (koefisent) tölemek, emlägi, saglygy, jany ätiýaçlandyrmak, peniýe, gatanç tölegleri, geçirimler we ş. m. Emma bularyň ählisi durmuş üpjünçilik hukugy bilen

baglanyşykly bolsa-da, özlerine häsiýetli bolan hukuk pudaklarynyň düzgünleşdirýän hukuk gatnaşyklaryny döredýärler we şol hukuk pudaklarynyň dersi boýunça öwrenilýär.

Diýmek, durmuş üpjünçilik hukugynyň dersi diýen düşünjäniň özi bu hukugyň özünden we onuň giň mazmunyndan gelip çykýar. Şu nukdaýnazardan seredeniňde, durmuş üpjünçilik hukugynyň dersi şu hukuk gatnaşyklaryny öz içine alýar:

**1). Durmuş üpjünçiligi boýunça raýatlaryň pul görnüşindäki gatnaşyklary**

(pensiýalar, kömek pullary, öwezini doluş tölegleri). Pul görnüşindäki gatnaşyklar öz içinde esasan iki topara- pensiýalar we kömek pullary boýunça toparlara bölünýär. Häzirki wagtda pensiýa gatnaşyklarynyň hataryna garrylyk, ýaşy boýunça pensiýalar, doly däl pensiýa girýär. Kömek pullary boýunça gatnaşyklaryň ulgamyna bolsa maýyplyk, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk, göwrelilik we dogrum, ekleýjisini ýitirmegi, durmuş kömegi boýunça berilýän kömek pullary girýär.

Mundan başga-da, pul görnüşli gatnaşyklara bir wagtlaýyn berilýän pul sylaglary, çaga doglanda berilýän pul kömegi, döwlet goldawy hem degişlidir.

**2). Durmuş hyzmatlaryny etmek boýunça gatnaşyklary.** (saglygy goraýyş huzmatyny hem goşmak bilen öýünde hyzmat etmek, durmuş hyzmaty edilýän edaralaryň gündiz bolunýan bölümlerinde ýarym ýatymlaýyn, gije- gündiz bolunýan bölümlerinde ýatymlaýyn hyzmat etmek). Durmuş hyzmaty edilmäge degişli bolan hukuk eýeleri gartaşan adamlar, maýyplar, durmuş ýeýillikleri berilýän adamlar (maýyplar, weteranlar,

uruş wagtynda tylda zähmet çeken weteranlar), ýokarda agzalan soňky kanun boýunça sekiz çagasy bolan köp çagaly eneler bolup bilerler. Durmuş hyzmatynyň öýünde edilmegi üçin hukuk eýesiniň keseki kömegine we hyzmatyna mätäç bolmagy, ýeňillikli saglygy goraýyş hyzmatynyň berilmegine degişli bolmagy esasy şert bolup durýar.

Pul görnüşindäki we durmuş hyzmaty görnüşindäki gatnaşyklar durmuş üpjünçilik hukugynyň dersiniň esasy özenleriniň biri hökmünde orta çykýar.

**3). Durmuş üpjünçiliginiň önümçilik hereketi boýunça gatnaşyklary**. Bu gatnaşyk ýokarda görkezilen gatnaşyklardan gelip çykýar we olary ýerine ýetirmekligiň önümçilik hereketlerini emele getirýärler. Şonuň üçinem olar biri-birinden aýrylykda hereket edip bilmezler. Önümçilik hereketi bilen baglanyşykly gatnaşyklara ýokarda görkezilen hukuk eýelerinden başga-da, iş beriji bolup durýan edara-kärhanalar, Bejeriş-maslahat beriş toparlary, Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparlar, hossarlyk-howandarlyk edaralary, bahklar, döwlet salgyt gulluklary, maliýe we ykdysadyýet edaralary hukuk eýeleri hökmünde gatnaşyga girip bilerler. Mazmuny anyklaýjy, belleýji we hasaplaýjy, amala aşyryjy, hasaba alyjy we hasabat beriji hem-de gözegçilik ediji iş dolandyryş önümçiligine önümçilik hereketi, oňa gatnaşyjy hukuk eýeleriniň arasyndaky gatnaşyklara bolsa önümçilik hereketi boýunça gatnaşyklar diýilýär. Mysal üçin, maýyplygy bellemek üçin Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparyň netijenamasy, zähmet şikesi ýa-da hünär keseli bilen baglanyşykly zähmete ukypsyzlygy anyklamak üçin iş ýerinde düzülen waka-hadysa baradaky resminama we

beýleki subutnamalar zerur bolup durýar. Mugt saglygy goraýyş hyzmatyny üpjün etmek üçin anyklaýyş we maglumat beriş hereketlerini hem ýerine ýetirmeli bolýar. Degişli resminamalary toplamak işi hem önümçilik hereketiniň esasy bölegidir. Önümçilik hereketiniň gatnaşyklaryny ýerine ýetirýän funksiýasy boýunça iki topara bölýärler.

a). Ýerine ýetiriji (prosedura) önümçilik gatnaşyklary. Durmuş üpjünçiliginiň ol ýa-da beýleki görnüşine bolan hukugy, onuň şertlerini we ýagdaýlaryny anyklamak, kesgitlemek, bellemek we üpjün etmek hereketleriniň ýerine ýetirilişinde ýüze çykýan gatnaşyklara ýerine ýetiriji önümçilik gatnaşyklary diýilýär. Mysal üçin, raýaty nam-nyşansyz giden diýip hasaplamak, maýyplyk, heläkçiligi ýok etmeklige gatnaşmak ýagdaýy) we durmuş üpjünçiliginiň haýsydyr bir görnuşiniň berilmegi ýa-da ygtyýarly edaranyň hukuk kadasyny ulanmak hakynda çözgüt kabul etmegi bilen baglanyşykly (mysal üçin, protez-ortepediýa önümleriniň berilmegi, pensiýa bellenmegi) gatnaşyklary öz içine alýar.

b). Iş ýörediş önümçilik gatnaşyklary. Mazmuny durmuş üpjünçiliginiň hukugy goraýjy gatnaşyklaryň ýüze çykmagyndan we talaby ýerine ýetirmek ýa-da talaby üpjün etmekden galdyrmak bilen baglanyşykly hukuk eýeleriniň, durmuş üpjünçilik ulgamynyň dolandyryjy edaralarynyň we kazyýetiň arasyndaky gatnaşyklardan ybaratdyr. Iş ýörediş gatnaşyklary durmuş üpjünçiligini ýerine ýetirmek işi bilen baglanyşykly jedelleriň ýüze çykmagy esasynda döreýär we raýatlaryň gatnaşygy durmuş üpjünçiliginiň islendik görnüşi boýunça hukuklaryny goramak üçin ýüze çykýarlar. (Mysal üçin,

pensiýa bellemekden ýa-da gaýtadan hasaplamakdan, durmuş hyzmatyny etmekden ýüz dönderilende).

## § 3. Durmuş üpjünçilik hukugynyň ulgamy

Durmuş üpjünçilik kanunçylygy durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň hukuk esasy we hukuk çeşmesi bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde-de ol durmuş üpjünçilik hukuk ylmynyň öwrenýän hukuk kadalarynyň mazmunyny düzýärler. Durmuş upjünçilik hukuk ulmy özüniň öwrenýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdiriji hukuk kadalaryny häzirlikçe umumy bölüme we aýratyn bölüme bölmek bilen ulgamlaşdyrmaýar. Muňa garamazdan, durmuş üpjünçilik hukuk ylmynyň ulgamy doly döredilendir.
Durmuş üpjünçilik hukugyny umumy we aýratyn bölümleri we onuň institutlary boýunça ulgama salmak bolar.

Hukuk kadalaryny içki alamatlary we özara baglanyşygy boýunça toparlara bölmek- diňe häsiýetlendiriji wezipäni ýerine ýetirýär, şeýle hem olaryň niýetlenen ugruna düşünje bermäge ýa-da hukuk gatnaşygynyň şertlerini kesgitlemäge ýol açýar. Häsiýeti boýunça olary hukuk kadalarynyň kysymlarynyň düzüm bölegi hasaplamak bolar. Mysal üçin, durmuş ätiýaçlandyrmasyny we durmuş üpjünçiligini, durmuş hyzmatyny kadalaşdyrýan kadalar, şeýle hem, iş döwrüni tassyklamak, pensiýa bellemek we onuň şertleri, pensiýalary hasaplamak we gaýtadan hasaplamak we başgalar bilen baglanyşykly hukuk kadalary aýratyn bölüm hökmünde hem göz öňüne getirip bolar. Şoňa görä-de, butewi kanunda umumy we aýratyn bölümi döretmek

mumkin däl bolup çykýar. Sebäbi bu hukuk kadalaryny biri-birinden aýrybaşga ýagdaýda ýerleşdirmegiň olaryň durmuş ýagdaýlary bilen özara baglanyşygynyň ýitmegine getirjekdigi aýdyňdyr.

Şunlukda, durmuş üpjünçilik hukuk ulmynyň ulgamy diýip, biri-biri bilen özara baglanyşykly, kysymdaşlygy boýunça bölünen, alamatlary we häsiýetleri boýunça toparlaşdyrylan, maksady we ýörelgesi boýunça raýatlaryň (adamlaryň) aýry-aýry toparlaryny durmuş taýdan goramaklyga we durmuş üpjünçiligine niýetlenen hukuk kadalarynyň toplumyna düşünilýär.

Durmuş üpjünçiliginiň hukuk gatnaşyklary şu ulgam boýunça kesgitlenen çygyrda hereket edýän hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýär. Mysal üçin, pensiýa bellemegiň tertibini kadalaşdyrýan hukuk kadalary kömek puluny bellemegiň tertibini kadalaşdyryp bilmeýär. Diýmek, durmuş üpjünçilik hukugynyň ulgamy kanunalaýyk tertipde düzülendir.

## §4. Durmuş üpjünçilik hukugynyň usuly.

Hukuk pudaklarynyň haýsy birini alanyňda-da, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmekde olaryň özüne häsiýetli bolan usuly bolýar. Şonuň ýaly-da, durmuş üpjünçilik hukugy hem hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň özüne mahsus bolan usulyny saýlap alýar. Hukugyň subýektiw tarapynyň bir alamaty hökmünde hukugyň usuly- hukugyň öz funksiýasyny ýerine ýetirmegi üçin çemeleşýän we hukuk gatnaşygyny düzgünleşdirmäge niýetleýän hukuk garaýşydyr. Şu

nukdaýnazardan seredilende, durmuş üpjünçilik hukugynyň usuly aşakdaky ugurlar boýunça herekete girizilýär:

1. Hukuk eýeleriniň (subýektleriň) hukuklarynyň we borçlarynyň döreýän hukuk gatnaşyklarynda. (Mysal üçin, iş ýerinde bolan hadysa-waka, şikes
alynmagy, zähmete ukypsyzlyk ýa-da maýyplyk- durmuş üpjünçiligini bermegiň şertleri, kömek puluny bermegiň tertibini belleýän kadalar- hukuk esaslary- hukuk esaslarynyň talabyny berjaý etmek-hukugyň usuly ).

2. Hukuk eýeleriniň we olaryň hukuklarynyň hem-de borçlarynyň arasyndaky anyk hukuk baglanyşygynyň barlygy ýa-da ýoklugy sebäpli döreýän hukuk gatnaşyklarynda. (mysal üçin, şikes alynmagy bilen baglanyşykly wakanyň iş ýeri diýlip hasaplanýan ýerlerde bolandygy ýa-da bolmandygy, subýektiň jenaýat etmegi bilen bagly şikes almagy we onuň zähmete ukypsyzlyk ýagdaýynda hukuk täsiri, subýektiň jeza çekmek möhletini dolduran döwri we onuň iş döwrüne edýän hukuk täsiri, işgäriň özüne bagly bolmadyk sebäbe görä wagtlaýyn işsiz boş duran döwri- subýekt bilen hukuklaryň we borçlaryň arasyndaky baglanyşygy anyklaýjy şertleri belleýän kadalar- gadagan ediji ýa-da ygtyýar ediji usuly).

3. Durmuş taýdan üpjünçiligiň ýerine ýetiriş we iş ýörediş önümçiligi boýunça döreýän gatnaşyklarynda (durmuş üpjünçiliginiň görnüşlerini: pensiýalary, kömek pullaryny bellemegiň, hasaplamagyň, gaýtadan hasaplamagyň, kömek pullaryny bermegi bes etmegiň ýa-da pensiýa geçirilmeginiň tertibi boýunça ýerine ýetirilýän işi, degişli hereketi etmek ýa-da ondan ýüz döndermek, jedelleri çözmek boýunça iş ýörediş önümçiligini

düzgünleşdirýän kanunlar, pudaklaýyn kadalar-buýruk beriji usuly).

Käbir halatlarda raýatlara pensiýanyň toparlaşdyrylan görnüşlerini saýlamaga-da kanunda bellenen tertipde rugsat edilýär ýa-da gadaganlyk goýulmaýar. Mysal üçin, maýyplyk boýunça pensiýa çykmaga hukugyň dörän pursatynda hukuk ýagdaýy utgaşyk gelende (kanunda bellenen pensiýa ýaşynyň dolmagy, hukuk şertleri esasynda bellenen ýaşa ýetmegi) ýaşy boýunça pensiýany ýa-da garrylyk boýunça pensiýany saýlamak hukugyny peýdalanmaga päsgelçilik ýokdur.

Salgylanýan okuw gollanmamyzda tapawutlandyrylyşy ýaly, hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň imperatiw-dispozitiw usuly hem ulanylýar. Bu usul boýunça hukuk düzgünleşdirmesi durmuş üpjünçilik hukugynyň eýeleriniň hukuklarynyň we borçlarynyň emele gelýän wagtynda merkezleşdirilen derejede ygtyýar beriji buýruk bermek bilen amala aşyrylýar. Umuman, durmuş upjünçilik hukugynyň ýerine ýetirmeli işi hukuk düzgünleşdirmesiniň mazmunynyň dispozitiw tarapyny aňladýar, hukuk funksiýasyny ýerine ýetirmegiň tertibi bolsa, hukuk düzgünleşdirmesiniň imperatiw tarapyny aňladýar. Häsiýeti boýunça bu usul kadalaşdyryjy hukuknamalaryň (şol sanda kanunlaryň) ählisine-de mahsusdyr.

Şeýlelikde, durmuş üpjünçilik hukugynyň gurşawynda subýektleriň hukuk gatnaşygyndaky deňligi diýen ýörelge kanunda bellenilen tertibi ýerine ýetirmekde subýekt taraplarynyň deňligini aňladýar. Mysal üçin, pensiýany, kömek puluny bellemegiň, hasaplamagyň, tölemegiň tertibini kanunda bellenilişi ýaly ýerine ýetirmek raýat üçin hem, durmuş taýdan üpjünçilik edarasy üçin hem

hökmanydyr we hukugyň hem-de borjuň başga hukuk esasyny saýlamak mümkin däldir.

Şeýlelikde, jemläp alsak, Durmuş üpjünçilik hukugynyň usuly diýip, hukugyň öz funksiýasyny ýerine ýetirmegi üçin çemeleşýän we hukuk gatnaşygyny düzgünleşdirmäge niýetleýän hukuk garaýşyna, hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň hukuk kadalarynda bellenilen tertibine, hukuklary we borçlary üpjün edmegiň ylmy we amaly usulyna aýdylýar.

## § 5. Durmuş üpjünçilik hukugynyň hukuk çeşmeleri.

Her bir hukuk pudagynyň hukuk kadalaryny döredýän kanunçylyk çeşmeleriniň bolşy ýaly, durmuş üpjünçilik hukugynyň hem aýratyn hukuk çeşmeleri bar. Şol hukuk çeşmeleri hem özüniň döredýän kadalarynyň üsti bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär. Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaryň zähmet, raýat, maliýe, dolandyryş hukuk pudaklarynyň hukuk düzgünleşdiriji kanunçylygyna süsňäp girýänligi hem bu hukugyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryň giň gurşawyny öz içine alýandygyny we öz häsiýetini siňdirip bilýändigini görkezýär.

Durmuş üpjünçiliginde hukuk güýji boýunça kanunçylyk aşakdaky tertipde hereket edýärler:

1. Türkmenistanyň konstitusiýasy
2. Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary,
3. Durmuş üpjünçiligi hakynda Türkmenistanyň bitewi kanuny,
4. Türkmenistanyň kanunlary,

5. Durmuş üpjünçilik ministrliginiň we beýleki pudaklaýyn kadalaşdyryjy hukuknamalary,

6. Ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň kararlary.

Düzgün bolşy ýaly, iýerarhiýa tertibinde hukuk güýji boýunça aşakdaky kadalaşdyryjy hukuknama özünden ýokardaky hukuknamanyň kadalaryna laýyk gelmelidir we olaryň biri-birine garşy gelýän ýagdaýynda ýokarda durýan hukuk güýjüne eýe bolan hukuknamanyň kadalary ulanylýar.

Bu umumy "däpden" başga-da, "Durmuş üpjünçiligi hakynda" Türkmenistanyň bitewikanunynyň 2-nji maddasynda kanunçylygyň hukuk güýji kesgitlenendir. Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalary (ylalaşyklary) ýa-da goşulyşan halkara konwensiýalary hem kanunçylyk çeşmesi bolup biler. Şeýle hem olar 2-nji maddada kesgitlenşine görä, Türkmenistanyň konstitusiýasyndan soňra, hukuk güýji boýunça 2-nji orunda durýar we ýokarda görkezilen täsir ediş güýjüniň häsiýetine eýedir.

Durmuş üpjünçilik hukugynyň hukuk çeşmesi diýip, hukuk gatnaşygyny döredýän, üýtgedýän ýa-da bes edýän, şeýle hem öz hukuk düzgünleşdirmesi boýunça hukuklary we borçlary kesgitleýän hukuk kadalaryny mazmunynda jemleýän kanunçylyga aýdylýar.

Başda belleýşimiz ýaly, durmuş üpjünçilik kanunçylygyny täsir ediş güýjiniň derejesi we artykmaçlygy (pariotitet) boýunça ýerleşdirdik. Eger olary toparlaryň içine salsak, onda täsir ediş güýji boýunça durmuş üpjünçilik hukugynyň gurşawyny öz içine alýan we Türkmenistanyň goşulyşan halkara kadalaşdyryjy

hukuknamalary birinji topara, Türkmenistanyň konstitusiýasy we beýleki kanunlar ikinji topara, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Mejlisiniň kararlary üçünji topara, dördünji topara pudaklaryň kadalaşdyryjy hukuknamalary degişli bolýar.

Türkmenistanyň goşulyşan Halkara hukuknamalary barada gysgaça durup geçeliň. Bu hukuknamalaryň hukuk kadalary umumy düzgünleri özünde jemleýänligi bilen häsiýetlenýärler. Şonuň üçin-de bu kadalar çagalaryň çeken gününiň şöhlesini şekillendirýän çyzyklary ýaly, öz köşgünden özüniň hereket edýän çygryny giňelden ýurtlaryň kanunçylygyna tarap ýol çekýär.

Adam hukuklarynyň ähliumumy jarnamasy adamynyň durmuş üpjünçiligine bolan hukugyny doly ykrar edýär. Jarnamanyň 22-nji maddasynda beýleki hukuklar bilen bir hatarda durmuş üpjünçiligine bolan hukugyny amala aşyrmak ykrar edilýär. Jarnamanyň kadalaryndan aşakdaky bölekleri getireliň:

23-nji madda: 1. Her bir adamyň zähmete, işi erkin seçip almagaç adalatly we amatly zähmet şertlerine we işsizlikden goralmaga hukugy bar.

2. Her bir adamyň haýsydyr bir kemsitmesiz, deň zähmet üçin deň tölege haky bar.

3. Her bir işleýäniň onuň özi we onuň maşgalasy üçin adama mynasyp güzerany üpjün edýän we zerur mahaly durmuş üpjünçiliginiň beýleki serişdeleri bilen üsti ýetirilýän adalatly we kanagatlanarly tölege hukugy bar.

Şu ýokardaky halkara hukuknamalary döwlet borçnamalaýyn kadalaşdyryjy hukuk güýjüne, kepillendiriji, ugur kesgitleýji we ýörelgeleýin häsiýete eýedirler.

Mysal üçin, adam hukuklaryny goramak ýörelgesi ähli döwletleriň konstitusiýalarynda esasy ýörelge hökmünde ykrar edilýär.

Halkara kadalaşdyryjy hukuknamalarynyň kesgitleýän ugurlaryna salgylansak şular durmuş üpjünçiliginiň esasy ugurlary bolup çykýar:

a). Zähmet bilen meşgullyga we zähmet hakyna bolan üpjünçilik,

b). Bilim almaga we bilim bermek huzmatlaryndan peýdalanmaga, olaryň görnüşlerini saýlap almaga bolan üpjünçilik,

w). Dynç almaga we dynç alyşy guramaga, saglygy goraýyş-dikeldiş, medeni we syýahatçylyk serişdelerinden we hyzmatlaryndan peýdalanmaga bolan üpjünçilik,

g). Saglygyny goramaga we saglygy goraýyş hyzmatlarynyň görnüşlerini saýlamaga we olardan peýdalanmaga bolan üpjünçilik,

d). Enelik we çagalyk bilen baglanyşykly durmuş goragyny almaga, wagtlaýyn we uzak döwürleýin ýa-da hemişelik zähmete ukyplylygyň (saglygyň ) ýitirilen mahalynda, işleýän (gulluk edýän), işlemeýän adamyň, olaryň maşgalasynyň durmuş goragyny almaga bolan üpjünçilik,

ý). Ýokardaky we beýleki halatlarda, adamyň özüne bagly bolmadyk sebäplere görä, zähmet hakyny we eklenç çeşmesini ýitiren mahalynda onuň we onuň maşgalasynyň durmuşa ukyplylygyna bolan maddy üpjünçilik. (işden wagtlaýyn boşadylýan döwürlerinde, maýyplyk ýagdaýynda, kesel, ekleýjini ýitirende kömek puly, durmuş kömek puly, ýeňillikler, durmuş hyzmaty)

ž). Işleýän adamyň kanunda bellenilen şertlerde hormatly dynç alşa çykanda ýaşy boýunça pensiýa almaga we beýleki pensiýalara bolan durmuş üpjünçilik

Adamyň özüne bagly bolmadyk sebäpler diýip, adamyň öz şahsy maksadyna gönükdirilen bilkastlaýyn hereketinden ýa-da günäli etmişinden gelip çykýan sebäplerden daşarda bolan sebäplere düşünilýär. (Mysal üçin, öz saglygyna bilkastdan şikes ýetirmegi, jenaýat etmişli hereket adamyň özüne bagly bolan hereketlerdir, eger zähmet hakynyň ýitirilmegi şeýle hereket etmek sebäpli bolsa, ol durmuş üpjünçiligine bolan hukugy bermeýär.)

Halkara kadalaşdyryjy namalarynda durmuş üpjünçiligi boýunça kesgitlenen ugurlar Hormatly Prezidentimiziň durmuş üpjünçiligi boýunça konsepsiýalarynda hem şohlenenýär we onuň öz döwlet syýasatynda öz döwletiniň goşulyşan halkara hukuknamalarynda bellenen borçlaryna ygrarly bolup galýandygyna şaýatlyk edýär. Şunda, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuş üpjünçiliginiň esasy ugurlaryny saglygy goraýyş we bilim ulgamy boýunça kesgitläp, işläp düzen konsepsiýasynyň ylmy taýdan esaslandyrylandygyna, seljerilendigine we ykdysady, syýasy we hukuk taýdan ölçelip-biçilendigine aýdyň göz ýetirýäris.

Türkmenistan döwletiniň goşulyşan halkara hukuk resminamalarynda bellenen kadalaryň hukuk güýjüniň hökmany ugur alynmaly, halkara subýektleriniň hereket edýän kadalarynyň özüne laýyk getirilmeli, öz kadalaryna laýyk gelmedik kadalaryň çalşyrylmagy ýa-da oňa gabat getirilmegi bellenmeli häsiýeti hem bardyr. Munuň özi

Halkara resminamalarynyň hukuk güýjüniň onuň gatnaşýan subýektiniň (döwletiniň) kanunçylygynyň hukuk güýjünden ýokary bolmagyny üpjün edýär. Ýöne munuň şeýle bolmagy üçin, birinjiden, ol ýa-da beýleki döwlet degişli halkara resminamasyna (şertnama, ylalaşyga, konwensiýasyna) goşulyşan bolmaly we ony tassyklap, olaryň teswirnamasyna gol çeken bolmagy, ikinjiden, döwletiň kanunçylygygy bilen olaryň mynasybeti ol-ýa-da beýleki döwletiň Konstitusiýasynda we beýleki kanunlarynda kesgitlenen bolmagy hökmanydyr. Degişli halkara ylalaşygynyň teswirnamasyna ýa-da beýanatyna gol çekilmegi, eger şeýle borçnamany döwletiň öz üstüne almagy görkezilen bolsa, öz döwletiniň kanunçylygyna halkara resminamalarynyň hukuk mynasybetiniň olarda we öz kanunçylygynda bellenilen şertlerde ýokarydygy ykrar edilmegi we bellenmegi, şeýle borçnamanyň doly suratda döwletiň öz üstüne alandygyny aňladýar.

Umumy döwlet kanunçylygyna konstitusiýa, kodeksler, adaty kanunlar, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary, Mejlisiň kararlary degişlidir.

Ýerli (minisipial) kadalaşdyryjy namalar diýlip, umumy döwlet kanunçylygyndakydan aýratynlygy bolan düzgünleşdiriji kadalary ulanmaga ygtyýary bolmadyk ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň kabul edýän hukuknamalaryna düşünilýär. Ýerli häkimiýet edarasynyň (welaýat, etrap, şäher häkimlikleri) durmuş üpjünçiligine mätäç adama birwagtlaýyn maddy kömek ýa-da goldaw bermek (kesgitlenen pul möçberi ýa-da emläk görnüşinde: egin-eşik, okuw esbaplary we ş.m.) hem-de durmuş hyzmatyny bellemek we maliýeleşdirmek barada karar çykaryp we şeýle çäreleri guramaklyk boýunça

dolandyryş-çäk taýdan garamagyna degişli guramalar barada serenjam beriş funksiýasyny amala aşyryp biler.

Içki-guramaçylyk (lokal) häsiýetli hukuknamalary täsir ediş çägi boýunça kärhananyň işgarler düzümine ýaýradylýandygy we durmuş üpjünçiligine zerurlyk çekýän işgäre degişlidigi bilen tapawutlanýarlar. Mysal üçin, köpçülikleýin şertnama şeýle hukuknama bolup biler. Bu şertnamada durmuş wakalary (toý, ýas dessury we b.) sebäpli, maddy taýdan kömege mätäçlik çekýän adama maddy kömek bermek we onuň möçberini kesgitlemek, saglygyny bejertmek üçin şypahanalara ýollama bermek we ony tölemek ýa-da ýeňillikli şertlerde bermek bellenilip bilner. Edaranyň kärdeşler arkalaşygy guramasynyň degişli adama maddy kömek, goldaw bermek baradaky karary hem lokal durmuş üpjünçilik hukuknamasy bolup biler.

## § 6 Durmuş üpjünçilik hukugynyň ýörelgeleriniň düşünjesi we mazmuny

Durmuş üpjünçilik hukugynyň ýörelgeleri barada gürrüň edilende, durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň subýektiw tarapy durmuş sahnasyna çykýar. Esasy ýörelgeler kesgitlenenden soňra, hukugyň düzümindäki alamatlaryň ählisi durmuş üpjünçiliginiň ýorelgelerine gulluk edýärler we eger onuň tabynlygyndan çykaýsalar, onda ol alamatlar ýitip gidýärler-de, durmuş üpjünçilik hukuk kadalarynyň düzgünleşdirýän çygryndan çykýarlar hem-de hukugy üpjün etmek ukybyny ýitirýärler. Durmuş üpjünçilik hukugynyň durmuş maksady, ýeke-täk ýörelgeden, dürli ýuridiki faktlar sebäpli, durmuş üpjünçiligine mätäçligiň dörän halatynda adamyň

ýaşamagy üçin zerur bolan esasy maddy hal-ýagdaýy döretmekden ugur alýar. Durmuş üpjünçilik hukugynyň ýörelgeleriniň ahlak kadalaryna eýermek häsiýeti hem bar. Durmuş üpjünçilik hukugynyň ynsanperwerlik ýörelgesi ahlak kadalarynyň talabyndan, şol bir wagtyň özünde-de döwlet syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň talabyndan tabşyryk alyp, öz iş ýerine tarap ýola düşýär.

Eýsem, durmuş üpjünçilik hukugynyň ýörelgeleri näme?

Durmuş üpjünçilik hukugynyň ýörelgeleri birinjiden, döwlet syýasatyndan, ikinjiden, durmuş üpjünçilik hukugynyň we onuň durmuş taýdan goramak boýunça ýerine ýetirýän funksiýasyndan gelip çykýar hem-de olar biri-birine gabat
gelýärler. Durmuş üpjünçilik hukugynyň ýörelgeleri häsiýeti boýunça umumy ýörelgelere we ýöriteleşen ýörelgelere bölünýärler.

Umumy ýörelgeler diýip, ykdysadyýetiň ösüşi bilen şertlenýän, jemgyýetiň ähli gatlaklary, ähli raýatlar üçin ýokary we ortaça ýaşaýyş derejesini üpjün edýän maddy we ruhy medeni eşretleriň döredilmegine gonukdirilen ugur almaklyga düşünilýär. Şu nukdaýnazardan ugur alnanda, umumy ýörelgelere şulary degişli etmek bolar:

1. Durmuş üpjünçiligini ykdysady taýdan üpjün etmek ýörelgeleri, ol tutuş halkyň maddy we maddy däl eşretlerini döretmeklige ugur alýar. Mysal üçin, berilýän ýeňillikleriň gurşawlarynyň giňeldilmegi, zähmet haklarynyň ýokarlandyrylmagy, harytlaryň arzanladylmagy, salgytlaryň möçberiniň aşakladylmagy, maýa goýum fondlarynyň köpeldilmegi, durmuş üpjünçiligini maliýe

taýdan ätiýaçlandyryş ulgamynyň giňeldilmegi we medeni dynç alyş
öýleriniň gurulmagy, täze mekdepleriň gurulmagy, çagalar baglarynyň açylmagy,
syýahatçylygyň giňeldilmegi we ş. m.).

2. Durmuş üpjünçiliginiň syýasy ýörelgeleri durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasatyny durmuşa geçirmeklige we umumy adam hukuklaryny goramaklyga, şolardan gelip çykýan adamy durmuş taýdan goramaklygy we durmuş taýdan üpjün etmekligi kepillendirmeklige hem-de üpjün etmeklige ugur alýar. (Mysal üçin, häkimiýet edaralarynyň we döwlet dolandyryşynyň kabul edýän kadalaşdyryjy hukuknamalary: kanunlar, kararlar, permanlar ) Syýasy ýörelgeleriň hatarynda adalatlylyk, raýatlaryň deňhukuklylygy, raýatlaryň hukuklaryny kepillendirmek, ynsanperwerlik ýörelgeleri adam hukuklaryny goramaklyga hyzmat edýär.

3. Ilatyň saglygyny goramaklygy üpjün etmek ýörelgeleri ilata ýokary derejede we ähli halka elýeterli saglygy goraýyş huzmatyny etmeklige we ony doly kepillendirmeklige ugur alýar. ( Mysal üçin, şypahanalaryň, saglygy goraýyş edaralarynyň döredilmegi we giňeldilmegi, täze lukmançylyk ugurlarynyň açylmagy, Tiz we gaýragoýulmasyz kömegiň ilata mugt berilmegi we ş. m.)

4. Demografiki ýörelgeler ilaty san taýdan artdyrmaklyga ýa-da ilatyň ösüşini kadalaşdyrmaklyga, sagdyn nesli we adamyň ýaşynyň uzalmaklygyny kemala
getirmeklige ugur alýar. (Mysal üçin, „Ene mähri“ atly hormatly adyň berilmegi,

çaga doglanda berilýän pul sylaglary, çaga bir ýarym ýaşyna çenli berilýän kömek puly we ş. m.)

Durmuş üpjünçiliginiň ýöriteleşen ýörelgeleri umumy ýörelgelerden gelip çykýar we onuň esasy maksadyndan daşarda galmaga ukyby ýokdur. Ýöriteleşen ýörelgeleriň aýratynlygy ilatyň durmuş taýdan goralmagy zerur hem-de saglyk, fiziki we maddy ýagdaýy sebäpli kömege mätäç bolan toparlaryna degişli adamlara, ýuridiki faktyň we hukuk ýagdaýynyň ýüze çykyşy boýunça durmuş üpjünçiliginiň görnüşleriniň berilmeginde görünýär. Ýöriteleşen ýörelgeler umumy ýörelgeleri durmuş üpjünçiliginiň görnüşleri we subýektleriň aýratynlygy boýunça subýektiw ýagdaýda amala aşyrmakdyr.

Şeýlelikde, ýöriteleşen ýörelgeler diýip, maddy taýdan kömege we hukuk taýdan goldawa mätäç adamlara ýaşamak üçin zerur bolan esasy şertleri we beýleki raýatlar bilen maddy-hukuk taýdan deňligini döretmeklige ugur almaklyga düşünilýär. Şu nukdaýnazardan garalanda ýöriteleşen ýörelgelere şulary sana goşmak bolar:

1. Döwlet syýasatyny we umumy ýörelgeleriň wezipelerini durmuş üpjünçiliginiň görnüşleri boýunça durmuşa geçirmek ýörelgesi,
2. Durmuş üpjünçiliginiň kanunda göz öňünde tutulan görnüşleriniň maddy taýdan kömege mätäç adamlara degişlilik ýörelgesi.
3. Maddy taýdan kömege we goldawa mätäç adamlara ýaşamak üçin zerur bolan esasy şertleri döretmek ýörelgesi
4. Maddy-hukuk taýdan ýörite goralmagy zerur bolup durýan raýatlaryň beýleki raýatlar bilen maddy-hukuk taýdan deňligini üpjün etmek ýörelgesi,

5. Durmuş üpjünçiligini görnüşleri boýunça maliýeleşdiriş çeşmelerini we olaryň ätiýaçlandyryş çeşmelelerini kesgitlemek ýörelgesi,
6. Durmuş üpjünçilik hukugynyň usullaryny degişli subýektlere durmuş üpjünçiligi boýunça hukuklary we borçlary üpjün etmäge gönükdirmek ýörelgesi.

Ýöriteleşen ýörelgeler özüniň obýektiw tarapy boýunça-da öz üstüni ýetirýärler we durmuş üpjünçiliginiň daşky alamatlaryny açyp görkezýärler:

1. Durmuş üpjünçiliginiň zähmet bilen baglanyşykly bolmak ýörelgesi, (Mysal üçin, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk, göwrelilik we dogrum boýunça rugsady sebäpli işden boşadylýan döwri we ş. m.)
2. Durmuş üpjünçiliginiň raýadyň diňe özüne däl-de, onuň maşgala agzalaryna-da degişli bolmak ýörelgesi,
3. Görnüşleri boýunça durmuş üpjünçiligine hukugy edinmekde we oňa eýelik etmekde raýadyň erkinlik ýörelgesi,
4. Kanunlarda görkezilen ýuridiki faktlar we hukuk ýagdaýy bilen baglanyşykly durmuş üpjünçiligini ýöriteleşdirmek ýörelgesi, (zähmetiň zyýanly şertleri, iş döwri, ýeňillikli şertler, iş ýerinde maýyplyk almak we ş. m.)
5. Kanunda göz öňünde tutulan hukuk ýagdaýlarynyň gelip ýeten wagtynda durmuş üpjünçiligini kepillendirmek ýörelgesi.

Bu ýörelgeler hem başky ýörelgeleriň süňňüni düzýärler. Ähli ýöriteleşen ýörelgeler boýunça olaryň durmuşa geçmegi üçin gerek bolan hukuk şertleri, durmuş üpjünçilik hukugynyň funksiýasy we wezipeleri, durmuş

üpjünçiliginiň köpdürliligi, subýektleriň hukuklary we borçlary ýörelgeleriň mazmunyny düzýär.

Durmuş üpjünçiliginiň ýörelgeleriniň mazmuny onuň içki çemeleşmelerini, hümmetlilik çözgütlerini, içki oý-pikirini we öňe sürýän dünýagaraýyşlaryny özünde jemleýär. Beýik akyldarymyz Magtymgulynyň „ Hatam bolup günde gyzyl berenden, köňülde edilen hümmet ýagşydyr“ diýip, aýdan sözleri hem durmuş üpjünçilik ýörelgeleriniň mazmunynyň bir tarapyny nygtaýar.

## § 7. Durmuş üpjünçiliginde alimentar düşünje.

Durmuş üpjünçilik hukugy özüniň düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynda baş funksiýasyny-şahsyýeti goramaklygy amala aşyrýar we durmuş üpjünçilik hukuk kadalarynyň ählisi şu funksiýa gulluk etdirilýär, şol bir wagtyň özünde-de, döwletiň jemgyýetdäki ornuny kesgitleýär, döwletiň raýadyň öňündäki konstitusion borjuny durmuşa geçirmeginiň hukuk guraly bolup durýandygyny demostrirleýär.

Durmuş üpjünçilik hukuk ylmynda dürli hukuk düşünjelerini, seljermeleri, barlaglary öwrenýäris we olaryň arasyndan ortaça (otnositel) gipotezany esas edip alýarys we olary hukuk kadalaryna siňdirýäris ýa-da hukuk kadalaryna baha berýäris. Durmuş üpjünçilik hukuk düşünjeleri özümiziň ulanýan hukuk kadalarymyza we onuň düzgünleşdirýän hukuk gatnaşyklarynyň aslyýetine (gelip çykyşyna) düşünmäge mümkinçilik berýär.

Durmuş üpjünçilik hukuk düşünjeleriniň biri-de, alimentar düşünjedir. Eýsem, aslyýeti ynsanperwerlik bolan hukukda, alimentar düşünje bolup bilermi?

Alimentar düşünje bolmak üçin şeýle düşünjäniň emele gelmegine şert döredýän alamatlarynyň bolmagy zerurdyr. Şol alimatlar:

a). ekleýjilik borjunyň bozulmagy, borjuň bozulmagynda etmişiň bolmagy,

b). günäniň bolmagy,

ç). kanuna garşy hereketiň ýa-da hereketsizligiň raýat bilen raýadyň arasyndaky hukuk gatnaşygynda bolmagy diýip hasaplamak bolar. Şu alamatlary bolan hukuk düşünjesi şonuň kanunalaýyklygy boýunça ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek üçin hukuk kadasyny döredýär. Şu-da hukuk kadasynyň emele gelen taryhy ýoluny ýatladýar.

Alimentar düşünje özi bilen alimentarlyk düşünjesini emele getirýär. “Alimentar” bilen “Alimentarlygyň” tapawudy näme? Alimentar düşünje kukuk kadasyna öz kesgitlän borjuny girizýän bolsa, hukuk gatnaşygynyň borçlandyryjy hukuk kadasy esasynda düzgünleşdirilmegine degişli edilmegi- ýöriteleşdirilmegi alimentarlyk düşünjesini emele getirýär. Şeýlelikde, bu iki düşünje hakykatda bir bütewi düşünjelerdir. Sebäbi düşünjäniň bar ýerinde oňa mahsus bolan gatnaşyk hem bolýar. Ýagny, adam öz tejribesinde ol ýa-da beýleki bir zat barada düşünjäni kemala getireninden soňra, şol düşünjesine gulluk edýär, şoňa görä-de hereket edýär. Şonuň üçin-de, hukuk bozulmasyndan howatyrlanan hukuk özüniň alimentar gatnaşygyny (mundan beýläk alimentar gatnaşygy bir söz-de, alimentarlyk diýip aňladarys.) döredýär.

Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynda-da alimentarlyk bolup biler. Ýöne ol özboluşly ýagdaýda,

ýagny durmuş üpjünçiliginiň görnüşleriniň her birine aýratyn baglylykda bolup biler. Eýsem “alimentar” diýen sözüň aslyýeti haýsy sözden gelip çykýar?

Bu söz “alimentum” diýen latyn sözünden gelip çykyp, türkmençä terjime edilende, “eklemek” diýen manyny berýär. Soňra bu söz adalga (termine) öwrülipdir. Haçan-da söz hukukda hukuk düşünjesini aňladýan häsiýete geçende we onuň manysyny berende adalga öwrülip bilipdir. Şonuň üçin hem adalga öz manysynda bellibir hukuk düşünjesini aňladýan sözdür we ol özüniň emele gelen hukuk pudagyndaky düşünjelerde, hukuk kadalarynda, hukuk gatnaşyklarynda ulanylýar. “Aliment” adalgasy maşgala hukuk gatnaşyklarynda, umuman, maşgala hukugynda ulanylyp, bu düşünje durmuş üpjünçilik hukugynda ulanylmaýar. Muňa garamazdan, aliment hukuk kadasy boýunça maşgala hukuk gatnaşygynyň alimentarlygyny üpjün edýän serişdedir, ýagny, bu subýektleriň arasyndaky gatnaşykda degişli borjuň ýerine ýetirilmezligi ýa-da kem-käsleýin ýerine ýetirilmegi sebäpli, zyýan ýetýän tarapy durmuş üpjünçilik kynçylyklaryndan goramaklygy üpjün etmekligi aňladýan hukuk düzgünleşdirmesiniň esasydyr. Aliment hakykatda durmuş üpjünçilik ideýasydyr. Hut şol ideýanyň özi alimentarlygy döredýär.

Durmuş üpjünçilik hukugynda alimentar hukuk gatnaşygy ýok bolsa, alimentarlyk nähili ýagdaýlarda bar diýlip hasaplanýar? Durmuş üpjünçiliginde alimentarlyk bar bolan gatnaşyklar we diňe alimentarlyk häsiýeti bolan gatnaşyklar duş gelýär. Emma durmuş üpjünçilik hukugynda alimentarlyk hukuk gatnaşygy boýunça däl-de, häsiýeti boýunça alimentar gatnaşyk diýlip hasaplanýar.

Durmuş üpjünçilik hukugynyň alimentarlygy onuň görnüşlerine, hukugy ýüze çykarýan faktlara we olaryň hukuk netijelerine baglylykda emele gelip biler, ýagny olaryň alimentar häsiýeti berip biljek alamatlary bolan mahalynda, alimentarlyk döreýär. Şonuň üçin-de, alimentarlygyň alamatlaryny durmuş üpjünçiliginde üýtgewsiz-gutarnykly derejede kesgitlemek mümkin däldir. Ýöne durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygynda alimentarlygyň ýüze çykmagyny aradan aýyrýan şu şertler umumy we üýtgewsiz bolup durýar:

a). Zyýanyň tebigy we iş bilen bagly bolmadyk sebäplere görä emele gelmegi,

b). Borçnamalaryň raýatlaryň hususy serişdeleriniň hasabyna üpjün edilmegi; (meselem, raýat-hukuk ätiýaçlandyryş şertnamalary, ömürlik ekläp-saklamak şertnamasy, hossarlyk-howahdarlyk borçnamasy, meýletin pensiýa ätiýaçlandyrma şertnamasy, toplama pensiýa hukugy we ş.m.)

ç). Zyýanyň emläk bilen bagly bolmagy;

d). Eklemek borjunyň diňe döwlete degişlidigi;

Alimentarlygy aradan aýyrýan ýokardaky alamatlar sebäpli, raýatlara durmuş üpjünçiligi subýektleriň etmişli hereketlerine we günäsine bagly bolmazdan berilýär. Ýagny, durmuş üpjünçiligi ssubýektleriň haýsy hem bolsa biriniň borçnamany (borjuny) ýerine ýetirmänligi, kanuny bozmagy bilen zyýan berenligi, biriniň beýlekiniň öňünde günäkärligi esasynda däl-de, konstitusion kepillendirme esasynda berilýär. Emma munuň özi durmuş üpjünçiliginiň alimentar häsiýetini inkär etmek däldir. Durmuş üpjünçiliginiň içki ýörelgeleýin mazmuny boýunça alimentarlyk häsiýeti bolmasa-da, daşyndan seredeniňde

alimentar häsiýet açyk görünýär. Daşky görnüşi boýunça durmuş üpjünçiliginiň ähli görnüşinde-de alimentar häsiýet bar. Emma olaryň käbir görnüşinde üpjün ediş usulynyň aýratynlyklary sebäpli, alimentar häsiýet asla bolmaýar. Alimentarlygy aradan aýyrýan alamatlaryň biri durmuş üpjünçiliginiň raýatlaryň hususy serişdeleriniň hasabyna üpjün edilmegi bolup, bu alamat toplaýyş pensiýa ulgamynyň kadalarynda, oňa esaslanýan meýletin pensiýa ätiýaçlandyryş şertnamasynda, toplama pensiýasyna bolan hukukda duş gelýär. Pensiýa üpjünçiliginiň raýatyň öz hasabyna ýerine ýetirilmegi diňe raýat-hukuk borçnamasyny ýerine ýetirmek-üpjün etmek bolup durýar we bu ýerde hiç hili alimentar häsiýet döräp bilenok.

Şeýle hem, tebigy we iş bilen bagly bolmadyk sebäplere görä, zyýanyň emele gelmegi alimentar gatnaşygy aradan aýyrýar. Bu ýerde gürrüň iş bilen bagly bolmadyk ýagdaýda dörän ýuridiki faktlaryň esasynda durmuş üpjünçiliginiň berilmegi barada gidýär. Şol hukugy ýüze çykarýan ýuridiki faktlaryň ahyrky netijesini biz simwoliki zyýan diýip alýarys. Ol zyýanyň bolsa işe dahyly ýok, tebigy ýagdaýda emele gelende alimentar gatnaşygyň ýokdugyny aýdýarys. Işlemeýän adamyň umumy keselçilik sebäpli maýyp bolmagy, dogabitdi maýyplygy sebäpli zähmete ukypsyzlygy, kämillik ýaşyna ýetmändigi sebäpli işlemeýän bolmagy bilen baglanyşykly maýyplygy üçin kömek pulunyň berilmegi, ekleýjisini ýitirendigi üçin kömek pulunyň berilmegi alimentar häsitde-de, alimentar gatnaşykda-da däldir. Sebäbi eklemek borjy bu ýagdaýlarda döwlete geçýär we ekleýjilik funksiýasyny döwlet amala aşyrýar. Ýetim çagalary

saklamak we terbiýelemek bilen baglanyşykly gatnaşyklarda-da, bu şeýle bolup çykýar.
Birwagtlaýyn pul sylaglarynyň berilmegi, döwlet sylaglary bilen sylaglamak we hormatly atlary dakmak bilen baglanyşykly raýadyň pensiýasyna goşmaçalaryň tölenmeginde hem alimentar häsiýet hem, alimentar gatnaşyk hem ýokdur.

Durmuş üpjünçilik hukugyndaky alimentar häsiýeti nähili göz öňüne getirip bolar? Alimentar durmuş üpjünçilik häsiýeti diýip, düzüminde alimentar gatnaşygyň alamatlarynyň alamatlary doly ýa-da kem-käsleýin bolup, alimentar funksiýanyň durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygynda hereket etmeýän häsiýetine düşünilýär. Alimentar durmuş üpjünçilik häsiýetiniň umumy we özboluşly häsiýetleri: ýitgi, ýitginiň günäli hereketden başga ýagdaýda ýüze çykmagy diýip hasaplasak, onda alimentar häsiýet diňe çäkli derejede bar diýip ykrar etmeli bolýar. Eýsem alimentar häsiýetiň bolmagy üçin haýsy alamatlar kanunalaýykdyr? Biziň pikirimizçe onuň üçin şu alamatlar bolmalydyr:

a). Ekleýjilik ýa-da töleýjilik funksiýasynyň bolmagy;

b). Zyýanyň borçnamanyň garşysyna edilen hereket sebäpli döremegi;

ç). Zyýan ýetirilmeginde günäniň bolmagy

d). Zyýan sebäpli borjuň döremegi;

Şu alamatlaryň özi subýektleriň arasyndaky hukuk gatnaşyklarynda alimentar gatnaşygy emele getirýär. Şu alamatlaryň birden biri ýok hukuk gatnaşygy alymentar hukuk gatnaşygy bolup bilmeýär.

Göz öňüne getirip görüň, hereket kanun ýa-da şertnama boýunça borçnamanyň garşysyna maksatly, aňly-

düşünjeli, ahyrky netijäni öz peýdasyna çözmek niýeti bilen bilkastdan edilse ýa-da zyýanly netijäniň bolmagyny islemän, ýöne hereketiniň şeýle netije bermeginiň mümkindigini bilse-de, oňa geleňsiz garamak bilen ýol berip, seresapsyzlykdan edilse, olar günä hasaplanýar. Günäniň edilmegi, hukuk ylmynyň nazarýetinden mälim bolşy ýaly, hereket ýa-da hereketsizlik bilen edilýär. Etmiş bolsa, şonuň ýaly ýagdaýda, günädäki häsiýetde kanuna garşy, jemgyýete howply özüňi alyp baryş hereketidir. Elbetde, etmişiň edilmegi, günäniň barlygyny aňlatmaýar, edilen etmiş bilen zyýanly netijäniň arasyndaky sebäpli baglanyşyk günäni anyklaýar. Zyýanly netijäniň şol etmiş bilen emele gelendigi belli bolmagy günäni hem belli edýär.

Durmuş üpjünçiliginde alimentarlygy (alimentar gatnaşygy) ykrar etmek üçin, onuň alamatlaryny başga alamatlarda düzmeli bolar ýa-da bu gatnaşygyň bardygyny inkär etmeli bolar. Alimentar häsiýetiň tebigy we zähmet hukuk gatnaşyklarynyň esasynda emele gelmegini alimentar gatnaşyk diýip hasaplamak bolmaz. Mysal üçin, zähmet şertnamasy esasynda işleýän işgär umumy keselçilik bilen keselläp, 10 günläp wagtlaýyn zähmete ukyplylygyny ýitirýär, iş beriji öz serişdeleriniň hasabyna işe ýarowsyzlygy üçin wagtlaýyn işden boşadylan döwründe işgäriň ýitiren zähmet hakynyň öwezini dolýar. Bu ýerde alimentar häsiýet bar, emma alimentarlyk ýok. Näme üçin? Birinjiden, zyýan tebigi ýagdaýda döreýär, ikinjiden, zyýanyň öwezini dolmak borjy etmiş, günä esasynda däl-de, zähmet hukuk gatnaşyklary boýunça kanun esasynda döreýär, üçünjiden, zyýanyň-ýitginiň öwezini dolmak ýa-da dolmazlyk olaryň islegine bagly

däldir we borjuň ýerine ýetirilmezligi gös-göni kanun bozulma bolup durýar. Bu soňundan hak islegi boýunça prosessual tertipde borjuň mežbury ýerine ýetirilmegine getirip biler.

Durmuş üpjünçiliginde onuň görnüşlerine görä, alimentar gatnaşygyň alamatlaryny düzjek bolmak, hukugyň kanunalaýyklygyny bozmaklyga, şonuň täsirinde-de, hukugyň ýörelgeleriniň, hukugyň kadalarynyň bozulmagyna ýetirip biler. Şonuň üçin-de, alimentarlygyň umumy alamatlary üýtgedilip bilinmejek, hukuk nazaryýetiniň kanunalaýyklygy boýunça emele gelen alamatlar bolup galýar.

## II BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIK HUKUGYNYŇ HUKUGY ÜPJÜN EDIŞ ÇEŞMELERI.

### § 1. Durmuş üpjünçiliginiň usullarynyň ulgamy we görnüşleri.

Öňden belleýşimiz ýaly, pul we durmuş hyzmaty görnüşinde, ýeňillikler bermek we şonuň bilen baglanyşykly durmuş amatlyklaryny döretmek görnüşinde berilýän maddy we maddy däl kömek ýa-da goldaw durmuş üpjünçiligi bolup durýar. Eýsem durmuş üpjünçiligini nähili ýol bilen iş ýüzüne geçirmeli?
Bu soraga jogap bermek üçin hukugy üpjün etmegiň serişdelerine ýüzlenmeli bolýarys.

Durmuş üpjünçilik hukugyna eýe bolmak üçin ençeme ýuridiki faktlaryň we olaryň netijesinde döreýän şertleriň bolmalydygy bize öňden mälim. Bu ýerde hukuga eýe bolundy diýip hasaplalyň. Onda hukugy, başgaça aýdanymyzda
durmuş üpjünçiligini üpjün etmegiň seridesi näme? Muňa bir söz bilen hukugyň üpjün ediş usuly diýip aýdýarys. Hukugyň usulyndan tapawutlylykda, hukugy üpjün ediş usuly diýip, hukugyň ykdysady-maliýe esaslarynyň iş ýüzünde amala aşyrylmagynyň önümçilik hereketine düşünilýär. Durmuş üpjünçiliginiň usullary häsiýeti boýunça umumylaşdyrylan bir kysyma birikýärler. Ol kysym umumy familiýasy bir bolsa-da, hersiniň öz ady bolan doganlaryň ýaşaýan maşgalasydyr.
Durmuş üpjünçiliginiň maşgalabaşysyny, hukugyň dili bilen aýtsak, onuň kysymyny durmuş taýdan ätiýaçlandyrma diýip tanadýarys. Durmuş

ätiýaçlandyrmasyna häsiýetnama berilse, ol durmuş üpjünçiliginiň gözbaşydyr we onsuz hukugy üpjün etmek asla mümkin däldir diýen netije gelip çykýar. Onda durmuş taýdan ätiýaçlandyrma näme?

Pensiýalar ýa-da maýyplyk boýunça kömek pullary bellenende, pensiýa bermek ýa kömek puluny bermek üçin maliýe taýdan ätiýaçlandyryş usullary bilen hukugy kepillendirmek we ätiýaçlandyryş gorlarynyna maliýe serişdelerini toplamagyň önümçiligini hukuk taýdan düzgünleşdirmek zerurdyr. Raýatlara berilýän ýeňillikler barada hem bu şeýledir. Görnüşine görä, durmuş taýdan ätiýaçlandyrma diýip, eýeçiliginiň görnüşlerine, hojalygy ýa-da işi ýörediş görnüşlerine, hukuk statusyna (fiziki ýa-da hukuk şahsy, ýekebara ýa-da hakyna tutma zähmeti ulanýan) garamazdan, durmuş upjünçiliginiň haýsy maksadyna gönükdirilenligine baglylykda, tölegleri, gatançlary, agzalyk gatançlaryny geçirmegiň, saklamagyň we peýdalanmagyň önümçiligini, hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň tertibine düşünilýär. Ätiýaçlandyrma pul görnüşinde durmuş upjünçilik haklary, mugt hyzmat, ýeňillikli şertler boýunça-da durmuş üpjünçiligini üpjün etmegiň serişdesine öwrülýär. Häzirki bazar ykdysadyýeti döwründe durmuş ätiýaçlandyrmasynyň ähmiýeti has-da ýokarydyr. Onuň bu ykdysady gatnaşyklarda raýatlaryň käbir toparlarynyň durmuş taýdan goralmagyny we beýleki raýatlaryň derejesinde ortaça ýaşaýyş şertlerini döretmekligi üpjün etmekde aýgytlaýjy orny bardyr. Aslynda durmuş ätiýaçlandyrmasynyň düýp sebäbi şu ýerden gelip çykýar. Bazar ykdysadyýeti ilatyň, şol sanda ortaça ýaşaýyş derejesini ýörite serişdeleriň üsti bilen üpjün edilmegine degişli bolan adamlaryň durmuş üpjünçiliginiň

ätiýaçlandyrylyp goýilmagyny talap edýär. Munuň özi döwletimiziň syýasatynyň ynsanperwerlik we belent adamkärçilik ýörelgelerinde, adam hukuklaryny goramak boýunça ýörelgelerinde hem öz beýanyny tapýar.

Durmuş ätiýaçlandyrmasy haýsy syýasy-ykdysady gurluşly jemgiýetde hereket edýänligine garamazdan, ilatyň, kömege, ýaşaýyş derejesiniň gowulandyrylmagyna we durmuş hyzmatyna mätäç adamlaryň durmuş üpjünçiligine hyzmat edýär. Elbetde bu syýasy ideologiýanyň, ykdysadyýetiň goldalmagyna we berkidilmegine-de, ykdysadyýetiň we ilatyň ýaşaýyş derejesiniň, maddy hal-ýagdaýynyň durnukly ýagdaýda ösmegine-de, jemgyýetiň ahlak gatnaşygynyň adamkärçilik we ynsanperwerlik hiline-de hyzmat edýär.

Geçmişde syýasy ideologiýanyň nähili düşündirendigine garamazdan, durmuş ätiýaçlandyrmasynyň maksady durmuş kynçylygyna sezewar bolan adamlary durmuş taýdan üpjün etmek üçin, olaryň „hökmany paýlaryny“ „göwünlerinden çykaryp“ ahyrynda şol adamlaryň haýryna çykdajy etmekdir.

Durmuş ätiýaçlandyrmasynyň alamatlary beýleki hukuk pudaklarynda hem gabat gelýär. Mysal üçin, saglyk ätiýaçlandyrmasy, ömri ätiýaçlandyrmak, emlägi ätiýaçlandyrmak ahyrky maksady we manysy boýunça soňundan adam hukugynyň goralmagyny üpjün edýär. Ýöne bu ätiýaçlandyrmalar pul görnüşli gatançlaryň hasabyna däl-de, borçnamalaryň hasabyna üpjün edilýän häsiýetdäki ätiýaçlandyrmalardyr.

Türkmenistanyň kanunçylygynda durmuş ätiýaçlandyrmasynyň ulgamy esasan, iki ugur boýunça hereket edýär.

**1. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy.**

Durmuş ätiýaçlandyrmasynyň bu görnüşi hökmany häsiýete eýedir we ony ýerine ýetirmek maliýe serişdelerini döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirim usulynda tölemek bilen amala aşyrylýar.

Döwlet durmuş ätişaçlandyrmasy pensiýa ulgamy boýunça geçirimler
tölenende arkalaşyk pensiýa usuly we şertli-toplaýyş usuly arkaly iş döwrüni göz öňünde tutýar.

Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna tölenen geçirimleriň serişdeleri döwlet kömek pulunyň käbir görnüşerini tölemekligi üpjün etmäge goýberilip bilner. Türkmenistanyň „Durmuş üpjünçiligi hakynda“ bitewikanunynyň 57-nji
maddasynda kesgitlenen döwlet kömek pullaryny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri şeýle netije çykarmaga esas berýär we onuň serişdelerini ulanmaklyga rugsat ediji
hukuk kadasynyň güýjüne eýe bolýar. Döwlet kömek puly wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwri, göwrelilik we dogrum üçin rugsat döwri döwlet durmuş
ätiýaçlandyrmasyna geçirimleriň hasabyna maliýeleşdirilmeýär. Döwlet kömek pulunyň bellenmegine degişli beýleki ýagdaýlarda döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler hukugy üpjün etmek üçin maliýe çeşmesi bolup bilýärler.

Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy arkalaşyk pensiýa usuly, 2012-nji ýyldan bolsa şertli-toplaýyş usuly boýunça zähmet pensiýasyny bellemekligi üpjün edýär.

Hökmany häsiýetli döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy Türkmenistanda diňe käbir emläkleýin we şahsy gatnaşyklarda durmuş üpjünçilik ulgamynyň bir görnüşi

hökmünde hereket edýär, beýleki ýagdaýlarda bolsa hökmany ýa-da meýletin esasda çykyş edýär. (Türkmenistanyň Prezidentiniň karary. PP № 352. „ Graždanlara degişli emlägiň hökmany döwlet strahowaniýesi hakynda“ 30. 03. 1992ý.) Emma şahsy ömrüňi we saglygyňy ätiýaçlandyrmak hökmany häsiýetli ( iş döwri gulluk döwri diýlip hasaplanýan döwlet gullukçylaryndan başga ) bolup bilmez. Ýokarda belleýşimiz ýaly, emläk bilen baglanyşykly ýa-da şahsy ätiýaçlandyrma gatnaşyklary durmuş üpjünçilik hukugynyň kadalary bilen düzgünleşdirilmeýär.

**2. Meýletin durmuş ätiýaçlandyrmasy.**

Meýletin durmuş ätiýaçlandyrmasy durmuş üpjünçilik edarasy bilen raýatyň arasynda meýletin pensiýa ätiýaçlandyrma şertnamasynyň baglaşylmagy esasynda hereket edýär. Meýletin pensiýa ätiýäçlandyrma şertnamasynyň dowam edýän döwri toplaýyş pensiýa usuly boýunça iş döwrüni ýa-da ätiýäçlandyryş gatançlarynyň geçirilen döwri hasaplanýar we toplaýyş pensiýasyny almak üçin şert döredýär.

Meýletin durmuş ätiýaçlandyrmasy durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygynda diňe toplaýyş pensiýasyny almaklyga niýetlenendir we ätiýaçlandyrma serişdeleri şertnama baglaşan adamyň bank hasaby boýunça diňe onuň özüne degişli bolup durýar. Meýletin durmuş ätiýaçlandyrmasy özüniň häsiýetleri boýunça hem birnäçe aýratynlyklara eýedir.

1. Taraplaryň arasynda ylalaşygyň bolmagy we şertnamanyň meýletin baglaşylmagy. Bu häsiýeti boýunça teklip edilýän şertler barada ylalaşylýar we şondan soňra şertnama baglaşylýar.

2. Prosessual gatnaşyklaryň taraplaryň arasynda köptaraplylygy (Raýat, durmuş üpjünçilik edarasy, bank edarasy, salgyt gullugy). Bu ýerde şertnama baglaşylandan soňra hukuklar we borçlar ýüze çykyp, durmuş üpjünçilik edarasy bilen raýadyň arasynda pensiýa üpjünçiliginiň ýerine ýetiriş we iş ýörediş gatnaşygy ýüze çykýar. Mysal üçin, meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň şahadatnamasyny bermek we almak, iş beriji kärhananyň hasaphanasynyň üsti bilen ätiýaçlandyryş gatançlaryny tölemek we geçirmek, bank edarasy tarapyndan gatançlary atly hasaba kabul etmek we iş beriji kärhana tarapyndan şahadatnama kitapçasyna bellik etmek, gatançlaryň öz wagtynda geçirilişine gözegçilik etmek we jedelleri çözmek.

3. Serişdeleriniň yzyna gaýdyp gelmegi,

Bu öz-özünden hem düşnüklidir. Toplanan serişdeler diňe gatanç töleýjiniň özüne gaýdyp gelýär we bu durmuş ätiýaçlandyrmasynyň şu häsiýeti boýunça hem toplaýyş pensiýa usuly iş ýüzünde durmuşa geçýär. Bankda raýadyň atly pensiýa hasabynyň ýöredilmegi hem muňa güwä geçýär. Kanunda görkezilen dürli sebäbe görä şertnama ýatyrylanda ýa-da toplaýyş pensiýasy bellenende serişdeler töleýji raýada ylalaşylan şertlerde gaýtarylyp berilýär.

4. Zähmet girdeýjileriniň bolmadyk döwründe wagtlaýyn togtamagy, (Bütewikanunyň 15-nji maddasynyň 2-nji bölümindäki ýagdaýlarda)

5. Meýletin durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin serişdeleri töleýjiniň diňe raýat bolup durmagy. Meýletin durmuş ätiýaçlandyryş şertnamasy diňe raýatlar bilen baglaşylýar. Ätiýaçlandyrma gatançlaryny tölemekligi we bankdaky raýatyň atly hasabyna geçirmekligi guramaga borçnama

almagy ylalaşan üçünji tarap hökmünde iş beriji kärhana şertnama gatnaşyjy bolup biler.

Kärdeşler arkalaşyklary guramasynyň agzalyk gatançlary esasynda toplanan serişdeler hem durmuş ätiýäçlandyrmasynyň bir usuly hökmünde garalyp bilner, emma ol diňe lokal häsiýetde hereket eder. Şeýle hem, bu serişdeler birwagtlaýyn pul kömegini bermek, höweslendirmek, işgäriň saglygyny dikeltmegine ýeňillikli şert döretmek ýagdaýlarynda çäkli mümkinçiliklerde (möçberi, wagty boýunça ) ulanylýar. Mysal üçin, toý edilende, işgäriň ýakyn garyndaşy aradan çykanda, sowgat berilende, şypahanalara ýol kagyzy berilende we ş. m.

Şeýlelikde, durmuş ätiýaçlandyrmasynyň ulgamy durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmegiň bir görnüşidir. Onuň serişdeleri durmuş üpjünçiliginiň ähli ugurlaryny öz içine alýan gurşawynda kanunda bellenilen tertipde ulanylýar.

## § **2.** Durmuş ätiýaçlandyrmasynyň ýerine ýetirýän işi.

Döwlet ýa-da meýletin durmuş ätiýaçlandyrmasy bolup durýanlygyna garamazdan, durmuş ätiýaçlandyrmasynyň ýerine ýetirýän funksiýasy umumydyr.

Durmuş ätiýaçlandyrmasynyň esasy funksiýasy gönükdirilen obýekti boýunça durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmekdir we şonuň netijesinde durmuş taýdan goraglylygy üpjün etmekdir. Durmuş üpjünçiliginiň bazar ykdysadyýetiniň talaplaryny ödemeginde durmuş ätiýaçlandyrmasynyň orny uludyr we ol şu funksiýany ýerine ýetirmeklige bellibir derejede ýöriteleşdirilýär. Ýöne

durmuş ätiýaçlandyrmasynyň funksiýasynyň bu häsiýeti diňe pensiýa upjünçiligine ýörite şertlerde mahsusdyr.

Durmuş ätiýaçlandyrmasy degişli maliýeleşdiriş işini üpjün etmek boýunça aşakdaky funksiýalary ýerine ýetirýär:

1. Süýşürintgi toplaýjylyk,
2. Saklaýjylyk,
3. Gözegçilik ediji,
4. Goraýjylyk

Şertnama ylalaşygy ýa-da döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy esasynda raýadyň dürli görnüşli gazanjyndan ätiýaçlandyrma üçin süýşürintgileri toplamaklygy, toplanan serişdeleri ýörite tertipde saklap bermekligi, atly bank hasabynyň üsti bilen serişdeleriň berk tertipde bellibir taraplaryň dolanşygynda gözegçilik etmekligi, ýüze çykan hukugy üpjün etmekligi durmuş ätiýaçlandyrmasy öz üstüne alýar.

Durmuş ätiýaçlandyrmasynyň soňky funksiýasy döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynda zyýanyň öwezini doluş hyzmatyny ýerine ýetirýär.

## §.3.Durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmegiň çeşmeleri

Durmuş üpjünçiligine gönükdirilen maksady amala aşyrmak üçin maliýeleşdiriş çeşmeleriniň döredilmelidigi ýa-da anyk bellenilmelidigi düşnüklidir. Bu wezipe Hormatly Prezidentimiziň durmuş üpjünçiligi boýunça alyp barýan döwlet syýasatynda turuwbaşdan öňde goýuldy. Maliýeleşdiriş çeşmelerini anyklaşdyrmak we kesgitlemek meselesi bazar ykdysadyýeti gatnaşyklarynda aýratyn wajyplygy bilen ör boýuna galýar.

Hormatly Prezidentimiziň gös-göni tagallasy bilen bu mesele çözüldi we bellenen maliýeleşdiriş çeşmelerinden durmuş üpjünçiligine gönükdirilen serişdeleriň paýy kanunçylykda bellenilen tertipde goýberilýär . Gelejekde, 2012-nji ýylda ýörite Pensiýa gaznasynyň döredilýändigi pensiýa toplamalaryny maliýeşdirmekligi ýöriteleşdirer. Durmuş üpjünçiligi boýunça aşakdaky gurşawlaryň çäklerinde maliýeleşdiriş çeşmelerini göz öňünde tutmak mümkin:

1. Durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmek ilaty durmuş taýdan goramagyň ähli ugurlary boýunça göz öňünde tutulandyr. Mysal üçin, durmuş üpjünçiligi tebigi betbagtçylykly ýa-da heläkçilikli hadysalar bilen baglanyşykly ýagdaýlarda haýyr-sahawat we ynsanperwerlik boýunça ýörite gaznalaryň (fondlar) serişdeleriniň hasabyna we kanunda gadagan edilmedik beýleki serişdeleriň hasabyna amala aşyrylyp bilner.

2. Durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmek ýerli ýagdaýlarda hem, sebitleýin ýagdaýlarda hem jemgyýetçilik guramalarynyň gaznalarynyň hasabyna geçirilip bilner. Mysal üçin, kärdeşler arkalaşygynyň gaznasyndan, partiýa guramasynyň gaznasyndan höweslendirmek ýa-da maddy kömek bermek için serişde goýbermek, Gyzyl ýarym aý jemgyýeti guramasynyň gaznasyndan ýerli ilatyň ýa-da sebitdäki ýa-da başga yklymdaky halklaryň betbagtçylykly hadysalar wagtynda jebir çekenlere, şeýle hem ýaşaýyş derejesi pes bolan adamlara ynsanperwerlik kömegini bermek üçin serişde goýbermek.

3. Döwlet tarapyndan bellenilen maliýeleşdiriş ulgamlarynyň ýa-da

görnüşleriniň hasabyna Türkmenistanyň raýatlary üçin pensiýalar we beýleki durmuş üpjünçiligi maliýeleşdirilýär.

a) Pensiýalar:

- Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň hasabyna,
- Raýatlaryň pensiýa toplamalary,
- Eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň serişdeleri,
- Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmeleri.

b). Kömek pullary:

- Eýeçiliginiň we hojalygy maliýeleşdirişiniň görnüşlerine garamazdan kärhanalar, guramalar we edaralaryň maliýe serişdeleri (ygtyýarynda galýan peýda ýa-da büjet edarasynyň zähmet haky gorynyň tygşytlanan serişdeleri boýunça)
- Türkmenistanyň merkezleşdirilen büjetiniň serişdeleriniň hasabyna,
- Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň serişdeleriniň hasabyna,

w). Durmuş hyzmaty:

- Ýerli büjetiň serişdeleriniň,
- Kärhana, edara, guramalardan, telekiçilerden hemaýat kömeginiň,
- Tölegli hyzmat edilýän raýatlaryň serişdeleriniň,
-haýyr-sahawat we ynsanperwerlik kömeginiň serişdeleriniň hasabyna.

G). Türkmenistanyň Saglygy goraýşyny ösdürmegiň döwlet gaznasynyň hasabyna.

Soňky „G“ bent boýunça maliýeleşdiriş çeşmeleriniň hataryna bu ulgamy goşmagymyza esas bar. Maýyplara, uruş weteranlaryna berilýän saglygy goraýyş

hyzmatyndaky ýeňillikleri, harby gullukçylaryň käbir toparlaryna mugt saglygy goraýyş hyzmatynyň göz öňünde tutulmagyny, degişli derejedäki adamlaryň saglygy goraýyş enjamlary bilen (pişek, araba, ordepediýa-protez önümleri) üpjün edilmegini Gaznanyň saglygy goraýyş ulgamy boýunça durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmegiň bir çeşmesi hökmünde çykyş edýändigi görünýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan maliýeleşdiriş çeşmeleri durmuş üpjünçiligini iş ýüzüne geçirýärler. Mundan başga-da, Türkmenistanyň kanunlarynda gadagan edilmeýän serişdeler hem maliýeleşdiriş çeşmeleri bolup biler. Munuň üçin döwlet tarapyndan aýratyn çäklendirmeler ýokdyr.

Haýsydyr bir maddy taýdan mätäç kişä, ýarawsyz adama, ýetim çaga maddy kömek bermek üçin goňşy-golamyň üýşmeleňi ýa-da oba adamlary tarapyndan ýygnalan pul serişdeleri, ýas dessury ýa-da toý wagtynda garyndaşlaryň we beýleki adamlaryň pul kömekleri we şeýle maksatly beýleki pul kömekleri şeýle çeşmelere mysal edip getirmek bolar. Umuman, durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynda maliýeleşdiriş çeşmesiniň serişdeleri durmuş üpjünçiligine niýetlenen we gönükdirilen bolmalydyr.

# III BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGI BOÝUNÇA HUKUK GATNAŞYKLARY.

## § 1. Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň düşünjesi.

Durmuş üpjünçilik hukuk pudagynda hukuk gatnaşyklarynda esasy wezipe şahsyýeti goramak bolup orta çykýar we talap edijilik hukygy subýekde saklanyp, ýerine ýetirijilik borjy döwlet edarasyna ýüklenýär hem-de prosessual gatnaşyklarynda önümçilik hereketi boýunça ikitaraplaýyn deň talap bildirmek hukugy we ýerine ýetirmek borjy ýüze çykýar. Durmuş üpjünçiligi boýunça hukuk gatnaşygy maddy-pul we durmuş hyzmaty gatnaşyklaryny öz içine alýar.

Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygyna garaýyş we düşünje „Russiýanyň durmuş üpjünçilik hukugy“ (Moskwa. 2006ý. ) diýen okuw kitabynda aşakdaky ýaly beýan edilýär: ”Durmuş üpjünçiligi boýunça hukuk gatnaşyklary- bu raýatlaryň (maşgalalaryň) durmuş üpjünçilik edaralary bilen durmuş üpjünçilik hukugynyň kadalary bilen düzgünleşdirilen durmuş taýdan üpjün edijilik gatnaşyklarydyr, pensiýalary, kömek pullaryny, durmuş öwezini doluş töleglerini bellemek we tölemek hem-de asyl keşbinde durmuş hyzmatlaryny bermek soraglary boýunça durmuş taýdan goramakdyr. Bu durmuş üpjünçiliuk hukugynyň subýektleriniň hukuk arabaglanyşygy bolup, bir subýekt-raýat (maşgala) – durmuş üpjünçiliginiň kesgitlenen görnüşlerine öz hukugyny durmuşa geçirýär, ikinji subýekt bolsa-durmuş üpjünçilik edarasy- bu durmuşa geçirmekligi üpjün etmäge borçludyr. „ [1]

Ýokardaky kesgitleme bilen doly ylalaşmak mümkin, ýöne durmuş
üpjünçilik hukuk gatnaşygy başga subýektleriň arasynda ýüze çykaýan halatynda- da, bu hukuk pudagynyň esasy funksiýasy şahsyýeti goramak we onuň maddy hal-
ýagdaýyny gowulandyrmakdyr. Durmuş üpjünçiliginiň obýektine baglylykda, ahlak taýdan hem, ynsanperwerlik taýdan hem alanymyzda, hukuk şahslary bilen gatnaşygynda talap edijilik artykmaçlygy raýadyň tarapyndadyr. Durmuş üpjünçiligi boýunça gözegçilik edijilik we hasabatlylyk häsiýetindäky gatnaşyklar dolandyryş hukuk gatnaşyklaryna degişlidir. Ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary hem durmuş üpjünçiliginiň aýratyn ugurlary boýunça dolandyryjy edaralar bolup biler.

Hukuk gatnaşyklary toparlara bölmek boýunça hem öwrenilýär:

1. Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklaryny häsiýeti boýunça düzgünleşdiriji we goraýjy maksady kesgitleýän hukuk gatnaşyklaryna bölýärler. Düzgünleşdiriji hukuk gatnaşygy bolup, durmuş üpjünçiliginiň görnüşini bellemek ýa-da almak çykyş edýär, goraýjy hukuk gatnaşygy bolup, durmuş üpjünçiligi hakynda jedellere seretmek çykyş edýär.

2. Durmuş üpjünçiligininiň hukuk gatnaşyklaryny durmuş üpjünçiliginiň görnüşleri boýunça hem bölýärler. Şunda pensiýalaryň, kömek pullarynyň, öwezini doluş

[1] Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygyna garaýyş we düşünje „Russiýanyň durmuş üpjünçilik hukugy“ Moskwa. 2006ý. 95 sahypa.

**Bellik: şu babyň belgisi üýtgedildi, öňki sahypa 109**

tölegleriniň we durmuş hyzmatlarynyň anyk görnüşleri kesgitlenýär we olar hukuk gatnaşyklarynyň obýektleri bolup durýarlar.

Toparlara bölmegiň bu iki görnüşi hukuk gatnaşygynyň zerur alamatlary bolan obýektini, subýektini, mazmunyny, emele geliş, üýtgeýiş, bes ediş esaslaryny açyp görkezmäge mümkinçilik berýär.

3. Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygyny ätiýäçlandyryş usulynyň ulgamy boýunça hem toparlara bölmek mümkin. Bu görnüşdäki gatnaşyk pensiýa ulgamy boýunça zähmet pensiýasy we toplaýyş pensiýasy görnüşindäki durmuş üpjünçiliginde ýüze çykýar. Zähmet pensiýasy arkalaşyk pensiýa usuly we şertli-toplaýyş usuly boýunça geçirimler geçirmek arkaly ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynda, toplaýyş pensiýasy raýadyň durmuş üpjünçilik edarasy bilen baglaşýan meýletin durmuş ätiýaçlandyryş şertnamasy esasynda gatanç (azyndan 2%) tölemek arkaly ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynda üpjün edilýär.

Şertli-toplaýyş usuly boýunça durmuş üpjünçilik gatnaşygyna girmek üçin raýadyň iş beriji kärhana bilen zähmet gatnaşygynyň we kanunda bellenen çäkden az bolmadyk iş döwrüniň bolmagy zerurdyr.

Durmuş üpjünçiliginiň durmuş kömegi we durmuş hyzmaty boýunça ätiýaçlandyryş gatnaşyklary dürli maliýeleşdiriş çeşmelerini durmuş kömeginiň we hyzmatynyň görnüşlerine görä gönükdirilmegi bilen üpjün edilýär. Döwlet durmuş kömegi we durmuş hyzmaty boýunça gatnaşyklar döwlet tarapyndan üpjün edilýär, käbir ýagdaýlarda ýerli şertlerde üpjün edilmegine döwlet tarapyndan kanunyň

çäklerinde [1] ygtyýar berilýär.
4. Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklary maddy-pul gatnaşyklary boýunça hem toparlara bölünýär. Bu gatnaşyklar durmuş üpjünçiliginiň görnüşleriniň eýýäm belleneninden soňraky we asyl keşbindäki durmuş hyzmatyny bermegiň hereket edýän mahalyndaky gatnaşyklardyr. Bu gatnaşykda raýat bolup durýan subýektiň durmuş üpjünçiliginiň bellenen görnüşini almaga hukugy, döwlet edarasy bolup durýan subýektiň bolsa, durmuş üpjünçiligini bermäge borjy ýüze çykýar.
5. Önümçilik hereketi boýunça-da hukuk gatnaşyklary töparlara bölünýär.
Bu hukuk gatnaşyklarynda prosedura hereketleri amala aşyrylýar, ýagny ol durmuş üpjünçiliginiň bellenen görnüşlerine bolan hukuk we şol durmuş üpjünçiligini bellemek ýa-da ýüz döndermek üçin ýuridiki faktlary, olaryň düzümini anyklamak boýunça bolup geçýän gatnaşyklary öz içine alýar. Maddy-pul gatnaşyklaryndan we önümçilik hereketiniň gannaşyklaryndan prosessual hukuk gatnaşyklary hem gelip çykýar we ol durmuş üpjünçiligi hakyndaky jedelleri çözmegi öz içine alýar. Bu gatnaşyklar raýatyň aşakda durýan durmuş üpjünçilik edarasynyň üstünden şikaýat etmegi esasynda raýat bilen ýokarda durýan durmuş üpjünçilik edarasynyň arasynda, raýatyň durmuş üpjünçiligine bolan hukugyny goramak boýunça ýüz tutmagy esasynda raýat bilen kazyýetiň arasynda emele gelýärler.
**6. Maddy-pul hukuk gatnaşyklary görnüşleri boýunça hem toparlara bölünýärler**: **a).** Pensiýalar boýunça hukuk gatnaşyklary esasy subýekt bolup durýan raýadyň hukuga eýe bolmak aýratynlyklary boýunça emele gelýärler we

şoňa görä-de gatnaşyklaryň çygry kesgitlenýär. Türkmenistanda pensiýa bellemegiň iki görnüşi hereket edýär we şoňa laýyklykda bellenen pensiýany tölemek boýunça hukuk gatnaşyklaryna girişilýär: 1. Garrylyk boýunça pensiýa, 2. ýaşy boýunça pensiýa. **b).** Kömek pullaryny tölemek, öwezini doluş töleglerini tölemek boýunça hukuk gatnaşyklary hem bir topary emele getirýärler. Bu hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy üçin esasy şertleriň biri ýuridiki faktlaryň anyklanmagy we onuň getiren netijesidir.

Kömek pullary we öwezini doluş tölegleri boýunça gatnaşyklar umumy
we ýerli hereket çäklerinde, möhletleriň çäklerinde dowam edýär we şoňa laýyklykda-da öz häsiýetine eýe bolýar.

Saglygyny dikeltmek bilen baglanyşykly şypahanalara gidilende, durmuş
ýagdaýlary bilen (toý, ýas we b.) baglanyşykly berilýän maddy kömek birwagtlaýyn hem-de ýerli häsiýetindedir. Şypahanalarda saglygyňy dikeltmek
boýunça saglygy goraýyş hyzmatlary üçin tölegleriň 50% möçberde ýeňillikli şertlerde tölenmegi durmuş üpjünçiliginiň umumy häsiýetdäki hukuk gatnaşyklarynyň biridir.

Zähmet hukuk gatnaşyklarynyň çäklerinde bolup geçýändigine garamazdan, wakanyň zyýanly netijelere getirmegi esasynda raýaty durmuş taýdan goramak maksady boýunça durmuş üpjünçilik hukugynyň kepillendirmesidir. Şonuň üçin hem şeýle gatnaşyklar durmuş üpjünçilik hukugy boýunça öwrenilip bilner.

## §.2. Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny.

Durmuş üpjünçilik hukugynyň häsiýetli bir tarapy bar. Ýagny, haçanda durmuş üpjünçiliginiň islendik düşünjesiniň nukdaýnazyndan alyp, toparlara böünende, şol bölünişik durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklaryna öz häsiýetini şobada geçirýär.

Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň döremeginiň, üýtgemeginiň we ýatyrylmagynyň esaslary kanunda göz öňünde tutulan ýuridiki faktlaryň we olaryň düzüminiň gelip ýetmegi bolup durýar. Hut ýuridiki faktlar hukuk gatnaşygynyň mazmunyny düzýär we olar durmuş üpjünçilik hukugynyň maddy, prosedura, prosessual hukuk gatnaşyklarynda hukugyň döremegi, üýgemegi we ýatyrylmagy  üçin esas bolup hyzmat edýärler. Ýuridiki faktlaryň anyklanmagynyň, barlanmagynyň netijeleri durmuş üpjünçiliginiň görnüşlerini bellemeklige ýa-da ondan ýüz döndermeklige ýa-da ýatyrmaklyga esas berýär. Ýuridiki faktlary esasan üç ugura bölýärler. 1-njiden, wakalaryň bolup geçmegi (maýyplyk, kesellemek, ölüm we ş. m.), 2-njiden, kanunda görkezilen hukuk ýagdaýlarynyň gelip ýetmegi (bellenen ýaş, iş döwri, ) 3-njiden, durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynda pensiýany, kömek puluny, öwezini doluş töleglerini, birwagtlaýyn pul sylaglaryny, durmuş hyzmatyny bellemek barada subýektleriň arasynda jedelleri çözmek boýunça hereketleriň bolup geçmegi esasy ähmiýete eýedir.

Ýuridiki faktlar öz ähmiýeti boýunça hukugy döredijі, hukugy üýtgedijі we hukugy ýatyryjy häsiýetleri özünde jemleýär. Mysal üçin, pensioner bolup durýan ekleýjiniň aradan çykmagy onuň maşgalasyna ekleýjisini ýitirenligi

üçin kömek puluny bellemäge we hukuk gatnaşygynyň döremegine esas berýän esasy hukuk döredijі ýuridiki fakt bolsa, pensiýa boýunça hukukgatnaşygy barasynda pensioneriň aradan çykmagy hukuk ähmiýetindäki hukuk ýatyryjy ýuridiki fakt bolup durýar. Ýuridiki faktlar hukuk gatnaşygynyň görnüşlerini hem, obýektini hem kesgitleýärler.

Durmuş üpjünçiliginde ýuridiki faktlar-bu üpjünçiligiň dürli görnüşleri boýunça durmuş üpjünçiligi üçin bar bolan kesgitlenen hukuk netijeleri hökmünde durmuş üpjünçiligi hakyndaky kanunçylyk tarapyndan berkidilen ýaşaýyş-durmuş faktlarydyr, ýagdaýlarydyr.

Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny durmuş üpjünçilik hukuk kadalary bilen özara gatnaşygynda emele gelýär. Belli bolşy ýaly, hukuk gatnaşygyny subýektler herekete girizýärler. Hukuk gatnaşyklary hukuk kadalaryna bolan gatnaşygynda şu tertipde bolup geçýär.

**1. a). Hukuk ulanyjylyk.** Her bir raýat durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygyna öz islegi ýa-da bähbidi goralýan kämillik ukyby bolmadyk raýatyň wekiliniň islegi boýunça girişýär. Şonuň üçinem kanunlarda berkidilen hukugy ulanmak, oňa bolan isleg subýektiň özüne baglydyr. Mysal üçin, 2-3 topar maýyp, bellenen möhletde HMAT-nyň barlagyndan geçmese, onda möhletli bellenen maýyplyk boýunça durmuş kömegini almak hukugyny ýitirýär we onuň kömek puluny almak boýunça hukuk gatnaşygy ýatyrylýar. Kanun boýunça hukugyny almak üçin ýüz tutmak ýa-da ondan saklanmak, jedeli çözmek boýunça prosessual gatnaşyklara girmek subýektiň öz islegine baglydyr.

b). Durmuş üpjünçiliginiň 2-nji tarapdaky subýekti döwlet we durmuş taýdan üpjünçilik edaralary bolup, olaryň talap edijilik ygtyýarlygy we hukugy ýa-da talaby üpjün edijilik borjy esasynda hukuk gatnaşygyna girýärler. Olaryň hukuk gatnaşyklarynyň ahyrky netijesi maddy, prosedura, prosessual hukuk gatnaşyklarynyň netijelerinden gelip çykýan hukuknamalary kabul etmäge getirýär. Şol kabul edilen hukuknamalaryň bolsa kadalaşdyryjy, hukuk gatnaşyklaryny döredýän, üýtgedýän ýa-da ýatyrýan hukuk güýji bardyr. Mysal üçin, kömek pulunyň möçberini gaýtadan hasaplamak üçin kömek pulunyň möçberini köpeltmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň permany ýa-da maýyplyk toparynyň üýtgänligi barada HMAT-nyň netijenamasy esas bolup hyzmat edýär.

Şu iki gatnaşyk biri-biri bilen özara garşylyklaýyn gatnaşygy hem saklaýarlar. Raýat bir tarapdan hukugyny ulanýar, ikinji tarapdan, özüniň kanunçylykda berkidilen hukugyny alýar. Döwlet edarasy bir tarapdan, öz ygtyýarlygy boýunça hukugyny ulanýar, ikinji tarapdan, kanun esasynda dörän hukugy üpjün edýär.

**2. Durmuş üpjünçiliginiň görnüşleri boýunça hukuk gatnaşyklary.**

**a). Pensiýa boýunça hukuk gatnaşyklary**. Bu- pensiýa bellemek boýunça toparyň çözgüdi esasynda döreýän, yzygiderli we kesgitlenen wagtda, bellenen möçberde özüne bellenen pensiýasyny almaga raýatyň hukugy, bellenen pensiýany durmuş üpjünçilik edarasynyň tölemek borjy bolan durmuş üpjünçilik hukugynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýän raýatyň we durmuş üpjünçilik edarasynyň arasyndaky hukuk gatnaşyklarydyr.

-Pensiýa ätiýaçlandyryş ulgamy boýunça zähmet we toplaýyş pensiýasyna bölünýärler. Zähmet pensiýasy arkalaşyk pensiýa usuly we şertli-toplaýyş usuly boýunça geçirimler geçirmek arkaly ätiýaçlandyrylýar.
-Pensiýa häsiýeti boýunça umumy ýa-da garrylyk boýunça pensiýa we ýeňillikli şertlerdäki pensiýa bölünýärler. Umumy pensiýa hukugyň umumy degişliligi we konstitusion kepilligi esasynda hukuk gatnaşygyny ýüze çykarýarlar. Ýeňillikli şertlerde berilýän pensiýa kanunçylykda berkidilen ýuridiki faktlaryň netijeleriniň esasynda hukuk gatnaşygyny döredýärler. Türkmenistanda ýeňillikli şertlerdäki pensiýalaryň şu görnüşleri hereket edýärler:
- Saglyk ýagdaýy boýunça pensiýa,
- Zähmetiň häsiýeti we zyýanly hem-de agyr şertleri üçin pensiýa,
- Gulluk ýagdaýy boýunça pensiýa,
- Maşgala ýagdaýy boýunça pensiýa. Pensiýalaryň bu görnüşlerine başgaça, ýaşy boýunça pensiýa hem diýilýär. Sebäbi bu pensiýalaryň ählisinde hem kanunda göz öňünde tutulan bellibir ýaşyň gelip ýetmegi bilen hukuk gatnaşygyna girilýär. Bu pensiýalar boýunça hukuk gatnaşyklaryna girmegiň aýratynlygy oňa ýuridiki faktlaryň esas bolup durýanlygydyr. Pensiýalaryň görnüşleriniň ýokarda görkezilen ikinji setirdäki „zähmetiň häsiýeti“ diýen düşünje uçarmanlaryň, uçarüsti dolandyryjylaryň, uçarbeletleriň, paraşutçylaryň ýerine ýetirýän işleriniň beýleki zähmet kadalaryndan tapawutlanýan aýratynlyklaryny gurşap alýar.
- Ýuridiki faktlaryň netijesinde ýüze çykýan durmuş üpjünçilik gatnaşyklaryny pensiýa gatnaşyklary diýip

hasaplamak mümkin. Mysal üçin, ýokarda görkezen 2-3-nji setirdäki ýagdaýlarda, umumy kesellemäniň netijesinde ( seret: 82-nji maddanyň 1-nji bölüminiň 3-nji we 4-nji bentleri) maýyplyk bellenýän we kömek pulunyň möçberi hasaplanýan bolsa, onda bitewikanunyň 87-nji maddasynyň 1-nji bölüminde we onuň salgy berýän 26-njy maddasynda bellenilen tertip ulanylýar. Şoňa laýyklykda, iş döwri we iş haky bolan maýyplara pensiýalary hasaplamak üçin talap edilýän kadalar (iş döwrüni hasaplamak, ortaça aýlyk iş hakyna we ölçege şahsy koefisentini köpeltmek arkaly hasaplama görkezijilerini bellemek )
ulanylýar. Diýmek, işleýän raýatlar sebäbine garamazdan, maýyplyk bellenen halatynda, olar maýyplyk boýunça pensiýa çykan diýlip hasaplanýar. Ýöne bu pensiýanyň aýratynlygy pul görnüşindäki durmuş üpjünçiliginiň kömek puly görnüşinde berilýändigidir. Işleýärkä maýyplygy boýunça pensiýa çykan raýatlara kömek puly bütewikanunyň 89-njy maddasynyň 2-nji bölümine laýyklykda, döwlet kömek pulunyň iň ýokary möçberinde (binýatlyk ululygynyň göterimlerinde) berilýär.

Pensiýa hukuk gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi ýatmagy şeýle netijä getirýän esaslarlaryň bolmagy bilen emele gelýärler. Meselem: Pensiýanyň islendik görnüşi boýunça pensiýa bellenmegi baradaky raýatyň arzasy, pensiýanyň islendik görnüşi boýunça durmuş taýdan üpjünçilik edarasynyň göz öňünde tutulan möçberdäki pensiýa bellemek hakynda çözgüdi we ş. m.

Pensiýa hukuk gatnaşygynyň üýtgemegi üçin esaslar Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlaryna laýyklykda zähmet pensiýasynyň möçberleriniň gaýtadan

kesgitlenmegi, pensiýa goşmaça tölegleriň goşulmagy bolup biler.

Pensiýa hukuk gatnaşygynyň ýatmagyna pensioneriň aradan çykmagy esas bolup durýar.

**b). Kömek pullary, ýeňillikler, öwezini doluş pullary boýunça hukuk gatnaşyklary.** Kömek pullary , öwezini doluş pullary, ýeňillikler boýunça durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklary diýip, durmuş üpjünçilik hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýän, kömek puluny, öwezini doluş puluny, ýeňilligi almaga bolan hukugyny ýazmaça mälim eden, bu hukugynyň barlygyna degişli subutnama getirip bermäge borçly bolan raýatlaryň we degişli tassyklaýjy resminamalary barlamaga, raýadyň hukugyny bu durmuş üpjünçiliginiň her bir görnüşi boýunça kesgitlemäge hukukly we öz çözgüdi esasynda olary kanunda bellenen möçberde we wagtda tölemäge, ýeňillikler barada bolsa, olary ulanmak üçin raýady degişli resminama bilen üpjün etmäge borçly bolan durmuş üpjünçilik edarasynyň arasyndaky hukuk gatnaşyklaryna düşünilýär. Onuň subýektleri bir tarapdan, maýyplar we ş. m. derejedäki raýatlar, beýleki tarapdan durmuş üpjünçilik edaralary, edara-kärhanalar we ş. m. bolup durýar.

Kömek pullary, öwezini doluş pullary we ýeňillikler boýunça hukuk gatnaşyklaryndan aşakdaky düşünjeler gelip çykýar:

a). Kömek puly- bu raýadyň ýitirýän zähmet hakynyň deregine ýa-da başga ýagdaýlara görä zähmete ukyplylygy bolmadyk adamy durmuş taýdan goramaga kanunda görkezilen möçberde we tertipde her aýda, döwürleýin ýa-da birwagtlaýyn tölenýän töleglerdir.

b). Öwezini doluş tölegleri- bu raýadyň kanunlarda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda zähmete ukyplylygyny ýitirmegi bilen iş hakynyň deregine we durli hukuk faktlary sebäpli ýetirilen zyýanyň öwezini doly ýa-da kem-käsleýin, bellenen möçberde we tertipde durmuşy we üpjünçilik häsiýetli tölenýän pul möçberleridir. Mysal üçin, çagasy 1,5 ýaşyna çenli berilýän kömek puly, mežbury işsiz boş durlanda tölenýän haklar, esassyz işden çykarylmagy bilen mežbury işe gelinmedik döwür üçin tölenýän tölegler, iş ýerinde şikes alynmagy üçin tölenýän tölegler we b.

Öwezini doluş tölegleri wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk, çaga seretmek bilen baglanyşykly ýagdaýlarda kömek puly görnüşinde tölenýär we ýitirilýän zähmet hakynyň we goşmaça çykdaýjylaryň öwezini dolmak hökmünde hasaplanyp bilner.

Zähmet gatnaşyklary bilen baglanyşykly tölenýän tölegleri gutarnykly öwezini doluş tölegleri hasaplanýar.

ç). **Ýeňillikler**- bu bellenen mynasyp adamlara ýa-da maýyplara berilýän olaryň ulag, ýaşaýiş jaý-kommunal hojalyk hyzmatlary, medisina hyzmatlary we saglygy goraýyş serişdelerine üpjünçilik bilen baglanyşykly çykdaýjylaryny kemeltmek boýunça maddy häsiýetli durmuşy-üpjünçilik hal-ýagdaýydyr.

Kömek pullarynyň, öwezini doluş tölegleriniň, ýeňillikleriň öz adyndan belli bolan gönükdirilen maksady bardyr.

Bu hukuk gatnaşyklarynyň döremegi üçin ýuridiki faktlar we kanunda göz öňünde tutulan beýleki ýuridiki faktlar, şeýle hem durmuş üpjünçiliginiň haýsydyr bir görnüşini bellemek hakynda degişli edaranyň delilnamasy esas bolup hyzmat edýär.

**d). Durmuş hyzmatynyň berilmegi boýunça hukuk gatnaşyklary.**

Durmuş hyzmaty- bu aşa garrylygy, maýyplygy (şol sanda beýik watançylyk urşunyň maýyplygy) sebäpli kesekiniň kömegine mätäçligi we ideg etmäge hossarynyň ýoklugy, ekleýji we terbiýeleýji bolup durýan ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň ýoklugy, şeýle hem Beýik watançylyk urşunyň weterany derejesindäki we olara deňleşdirilen derejedäki adamlar, dispanser gözegçiliginde duran hroniki keselli adamlar bilen baglanyşykly öýünde ýa-da ýöriteleşdirilen edaralarda durmuş, saglygy goraýyş, bilim-terbiýe beriş ugurlary boýunça hyzmatlaryň berilmegidir we şonuň esasynda raýadyň hukugy talap ediji, degişli edaranyň bolsa, hukugy üpjün etmäge borçly bolan özara hukuk gatnaşygynyň obýektidir.

Ýokardaky düşünjeden görnüşine görä, durmuş hyzmatynyň edilýän ýeri boýunça öýünde we ýöriteleşdirilen edaralarda (saglygy goraýyş, garrylar öýleri , durmuş üpjünçilik edaralary, ýöriteleşen bilim edaralary, şol sanda ýetim çagalar öýi, internatlar) berilýän durmuş hyzmatlaryna bölünýär.

Durmuş hyzmaty ýokarda görkezilen ýagdaýdaky adamlara durmuşdan gelip çykýan hyzmatlary durmuş üpjünçilik edaralary tarapyndan amala aşyrylýar, oňa beýleki jemgyýetçilik guramalary hem gatnaşyp biler. Durmuş hyzmaty bilim-terbiýeçilik işi bilen baglanyşykly bolsa kör-ker-lal adamlaryň mekdepleri, mekdep-internatlar, ýetim çagalar öýleri (Döwletliler köşgi) şeýle hyzmatlary ýerine ýetirýärler. Durmuş hyzmaty ideg etmek we saglygyny goramak bilen baglanyşykly bolsa, durmuş

üpjünçilik edaralary, garrylar öýi, maýyplar öýleri, saglygy goraýyş edaralary degişli hyzmaty amala aşyrýarlar.

Durmuş hyzmatynyň esasy iki: durmuş hyzmatyna mätäçlik çekýän adama durmuş zerurlyklary boýunça hyzmat etmek we saglyk ýagdaýy boýunça hyzmat etmek görnüşleri bardyr. Durmuş zerurlyklary diýip, aşa garrylygy we ideg edýän hossarynyň ýoklugy sebäpli gündelik ýa-da wagtal-wagtal hökmany etmeli bolan hereketleri etmäge başga biri tarapyndan kömek edilmegine aýdylýar. Mysal üçin, raýadyň pensiýasyny ýa-da kömek puluny öýüne getirip bermek, aragatnaşyk, metbugat hyzmatlaryny etmek, resminama işlerini ýa-da notarial hereketleri öýüne baryp geçirmek, saglygy goraýyş barlagyny geçirmek we hyzmat etmek.

Saglyk ýagdaýy diýip, maýyplyga we saglygy goraýyş kanunçylygynda mugt ýa-da ýeňillikli şertlerde hyzmat edilmegine degişli ötüşen (gozgap durýan) keseller bilen kesellilige aýdylýar. Saglyk ýagdaýy sebäpli durmuş hyzmaty saglyk ýagdaýynyň ýa-da keselçiligiň görnüşlerine baglylykda öýünde we saglygy goraýyş edaralarynda berlip bilner.

Durmuş hyzmaty boýunça hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri, garrylar, maýyplar, uruş weteranlary, dispanser hasabynda duran gozgap durýan (hroniki) keselliler bolup durýarlar we olar hukugy alyjy subýektlerdir. Hukugy üpjün etmäge borçly subýektler bolsa, ýokarda agzap geçen döwlet edaralarymyz bolup durýarlar.

**3. Durmuş üpjünçiliginiň önümçilik hereketi boýunça hukukgatnaşyklary.**

Durmuş üpjünçiligine bolan hukuga eýe bolmakda we hukugy üpjün etmekde, adaty we wezipeden gelip çykýan

hereketleriň ýerine ýetirilmegi bilen ýüze çykýan gatnaşyklar we şol gatnaşyklaryň dowamynda maddy-pul durmuş üpjünçiligi boýunça jedelleriň esasynda ýüze çykýan we hukugy goraýjy, dikeldiji we täsir ediş çäresini ulanyjy gatnaşyklar Durmuş üpjünçiliginiň önümçilik hereketi boýunça hukukgatnaşyklarydyr. Durmuş üpjünçiliginiň okuw we edebiýat gollanmalarynda bu hukuk gatnaşyklary prosedura we prosessual hukuk gatnaşyklary diýlip atlandyrylýar.

**1. Durmuş üpjünçiligi boýunça prosedura hukuk gatnaşyklary diýip,** raýat bolup durýan subýekt tarapyndan durmuş üpjünçiliginiň haýsydyr bir görnüşine hukugy barada arzanyň we oňa hukuk berýän ýuridiki fakty tassyklaýjy subutnama bollup durýan resminamanyň berilmegi hem-de durmuş üpjünçilik edarasy bolup durýan subýekt tarapyndan raýatyň arzasynyň kabul edilmegi, durmuş üpjünçiliginiň degişli görnüşini bellemäge zerurlygy üçin berilen resminamalaryň, ýuridiki faktlaryň barlygyny anyklamagy we ony bellemek ýa-da ondan ýüz döndermek hakynda degişli çözgüt çykarmagy bilen tamamlanýan, şu hereketleriň esasynda durmuş üpjünçilik hukugynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýän iki taraplaýyn hukuklar we borçlar ýatan subýektleriň arasyndaky hukuk gatnaşyklaryna düşünilýär.

Prosedura hukuk gatnaşygynda raýat ýüz tutujy tarap, durmuş üpjünçilik edarasy bolsa, hukugy anyklaýjy we hukugy üpjün ediji tarap bolup durýar. Prosedura hukuk gatnaşygy ýuridiki faktlary anyklamak bilen baglanyşykly bolsa hukugy üpjün etmäge borçly subýekt bolup, HMAT-y, durmuş üpjünçilik edarasy, kazyýet we beýleki edaralar bolup bilerler.

Prosedura hukuk gatnaşygy raýadyň arza bermegi ýa-da zerur bolan ýuridiki faktyň anyklanmagy bilen döreýär we ol degişli edara tarapyndan raýadyň talabyny kanagatlandyrýan ýa-da ondan ýüz dönderýän çözgüdiň çykarylmagy bilen ýatyrylýar.

**2. Durmuş üpjünçiliginiň prosessual hukuk gatnaşyklary diýip,** kanunçylykda göz öňünde tutulan kadalar esasynda düzgünleşdirilýän, durmuş üpjünçiliginiň meseleleri boýunça raýat bilen durmuş üpjünçilik edarasynyň arasyndaky jedellere seretmek hakyndaky raýat bilen degişli ygtyýarly edaranyň arasyndaky hukuk gatnaşyklaryna düşünilýär.

Prosessual hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri bir tarapdan durmuş üpjünçiligine bolan hukugy ýa-da onuň möçberi barada degişli edara bilen jedel edýän raýat, ikinji tarapdan bolsa, raýadyň arzasyny seretmek üçin kabul eden edara bolup durýar.

Pensiýa bellemek we tölemek, artyk tölenen pul möçberini pensiýadan tutup galmak meseleleri boýunça jedellere durmuş üpjünçilik edaralarynyň ýokarda durýan dolandyryjy guramasy tarapyndan, eger raýat jedele sereden ýokary guramanyň çözgüdi bilen ylalaşmaýan bolsa, onda ol bu mesele boýunça kazyýete ýüz tutýar. Birinji ýagdaýda, jedele dolandyryş hukuk kadalary boýunça seredilýär we ondaky hukuk gatnaşyklary hem dolandyryş hukugynyň häsiýetinde bolup geçýär. Onuň ikinji subýekti durmuş üpjünçilik edarasynyň ýokarda durýan guramasy bolmak bilen subýektleriň hukuklary we borçlary dolandyryş hukuk pudagynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýär.

Ikinji ýagdaýda bolsa, jedele raýat prosessual hukuk kadalary boýunça seredilýär we onuň gurşawyndaky hukuk gatnaşyklary bolsa raýat-prosessual hukugynyň hasiýetini alýar. Onuň ikinji subýekti kazyýet bolmak bilen subýektleriň hukuklary we borçlary raýat-prosessual hukuk pudagynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýär.

Düzgünleşdiriji hukuk kadalarynyň dürlüdigine garamazdan, raýadyň gös-göni kazyýete ýüz tutmaga hukugy bardyr.

Prosessual hukuk gatnaşyklary durmuş üpjünçiligi baradaky jedele seretmek boýunça arzanyň berilmegi we kabul edilmegi esasynda döreýär. Onuň ýatyrylmagynyň esasy bolsa durmuş taýdan üpjünçiliginiň ýokarda durýan guramasy ýa-da degişlilikde kazyýet tarapyndan çözgüdiň çykarylmagy bolup durýar.

## §3.Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri

Kanun tarapyndan berilen hukuklary we borçlary özünde saklaýan durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjy taraplar onuň subýektleri bolup durýarlar.

Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri bolmak üçin raýat ukyplylyk ýagdaýyna eýe bolmalydyr. Durmuş üpjünçilik hukugy boýunça ukyplylygyň esasy üç görnüşi bardyr. Ol ilki bilen durmuş üpjünçiligi boýunça hukuklaryň we borçlaryň kanun tarapyndan ykrar edilen hukuk ukyplylygyny, ikinjiden bolsa, görkezilen hukuklaryň we borçlaryň kanun tarapyndan ykrar edilen kämillik ukyplylygyny we durmuş üpjünçiligi boýunça hukuk bozulmalary üçin jogapkärçilik çekmek ukyplylygyny edinmelidir.

Raýadyň bu üç ukyplylygy beýleki hukuk pudaklarynyň hukuk gatnaşyklaryna girýän subýektleriniň ukyplylygyna gabat gelmän bilerler. Ähli jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky hukuk gatnaşyklary hukuk ukyplylygyna eýe bolýarlar, emma kanunda bellenilen pursata çenli kämillik ukyby döremeýär. Diňe şol pursat gelip ýetenden soň, çäkli we doly kämillik ukyby döreýär. Emma durmuş üpjünçiliginiň hukuk gatnaşyklaryna kämillik we jogapkärçilik çekmek (delikt ukyplylygy) ukyplary bolmadyk dogabitdi kesel sebäpli maýyp çaga hem, ruhy keselli maýyp adam hem hukuk ukyply gatnaşyjydyr. Emma olaryň pensiýa, kömek puly, durmuş hyzmaty görnüşindäki durmuş üpjünçiligine bolan hukugyny amala aşyrmagy kanuny wekiller ýa-da degişli döwlet edaralary kanun boýunça öz üstlerine alýarlar. Şeýle ýagdaýda maşgala agzalary hukuk gatnaşyklaryna girip bilýärler. Ekleýji bolup durýan adamyň aradan çykmagy kämillik ukyby ýok adama durmuş üpjünçiliginiň görnüşleri bellenende onuň özi, onuň maşgala agzasy kanuny wekil hökmünde hukuk gatnaşygyna girýärler. Çaganyň dogulmagy we onuň 3 ýaşyna çenli döwri durmuş tölegleriniň berilmegine maşgala agzalary gatnaşýarlar. Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň aýratynlyklarynyň biri hem durmuş taýdan goraglylygyň hemme raýatlara degişliligi boýunça hukuk ukyplylygy adam doglanda döreýär, aradan çykanda bolsa ýatýar.

Ýuridiki faktyň ýa-da kanunda bellenen ýagdaýyň gelip ýetmegi netijesinde raýadyň durmuş üpjünçiligine bolan hukuk ukyplylygy döreýär. Mysal üçin, raýat pensiýa ýaşyna ýeten bolsa-da, garrylyk boýunça pensiýa çykmak üçin arza bilen ýüz tutmadyk ýagdaýynda hukuk

gatnaşygynyň subýekti bolup bilmeýär we bu ýagdaý onuň arza berýän pursadyna çenli dowam edýär. Maýyplyk, ekleýjiniň aradan çykmagy ýaly ýuridiki faktyň emele gelen pursadyndan degişli kömek pulyny bermek görnüşindäki durmuş üpjünçiligine hukuk ukyplylygy döreýär.

Işlemeýän adamlar hem durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri bolup bilýärler. Şeýle derejedäki subýektlere iş döwri ýok adamlar we iş döwri kanunda bellenen çäkden az bolan, şol sebäpli pensiýa almaga hukugy bolmadyk ýagdaýy bilen baglanyşykly durmuş kömek puly tölenýän adamlar degişlidir.

Işlemeýän adamlara durmuş üpjünçilik kömegi diňe kömek puly görnüşindäki pul tölegleri hökmünde berilýär. Subýektleriň bu aýratynlyklarynyň ýokardaky ýagdaýyny rus alymlary Ýe. G. Glazarowanyň, A. Ýe. Kozlowyň ylmy gollanmasynda „kömek puly görnüşindäki pul tölegleri öň zähmet bolmadyk we asla hiç mahal işlemedik adamlara berilýär. Olar ilki bilen saglyk ýagdaýy sebäpli bütünleý işläp bilmedikler ýa-da pensiýa bolan hukugy almaga ýeterlik bolmadyk döwürde işlän çagalykdan maýyplardyr....“ [1] diýip, açyp görkezýärler.

Durmuş hyzmatyna degişli adamlar hem durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri bolup bilerler. Durmuş hyzmaty bilen üpjün edilmäge degişli bolan subýektlere garrylar, dürli derejedäki maýyplar girýär. Durmuş
hyzmatynyň edilmegi üçin subýektiň tapawutly alamatlary bolmalydyr. Bu hukuk gatnaşygynda garrylygy ýa-da fiziki ýa-da ruhy saglygy sebäpli kesekiniň kömegine mätäç ýagdaýdaky adam subýekt hökmünde çykyş edýär.

Ýe. G. Glazarowanyň, A. Ýe. Kozlowyň ylmy gollanmasyna salgylanymyzda, oalryň „ Hyzmatlara çagalar hernäçe mätäç bolduklaryça, zähmete ukypsyzlara edilýän hyzmatlar beden agzalarynyň käbir funksiýalarynyň ösüşiniň haýallygynyň öwezini dolýar. Bu öňürti gözegçilik etmek islegidir. Ol käbir ruhy keselli, akyl taýdan yza galak kiçiýaşly çagalara häsiýetlidir. Ideg etmek hökmünde degişli çagalara, fiziki we psihiki bozulmalaryň agyr görnüşi bilen maýyplara, aşa garran adamlara, agyr kesel döwründäki wagtlaýyn zähmete ukypsyzlara şeýle hyzmata isleg bildirilýär“ [2] diýip, ýazmaklary bilen ylalaşsak, onda ýokardaky düşünjämizi tassyklaýarys.

Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygynda ikinji tarap bolup durýan subýekt durmuş üpjünçiliginiň göz öňünde tutulan görnüşlerini bellemäge we bermäge borçly bolan durmuş üpjünçilik edarasydyr. Olar durmuş-üpjün edijilik hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýarlar. Degişlilikde durmuş üpjünçiliginiň görnşlerini bellemäge borçly tarap hökmünde şu aşakdaky toparlar subýektler hasaplanyp bilner:

- Merkezi topar-Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýa bellemek baradaky merkezi topary,

[1]. Е. Г. Глазарова, А. Е. Козлов. Личность и социальное обеспечение в СССР. 1983 г.
Четвёртая глава. стр. 114

[2]. Е. Г. Глазарова, А. Е. Козлов. Личность и социальное обеспечение в СССР. 1983 г.
Четвёртая глава. стр. 112

- Welaýatlaryň toparlary- welaýatlaryň durmuş taýdan üpjünçilik müdirliklerinde
döredilen, pensiýa bellemek üçin resminamalara garaýan toparlar,
-Etraplaryň (şäherleriň) toparlary- etraplaryň (şäherleriň) durmuş taýdan üpjünçilik bölümlerinde döredilen, pensiýa bellemek üçin resminamalara garaýan toparlar. [1]
-Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparlar- adamy maýyp diýip ykrar etmek, maýyplyk derejesini we toparyny bellemek işlerini amala aşyrýan topar [2]

Bu toparlaryň hukuksubýektliligi prosedura hukukgatnaşyklary: ýuridiki
faktlary, maddy-pul görnüşli üpjünçiligiň her bir görnüşine bolan hukuk we ony bellemek üçin olaryň düzümini anyklamak bilen çäklenýär.

Bulardan başga-da, iş berijiler (edara-kärhanalar) iş döwrüni üpjün ediji we tassyklaýjy, geçirimleri hem-de degişli gatançlary geçirmekligi ýerine ýetiriji tarap
hökmünde, işe ýerleşdiriş edaralary işsizlik we iş bilen üpjün etmek bilen bagly hyzmatlary ýerine ýetiriji hökmünde, saglygy goraýyş edaralary durmuş hyzmatyny ýerine ýetirijiler hökmünde çykyş edýän subýektler bolup biler.

Garrylar öýi, maýyplyk we beýleki ýagdaýlar bilen baglanyşykly bilim edaralary, mekdep-internatlar, hossarlyk-howandarlyk toparlary durmuş üpjünçilik
hukuk gatnaşyklarynda hukugy üpjün ediji subýektler hökmünde garalyp bilner. Zähmete ukypsyzlyk hatyny açmaga ygtyýarly edilen lukman, onuň mühletini

uzaltmaga ygtyýarly edilen Bejeriş-maslahat beriş topary ýuridiki fakty resmileşdiriji, tassyklaýjy we dowamlylyk möhletini kesgitleýjiler hökmünde
hukukgatnaşygyna girip bilerler. (Mysal üçin zähmete ukypsyzlyk hatynyň
möhletini 10 güne çenli keseliň görnüşi ý-da operasiýadan soňky ýagdaý boýunça bejeriji lukman, ondan köp wagta degişli topar uzaldýar.)

Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň 2-nji toparyna girýän subýektler hukuk ulanyjylyk ukybyny özünde saklamak häsiýetini alýarlar. Hukuk gatnaşygyndaky 2-nji subýektiň bu häsiýeti prosedura we prosessual hereketlerde aýdyň görünýär.

## § 4. Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň aýratynlykly häsiýetleri

Durmuş üpjünçilik hukuk gurşawynda subýektleriň arasyndaky hukuk
gatnaşyklaryny hukuk taýdan atlandyrmak we tapawutlandyrmak üçin bellibir
pikire gelip bilmeýändikleri barada ýokarda salgylanan alymlarymyz aýdýarlar. Olar durmuş üpjünçilik gurşawynda hukugy durmuşa geçirmekde, ylaýta-da
pensiýa bolan hukuk boýunça gatnaşyklary bir alymyň prosessual däl-de, prosedura gatnaşyklarydygyny, başga birisiniň olaryň arasyndaky we olaryň beýleki düzgüne salyjylygynyň uly ýa-da az derejedäki tapawutlarynda görýändiklerini, käbir alymlaryň hukuk gatnaşygynyny jedeliň barlygy ýa-da

adaty tertipde pensiýa we beýleki maddy kadalaryň amala aşyrylýandygy bilen prosessual we prosedura gatnaşyklary hökmünde tapawutlandyrýandyklaryny nygtaýarlar. Salgylanýan okuw gollanmamyzyň awtorlary bellibir derejede, soňky pikir pilen ylalaşýarlar we hukuk ulanujylyk häsiýetinden ugur alyp, hukuk gatnaşyklaryny prosedura däl-de, prosessual hukuk gatnaşyklary diýip atlandyrmagy dogry tapýarlar. Biziň pikirimiz hem oňa juda ýakyndyr.

Häsiýetleri boýunça durmuş üpjünçiliginiň önümçilik hereketi maddy gatnaşyklar we iş dolandyryş ýa-da jedeller bilen bagly gatnaşyklar boýunça hukuk ulanyjylyk işi esasynda herekete gelýär. Şonuň üçinem durmuş üpjünçiliginiň maddy gatnaşyklarynda 1-nji we 2-nji tarapyň arasynda bir tarapyň almak hukugy, beýleki tarapyň bermek borjy ýa-da talap etmek hukugy, upjün etmek borjy tertibinde gatnaşyk ýüze çykýan bolsa, prosedura-prosessual gatnaşyklarda taraplaryň (1-nji we 2-nji subýektiň) arasynda garşylyklaýyn biri-birinden talap edijilik hukuklary we borçlary döreýär.

Bu hukukgannaşygy salgylanýan gollammamyzda [1] aşakdaky çyzgy görnüşinde anyk kesgitlenipdir:

MADDY HUKUK GATNAŞYGY

| Subýekt raýat | – | Almak hukugy | = | Bermek borjy | – | Subýekt döwlet |
|---|---|---|---|---|---|---|

I I

Obýekt
Durmuş üpjünçilik hal-ýagdaýy

PROSESSUAL HUKUKGATNAŞYKLARY

| Subýekt raýat | Hukukygtyýarlygy- Maddy hukygyny ýa-da aýratyn ýuridiki fakty tassyklamagy talap etmek Subutnama getirip bermek borjy | Hukuk ygtyýarlygy Subutnama getirip bermegi talap etmek we olary barlamak Hukuk ulanyjylyk hukuknamasyny kabul etmek borjy | Subýekt Döwlet edarasy |
|---|---|---|---|

Obýekt
Durmuş üpjünçilik hal-ýagdaýyny bermek hakynda ýa-da ýuridiki fakty tassyklamak barasynda hukuk ulanyjylyk hukuknamasyny kabul etmek

Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygyna zähmete ukypsyzlygyň başga sebäpleri boýunça gatnaşýan subýektleriň topary hem bar. Elbetde, harby gulluk geçilýän döwri (çagyryş boýunça hökmany gulluk), ýörite

orta we ýokary okuw jaýlarynda okalýan döwri raýatlaryň ýörite borçlary ýerine ýetirýänligi sebäpli olary zähmete ukypsyz diýip hasaplap bolmaýar. Ýöne zähmete ukypsyz diýip hasaplanýan başga bir topar bar. Ýagny çagalaryň ählisi zähmete ukypsyz hasaplanýar. Şeýle hem mekdep okuwçylary, ekleýjisini ýitiren kämillik ýaşyna ýetmedikler, beýleki ekleýjisini ýitirenler, çagasy üç ýaşaýança ideg edýänler, maşgalanyň ýarawsyz agzasyna ideg edýänler zähmete ukypsyz raýatlar hökmünde garalyp bilner. Olaryň zähmete ukypsyzlygy kämillik ýaşyna ýetmedik ýaşy, okaýandygy, kiçi ýaşly çagasyna seredýänligi, maşgalanyň ýarawsyz agzasyna seredýänligi ýa-da başga sebäbe görä, zähmet haky tölenýän önümçilik kärhanasynda işläp bilmeýän ýagdaýýý bilen düşündirilýär.

Şu ýerde çaga dogrulýan öýden çaganyň perzentlige alynmagy baglanyşykly dogrumdan soňky rugsadyň berilmegi iki obýektli gatnaşygy ýüze çykarýar. 1-njiden, perzentlige almak syryny gizlin saklamak, 2-njiden, çaga aýratyn şertlerde ideg edilmegini üpjün etmek bolup durýar. Bu ýerde obýekt enäniň saglygyny dikeltmegi däl-de, onuň çaga seredýänligi sebäpli işlemek mümkinçiliginiň bolmazlygydyr. Şol sebäbe görä oňa zähmete ukypsyz adam hökmünde garalýar.
Bu gatnaşyklar medisina kanunçylygynda, maşgala we nika kanunçylygynda göz öňünde tutlandyr.

Ýaşy boýunça zähmete ukypsyzlyk ýokarda belleýşimiz ýaly, çagalyk döwri diýip hasaplanýan 1-den 18 ýaş aralygydyr. Kanunlara laýyklykda, çagalyk ýaşynyň kämillik ýaşyna geçmegi hem bolup geçýär, emma olaryň işlemeýän ýagdaýynda ýokarda görkezen mysallarymyzdaky derejesi saklanlanýar. Garrylyk ýaşyna

ýetmegi bilen hem zähmete ukypsyz subýekt diýlip hasaplanyp bilner.

Özbaşdak iş bilen meşgullanýan adamlar we möwsümleýin işlerde işleýän adamlar hem durmuş üpjünçilik hukugynyň subýektleri hökmünde hukkuk gatnaşygyna girip bilerler. Özbaşdak iş bilen meşgullanýan adamlara daýhan
birleşiklerinden daşary oba hojalyk önümini öndürijiler (şol sanda daýhan hojalygynyň agzalary, ýekebara, başgaça öz melleginde ekerançylyk , maldarçylyk bilen meşgullanýanlar), hukuk tarapyny döretmezden işleýän telekeçiler we ş. m.
Jemgyýete peýdaly iş bilen meşgullanýanlar girýärler.

Möwsümleýin işlere balykçylar, beýleki awçylyk bilen ýörite meşgullanýanlar, ary balyny saklaýanlar we ş. m. girýärler. Ekerançylyk bilen meşgullanýanlar we maldarçylykda gyrkym işlerine, ýazlag işlerine çekilýän döwürde işleýänler hem möwsümleýin işlerde işleýän adamlaryň hataryna goşulyp bilner. Olar möwsümleýin işlerden başga iş bilen meşgullanmaýan bolsalar, şeýle hasaplanýarlar, emma esasy işinden daşary ýerine ýetirýän bolsa, ol adamlar möwsümleýin işi utgaşdyryp işleýänler bolup durýar we olar möwsümleýin işleýänler diýip hasaplanyp bilinmez. Möwsümleýin iş bilen meşgullanmak kärhana bilen baglanyşykly bolsa, onda ol-subýekt pensiýa üpjünçiliginiň ulgamynyň ähli görnüşleri boýunça bellenen tertipde hukuk gatnaşygyna gatnaşýar, emma iş kärhanadan daşary bolsa, onda diňe ýaşaýan ýeri boýunça baglaşylýan meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup biler. Durmuş kömegi we

durmuş hyzmaty boýunça bolsa, islendik raýat (adam) hukuk gatnaşygynyň subýekti hökmünde çykyş ediýär.
Ýokarda aýdyp geçen „bellenen tertipde“ diýen jümlämiz pensiýa üpjünçiligi boýunça bellenýän pensiýanyň görnüşini kesgitleýän usulynyň saýlanyp alynmagy we bellenmegi üçin zerur bolan şertleri (mysal üçin iş döwri, degişli resminamalary toplamak) göz öňünde tutýar.

Ýaşy boýunça zähmete ukypsyzlygy esasan, iki usulda tapawutlandyrýarlar. Ýagny, adamyň ýaşyny hronologiki häsiýete we biologiki häsiýete bölýärler. Hronologiki ýaş adamynyň (indiwidiň) dogulmagyndan tä onuň ýaşynyň hasaplanýan pursatyna çenli bolan döwri öz içine alýar. Oňa başgaça senenama ýa-da pasport ýaşy hem diýilýär. Bialogiki ýaş (anatom-fiziologiki) ýaş- adamyň biologiki ösüş depginini (boý alşyny), ösüşini, kämillişmegini we garramagyny şöhlelendirýän ýaşaýşynyň häsiýetnamasydyr. Adamyň ýaşaýşynyň şu häsiýetnamasy boýunça-da durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygynyň subýekti öz ornuna geçýär. Hut biologiki ýaşyň tapgyrlary esasynda adamyň zähmete ukyplylyk derejesini kesgitleýäris.
Ýe. G. Azarowanyň, A. Ýe. Kozlowyň „“личность и социальное обеспечение в СССР“ atly kitabynda Uly medisina endisiklopediýasynda ýaş döwürleri boýunça tablisanyň düzülendigi hakynda maglumat berilýär we şu tablisa şonda getirilýär:

| Döwrüň ady | Ýaş çarçuwasy, ýyl | | Döwrüň esasy mazmuny |
|---|---|---|---|
| | erkekler | aýallar | |
| Çagalyk | 0-13 | 0-12 | Çalt ösüşi |
| Ýetginjeklik | 13-17 | 12-16 | Jyns taýdan kämilleşmegi (sozrewaniýe) |
| Ýaşlyk (jahyllyk) | 17-21 | 16-20 | Ösüş depgininiň birden haýallamagy |
| Kämileşmek-1 | 21-35 | 20-35 | Funksiýasynyň gülläp ösmegi |
| | | | We ortaça durnuklylygy |
| Kämileşmek-2 | 35-60 | 35-55 | Organizmiň neýro-endokinogen (içki mäz) üýtgeşmeleri |
| Ýaşy gaýdyşan | 60-75 | 55-75 | Garramaklygyň tizleşmegi |
| Garrylyk | 75 we ondan ýokary | | Organizmiň yza gaýdyş inwolýusiýasy |

Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynda esasan, ýokarda görkezilen ýaş döwürleri boýunça subýektiň zahmete ukyplylyk we saglyk ýagdaýyna baglylykda pensiýa üpjünçilik gatnaşyklary ýüze çykýarlar.

Pensiýa üpjünçilik gatnaşyklary beýleki hukuk şertleri bilen utgaşyklylykda emele gelýärler. Ol hukuk gatnaşyklary aşakdaky tertipde döreýärler:

| t/b | Pensiýa üpjünçiliginiň hukuk ýagdaýy boýunça görnüşleri | Zerur bolan iş döwri | | Subýektiň ýaşy | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | erkek | aýal | erkek | aýal |
| 1 | Umumy esasda garrylyk boýunça | 25 | 20 | 62 | 57 |
| 2 | Ýönekeý we ýolbaşçy düzümdäki harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň işgärleri | 25 | 20 | 52 | 48 |
| 3 | harby gullukçylar , orta, uly we ýokary ýolbaşçy düzümdäki içeri işler edaralarynyň näsaglygy, işgär birliginiň kemeldilmegi ýa-da saglygynyň çäkli ýagdaýy sebäpli gullukdan boşadylan işgärleri | 25-azyndan 20 ýyly gulluk döwri | 20-azyndan 15 ýyly gulluk döwri | 50 | 45 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 4 | Döwlet we raýat awiasiýasynyň uçuş we uçuş-synag düzüminiň işgärleri | 25 | 20 | 50 | 48 |
| 5 | Döwlet we raýat awiasiýasynyň uçarbeletleri, uçarüsti dolandyryjylary | 25 | 20 | 55 | 50 |
| 6 | Doly iş gününiň dowamynda ýerasty işlerde we zähmetiň zyýanly we aýratyn agyr şertleri bolan işlerde işleýänler | 25-üznüksiz azyndan 10 ýyl degişli işlerde işlense | 20-üznüksiz azyndan 7,5 ýyl degişli işlerde işlense | 52 | 48 |
| 0 | 6-njy belgide görkezilen işlerde bellenen möhletleriň azyndan ýarysyny işlänler | 25 ýyl-ýarysy 17,5 ýyl | 20-ýyl ýarysy 10 ýyl | 51 | 47 |
| 7 | Işleýän aýallara: a) Üç çaga dograna we sekiz ýaşa | - | 20 | - | a). 56<br>b). 55<br><br>w). 54 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | çenli terbiýeläne b). Dört çagala w). Bäş we ondan köp ýa-da çagalykdan maýyp çagala | | | | |
| 8 | Gipofizar manizmi (boý ösmezlik, göýdüklik) keselliler (liliputlar ýa-da göýdükler) | Doly iş döwri soralmazdan | Doly iş döwri soralmazdan | 45 | 40 |
| 9 | Geçirim tölemek şerti bilen arkalaşyk pensiýa usuly boýunça tablisanyň 1-nji we 7-nji belgidäkilere | Azyndan 5 ýyl | Azyndan 5 ýyl | 62 | 57 we ýeňillikli şertlerdäki ýaşlary |

Ýaş bölünişigi özüniň döredýän durmuş mazmuny boýunça-da topara bölünýär. Ýagny her bir ýaş döwrüniň özüne mahsus bolan durmuş mümkinçilikleri we wezipeleri bolýar. Zähmete ukyplylyk derejesini hem şoňa laýyklykda kesgitlemeli bolýar. Şonuň üçin hem öňden bellenilip geçilen işlenmeýän döwür ýaş we haýsydyr bir borjuň ýerine ýetirilýän (mekdepde okamak, ýokary okuw jaýynda okamak, çaga seretmek we ş. m.) döwri bilen baglanyşykly zähmete ukypsyzlyk döwri hasaplanyp bilinýär.

# AÝRATYN BÖLÜM

## I BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGINDE IŞ DÖWRI

### § 1. Iş döwrüne düşünje. Mazmuny.

Iş döwri durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklaryna girmek üçin esas bolup hyzmat edýän ýuridiki faktlaryň biridir. iş döwri ýuridiki fakt hökmünde şertnama boýunça girişilen zähmet gatnaşyklarynyň esasynda döreýändir. Özü-de ol birwagtlaýyn döreýän fakt däl-de, uzaga çekýän, dowamly, döwürleýin emele gelýän ýuridiki faktdyr. Zähmet gatnaşyklary bolmasa, iş döwri hem bolmaýar.
Şeýlelikde, iş döwri zähmet hukuk gatnaşyklary bilen durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklaryny baglanyşdyrýan köpridir. Diňe şol köpriden geçilende, durmuş üpjünçilik hukugyna durmuş üpjünçiliginiň iş döwri bilen bagly bolup durýan görnüşi boýunça eýe bolýar. Mysal üçin, pensiýalar, maýyplyk sebäpli berilýän kömek puly we ş. m. Iş döwrüni fakt hökmünde ykrar etmek üçin esasan, iki sany şert gerek: a). Iş döwrini hasaba almak we b). Iş döwrüni hasaplamak. Iş döwrüni hasaba almak üçin, raýadyň jemgyýete peýdaly zähmeti kanun boýunça bellenen tertibi berjaý etmek bilen ýerine ýetirip gelmegi zerurdyr. Ýagny, haýsydyr bir meşgullanylyn iş döwri hukuk taýdan ykrar edilýän şertlerde (zähmet şertnamasy, buýruk, karar, salgyt gullugynda bellige almak-patent esasynda işlemek, hakyna tutma şertnama baglaşmak ýa-da ylalaşygy ýazmaça (notarial) tertipde bellige almak, geçirim ýa-da gatanç tölemek we ş .m.) hasaba alynan bolmalydyr.

Iş döwrüni hasaplamak birinji şertden gelip çykýar we onuň özi hem birnäçe şertleri ýüze çykarýar. Şol şertler bolsa durmuş üpjünçilik hukugynyň talaby hökmünde çykyş edýär. Birinjiden, kanun tarapyndan iş döwrüniň möhletiniň kesgitlenmegi, ikinjiden, jemgyýete peýdaly zähmetiň ol ýa-da beýleki hukuk görnüşinde ýerine ýetirilmegi, üçünjiden, iş beriji tarapyň (fiziki ýa-da hukuk şahsyň) pensiýa tölegleri üçin geçirimleri geçirmeginiň, meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça raýadyň pensiýa gatanjyny tölemeginiň obýekti bolup durýan ähli görnüşdäki zähmet hakynyň tölenmegi, dördünjiden, işiň Türkmenistan döwletiniň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna degişli ýa-da baglanyşykly bolmagy esasy şertler hökmünde iş döwrüniň esasy mazmunyny düzýär.

Şeýlelikde, iş döwri diýip, işiň häsiýetine, dowam ediş ýagdaýyna we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, Türkmenistan döwletiniň hukuk gurşawyna dahylly bolan zähmet şertnamasy we hakyna tutma şertnamasy esasynda işlenen zähmet we beýleki jemgyýete peýdaly işiň, oba hojalyk önümini öndüriji hökmünde işlenen işiň dowam eden döwrüne we şol işler bilen baglylykda, geçirimleriň ýa-da raýadyň pensiýa gatançlarynyň tölenen döwrüne düşünilýär.

Zähmet çekilýän hünäriň ýa-da wezipäniň dürli-dürli bolmagy iş döwrüniň mazmunyny üýtgetmeýär. Meselem, inžiner-tehniki hünärler (işçi, ussa), söwda-hyzmat ediş hünärleri, medisina hünärleri, habar beriş serişdeleri hünärleri (žurnalist, diktor), edebiýät we sungat işleri, oba hojalyk hünärleri (kärleri) we ş m. m.

Şu ýokarda görkezilen hünärler, kärler wezipeler boýunça islendiginiň zähmet gatnaşygynda bolunan

döwrüni alanyňda hem ýuridiki fakt hökmünde şol bir iş döwri emele gelýär. Meşgullanylan ýa-da ýerine ýetirilen işleriň görnüşleri hem, häsiýetleri hem, olaryň esasynda kanunda kesgitlenen möhletlere bölünmegi hem iş döwrüniň mazmunyny üýtgetmeýär. Bu ýerde kanunyň talaby gazanylan iş döwrüniň bolmagydyr we onuň hukuga eýe bolmaga şerte öwrülmegidir.

Mysal üçin, zyýanly zähmet şertlerinde, howply işlerde (şahtada, awiasiýada) işlenmegi hem iş döwrüniň bolmagyny aradan aýyrmaýar. Bu ýagdaýlar diňe hukuga eýe bolmagyň şertini üýtgedýär.

Iş döwrüniň bolmagyny eýeçiligiň görnüşleri hem, hojalygy ýöretmegiň, maliýeleşdirmegiň görnüşleri hem üýtgetmeýär. Bu ýerde diňe iş döwri diýip hasaplap bolýan ýagdaýlar göz öňünde tutulýar.

Eger aýry-aýry hususy adamlar tarapyndan berilen işlerde işlän adamlaryň işlän döwrüni iş döwri diýip hasaplamak üçin öňden belleýşimiz ýaly, olaryň iş döwrüniň resmileşdirilmegi, şertnama ýa-da ylalaşyk esasynda işländigini, geçirimleriň (iş beriji tarapyndan) ýa-da raýadyň pensiýa gatanjynyň tölenendigi barada resminamanyň düzülmegi zerur bolup durýar. Mysal üçin, husyýetçilerde işleýän öý hyzmatkärleri, enekeler, garawullar, çopanlar, bagbanlar, sürüjiler we başgalar özleriniň iş döwrüni ýokardaky tertipde resmileşdirýärler.

Iş döwri ýerine ýetirilen işiň häsiýetine laýyklykda işlenen döwri öz içine alýar:

1. Zähmet ylalaşygy esasynda kanunda bellenilen möhletiň zähmet önümçiliginde işlenip geçilen döwri.

2. Zähmetiň zyýanly, agyr, howply şertlerinde işlenilip geçilen döwri.

3. Gulluk etmek bilen baglanyşykly işlerde işlenip geçilen döwri.

Iş döwrüniň mazmunyna arasynyň üzülendigine ýa-da üzülmändigine, olaryň domamlylygyna garamazdan hasaplanýan umumy, yzygiderli üznüksiz, möwsümleýin wagtda işlenen döwür girýär. Ýöne bu iş döwrüniň ähli subýektlere mahsusdygyny aňlatmaýar ýa-da durmuş üpjünçilik hukugynyň subýektleriniň ählisinden iş döwrüniň bolmaklygy hukuga eýe bolmak üçin hökmany şert hökmünde talap edilmeýär.

Iş döwri hasaplananda senenama ýyly, aýy we güni möçberindäki wagt aralygy alynýar we senenama ýyly möçberinde iş döwri kesgitlenýär. Şol kesgitlenen döwrüň dowamynda ýerine ýetirilen iş (gulluk) ýa-da işiň (gullugyň) ölçeg kadasy iş döwri diýlip hasaplanylýar. Muňa iş döwrüniň kesgitlemesine goşundy hökmünde baha berip bileris. Bu iş döwrüniň mazmunyny jemleýär.

## §. 2. Pensiýa ätiýaçlandyryş döwri.

Iş döwrüne Bitewi kanunda göz öňünde tutulan, pensiýa bellemäge esas döredýän döwürlerine hukuk häsiýetini berenimizde onuň iki ýagdaýyny anyklap bilýäris. Birinjiden, kanunda kesgitlenen möhletdäki iş döwri faktiki iş döwri bolup durýar, ikinjiden, pensiýa ätiýaçlandyryş iş döwri bolup durýar. Mysal üçin, 1-nji ýagdaýda öý hojalykçy pensiýa hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup bilenok. Emma ikinji ýagdaýda pensiýa ätiýaçlandyryş iş döwrüniň şertleri berjaý edilen

ýagdaýynda raýadyň işlän döwri iş döwri diýip hasaplanýar.

Diýmek, faktiki iş döwrüni tassyklaýan ýagdaý, ol işiň pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň döwrüniň içine girmegidir. Munuň şeýle bolmagynyň esasy şerti bolsa islendik hukuk ýagdaýyndaky iş beriji tarapyň pensiýa tölegleri üçin geçirimler geçirmegi ýa-da raýadyň meýletin pensiýa ätiýaçlandyryş şertnamasy esasynda pensiýa gatanjyny tölemegi bolup durýar.

Şeýlelikde, şertli-toplaýyş pensiýa ulgamy boýunça geçirimler geçirilen, toplaýyş pensiýa ulgamy boýunça bolsa meýletin pensiýa gatançlarynyň tölenen jemgyýete peýdaly işiň (gullugyň) kanunda bellenen möhletiň içinde dowam eden döwrüne pensiýa ätiýaçlandyryş döwri diýilýär.

Biziň 1-nji paragrafda belläp geçen iş döwürlerimizi ýatlap geçsek, geçirimler ýa-da meýletin pensiýa ätiýaçlandyryş gatanjy tölenmedik ýagdaýyndaky işlenen döwrini tutuşlygyna faktiki iş döwri diýip hasaplap bileris. Emma biz öý hojalykçynyň öý hojalygyndaky zähmetini faktiki iş döwri diýip hasaplap bilerismi? Ýok. Näme üçin? Sebäbi birinjiden, ol ýuridiki taýdan zähmet gatnaşyklary diýip hasap edilenok, ikinjiden, biri-biri bilen maşgala gatnaşygynda bolýan adamlaryň bir hojalykdaky ýerine ýetirýän zähmet işleri husyýetçiniň garamagyndaky hakyna tutma iş diýlip hasap edilenok, üçünjiden bolsa, öý hojalykçynyň öýdäki zähmeti zähmet gazanjy ýa-da hemişelik girdeýji çeşmesini döretmeýär we pensiýa ätiýäçlandyryş gatanjyny tölemegiň obýekti bolup durýan gazanjy ýok hökmünde gatanç tölegi alynyp bilinmeýär. Ýöne öý hojalykçynyň öý mallaryndan, ekin üçin

peýdalanan melleginden alan oba hojalyk önümini ýerleýändigi we ondan girdeýji alynýandygy sebäpli şol önüm berýän predmetlere salgyt salynýandygy bilen baglylykda, ýekebara oba hojalyk önümini öndüriji hökmünde meýletin pensiýa ätiýaçlandyryş gatanjyny töläp, özüne pensiýa ätiýaçlandyryş döwrüni gazanyp biler we pensiýa ätiýaçlandyryş, soňundan toplaýyş pensiýasy boýunça durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygyna girip biler. Ýöne öý hojalykçynyň zähmet gatnaşyklary ýuridiki taýdan resmileşdirilmeýär we onuň özi zähmet hakyny tölemegiň subýekti bolup bilmeýär. Ýagny ol, telekeçi ýa-da hakyna tutma işgär hasaplanmaýar. Şonuň üçin hem ol pensiýa ätiýaçlandyryş hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup bilenok, şeýle ýagdaýda ol şertli-toplaýyş usuly boýunça, iş döwrüniň ýoklugy sebäpli bolsa, arkalaşyk usuly boýunça zähmet pensiýasyna bolan hukuga eýe bolup bilmeýär. Diňe umumy kesel sebäpli maýyp bolan ýagdaýynda kömek pulyna bolan hukuga, ekleýjisini ýitirenligi, 3 (öňki 1,5) ýaşa çenli çaga seredenligi üçin kömek puluna, çaga doglanlygy üçin pul sylagyna, ene mähri hormatly adyň dakylmagyna we şonuň bilen bagly ýeňillikleriň berilmegine bolan hukuga eýe bolýarlar. Şeýlelikde, ähli raýatlar durmuş üpjünçilik hukugynyň subýektleridir.

Hususyýetçilerde raýat-hukuk şertnamasy esasynda hakyna durup işlänleriň iş döwri ýuridiki taýdan bellige alynan diýlip hasaplanýar. Sebäbi olar hakykatda, iş beriji hususyýetçi tarap (öý eýesi, ýer-mellek eýesi, ýekebara telekeçi we ş. m.) bilen zähmet ylalaşygyny baglaşan (ýazmaça ýa-da dilden) hakyna tutma işgär hasaplanýar.

## §. 3 Iş döwrüniň görnüşleri.

Iş döwrüne durmuş üpjünçilik ätiýaçlandyryşyň häsiýetini bermezden, onuň içki we daşky aýratynlyklaryna görä çemeleşilende iş döwrüniň biri-birinden tapawutlanýan görnüşleri emele gelýär. Eýsem, onuň içki we daşky aýratynlyklary diýenimizde nämäni göz öňünde tutýarys?

1). Içki aýratynlyk: Pensiýa bellemek üçin ýeňilleşdirilen şertleriň barlygy (Mysal üçin, Iş döwründe ýerine ýetirilen işiň zyýanly, agyr we aýratyn (howplulyk ähtimallygy, klimat şertleriniň amatsyz täsiri) şertleri, häsiýeti. Hasaplamagyň tertibindäki ýöriteleşmegiň barlygy.

2). Daşky aýratynlyk: Iş döwrüniň bellibir yzygiderlilikdäki dowamlylygy, yzygiderli dowamlylygyň arasynyň bölünmegi (Mysal üçin, möwsümleýin işlenen döwrüň aralygyndaky boş bolunan döwrüň bolmagy, işe ýerleşilýän döwrüň kanunda bellenilen çäginden geçmegi), kanunda kesgitlenen möhletdäki dowamlylygy (Mysal üçin, harby gullukçynyň gulluk etmeli möhleti).

Ýokardaky aýratynlyklaryna görä, iş döwrüni aşakdaky üç topara bölmek bolar:

1). Umumy iş döwri.
2). Ýörite iş döwri,
3). Üznüksiz iş döwri.

a). Umumy iş döwri diýip, ýerine ýetirilen işiň önümçilik häsiýetlerine, işiň arasynyň üzülendigine ýa-da üzülmändigine, uzaklygyna-gysgalygyna garamazdan, çekilen zähmetiň we edilen jemgyýete peýdaly işiň kanunda kesgitlenen möhletiň jemlenip alynan dowamlylygyna aýdylýar. Umumy iş döwrüne

Türkmenistanyň çäklerinde we ondan daşarda Türkmenistanyň raýatlygynda we önümçiligine baglylykda döwlet we hususy sektordaky alnyp barylan iş-zähmet çekilen döwri goşulyp bilner. Umumy iş döwri diýip, hasaplanmagy üçin aşakdaky şertler bolmalydyr:

-Iş döwri ýuridiki hukuk gatnaşygynyň obýekti bolmaly, (zähmet şertnamasy we beýleki resmileşdirmek astynda döremeli we hereket etmeli),

- Adamyň saglygyna we janynyna (ömrüne) arassaçylyk we howpsuzlyk ýagdaýynyň kadaly bolmagy,

- Hukugy üpjün etmegi ýeňilleşdirýän şertleriň bolmazlygy. (maşgala ýagdaýyndan başga)

Bu görnüşdäki iş döwri boýunça pensiýa bellemek üçin zerur bolan döwür we ýaş möhleti kanunda görkezilendir. (seret: Oňki baplara)

Umumy iş döwrüne pensiýa ätiýaçlandyryş geçirimleri ýa-da gatançlary geçirilen islendik görnüşdäki möwsümleýin işleri, raýat-hukuk hakyna tutma işleri, ýekebara tötänleýin (çem gelen işler) ýerine ýetirilen işleri bilen meşgullanylan iş döwürleri degişli edilýär.

Zähmet jedelleri we kazyýet işleri boýunça umumy iş döwrüne goşulýan döwürler:

a). Azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk we öňki iş ýerinde işlemegini dowam etdirmäge päsgelçilik bermeýän jeza çäreleriniň geçilen döwri, (kazyýet tertibinde umumy iş döwrüne goşulýan ýagdaýynda)

b). Jenaýat hereketiniň ýoklugy sebäpli jenaýat işiniň ýatyrylmagyna we jenaýat işi boýunça aklow höküminiň çykarylmagyna çenli, ýitirilen iş döwri,

ç). Bikanyn işden boşadylmagy ýa-da bikanun başga işe geçirilmegi bilen baglanyşykly mežbury boş geçirilen döwür.

Umumy iş döwri esasan, zähmet pensiýasyny bellemek üçin ulanylýar. Umumy iş döwri hakykatda zähmet çekilen döwrüň we iş ýeri saklanýan döwrüň bilelikdäki umumy sany boýunça kesgitlenýär. Meselem, şu shema görä: 1955-1959= 4ýyl+ 1959-1962-3 ýyllyk çaga seredilen döwür= 7+ 1962-1972= 10+7+ 17 ýyl+ 1978-1986=8+ 17=25ýyl umumy iş döwri hasaplanýar.

**b). Ýörite iş döwri diýip**, ýerine ýetirilýän işiň aýratyn häsiýeti we gulluk etmek bilen baglanyşykly kanunda kesgitlenen ýörite möhleti işläp ýa-da gulluk edip geçirilen döwrüň dowamlylygyna düşünilýär. Ýörite iş döwrüni hasaplamak üçin ýörite şertler talap edilýär. Birinjiden, iş döwrüniň bellibir iş ýeri we wezipesi bilen bagly bolmagy, ikinjiden işiň agyr, zyýanly we howply şertlerde bolmagy, kanunda kesgitlenen möhletiň onda bellenilen ýaşa çenli işlenip ýa-da gulluk edilip geçilmegi ýörite iş döwri boýunça pensiýa bellemek üçin esasy döredýän şertler bolup durýar. Iş döwrüniň bu görnüşinde, esasy aýratynlyk umumy iş döwrüne talap edilýän şertleriň tersine, hukuk almagy ýeňilleşdirýän şertleriň bolmagydyr.

Ýörite iş döwrüniň arasynyň üzülmegi kanunda bellenilen çäkdäki aralykdan çyksa, ýörite iş döwri bes edilse we başga iş döwrüne hasaplanýan işe geçse, ýörite iş döwri umumy iş döwrüne goşulýar, ýöne aýratynlykda hasaplanyp goşulýar.

Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan 1997-nji ýylda tassyklanan zähmetiň zyýanly, agyr we aýratyn şertlerindäki işleriň, hünärleriň we wezipeleriň

sanawynda görkezilen görnüşdäki işlerde, hünärlerde, wezipelerde işlenmegi kanunda göz öňünde tutulan ýörite iş döwri we ýaşy boýunça pensiýa bolan hukugy döreýär.

Zähmetiň zyýanly, agyr we aýratyn şertlerindäki işde kesgitli iş döwrüniň we ýaşyň bellenmegi adamyň saglyk ýagdaýynyň şeýle işlerde mundan beýläk işlemegine mümkinçilik bermeýän çäge ýetýänligi sebäplidir.

Işiň howplulygy boýunça bellibir iş döwrüniň we ýaşynyň kesgitlenmegi ýerasty işlerde, uçuş-synag düzüminde işleýänlere, uçarbeletlere we uçarüsti dolandyryjylara, paraşýutçylara olaryň gullugynyň ömri we jan-saglygy üçin howplulygy sebäpli amala aşyrylýar.

Olaryň gulluk eden ýyllary hasaplananda uçuş, uçuş-synag işgärlerinden başlap uçarüsti dolandyryjylaryna çenli bir senenama ýyly boýunça sagat ölçegi, paraşýutçylara bolsa böküş sanynyň ölçegi bilen hasaplanýar.

Ýokardaky iş ýerlerinden başga-da, harby, içeri işler, milli howpsuzlyk, döwlet aragatnaşyk-feldýegerçilik gullugynyň serkerde we esgerler düzüminde gulluk edilen ýyllar, şol sanda hökmany harby gulluk, harby ýygnanyşyklarda (1993ý. soň) bolan gulluk ýörite iş döwrüne hasaplanýar.

**ç). Üznüksiz iş döwri** arasy üzülmeýän dowamlylykda işlenmegi bilen häsiýetlenýär. Ol zähmet pensiýasy bellenende iş döwrüni hasaplamak üçin ulanylmaýar.

Ýöne kähalatlarda ýörite iş döwrüniň subýektleri bolup durýan käbir hünärmenleriň ýörite iş döwrini hasaplamak üçin ulanylyp bilner. Harby gulluga giren harby gullukçynyň, içeri işler edarasynyň, milli howpsuzlyk gullugynyň işgäriniň gulluk eden döwrüniň üznüksizligi zerur bolup biler.

Şeýle hem, pensiýanyň möçberini hasaplamak üçin kanunda bellenilen
5 (bäş) senenama ýylynyň  üznüksiz iş döwri bolmagy üçin ulanylyp bilner.

Iş döwrüniň üznüksizligi üçin pensiýasyna goşmaça tölenip bilinýän ýagdaýynda (kanunçylykda göz öňünde tutulan ýagdaýynda),  hukugy kesgitleýän möçberdäki üznüksiz iş döwri hasaplananda bu iş döwri ulanylyp bilner. Şeýle üznüksiz iş döwri şol bir kärhanada işlenen döwrüň üznüksizligine, kanunçylykda bellenen iş döwrüniň üznüksizligi saklanýan umumy iş döwrüniň üznüksizligine bölünýär. Üznüksiz iş döwri zähmet hakynyň baýrak ulgamy girizilen önümçiliklerde işlän ýyllary üçin zähmet hakyna goşmaça tölemek, baýrak bermek üçin  şert döredýär.

Üznüksiz iş döwri diýip, şol bir önümçilik ýerinde arasy üzülmeýän yzygiderli dowamlylykda, yzygiderliligiň arasy kanunçylykda kesgitlenen ölçeg kadasyndan geçmeýän ýagdaýda üzülip, dürli iş ýerlerinde birsydyrgyn dowam etdirilip işlenen iş döwrüne düşünilýär.

Üznüksiz iş döwri diýip hasaplamagyň iki sany ölçeg kadasy bardyr:

1. Sebäpsiz ýagdaýda öz islegi boýunça işden çykylanda iş döwrüniň arasynyň üzülmegi üç hepdeden (21 günden) geçmese,
2. Sebäpli ýagdaýda iş döwrüniň arasy üç aýa çenli üzülmese.

Mysal üçin, wezipe orny ýa-da işgär sany kemeldilip işden çykarylan pursatyndan üç aýa çenli işe ýerleşmeli bolan döwür, harby gullukdan gelenden soňra harby hasaba

we öňki iş ýerine işe durýan üç aýa çenli aralykdaky döwür we başga döwürler.

Üznüksiz iş döwri wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwri üçin kömek pulunyň möçberini hasaplap çykarmakda ähmiýetlidir. Kanun boýunça wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwri üçin kömek puly, işgäriň hakykatda işlän soňky üznüksiz iş döwrüniň soňky iki aýy boýunça zähmet hakyndan ugur alnyp, bellenen tertipde hasaplanýar we bellenýär. Bu tertip göwrelilik we dogrum wagty üçin rugsatlar üçin kömek pullarynyň möçberi hasaplananda hem ulanylýar.

## § **4** Möwsümleýin iş döwrüne düşünje

Iş döwri özüniň emele geliş we hereket ediş prosesini başdan geçirýär. Munuň özi iş döwrüniň birnäçe düşünjelerini döredýär. Bu düşünjeler öz alamatlary boýunça döreýär we tapawutlanýar. Ine möwsümleýin iş döwrüne seljerme geçirip göreliň.

Eýsem bu iş döwrüniň emele geliş prosesi nähili bolup geçýär?

Ol şu aşakdaky häsiýetler bolanda emele gelýär:

a). Işiň dowamlylygynyň möwsümleýin-belli bir döwrüň içinde bolup geçýändigi,

b). Işiň häsiýetiniň göz öňünde tutulýan döwürden uzak wagta uzaldylyp bilinmeýändigi,

ç). Iş berijiniň we işgäriň arasyndaky möwsümleýin ýa-da belli bir döwre dowam edip biljek işiň ýerine ýetirilmegi baradaky zähmet ylalaşygynyň (şertnamasynyň) baglaşylýandygy. Şu häsiýetleriň barlygy hem möwsümleýin iş, çem gelen iş,

zähmet işi, jemgyýete peýdaly iş bilen meşgullanmak ýaly düşünjeleri yzyna tirkeýär. Bu işler we olary ýerine ýetirmek prosesi umumylykda alanyňda möwsümleýin iş döwrüni döredýärler. Möwsümleýin iş döwri bolsa pensiýa üpjünçiligine bolan hukugyň esasy bolup biler. Sebäbi möwsümleýin iş döwri umumy iş döwrüniň hasabyna goşulyp we iş döwrüne hasaplanyp bilinýär. Sebäbi umumy iş döwrüni hasaplamagyň şertine görä, işiň arasynyň üzülendigine ýa-da üzülmändigine garamazdan, iş döwürleriniň jemi boýunça umumy döwür hasaplanýar. Indi aýdyp geçen düşünjelerimize aýry-aýrylykda kesgitleme bereliň.

Şu ýerde zähmet (gulluk) işi diýip, eýeçiligiň görnüşlerine (döwlet ýa-da
hususy) garamazdan, hünär (bilim) talap edýän ýa-da talap etmeýän wezipeleriň çäklerinde ýerine ýetirilen işe düşünmek bolar. Jemgyýete peýdaly iş diýip, iş beriji tarapa hyzmat ýa-da gulluk ähmiýetli ýagdaýy, işleýän tarapa girdeýji
çeşmesini döredýän, ilatyň iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrýan islendik, şol sanda möwsümleýin, çem gelen iş bilen meşgullanylýan işe düşünmek bolar.
Mysal üçin, öý hyzmatçysy, eneke, bagban, gorag işgäri we ş. m.

Möwsümleýin iş diýip, tebigi ýagdaýlar we işiň häsiýeti bilen baglanyşykly bellibir dowre çenli dowam edip bilýän we ähmiýetli bolýan, pasyl möwsümi boýunça gaýtalanyp durýan, ýazmaça zähmet ylalaşygy baglaşylýan işlere aýdylýar. Mysal üçin, nahal ekmek, agaçlary çyrpmak, sürüm, suwaryş işleri, otag

otamak, hasyl ýygnamak, gyrkym işlerini etmek, owlak-guzy almak bilen baglanyşykly işlerde işlemek, gemriji çol haýwanlaryna ylmy-laborator barlagyny (epidemologiki keselçilikler bilen bagly) geçirmek, ýüpek gurçugyny tutmak hem-de pile saratmak, ýyladyş ulgamyny işletmek, kebşirleýiş, örüm, suwag, lagym ulgamyny çekmek we beýleki jaý gurluşyk işleri we ş. m. (söwda, hyzmat, jemgyýetçilik iýmiti ulgamynyň möwsümleýin işleri (täze ýyl bezeg önümlerini satmak, toý dabaralarynyň geçirilýän ýerlerini dizaýnerçilik usulynda bezemek, dürli naharlary we işdäaçarlary taýýarlamak we ş. m.) zähmet şernamasy boýunça dörän zähmet hukuk gatnaşyklarynyň esasynda, esasy işiň içine girýär we iş agramynyň artýan möwsümi hökmünde baha berilýär we subýekt barada möwsümleýin iş diýlip hasaplanmaýar, şol döwür kadalaşdyrylmadyk iş wagtyny bellemäge, işden daşary artyk işlenen wagty we ondaky zähmet hakynyň möçberini kesgitlemäge esas berýär).

Möwsümleýin işler işiň häsiýeti boýunça hem bolup biler. Ýük ýüklemek-düşürmek, ýol gurmak, köpri gurmak, ýerasty kabellerini çekmek, tok geçiriji simleriň sütünlerini dikmek, gelen önümleri ammarlara ýerleşdirmek we hasaba almak, materiallaryň-önümleriň agramyny çekmek we ş. m. önümçilikde aýratyn ýa-da birwagtlaýyn ýerine ýetirilýän işler bilen baglanyşykly işleri hem möwsümleýin işler diýip hasaplamak bolar. Ýöne bu işleri ýerine ýetirýän adamyň başga esasy iş ýa-da wezipe orny bolmaly däldir ýa-da esasy işiniň önümçiligine girýän we iş agramyny artdyrýan iş bolmaly däldir.

Möwsümleýin işlerde işlenen iş döwri umumy iş döwri tertibinde hasaplanýar, eger iş möwsümi ( döwri) zähmet

gatnaşygy (ylalaşygy) boýunça yzygiderli gaýtalanýan bolsa, möwsümleriň aralygyndaky işlenmedik boş döwürler uznüksiz iş döwrüne hasaplanyp bilner, zähmet ylalaşygy gaýtadan baglaşylman, möwsümleýin işiň gaýtalanmagy bes edilen halatynda bu esasly sebäp aradan aýrylýar we iş döwrüniň üznüksizligi bozulýar. Möwsümleýin işiň gaýtalanmagyny bir senenama ýylynda azyndan iki gezek gaýtalanmagyny hasap etmek bolar.

## § 5. Möwsümleýin işiň aýratynlyklary.

Möwsümleýin işe düşünje berilende, esasan, işiň tebigy şertler bilen berk baglanyşyklydygyna, işiň dowamlylygynyň wagtlaýynlygyna üns berilýär. Ýagny, möwsümleýin işler özleriniň tebigy häsiýeti boýunça diňe bellibir döwürde ýerine ýetirilip bilinýär, şonuň üçin-de olar hökmany ýagdaýda bellibir möhletiň kesgitlenmegine itergi berýärler. Şeýle hem, möwsümleýin işler anyklananda, ol işleriň şäher durmuşy, oba durmuşy we önümçilik özboluşlylygy (meselem, azyk ýa-da çig mal önümlerini işläp bejerýän ýeňil senagatyň oba hojalygy bilen baglanyşygy we b.) boýunça toparlara bölmek nazarda tutulýar. Şoňa laýyklykda hem möwsümleýin işleriň görnüşleri kesgitlenýär.

Möwsümleýin işleriň görnüşlerine şular mysaldyr: Bagçylyk, nahal oturtmak, ýük düşürmek, agramyny çekmek, gatnatmak, ýerasty we suw asty goraglanan kabelleri saramak, şeker zawodlarynyň gant şugunduryndan şeker işläp taýýarlamak bilen bagly işleri, şugundur guradyjylarda şugundur guratmak boýunça işleri, kenardaky ýük düşüriş we ýükleýiş işleri (plot splawy-

gaplary boýunça), eger olar aýratyn işgärler tarapyndan ýerine ýetirilýän bolsalar, zyýan berijilere we kesellere garşy göreş işleri,  maldarçylyk boýunça işler: goýunlary we düýeleri gyrkmak, silos daňmak, mallary gezdirmek we iýmitlendirmek  (bakmak, otarmak, ideg etmek) boýunça işler, ýüňleri ýuwmak (senagat önümçiligindäkiden başga) we ş. m.

Şu ýokardaky möwsümleýin işleriň görnüşlerinden belli bolşy ýaly, möwsümleýin işleriň aýratyn alamatlary ýüze çykýar:

- Möwsümleýin işiň  hemişelik dowam edip bilmezligi: tebigy şertlere bagly bolmagy we işiň birwagtlaýyn, gysga döwürleýin häsiýetde bolmagy,
- Hemişelik işgär ýa-da şol iş bilen hemişelik meşgullanýan adam bolmaly däldigi,
- Tabşyrylan işiň, iş beriji tarapyň (ýuridiki tarapyň, jismi tarapyň) näbelli möhletde işleýän işgär tarapyndan däl-de, ýörite şol işi ýerine ýetirmek üstüne ýüklenilen adam-işgär tarapyndan ýerine ýetirilmegi ,
- Zähmet şertnamasy esasynda esasy işgäriň wezipesiniň ýa-da ýerine ýetirýän işiniň iş kadasyna girmeýän bolmagy,
-işiň arasynyň kesilmeginiň iki tarapyň hem islegine bagly bolmazlygy (Mysal üçin, Jaýyň gurluşygynyň, köpriniň gurluşygynyň tamamlanmagy, ýyladyş möwsüminiň tamamlanmagy, hasyl ýygnamak möwsüminiň sowulmagy we ş. m.)
- işi mundan beýläk dowap etdirmäge pasgelçiligiň bolmagy:

a). Tebigy päsgelçilik, howa şertleriniň işiň möwsümleýin häsiýetini döretmegi.

b). Emeli päsgelçilik: işiň bellibir wagta meýilleşdirilmegi, işgäriň bellibir işi ýerine ýetirmegi üçin işe kabul edilmegi, şertnama boýunça borçnamanyň wagtlaýyn işi ýerine ýetirmeklige gönükdirilmegi (Mysal üçin, elektrik geçirijilerini çekmek, penjire oturtmak, reňkleýjilik-suwagçylyk işleri, ýeri tekizlemek, sürmek tehniki işleri)

Şularyň özi möwsumleýin işlere düşünjäniň mazmunyny düzýär we aýratynlyklaryny görkezýär.

Elbetde wagtlaýyn işler hem möwsümleýin işleriň bir görnüşi ýa-da onuň bir bölegi diýlip hasaplanyp bilner. Sebäbi olar hem bellibir işi ýerine ýetirmek möwsüminde-döwründe dowam edip bilýärler we indiki işe çenli aralary kesilýärler. Ýöne wagtlaýyn işler tebigi şertler esasynda däl-de, meýilleşdirilen we zähmet şertnamasynda ylalaşylan şertler esasynda döreýärler we zähmet hukuk gatnaşygyny emele getirýärler.

Ýokardaky pikirimizi Daýhan hojalygy hakynda Türkmenistanyň kanunynyň (30. 03. 2007ý) 15-nji maddasynyň 1-nji bölüminde „Daýhan hojalygynda önümçilik zerurlygy bolan mahalynda zähmet şertnamasy boýunça beýleki adamlar möwsümleýin işleri ýerine ýetirmäge çekilip bilner“ diýen kada doly düzgünleşdirýär we işe girizýär.

Şu madda esasynda, Daýhan hojalygy beýleki adamlary haýsy möwsümleýin işlere çekip biler? Ol mysal üçin, goýun-guzy sagmak, süýt önümlerini: peýnir, gurt, sargan, aýran taýýarlamak, olary ýerlemek, otag otamak, zyýanly mör-möjeklerden ekini goramak we ş. m. işlere kömekçi işçi güýjüni işe çekip biler.

Umuman, möwsümleýin (wagtlaýyn) işleriň ýerine ýetirilen wagtlary möwsümleýin iş döwrüni emele

getirýärler. Möwsümleýin iş döwri umumy iş döwrüne goşulýar we durmuş üpjünçilik hukugynyň düzgünleşdirýän obýekti bolup bilýärler. Ýagny, möwsümleýin işleriň ýerine ýetirilen iş döwri durmuş üpjünçilik ätiýaçlandyrmasynyň we durmuş üpjünçiliginiň obýektine degişli bolup durýar.

Daýhan hojalygy hakynda Türkmenistanyň kanunynyň 16-njy maddasyny mysal alalyň:

„16-njy madda. Daýhan hojalygynda durmuş taýdan gorag.

1. Daýhan hojalygynyň agzalary, şeýle hem zähmet şertnamasy boýunça işleýän raýatlar, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda durmuş ätiýaçlandyrmasyna we durmuş üpjünçiligine degişlidir

2. Daýhan hojalygy öz girdeýjileriniň hasabyna Türkmenistanyň durmuş ätiýaçlandyrmasyna Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan bellenilen tertipde serişde geçirýär.

3. Daýhan hojalygynyň ýolbaşçysy onuň agzalaryna, zähmet şertnamasy boýunça işleýän raýatlara ýetirilen zyýan üçin, olaryň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly maýyp bolanlygy ýa-da saglygyna başga şikes ýetenligi üçin, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär. “

Munuň özi, möwsümleýin iş döwründe-de, (näbelli möhlete dowam ediýän iş döwründe-de) ýuridiki taýdan şeýle häsiýetdäki işe çekilen adamlaryň durmuş goraglylygynyň üpjün edilmeginiň kanun esasynda berkidilýändiginiň bir mysalydyr.

Oba hojalygy bilen baglanyşykly her bir zähmet işi möwsümleýin iş diýip hasaplanyp bilinmez. Mysal üçin, çopanlaryň işini alyp göreliň.

Çopanlar açyk tebigi şertlerde (maýyl, yssy, aýazly howada, gar, ýagyş ýagýan wagtlarda, dag, çöl tebigy şertlerinde) özlerine berkidilen mallara ideg etmek (parazit möjekler: sakyrtga, mütürik, gurt düşmegine garşy, kesellemegine garşy derman bermek, melhem etmek), öri meýdanda otarmak-bakmak, baş sanyny bitin saklamak we köpeltmek, ýabany ýyrtyjy haýwanlaryň hüjüminden goramak we beýleki möwsümleýin işleri (mallaryň tohumlanmagy, mallardan önelge alynmagy, ýüňleriniň gyrkylmagy) goşmaça etmek boýunça bütin ýylyň dowamynda birtopar işleriň toplumyny ýerine ýetirýärler. Olaryň iş döwrüni hiç bir dynç güni, gündelik iş wagty, nobatdaky zähmet rugsady bilen bölüp bolmaýar. Şonuň üçinem olaryň iş wagty bir tapgyrly çalşykly iş wagty bilen kesgitlenýär (şunda kanunda bellenen gündelik iş wagtynyň ölçeginden ugur alynyp, çalşyk döwri hasaplanylýar). Çopanlaryň işiniň önümçiligiň üznüksizligini bozup bolmaýan häsiýeti bardyr. Munuň özi halkyň arasynda „daýhan gyşda dynar, çopan görde“ diýen nakylyň döremegine sebäp bolupdyr.

Ýöne maldarçylygyň gündelik iş wagtynyň çäklerinde meşgullanyp bolýan görnüşleri hem bar. Mysal üçin, doňyzdarçylyk, iri şahly maldarçylyk, guşçulyk.

Ýöne bularda-da ot-iým taýýarlamak boýunça möwsümleýin işler bolup biler.

Çopanlaryň iş döwri umumy esaslarda durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygyny ýüze çykarmagyň esasy bolýar.

## § 6. Raýat hukuk şertnamalarynyň iş döwrüni döretmek ukyby.

Raýat hukuk şertnamalary esasynda zähmet gatnaşygynda bolnan döwür hem umumy iş döwrüne hasaplanýar. Ýöne munuň üçin birnäçe şertleriň bolmagy zerurdyr. Birinjiden, iş berijiniň ýuridiki tarap bolmadyk hususy şahs bolup durmagy, ikinjiden, zähmet gatnaşyklary hukuk şahslary bilen raýadyň arasynda bolsa, işiň (wezipäniň) wezipe birliginiň tertibinden daşarda ýerine ýetirilýän bolmagy, üçünjiden, taraplaryň arasynda zähmet borçnamasynyň bolmagy, dördünjiden, raýat hukuk gatnaşyklarynda ýerine ýetirilen zähmet borçnamasy boýunça işlenen döwürde iş beriji ýa-da raýat tarapyndan pensiýa ätiýaçlandyryş geçiriminiň ýa-da gatanjynyň geçirilmegi esasy talap edilýän şertlerdir.

Raýat hukuk zähmet borçnamalary boýunça işlenen iş döwürleri birnäçe görnüşleri bar. 1). Faktiki iş döwri: a). çem gelen işleriň ýerine ýetirilen döwri, b). tötänleýin hakyna tutma zähmetiň ýerine ýetirilýän döwri; 2). Ýuridiki iş döwri; 3). Buýrujynyň ýa-da podrýadçynyň üçünji tarap bilen baglaşan şertnamasy esasynda dörän işi raýadyň ýerine ýetiren iş döwri;

Faktiki iş döwrüniň hemmesi üçin umumy şert raýat hukuk şertnamasynyň dilden baglaşylmagydyr, şeýlelikde, faktiki iş döwri raýat hukuk şertnamasynyň möhletini öz içine alýan döwür bolup galýar. Diýmek, faktiki ýerine ýetirilen iş raýat hukuk borçnamasy esasynda ýerine ýetirilen işdir.

Faktiki iş döwrüni (hakykatdaky zähmet gatnaşygy) emele getirýän çem gelen işler näme? Çem gelen işler diýip, bellibir möhletde zerurlyk sebäpli buýrulan we dilden ylalaşylan, ýörite gözlenip tapylýan, raýadyň hünäri bilen bagly bolan işlere aýdylýar. Mysal üçin, Öýleri

abatlamak, jaý gurluşyk işleri (örüm, suwag, reňleýjilik, gapy-penjire goýmak, ýeri düşemek, kebşirlemek, binýat guýmak), mellek ýerini depmek, miweli agaçlary çyrpmak, ýük düşürmek, tok geçirijileri çekmek we ş. m.

Tötänleýin işleriň çem gelen işlerden tapawudy näme? Tötänleýin işler hem aslynda çem gelen işler bolup durýar. Ýöne esasy tapawut bu ýerde işiň diňe birwagtlaýyn häsiýetli, hünär talap etmeýän we raýadyň hünäri bilen bagly bolmadyk häsiýetli bolýanlygydyr.

Çem gelen (tötänleýin) işler, faktiki işler bolup, olaryň hemmesi raýat hukuk gatnaşyklaryny emele getirýärler. Faktiki iş döwrüniň hukuk başlangyjy raýat hukuk şertnamalarydyr. Faktiki zähmet gatnaşygyny döredýän raýat şertnamalarynyň aglabasy ozal belleýşimiz ýaly, dilden baglaşylýar, ýöne bellibir möhleti talap edýän işler boýunça ýazmaça şertnamada bolup biler.

Bu häsiýetdäki işleriň ählisiniň ýerine ýetirilen döwri faktiki iş döwri hem, ýuridiki iş döwri hem bolup biler. Ýuridiki iş döwri bolmak üçin ýazmaça zähmet şertnamasynyň (ylalaşygynyň) baglaşylmagy we bellenen tertipde resmileşdirilmegi esasy şert bolup durýar. Emma durmuş üpjünçilik hukugynda ýuridiki iş döwri diýlip hasaplanmagy we durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygygynyň ýüze çykmagy üçin ýeterlik şert däldir. Ýagny, pensiýa ätiýaçlandyryş geçirimleri ýa-da raýadyň pensiýa gatançlary geçirilmedik iş döwri faktiki iş döwri bolmagynda galýar we ýuridiki taýdan pensiýa bolan hukugy döretmeýär.

Faktiki zähmetiň barlygy faktiki iş döwrüni döredýär diýildigi däldir. Faktiki iş döwrüniň bolmagy üçin birinjiden, hakyna tutma iş maşgala agzasy bolup durmaýan keseki adam tarapyndan berilen bolmagy, ikinjiden, zähmet ylalaşygynyň ýa-da şertnamasynyň baglaşylan bolmagy, üçünjiden, bellenen tertipde bellige

alynan bolmagy, dördünjiden, zähmetine hak tölenýän bolmagy, bäşinjiden, zähmet hakynyň ýa-da girdeýji çeşmesiniň salgyt salmagyň obýekti bolmagy gerekdir. Mysal üçin, öý hojalykçynyň zähmetiniň bu şertlere laýyk gelmeýändigi üçin diňe faktiki zähmet bolup galýar. Çem gelen işleri ýerine ýetirýän günlikçiniň zähmeti hem resmileşdirilmedik ýagdaýynda faktiki zähmet bolup galýar we faktiki iş döwrüni emele getirmeýär.

Buýrujy we podrýadçy raýat hukuk gatnaşyklaryny döredýän Raýat şertnamalary esasynda ýerine ýetirilýän işler borçnamalaýyn işler bolup, olar raýadyň esasy iş ýerindäki zähmet gatnaşyklarynyň içine girýär hem-de ýuridiki (faktiki) iş döwri hasaplanýar.

Iş beriji tarap bilen Hukuk maslahathanasynyň arasynda hukuk hyzmatlarynyň edilmegi barada baglaşylan şertnama boýunça adwokatyň ýerine ýetirýän işi esasy iş ýerindäki zähmet gatnaşyklarynyň çäklerinde amala aşyrylýar. Bu ýerde işgär taraplaryň arasyndaky borçnamany ýerine ýetiriji üçünji tarap bolup durýar, hakykatda bolsa, esasy iş berijiniň borçnamasyny ýerine ýetirijidir. Umuman bu, üç taraply şertnamalaryň bir görnüşidir. Adwokatyň ýerine ýetiren işi bilelikdäki iş hökmünde garalmasa-da, raýat gatnaşyklarynda emele gelýändigi we esasy iş döwrüne siňdirilýändigi üçin, umumy iş döwrüne hasaplanmaýar.

Umuman, buýrujy we podraýdçy raýat hukuk gatnaşyklary boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilýän iş döwri umumy iş döwrüne hasaplanmaýanlygy bilen häsiýetlenýärler.

Raýatlaryň öz aralaryndaky baglaşan haýsydyr bir işi ýerine ýetirmek baradaky ýazmaça (notarial tertipde tassyklanan) raýat şertnamalary zähmet borçnamalaryny döredýän bolsa, şertnamanyň dowam edýän möhleti ýuridiki iş döwrüne hasaplanyp bilner.

# II BAP DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGINDE PENSIÝALAR

## § 1. Pensiýalar hakynda düşünje.

Her bir raýat, adam pensiýa bolan hukuga hukuk ubynyň dörän pursadyndan eýe bolýar. Emma pensiýa bolan hukugy edinmek üçin durmuş üpjünçilik hukuk kadasy üçin hökmany bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna girmeli bolýar. Munuň özi durmuş üpjünçiliginiň bu görnüşiniň özboluşly bir hukuk häsiýetidir.

Diňe şeýle hukuk gatnaşygy ahyrky netijesine (kanunda bellenilen şertlerde!) çenli dowam edende pensiýa hukuk gatnaşygyna geçip biler.

Pensiýa üpjünçiliginiň hukuk häsiýeti beýleki durmuş üpjünçiliginiň görnüşlerinden tapawutlylykda, birinjiden, kanunda bellenilen şertleriň ýuridiki fakt hökmünde bolmagynyň hökmanylygy, ikinjiden bolsa, kanunda kesgitlenen şertleriň dörän pursadynyň gelip ýetmeginiň hökmanylygy bolup durýar.

Pensiýa üpjünçiliginiň bu häsiýeti esasynda, pensiýa bolan hukuga eýe bolmak üçin, bellibir iş döwrüniň ýa-da ätiýaçlandyryş iş döwrüniň edinilmegi, pensiýa ýaşyna ýetmegi hukuk ähmiýetli bolup durýan bolsa, pensiýa bolan hukuk döründen soň, maddy hukuk gatnaşyklaryna girmek üçin borç-hukuk gatnaşyklary emele gelýär. Mysal üçin, pensiýa bolan hukuk döräninden soň, hukugy üpjün etmek-pensiýany bellemek üçin pensiýa ýaşyna ýeten adamyň arza bilen degişli edara ýüz tutmagy zerurdyr.

Diýmek, pensiýa üpjünçiligi gatnaşyklarynda iki döwür bar. 1-nji döwür pensia bolan hukugy edinmek üçin zerur bolan şertleri özüň üçin döretmek döwri, 2-nji döwür pensiýa bellenilenden soňky maddy hukuk gatnaşygynyň dowam edýän döwri. (Prosessual hukuk gatnaşyklary şu iki döwrüň sepgidinde hukugy üpjün ediş prosedurasynda we ikinji döwrüň dowamynda pensiýa meselelerinde jedellleriň döremegi esasynda ýüze çykýar.) Soňky döwür pensiýa hukuk gatnaşygynyň üýtgemegine, bes edilmegine ýa-da ýatyrylmagyna çenli hereket edýär. Pensiýalaryň möçberini gaýtadan hasaplamak pensiýa hukuk gatnaşygyny ýatyrmaýar. Atly pensiýanyň bellenmegi ýa-da durmuş üpjünçiliginiň başga bir görnüşine geçilmegi pensiýa gatnaşygynyň üýtgemegi diýlip hasaplanyp bilner.

Umuman, Pensiýalar durmuş üpjünçiliginiň bir görnüşidir we ol durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygyny emele getirýär. Pensiýa oňa bolan hukugy döreden ýuridiki faktlar esasynda bellenýär.

Durmuş üpjünçilik hukugynyň obýektini we subýektini öz içine alýan hukuk gatnaşyklary şu hukugyň predmeti bolup durýarlar.

Pensiýalar hukuga eýe bolmak ýagdaýy boýunça şu görnüşlere bölünýär:

a). Hukuk faktlary boýunça döreýän pensiýa bolan hukuk:

1)Ýaşy boýunça pensiýa, 2).Ýeňillikli şertlerdäki pensiýa, 3).Doly däl pensiýa

Pensiýalar fakty dörediş we ätiýaçlandyryş gatnaşyklary boýunça şu görnüşlere bölünýär:

b). Atýaçlandyryş usuly boýunça döreýän pensiýa bolan hukuk:

1). Zähmet pensiýasy, 2). Toplaýyş pensiýasy.

Pensiýalaryň gönükdirilen gatnaşyklary:

1. Obýekti: Raýadyň (adamyň) ömri, maddy taýdan üpjünçiligi.

2. Subýekti: Kanunda bellenilen ýaşa ýeten we kesgitlenen iş döwri bolan raýatlar (adamlar).

3. Pensiýa üpjünçiliginiň obýektiw tarapy: ýuridiki faktlaryň emele geliş prosesi.

Ol hem öz içinde ikä bölünýär: 1). Kanunda belleninen döwri geçmek,

2). Kanunda bellenen pursada ýetmek. Şu alamatlaryň birden biriniň bolmadyk ýagdaýynda pensiýa üpjünçiliginiň obýektiw tarapy emele gelip bilmeýär. Mysal üçin, kanunda bellenilen iş döwrüni (şol sanda doly däl pensiýa üçin) edinmedik raýat pensiýa ýaşyna ýeten (kanunda pellenen pursat) ýagdaýynda-da pensiýa bolan hukuga eýe bolup bilmeýär.

Şeýlelikde, obýektiň we subýektiň barlygyna garamazdan, hukugyň obýektiw tarapy bolmasa, pensiýa üpjünçilik hukuk gatnaşygy döräp bilmeýär.

4. Pensiýa üpjünçiliginiň subýektiw tarapy: raýadyň (adamyň) zähmet hukuk gatnaşygyna baha bermek we raýadyň (adamyň) pensiýa bolan hukugyny ulanmaga hukuk mümkinçiligini döretmek boýunça durmuş üpjünçilik häsiýeti.

Onuň alamatlaryny aşakdakylar diýip hasaplamak bolar:

-Pensiýa üpjünçiliginiň ýörelgesi,

- Pensiýa üpjünçiliginiň maksady,

- Pensiýa üpjünçiliginiň saýlanyp alnan usullary. (Mysal üçin, zähmet pensiýasy we toplaýyş pensiýasy).

- Maliýeleşdiriş çeşmeleri,

- Pensiýanyň esaslandyrylan (maliýe-ykdysady taýdan) möçberi.

Şu alamatlaryň birden-biriniň bolmadyk ýagdaýynda, pensiýa üpjünçiliginiň subýektiw tarapy emele gelmeýär. Mysal üçin, maliýeleşdiriş çeşmesi bolmasa zähmet ýa-da toplaýyş pensiýasyny belläp bolmaz.

Umuman, pensiýa hakyndaky düşünjäni pensiýa üpjünçiliginiň düzümi we alamatlary kemala getirýärler. Şonuň üçin-de, pensiýa diýlende, kanunda bellenilen iş (gulluk) döwrüni geçirimleriň ýa-da pensiýa gatançlarynyň geçirilmegi bilen geçen, bellibir ýaşa ýeten, zähmete ukyplylyk derejesi we maddy taýdan üpjünçiligi (durnukly eklenç çeşmesini döretmek) nazarda tutulan, ýörite usullarda toplanan we kanunda kesgitlenen möçberde bellenen, döwlet tarapyndan durmuş üpjünçilik goraglylygyny üpjün etmegiň serişdesi bolan pul görnüşundäki hemişelik girdeýji çeşmesine düşünilýär. Hut şu kesgitlemäniň özi ýokarda beýan edilen düşünjeleriň netijesinde, ol düşünjeler bolsa hukuk çeşmeleriniň netijesinde döreýär.

## §2Pensiýa üpjünçiliginde adamynyň ýaşy bilen bagly düşünjeler we olaryň pensiýa bolan hukuga täsiri

Pensiýa üpjünçiligi boýunça durmuş üpjünçilik hukugyna mahsus bolan düşünjeler öz dilinde gepleýän sözler bilen içki pikirlerini daşyna çykarýar, adamlaryň dikgatyna ýetirmek üçin beýan edýär. Şeýle diliň sözleriniň arasynda „Garrylyk“ we „ýaş“ diýen düşünjeleri aňladylýan düşünjeler bar. Merkezinde pensiýa duran hukugyň çygrynda bu iki düşünje esasy orny tutýarlar, hut

şular sebäpli birnäçe hukuk şertleri orta atylýar. Hukuk şerti diýip bolsa, biziň göz öňünde tutýan hukugymyza eýe bolmak üçin, ondan öňürti berjaý edilmeli kanuny hereketiň bolup geçmegine baglanyp goýulýan şerte düşünýäris. Meselem, üznüksiz iş döwri üçin pensiýa goşmaça tölenmegine hukuk almak üçin 25 ýyl (20) iş döwrüniň azyndan 15 ýyldan köp böleginiň üznüksizligi talap edilýär;

Eýsem, "garrylyk" we "ýaş" diýen sözler bütinleý biri-birinden aýrybaşga düşünjeleri berýärmi? Olaryň biri-biri bilen baglanyşygy ýokmy?

Biziň pikirimizçe, " ýaş" – diýen söz, adamynyň fiziki taýdan ýaşaýan ömrüniň wagtyny ölçeýän we ýeten sepgidini aňladýan düşünje bolmaly. Meselem, 6 aýlyk çaga, 1 (bir) ýaşan çaga, 15 ýaşly ýetginjek, 25 ýaşly ýigit, 45 ýaşly adam, 55 ýaşyndaky orta ýaşan adam we ş. m.

Medisina taýdan "ýaş" sözi ömrüň bellibir döwründe we sepgidinde adamynyň fiziki ukyplylyk we saglyk mümkinçiliginiň saklanyş durmuklylygyny we onuň ýokardan aşaklygyna minimal çäginiň derejesini kesgitlemegiň ölçegidir. Şonuň üçin hem, ýaşy boýunça pensiýa bellemegiň çykalgasyz we gutulgysyz şerti birinjiden, ýaşyň medisina ölçegidir, ikinjiden, işiň (gullugyň) adama agram (fiziki ýa-da akyl ) berijilik ölçegidir. Eger medisinada sportsmene 35 ýaşa çenli sportuň ol ýa-da beýleki görnüşi bilen meşgullanmak kesgitlenýän bolsa, onda şol ýaşdan soň, kärde adamyň fiziki ukyplylygynyň aşaklygyna gaýdýandygy, şol sebäpli hem adamynyň zähmet şikesini ýa-da hünär keselini almak ähtimallygynyň artýandygy, biologiki taýdan adam ömrüniň gysgalmak howpunyň güýçlenýändigi göz öňünde

tutulýandyr. Şeýlelikde, adam üçin agyrlyk ölçegi ýokary bolan işden, kärden we gullukdan “çetleşdirip” şol şertlerde işlän ýa-da gulluk eden adam üçin durmuş ýagdaýy kadaly we ondan ýokary bolan şertlere “çalşyrylmagy” adam ömrüni gorap saklamagyň hem-de uzaltmagyň durmuş üpjünçilik hukuk usulydyr.

Adamynyň bellibir kesgitlenen döwürden artyk işlemegi öz ömrüni gysgaltmagy bilen barabardyr. Eger raýada harby gullukda, içeri işler edaralarynda 25 (20) ýyl gulluk edip 52 (48) ýaşda pensiýa çykmak bellenýän bolsa, onda şol raýat şol gulluklarda gulluk etmäge gulluk etmäge hukuk şertini döredýän okuwa kabul edilýän ýaşy 18-23 ýaşdan ýokary, ýönekeý şahsy düzüme gulluga kabul edilýän ýaşy 27-28 ýaşdan ýokary bolup bilmez.

Ýaşy boýunça pensiýa bellemegiň özi ýokardaky esaslara görä, ýeňillikli şertlerde pensiýa bellemegiň özboluşly alamatlaryny: fiziki ukyplylygyň, saglyk ukyplylygynyň derejesi, fiziki we saglyk ukyplylygyna ýerine ýetirilýän işiň (wezipäniň) we edilýän gullugyň agyrlyk ölçegine bap gelýän çägini, adam saglygyny gowşadýan tebigy ýagdaýyň çägini (çaga dogurmak we ösdürip ýetişdirmek, gipofizar nanizmi keseli) , durmuş şertleri kadaly ýerine ýetirilýän işlerde (wezipelerde) we gulluklarda agyrlyk ölçeginiň aýratynlyklaryna baglylykda (şol sanda tebigy ýagdaýyň çäginde), çäklilik derejesini ýüze çykarýar.

Iň soňky alamatymyz barada kelam agyz aýdyp geçeliň. Biz agram berijilik ölçegi diýenimizde işiň (gullugyň) agyr we zyýanly şertleri, howplulyk ähtimallygy, işiň, gullugyň fiziki güýji ortaça derejede we ondan ýokary birsyhly, tükeniksiz talap edýändigi, pikirlenmek we aň hereketleri

(okamak, ýazmak, derňew geçirmek, barlag-synag tejribesini geçirmek we ş. m.) bilen bagly birsyhly, tükeniksiz akyl zähmetini ortaça we ýokary derejede talap edýändigi, bu iki zähmet görnüşiniň netijesinde ýadowlyk, surnukmak sebäpli, degna (nerw) dartgynlygy, ukusyzlyk ýa-da aşa uka maýyllyk, gowşaksylyk, göwniçökgünlik we ýaşaýyş işjeňliginiň peselmegi ýaly hadysalary ýokarlandyrýan derejesi we onuň fiziki ukyplylygy dikeltmek derejesiniň gowşamagy göz öňüne gelýär. Meselem, çagalar bagynyň terbiýeçisi, mekdep mugallymy çagalara bilim, edep-terbiýe bermekde mydama mugallymçylyk usulyýetini gözlemek, tapmak we çalşyp durmak baradaky aladaly dartgynlylykda bolýarlar, mugallymçylyk borçlaryny amala aşyrmakda ençeme çemeleşmelere, kynçylykly öwrümlere baş goşmaly bolýarlar.

Redaktor öz ýerine ýetirýän işinde maglumatlar (informasiýa) ummanynda ýüzmeli bolýarlar we ol ummanyň “gyrmançasyny” bir aýry, “göwherini” bir aýry edip, saýhallamaly bolýar, onuň üçin tükeniksiz zähmet, güýç sarp edýär.

Ylym bilen meşgullanmagyň ömür bilen dalaşýan kynçylygyny, hupbatyny bolsa, ylym adamsynyň bir özi bilýär. Diýmek, agram berijilik ölçegi adamyň zähmetini, onuň şertini, zähmetiň miwesini we olara adam güýjüniň ýetýän çägini aňladýar. Adam haýsy hünärde, kärde we wezipede işleýän ýa-da gulluk edýän bolsa, haýsy durmuş wajyplygy bilen meşgul bolýan bolsa, şoňa görä-de, agram berijilik ölçegi kesgitlenýär. Meselem, I-topar maýyp adama seretmek. Onuň nähili zähmeti we durmuş isleglerini talap edýändigi aňryujy üşügi bolan adama

mälimdir. Maşgalasynda ençeme çagany terbiýeleýän adamynyň işlemeginiň kynçylygy hem her bir maşgala üçin tanyşdyr. Şular bilen baglanyşdyrylýan, durmuş şertleriniň çäkliligi we onuň derejesi diýip, biz nämäni göz öňünde tutýarys? Elbetde, biziň ýokarda beýan edenlerimiz içki duýgy ýa-da şahsy garaýşymyza bellibir derejede bagly bolsa-da, ol ylmy çemeleşmeler we esaslar boýunça kesgitlenen alamatlardyr.

Durmuş şertleriniň çäkliligi işlenilýän önümçilikde, şol kärde ýa-da wezipede mümkin bolan minimal derejeden ýokary durmuş şertlerini döredip bolmaýan ýagdaýyna düşünilýär. Meselem, agaç kesiji sehde agaç tozgasyndan goranmak we beýleki toksiki allergiýa beriji kesellerden goranmak üçin, birinjiden sol sehde işleýän işçi dem alyş agzalaryny goramak (dem alyş ýollarynyň üsti bilen kesel döredip biljek tozgalaryň bedene düşmezligi we beden agzalaryna: öýkene, gyzylödege, burun kitirdewügine we beýlekilere zeper ýetirmeginden, aşgazanyň, bagryň, ödüň funksiýasynyň bozulmalaryndan, demgysma, pnewmaniýa, bronhit, deri kesellerinden goranmak)üçin respirator, göze zeper ýetmekden goramak üçin äýnek, beden agzalaryny we derini goramak üçin iş geýimi bilen üpjün edilýär. Şeýle hem, ýahgyna garşy, hadysalara garşy tehniki howpsuşlyk şertleri döredilýär. Keseliň öňüni almak-toksiki täsirlerden, zäherlenmelerden goramak üçin ýörite iýmit-azyk (süýt önümleri we başg.), nahar görnçşleri bilen üpjün edilýär. Hammam hyzmaty ýola goýulýar. Iş wagty gysgaldylýar. Garaz, şular ýaly, zähmet-durmuş şertlerini ýola goýmakdan gaýry işiň zyýanly şertlerini aradan aýyrmak mümkin däkdir. Durmuş şertleri diňe zähmetiň zyýanly şertlerini iş döwründe ýaşamak we

kesellemezlik üçin howpsuzlandyrmaga şert döredýär. Durmuş şretleriniň çäkliliginiň derejesi ýokary boldugyça, zähmet şertlerini we durmuş hyzmatyny ýokarlandyrmagyň hasabyna önümçiligi sagdyn öndüriji güýçler (işçi güýji) bilen üpjünçiligini we önümçiliginiň durnukly hereketiniň saklanmagyny gazanyp bolýar.

Başga bir tarapdan, durmuş şertleriniň çäkliliginiň derejesiniň ýokarylygy ýeňillikli şertlerde pensiýa bellemegiň esasy alamaty bolup durýar. Eýsem durmuş şertleriniň çäklilik derejesi näme? Durmuş şertleriniň çäklilik derejesi diýip,zähmetiň agyr we zyýanly şertlerini adamyň saglygy we ämri üçin zyýansyzlandyryş, howpsuzlandyryş durmuş şertleriniň netijeliliginiň pesliginiň minimal, ortaça we ýokarylyk derejesine hem-de şol derejä ýetilenden soňra, ondan aňry çäge iş döwrüni dowam etdirmek mümkin bolmadyk çägi kesgitleýän biologiki häsiýtleriň işjeňliginiň ýokarylyk derejesine düşünse bolar. Zähmediň zyýanly we agyr şertleri üçin pensiýa çykan adamynyň öňki işini dowam etdirmeginiň özi, iş berijiniň kanuny bozmagy bilen barabar bolardy. Sebäbi pensiýa zähmetiň zyýanly şertleri üçin bellenipdi ahyry.

Redaktoryň, korrektoryň işini ýeňilleşdirmek üçin ençeme tehniki-durmuş şertlerini döretmek mümkin. Meselem, kompýuter, skaner enjamlary we beýlekiler bilen üpjün etmek; Emma olar tehniki işjeňligi ýokarlandyrmagyna garamazdan, durmuş şertleriniň çäklilik derejesini togtadyp bilmez. Bu tehniki serişdeler ulanylanda, birinjiden, barybir şol enjamlaryň zyýanly nytijelerinden gorag çärelerini görmeli bolar, ikinjiden, agram berijilik ölçegi işjeňlik mümkinçiligine görä-de

artdyrylar, üçünjiden bolsa, bularyň barysy durmuş çäklilik derejesini tebigy taýdan öňküligine galdyrar. Her niçik-de bolsa, redaktoryň, korrektoryň görejiniň peselmegi, aň zähmetiniň fiziki gowşaklygy ýokarlandyrmagy bellibir ýaşa ýetende garaşylýan derejä baryp ýeter, hünär keselini edinmek mümkinçiligi hem ýokarlanyp gider oturar. Önümçiligiň tizleşmegi nerw dartgynlylygy barha ýokarlandyrýar we nerw, ýürek, gan-damar, gan aýlanyşyň bozulmagy (basyşy) we ş. m. hünär kesellerini almak mümkinçiligini artdyrýar.

Umuman, "ýaş" diýen düşünje fiziki mümkinçiligiň serhedi diýip, obrazly söz bilen aýtmak bolar.

Pensiýa üpjünçiliginde garrylyk boýunça pensiýa düşünjesi esasy pensiýa görnüşini we oňa bolan hukugy kesgitleýän şertleri, ony bellemegiň, pensiýanyň möçberini hasaplamagyň tertibini, umumy şertlerde pensiýa bellemegiň merkezi nokadyny özünde jemleýär. "Garrylyk" düşünjesi garrylygy boýunça pensiýa düşünjesinden aýrybaşga düşünjemikä?

Umuman alanyňda, garrylygyň medisina netijesi bolşy ýaly, garrylyk ýaşy hem medisinanyň kesgitleýän ýaşy diýip hasaplamak mümkin. Sebäbi garrylyk ýaşy adam organizminiň durnukly ösüş döwrüni geçirip, madda çalşygynyň hereketini işjeňleşdirýän we şonuň netijesinde adamynyň fiziki ukyplylygynyň we saglyk taýdan kesele garşy göreşijilik ukyplylygynyň (immunitetiň) yza gaýdyş çäginiň başlanýan takmynan-otnositel nokadynyň kesgitlenýändigi, ýagny, adam ömrüniň biologiki yza gaýdyş nokadyny kesgitleýändigi medisina jähdidir.

Durmuş üpjünçilik nukdaýnazaryndan garrylyk ýaşy fiziki we akyl zähmeti bilen meşgullanmagy umumy we

ýörite döredilen durmuş şertlerinde bellibir iş döwrüniň dowamynda amala aşyrmak mümkinçiliginiň durnuklylygyny we ukyplylygyny saklaýan hem-de onuň yza gaýdýan ömrüň giçki otnositel çägini-nokadyny kesgitleýär. Garrylyk ýaşyny kesgitleýän alamatlar: adamynyň zähmete ukyplylyk derejesi, zähmet-durmuş şertleriniň netijeliliginiň peselmegi, zähmet ändürijiliginiň pese gaçmagy, zyýanly netijeleriň derejesinden ybarat düzümde emele gelýärler. Şol alamatlaryň "görkezmesi" boýunça durmuş üpjünçilik hukugy ortaça garrylyk ýaşyny kesgitleýär. Bilşimiz ýaly, garrylyk ýaşy erkekler üçin 62, aýallar üçin 57 ýaş diýlip kesgitlenendir. Bu ýaşy biz mundan beýläk, durmuş-hukuk garrylyk ýaşy diýip atlandyrarys.

Durmuş-hukuk garrylyk ýaşyny ýaşy boýunça pensiýa bellemegiň ortalyk merkezi diýip hasaplamak bolar. Munuň özi "ýaşy boýunça pensiýa" diýen düşünje bilen "garrylygy boýunça pensiýa" diýen düşünjäni biri-birine golaýlaşdyrýar, hatda alamatlary, olaryň getirýän netijeleri boýunça şol bir meňzeş düşünjeler diýen netijä gelmäge hem alyp barýar. Ýöne durmuş üpjünçilik hukugynda kesgitlenýän garrylyk ýaşy durmuş üpjünçiliginiň pensiýa görnüşi bilen raýady (adamy) onuň konstitusion hukugyny üpjün etmek tertibinde, umumy esaslar boýunça üpjün etmegiň hukuk şertidir. Garrylyk ýaşy boýunça pensiýa zähmet şertleri we iş agramy kadaly bolan iş döwrüni bellenen garrylyk ýaşyna çenli işläp geçiren adama bellenýär. Garrylyk boýunça berilýän pensiýa garrylyk ýaşynyň zähmet-durmuş alamatlarynyň ýüze çykyp başlaýan nokady hökmünde kesgitlenen 62, 57 ýaşdan soň, adam ömrüniň ortaça uzalmagynyň, maddy we maddy däl

eşretlerden peýdalanmaga bolan mümkinçiliginiň, ýaşaýşa we durmuşa ukyplylygynyň durmuş şertlerini döretmek üçin berilýär. Bu durmuş üpjünçiligi durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň çäklerinde hereket etmegiň hukuk esasyny üpjün edýär.

Garrylyk boýunça pensiýa umumy zähmet kadalary bolan ähli işlerde, kärlerde, wezipelerde işlenendigi üçin berilip bilinýär. Garrylygy boýunça pensiýa umumy esaslarda berilýändigi üçin onda ýeňillikli şertler göz öňünde tutlmaýar, ýeňillikli şertleriň göz öňnüde tutulýan halatlarynda, bu pensiýa ýaşy boýunça pensiýa hökmünde garalýar.

Garrylygy boýunça pensiýa şu aşakdaky işlerde işleýän adamlaryň hukugy bardyr:

a). Umumy zähmet şertleri kadaly bolan işlerde işleýän işçiler we gullukçylar,

b). Fiziki hereket bilen bagly bolmadyk sport bilen meşgullanýan adamlar (küştçiler, şaşkaçylar we b.), tälimçiler

ç). Fiziki hereket bilen bagly bolan sportsmenler bolup, soňundan sport tälimçileri bolup işlän adamlar, şol sanda bedenterbiýe mugallymlary, bilim ulgamyndaky sport ýygyndylarynyň tälimçileri;

d). Bilm ulgamynda işlän bilim işgärleri (mygallymlar, terbiýeçiler, bilim edarala-rynyň ýolbaşçylary we ş. m.);

z). Ylym ulgamynyň edaralarynda işlän ylmy işgärler

e). Bilim-ylym ulgamynda işlän hojalyk-tehniki hyzmatyndaky işgärler, şol sanda sürüjiler;

i). Söwda, durmuş hyzmaty we jemgyýetçilik iýmiti edaralarynyň hünärmenleri, ýolbaşçy düzümdäki adamlary, hojalyk-tehniki hyzmatyndaky adamlary.

m). Habar beriş ulgamlarynda (tele-radiýo ýaýlymlary, metbugat) işleýänler, şol sanda tehniki-hojalyk hyzmatyndaky işgärler.
o). Neşirýat gullugynyň işgärleri
k). Edebiýat we sungat işgärleri;
u). Saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleri (kiçi saglygy goraýyş işgärleri, orta saglygy goraýyş işgärleri, lukmanlar, bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň ýolbaşçylary, tehniki-hojalyk işgärleri )
ü). Harby, içeri işler edaralarynyň harby gullukçy düzüminde bolmadyk tehniki-hojalyk hyzmatyndaky adamlar,
ä). Prokuratura, kazyýet edaralarynyň işgärleri, döwlet gullugy edaralarynyň işgärleri, döwlet dolandyryş-häkimiýet edaralarynyň wezipeli adamlary, olaryň ählisindäki tehniki-hojalyk hyzmatyndaky adamlar;

Ýokardaky işlerde, kärlerde, wezipelerde işleýänleriň ählisiniň işi umumy zähmet kadasyna laýyk bolýan bolsa, garrylygy boýunça pensiýa hukuklary bardyr.

## § 3. Döwlet atly pensiýalary

Pensiýa üpjünçiligi raýatlaryň kanun boýynça amala aşyrylýan durmuş üpjünçiligine bolan hukuklarynyň kanagatlandyrylmagyny aňladýan durmuş nazarlamasy bolup durýar we ol ähliumumy häsiýete eýedir. Türkmenistanyň kanunçylygynda pensiýa üpjünçiligi ähli raýatlara gönükdirilendir we pensiýa bolan hukugy kesgitleýän şertler durmuş üpjünçilik kanunçylygynda bellenýär, pensiýa bilen bagly gatnaşyklar düzgünleşdirilýär.

Pensiýa üpjünçiliginde ähliumumy pensiýa bolan hukugy üpjün etmekden başga-da, ýöriteleşdirilen we şahsylaşdyrylan pensiýa üpjünçiligi amala aşyrylyp bilner. Ýöriteleşdirilen pensiýa üpjünçiligi, ozal öwrenip geçişimize görä, ýeňilleşdirilen şertlerde pensiýalary bellemek, şeýle hem, işlän ýyllary üçin pensiýa bellemek arkaly amala aşyrylýar. Bilşimiz ýaly, ýeňillikli pensiýalara maşgala ýagdaýy, saglyk ýagdaýy, zähmetiň (gullugyň) aýratyn şertleri, zyýanly we agyr şertleri üçin berilýän pensiýalar, işlän ýyllary üçin pensiýalara bellibir döwürde işlenen ýyllar üçin berilýän pensiýalar girýär.

Eýsem, şahsylaşdyrylan pensiýalar näme? „Durmuş üpjünçiligi hakynda“ Türkmenistanyň bütewi kanunynyň 38-nji maddasynyň 1-nji bölüminde „Türkmenistanyň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin Türkmenistanyň raýatlaryna döwletiň şahsy (atly) pensiýalary bellenýär“ diýlip, görkezilýär. „Şahsylaşdyrylan pensiýa“ diýen düşünjäni aýdyňlaşdyrmak üçin, ilki bilen onuň şahsy häsiýetli bolmagyna getirýän alamatlaryň ýüze çykyşy barada durup geçmek gerek. Biziň pikirimizçe, pensiýanyň şahsylaşdyrylmagy birinjiden, raýadyň iş (gulluk) döwri, ikinjiden, iş döwründe şahsy terjimehaly boýunça raýadyň jemgyýetçilik häsiýetnamasynyň kemala gelmegi, üçünjiden, onuň jemgyýetçilik häsiýetnamasy boýunça döwletiň resmi garaýşynyň döremegi, dördünjiden, raýadyň pensiýa üpjünçiligi barada döwlet netijesiniň döremegi bilen bagly bolup biler.

Şu şertleriň emele gelmegi pensiýa üpjünçiligini şahsylandyrmagy kesgitleýän şertler hökmünde hyzmat edýär we şol şertler atly pensiýa bolan hukugy kesgitleýän şertlere atly pensiýa bolan hukugyň statusyny we

häsiýetini çaýýarlar. Diýmek, şahsylandyrylan pensiýa diýip, iş döwründe aýratyn bitiren hyzmatlary bolan we ol döwlet tarapyndan ykrar edilen, aýratyn bir şahs barada ulanylýan pensiýa görnüşine düşünilýär. Şahsy pensiýanyň bellenmegi üçin ýörite şertler gerek bolup, olar aşakdaky faktlaryň esasynda emele gelip biler:

a). iş döwrüniň (gulluk döwrüniň) aýratyn häsiýetiniň ileri tutulmagy üçin zerur bolan şertler:

- Iş döwrüniň şol bir kärhanada, edarada, guramada üznüksiz häsiýeti;
- Iş döwrüniň şol bir kärde, wezipede (gulluk wezipesinde) üznüksiz häsiýeti,
- Umumy iş döwrüniň kanunda kesgitlenen möçberinden geçýän we ýokary bolan häsiýeti;

b). Jemgyýetçilik häsiýetnamasynyň kemala gelmegi üçin zerur bolan şertler:

- kärinde, wezipesinde ak ýürekden we birkemsiz işlemegi,
- Çuňňur hünär we bilim tejribesini edinmegi we toplamagy.
-Professional derejesiniň doly kemala gelmegi we halypaçylyk tejribesini jemgyýetde ýaýratmagy,
- Hünär taýýarlygyna ýardam etmegi we ýaş hünärmenleri ýetişdirmegi,
-hünäri boýunça jedelli meseleleri çözmeklige, peýdaly maslahatlary durmuşa geçirmeklige, teklipleri, meýilnamalary, maksatnamalary we beýleki taslamalary taýýarlamaklyga gatnaşmagy,
-Bilim-terbiýeçilik işlerine, medeni çärelere, köpçülik işlerine, wekilçilikli döwlet-jemgyýetçilik syýasy çärelere işjeň gatnaşmagy,

-Işinde ýa-da wezipesinde ýokary zähmet görkezijileriniň bolmagy, öndürijilikde öň gazanylmadyk ýa-da seýrek sepgitlere ýetmegi,
-Hünär tejribesi, ahlak we adamkärçilik taýdan jamagat arasynda belent abraýynyň bolmagy, ýokary şahsy özüňi alyp baryş göreldesiniň bolmagy,
-Oýlap tapyşlary, rejeleýiş teklipleri önümçilige ornaşdyrmagy,
-Döwlete we jemgyýete peýdaly bolan beýleki hyzmatlarynyň bolmagy;
ç). Raýadyň jemgyýetçilik häsiýetnamasyna döwletiň resmi garaýşyny tassyklaýan şertler:
- Raýadyň iş tejribesinde gazanan professional kämilligini döwletiň we halkyň öňündäki hyzmat hökmünde döwletiň kabul etmegi,
-Raýadyň iş döwrüniň dowamynda onuň önümçilik we wezipe işindäki zähmetiniň miwelerini hem-de onuň zähmet netijeliliginiň ortaça we ýokary durnuklylygyny saklamagyny döwletiň we halkyň öňündäki aýratyn hyzmat hökmünde döwletiň kabul etmegi,
-Döwletiň we halkyň bähbitlerine gönükdirilen döwlet we jemgyýetçilik borçlarynyň raýat tarapyndan ýerine ýetirilmegini aýratyn hyzmat hökmünde döwletiň kabul etmegi;

Şeýle häsiýetdäki aýratyn hyzmat diýlip hasap edilen hyzmatlaryň bitirilendigini döwletiň resmi taýdan ykrar etmegi, raýadyň jemgyýetçilik häsiýetnamasyna bolan resmi garaýşyny tassyklamagynyň subutnamasy bolup durýar. Döwletiň we halkyň öňünde bitirilen aýratyn hyzmatlaryň döwlet tarapyndan ykrar edilendiginiň subutnamasy aşakdakylar bolup biler:

1). Weteranlar derejesiniň berilmegi (Beýik watançylyk urşynyň weteranlary, içeri işler edaralarynyň weteranlary, harby gullugyň weteranlary, zähmet weteranlary)
2). Hormatly atlaryň dakylmagy (ylym, bilim, edebiýat we sungat, hünär atlary);
3). Döwlet baýraklarynyň berilmegi,
4). Türkmenistanyň ordenleri we medallary bilen sylaglanmagy,
5). „Türkmenistanyň Gahrymany“ adynyň dakylmagy,
6). „Ene mähri“ hormatly adynyň dakylmagy;

Raýadyň jemgyýetçilik häsiýetnamasyny tassyklaýan subutnamalary hem hasaba almak mümkin. Ol subutnamalara: raýadyň iş ýeri taraýndan berilen gulluk häsiýetnamalary, zähmet depderçesine ýazylan höweslendiriş çäreleri we onuň ýazgylary (minnetdarlyk yglan etmek, hormat hatlary bilen sylaglamak, pul baýraklary, gymmatly sowgatlar), ýerli we ýurt boýunça geçirilen medeni-köpçülik çärelerine, ýaryşlaryna, bäsleşiklerine gatnaşanlygy üçin we olarda orunly ýerlere mynasyp bolanlygy üçin diplomlary, hormat hatlaryny, kuboklary, baýraklary, sowgatlary, tele-radio bäsleşiklerinde ýeňiji bolanlygyny tassyklaýan sowgatlary, hünärini kämilleşdirendigi baradaky şahadatnamalar-sertifikatlar, döwlet-jemgyýetçilik syýasy çärelerinde wekilçilik edendigini tassyklaýan resminamalar (weteranlar birleşiginiň we beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň agzalyk şahadatnamasy, ýaşulylar maslahatlarynda, halk maslahatlarynda wekilçilik edendigini tassyklaýan resminamalar ) we beýleki jemgyýete peýdaly zähmet bilen meşgullanandygyny (meselem döredijilik işi, oýlap tapyş we ş. m.) we işlere (meselem, usulyýet, maslahat beriş,

tejribe we ş. m. işler) gatnaşandygyny tassyklaýan subutnamalar degişli bolup biler.

Döwlet raýadyň professional kämilliginiň subutnamasy hökmünde kabul edip boljak resmi subutnamalary anyklap we kesgitläp biler. Şeýle subutnamalar raýadyň professional taýýarlygyny we kämilligini ykrar edýän resminamalardyr we miwelerdir. Olara şu aşakdakylary hasaplamak bolar:

1). Işçiniň we gullukçynyň hünär derejeleri (I-V derejeli sürüji, I-III derejeli işçi, I-II derejeli buhgalter)

2). Gulluk derejeleri (I-II derejeli kazy, ýurist, ýustisiýanyň kiçi geňeşçisi, geňeşçisi, uly geňeşçisi we b.; salgyt gullugynyň I-II derejeli inspektory, harby we işeri işler edaralarynyň işgärleriniň derejeleri: leýtenant, uly leýtenant, kapitan we b.)

3). Wezipe derejeleri (uly mugallym, baş buhgalter, uly hünärmen, alyp baryjy hünärmen, baş hünärmen, baş inžiner we ş. m.)

4). Ylmy derejeleri we atlary (ylymlaryň kandidaty, ylymlaryň doktory, yly ylmy işgär, dosent, professor, akademik);

5). Sport derejeleri (I-III derejeli sportsmen, sport ussady, 1-III halkara derejeli sport ussady, Türkmenistanyň çempiony, olimpiýa çempiony, dünýäniň çempiony, aýratyn ýagdaýda rekordsmen)

Sport sylaglarynyň eýesi :

- Türkmenistanyň sport ýaryşlarynda orunly ýerleriň kuboklary we baýraklary:

6). Edebiýat we sungat resmi ykrarnamalary, emin agzalarynyň netijenamalary: Türkmenistanyň edebiýat we sungat bäsleşikleriniň netijesi boýunça I-II-III-ýerler üçin

baýraklar, Türkmenistan boýunça halkara we bütündünýä derejesinde edebiýat we sungat, ylmy bäsleşiklerde ýokary we I-II-III orunlar üçin hem-de üstünlikli gatnaşylandygy üçin kuboklar, baýraklar, hormat hatlary, ýadygärlik sowgatlary;

7). Ylym-bilim, edebiýat we sungat eserleri üçin halkara baýraklary (Meselem, Oksword baýragy, Nobel baýragy we b.)

8). Türkmenistanyň ylym-bilim boýunça bäsleşikleriniň netijeleri boýunça baýraklar.

9). Önümçilige we usulyýet işine oýlap tapyşlary, rejeleýiş teklipleri girizmegi (meselem, oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygy we tebigi şertlere çydamly tohumlarynyň döredilmegi, ekişiň we ekine ideş etmegiň täze usulyny tapmagy)

Olaryň awtorlyk şahadatnamalary;

10). Resmi jemgyýetçilik ündewleri: metbugatda ylmy-publisistik, edebi-çeper seslenmeler, nukdaýnazarlar, makalalar, eserler bilen çykyşlar; olaryň netijeleri-köpçüligiň ony garşylamagyny görkezýän seslenmeleri; radio we teleýaýlymlarda ýörite gepleşiklere gatnaşylmagy;

11). Hünär taýýarlygynyň we bilim-hünär kämilliginiň ýokarlandyrylmagy: diplomlar, şahadatnamalar, sertifikatlar.

12). Halypalyk işleri: Buýruk boýunça ýa-da başga bir resmi esas boýunça (meselem, mejlis ýazgysy) şägirde halypa hökmünde berkidilmegi we oňa onuň ýazmaça razylygy, şonuň netijesinde şägirtleriň üstünlikli netijelere we resmi ykrar edilmegine ýetmekleri;

Aspirantlara, doktorantlara, kliniki ordinatorlara olaryň dissertasion işlerinde ylmy ýolbaşçy bolmak,

13). Oba hojalyk işi bilen meşgullanmagyň miweleri hökmünde bol hasylyň köp ýyllap yzygiderli alynanlygy üçin pul görnüşindäki ýa-da zat görnüşindäki baýraklar.
14). Zähmet öndürijiligi (döwlet buýurmalarynyň wagtynda ýerine ýetirilmegi) üçin ýerli we döwlet möçberinde berilýän höweslendiriş sylaglary (hormat hatlary, sowgatlar, baýraklar)
15). Raýadyň bitiren hyzmatlaryny, onuň professional kämilligini subut edýän beýleki resmi tassyklamalar;

Döwlet raýadyň pensiýa üpjünçiligi barada aýratyn netijä gelip biler. Raýadyň aýratyn pensiýa üpjünçiligi barada netijäniň döremegi üçin raýadyň iş döwrüniň häsiýetiniň, raýadyň jemgyýetçilik häsiýetnamasynyň we oňa bolan döwlet garaýşynyň aýgytlaýjy orny bardyr. Döwletiň raýada şahsy (atly) pensiýa bellemek barada netije çykarmagy üçin ilkibaşda sanap geçen şertlerimiziň döremegi hökman bolup, olar hukugy kesgitleýän şertler bolup durýarlar.

Atly pensiýa bolan hukugy kesgitleýän şertleriň esasan, raýadyň jemgyýetçilik häsiýetnamasyndan gelip çykýandygyna görä, atly pensiýanyň bellenmegi üçin ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, şol raýatlara wekilçilik etmäge ýa-da bähbitlerini goramaga ygtyýarly bolan, Milli Galkynyş hereketiniň düzümine girýän jemgyýetçilik guramalarynyň hödürnamasynyň bolmagy hökmanydyr. Şeýle hem bellibir raýada şahsy (atly) pensiýa bellenmegi boýunça hödürnamalar raýadyň ýaşaýan (resmi we hemişelik) ýerindäki durmuş taýdan üpjünçilik edarasynda hökmany hasaba alynmalydyr we beýleki atly pensiýa bolan hukugy kesgitleýän subutnamalary toplap, hödürnama bilen goşup, Durmuş

taýdan üpjünçilik ministrligine, pensiýa bellemek boýunça merkezi topara ugradýar. Merkezi topar bolsa, degişli anyklaýyş işlerini geçireninden soňra, raýadyň atly pensiýa bellenmegine mynasyplygy anyklanan we tassyklanan ýagdaýynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky ýörite topara ugradylmalydyr. Şahsy (atly) pensiýanyň umumy pensiýalardan aşakdaky aýratynlygy bardyr:

a). Şahsy pensiýa döwlet tarapyndan saýlanan aýratyn bir şahsa gönükdirilýär,

b). şahsy pensiýa umumy pensiýa bolan hukugy kesgitleýän şertlerden başga, döwlet üçin ähmiýeti bolan aýratyn hyzmatlary bitiren diýlip ykrar edilen adamlara bellenýär.

ç). Şahsy pensiýanyň bellenilen möçberi umumy bellenýän pensiýanyň möçberinden has ýokary bolýar.

d). Şahsy pensiýa raýadyň ozal pensionerdigine ýa-da başga durmuş üpjünçilik görnüşiniň bellenendigine garamazdan bellenýär.

z). Şahsy pensiýa raýadyň arzasy boýunça däl-de, döwletiň çözgüdi esasynda bellenýär.

Şahsy pensiýa bellenende şular talap edilýär:

1). Pensiýa bolan hukugy kesgitleýän şertler we olaryň subutnamalary- eger ýaşy boýunça pensiýa indi bellenýän bolsa;

2). Raýadyň döwlediň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlaryny tassyklaýan sububutnamalar (buýrukdan göçürme, döwlet karary, döwlet sylaglarynyň şahadatnamalary we beýl.)

3). Jemgyýetçilik hödürnamalary;

4). Pensioneriň pensiýa şahadatnamasy-eger ozal pensioner bolup durýan bolsa;

5). Raýadyň şahsyýetini anyklaýan resminamalar (pasport we beýlekiler);
6). Beýleki zerur diýlip hasaplanan resminamalar, goşmaça resminamalar;

Şahsy pensiýa döwletiň şol raýatyň şahsyýeti babatynda hormatynyň nyşany hökmünde baha bermek mümkin. Bu pensiýanyň aýratynlykly häsiýetiniň biri-de, raýadyň döwletiň öňünde bitiren hyzmatlaryny hakykatda ykrar edýänligidir. Şunuň özi pensiýa üpjünçiligini şahsylandyrmagyň esasy alamatlarynyň biridir. Şeýlelikde, atly pensiýanyň bellenmegi döwlet bähbidine hyzmat edýär, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň intellektual ösüşini üpjün etmekligiň ilerlemeginiň bir serişdesine öwrülýär.

Pensiýa bolan hukugy kesgitleýän şertler dörän mahalynda raýada atly pensiýa bellemek hakynda degişli hödürnamanyň gelip gowuşmagy, durmuş üpjünçilik edarasy üçin atly pensiýanyň bellenmegine dalaşgäri kesgitlemek üçin esas bolup durýar. Döwlet topary üçin bolsa hödürnama we atly pensiýa bellemekligi kesgitleýän şertleri tassyklaýan subutnamalar şahsy (atly) pensiýa bellemekligiň esaslary bolup durýar.

Atly pensiýa bellemek baradaky hödürnama pensioner bolup durýan raýat barada berilmegi, oňa şahsy (atly) pensiýa bellemek üçin päsgelçilik bolup bilmeýär we ol barada hem beýleki durmuş üpjünçilik prosedurasynyň talaplary berjaý edilýär. Pensionere atly pensiýanyň bellenmegi bilen oňa öňki tertipde berilýän pensiýasy ýatyrylýar we pensiýasy täze bellenen şahsy (atly) pensiýasynyň kesgitlenen möçberinde tölenýär, bu kada ozal maýyplygy boýunça kömek puluny alýan raýat barada-da ulanylýar. Atly pensiýa belleninden soňra, atly pensiýadan raýadyň ýüz döndermegi hakyky diýlip

hasaplanyp bilinmez; Atly pensiýa hemişelik bellenilýär. Şahsy (atly) pensiýany gaýtadan hasaplamak, atly pensiýa goşmaça tölemek, atly pensiýadan tutp galmak durmuş üpjünçilik kanunçylygynda pensiýa üpjünçiligi üçin bellenen tertipde amala aşyrylýar.

Şahsy (atly) pensiýalary tölemegiň tertibi beýleki pensiýalar üçin bellenen tertibe laýyklykda ýerine ýetirilýär.

Şahsy (atly) pensiýa hemişelik bellenýändigine garamazdan, ondan mahrum edilip bilner, şeýle halatda onuň öňki tertipde alan pensiýasy ýa-da umumy hukuk ýaýramasy boýunça almaly bolan pensiýasy dikeldilmelidir. Sebäbi, pensiýa üpjünçiligine bolan hukukdan hiç kim mahrum edilip bilinmez. Atly pensiýasyndan mahrum edilen adam jeza çäresiniň çekilýän ýerinde bolýan döwründe dikeldilen beýleki pensiýasynyň oňa tölenmegi, kanunçylykda şeýle ýagdaý üçin bellenen tertipde tölenýär. Şahsy (atly) pensiýa aşakdaky sebäplere görä ýatyrylyp bilner:

- Sahsy pensiýa alýan adamynyň aradan çykmagy.
- Şahsy (atly) pensiýadan mahrum edilmegi;

Şahsy (atly) pensiýadan mahrum edilmeginiň esaslary şu aşakdakylar bolup biler:

a). Işleýän (gulluk) edýän atly pensiýa alýan adamynyň jenaýat etmegi sebäpli, döwlet sylaglaryndan, atlaryndan we peýdalanýan ýeňilliklerinden mahrum edilmegi;

b). Döwlet tarapyndan ykrar edilen abraýy bilen bir ýere sygyşmaýan hereketleriň (şol sanda jenaýat etmişli) edilmegi;

ç). Zähmet-bejeriş profilaktorisine iberilmegi,

d). Pensiýa alýan adamynyň azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çekilýän ýerde bolmagy; Şahsy pensiýadan mahrum edilmegi üçin bu görkezilen esaslaryň haýsy hem bolsa biriniň bolmagy ýeterlikdir. Şu esaslaryň

bardygyna garamazdan, atly pensiýadan mahrum etmek barada döwlet toparynyň karary bolmasa bu pensiýany alýan raýat atly pensiýasyndan mahrum edilip bilinmeýär. Şeýle kararyň barlygy bu pensiýany ýatyrmagyň hukuk taýdan esasy bolup durýar.

Şahsy (atly) pensiýany ýatyrmak ony bellen döwlet edarasy tarapyndan amala aşyrylýar. Bu pensiýany alýan adamynyň aradan çykmagy bilen bagly ýagdaýda degişli durmuş taýdan üpjünçilik edarasynyň maglumaty esasynda atly pensiýa ýatyrylýar. Bu hereket bilen baglanyşykly işler durmuş üpjünçilik edarasynyň üstüne ýüklenip bilner.

Şahsy (atly) pensiýa şahadatnamasy Döwlet toparynyň tabşyrygy boýunça berilýär. Bu şahadatnama Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan dabaraly ýagdaýda hem gowşurylyp bilner. Bu pensiýanyň bellenmeginiň özi, oňa döwlet sylagynyň häsiýetini berýär. Bu pensiýany almak raýat üçin uly hormatdyr.

## § 4. Käbir hünärmenlere pensiýa bellemekligiň aýratynlyklary

Durmuş taýdan üpjünçiligiň esasy görnüşleriniň biri pensiýa üpjünçiligidir. Pensiýa üpjünçiligi esasan raýadyň işlän ýa-da gulluk eden döwri, ýerine ýetiren işi ýa-da wezipesi, olaryň häsiýeti, raýadyň ýaşy bilen baglanyşyklydyr. Pensiýa bellemeklik üçin umumy şertler we ýeňileşdirilen şertleriň göz öňünde tutulandygyny biş öňki paragraflarda belläp geçipdik. Şu iki şert boýunça-da käbir hünärleriň talabyna laýyklykda olary ýerine ýetirýänlere pensiýa bellemegiň aýratynlyklary kesgitlenýär.

Eýsem, umumy şertlerden tapawutlylykda, pensiýa bellemegiň ýörite şerti haýsy alamatlar boýunça aýratynlyga eýe bolup biler?

- Subýektleriň işiniň gulluk etmek bilen baglylygy,
- Geçilen iş ýa-da gulluk döwrüniň gönükdirilen gullugyň ulgamyna degişli we kanunda kesgitlenen möhletlerde bolmagy,
- Gulluk döwrüniň ýeňilleşdirilen şertleri öz içine almagy.
- Ýörite subýyktlere niýetlenen bolmagy.

Şu aýratynlyklary döredýän alamatlaryň bolmagy raýada pensiýanyň ýörite iş döwri boýunça hasaplanmagyna we bellenmegine esas berýär. Şonuň üçin-de, pensiýa bellenende bu alamatlar boýunça döreýän aýratynlyklary yzygiderlilikde beýan edeliň.

1. Harby gullukçylara, içeri işler we milli howpsuzlyk edaralarynyň işgärlerine pensiýa bellemegiň esasy olaryň gulluk eden ýyllary bilen baglanyşyklydyr. Bu derejedäki raýatlara garrylyk ýa-da ýaşy boýunça bellenýän pensiýalaryň bellenmegi üçin göz öňünde tutulan tertipde, kanunda kesgitlenen ýörite iş döwri boýunça pensiýa bellenýär. Bu- harby, içeri işler, milli howpsuzlyk edaralarynda gulluk eden raýatlara pensiýa bellenmeginiň esasy aýratynlyklarynyň biridir, ikinji bir aýratynlygy olaryň ýaşynyň erkekler üçin 10-12 ýyl, aýallar üçin 9-12 ýyl kemeltmek bilen kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlardaky sebäpler boýunça iş döwrüne ýeňillikleri döretmek bilen pensiýa bellenýär. Onuň üçünji bir aýratynlygy bu derejedäki raýatlaryň gulluk eden ýyllarynyň geçirimler geçirilendigine ýa-da geçirilmändigine garamazdan, iş döwrüniň

hasaplanýanlygydyr-arkalaşyk pensiýa usuly boýunça pensiýa üpjünçiliginiň ulanylýanlygydyr. Bu bolsa harby gullukçylara, içeri işler edaralarynyň işgärlerine pensiýa bellenmegini hökmany suratda üpjün edýär. (seret: 24-nji maddanyň 3-nji bölegi).

Bu derejedäki raýatlara pensiýa bellemegiň ýene-de bir aýratynlygy olara doly däl iş döwri boýunça pensiýa bellenilip bilinmeýändigidir. (seret: 23-nji madda. 2, 3, 4 bölekleri boýunça netije, 35-nji maddanyň 8, 9-njy bölekleri). Gulluk döwri doly däl bolsa, şol işlenen döwür umumy iş döwrüni hasaplamagyň tertibi boýunça hasaplanýar. (Eger raýat soňky iş döwrüni başga önümçilikde dowam etdiren bolsa). Bu aýratynlyklaryň esasy bolsa kanunda kesgitlenen gulluk möhletlerini gulluk edip geçmekden gelip çykýar.

2. Ýörite iş döwri boýunça pensiýa hukuk gatnaşyklarynyň ýene-de bir subýektleri howa ýollary we howa ulaglary boýunça hünärmenlerdir. Olar uçuş, uçuş-synag düzüminiň işgärleri, raýat awiýasiýasynyň hünärmenleri we başgalardyr.

Uçuş, uçuş-synag düzüminiň işgärlerine we raýat awiýasiýasynyň işgärlerine pensiýa bellemegiň tertibi ýaşy boýunça bellenilýän pensiýa üçin bellenen tertibe meňzeşdir. Durmuş üpjünçiliginiň öňki kanunçylygynda raýat awiýasyýasynyň uçuş işgärlerine işlän ýyllary üçin pensiýa bellemek göz öňünde tutulyp, erkekler üçin 25 ýyl, aýallar üçin 20 ýyl degişli wezipelerinde gulluk etmek talap edilýärdi. Şonda şol görkezilen möhleti gulluk edip geçiren raýatlar ýaşynyň näçedigine garamazdan pensiýa çykyp bilýärdiler.

Häzirki wagtda raýat awiýasiýasynyň üçuş işgärlerine pensiýa bellemegiň tertibi “Durmuş üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Bütewi kanunyna laýyklykda, ýaşy boýunça pensiýa bellemegiň tertibi esasynda amala aşyrylýar.

Şu tertibe görä döwlet we raýat awiýasiýasynyň uçuş we uçuş-synag düzüminiň işgärleriniň pensiýa bolan hukugyny kesgitleýän şertler erkekler üçin 25 ýyl gulluk döwri, 50 ýaş, aýallar üçin 20 ýyl iş döwri, 48 ýaş bolup durýar.

Uçarbeletler, uçarüsti dolandyryjylaryň pensiýa bolan hukugyny kesgitleýän şertler erkekler üçin 25 ýyl gulluk döwri, 55 ýaşdyr, aýallar üçin bolsa 20 ýyl gulluk döwri, 50 ýaşdyr.

Şu derejedäki raýatlara pensiýa bellemegiň aýratynlyklary 1-njiden, hünäri we wezipesi raýat awiýasiýasyna degişli bolmaly, 2-njiden, şol bir wezipesinde kanunda kesgitlenen gulluk döwrüni geçen bolmaly, 3-njiden, iş döwrüniň hasaplanyşy bir senenama ýyly boýunça uçuş sagat ölçeginde, paraşýutçylar üçin böküş, iniş-galyş ölçeginde kesgitlenen bolmaly, 4-njiden iş döwrüni hasaplaýan uçuş we böküş ölçegleri awiýasiýa uçuş gämileriniň görnüşlerine bagly bolmaly.

Uçuş, uçuş-synag düzüminiň işgärleriniň, paraşýutçylaryň, uçarbeletleriň, uçarüsti dolandyryjylaryň iş döwrüni tassyklamagyň beýleki iş döwürlerini tassyklamakdan tapawutlanýan ýeri onuň ýokardaky aýratynlyklary bilen baglydyr.

Ýagny, iş döwri bir senenama ýylynda uçuş we böküş ölçegleriniň sagat we san möçberinde hasaplanýandygy sebäpli, iş döwrüni tassyklaýan umumy resminamalardan (buýruklardan, zähmet depderçelerinden we ş. m) başga-da, tabşyryklaryň ýerine ýetirilendigi hakyndaky maglumatlar hem talap edilýär.

# III - BAP DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGINDE PENSIÝALARY HASAPLAMAK HEREKETLERI

## §1. Pensiýalary hasaplamagyň umumy düşünjesi.

Raýadyň durmuş üpjünçiligine bolan hukugyny üpjün etmegiň esasy görnüşleriniň biri pensiýa üpjünçiligidir. Pensiýa üpjünçiligi hukuk gatnaşyklaryna girmegiň sepgidinde, özüne muwapyk bolan önümçilik boýunça amala aşyrylýar we özboluşly durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygyny emele getirýär. Bu hukuk gatnaşygy bir tarapdan adaty prosedura hereketi ýaly bolup görünse-de, ol durmuş üpjünçilik hukugynyň düzgünleşdirýän çäklerinde bolup geçýändigi üçin, mamdy-prosessual hukuk gatnaşyklarynyň obýektlerine gönükdirilendir. Pensiýa üpjünçiliginiň önümçiligi (prosedura we prosessual) pensiýa bolan hukugy anyklaýyş, pensiýa bellemek üçin zerur bolan subutnamalary we maglumatlary toplaýyş, taýýarlaýyş, barlaýyş, pensiýalary hasaplamagyň görnüşlerini we usullaryny saýlap almak üçin pensiýa ulgamyny anyklaýyş, pensiýalaryň (zähmet we toplaýyş) möçberini hasaplaýyş we hasaplapş çykaryş, pensiýa bellenmegini resmileşdiriş we töleýiş bölümlerinden ybarat düzümde emele gelýär. Başgaça aýdanymyzda, pensiýa üpjünçiligi pensiýa belemek bilen baglanyşykly önümçiligiň ulgamlaýyn we mazmun taýdan jemlenmesidir. Bu önümçiligiň esassynda bolsa, pensiýalaryň möçberini hasaplamak we hasaplap çykarmak ýatýar. Pensiýanyň möçberiniň hasaplanyp çykarylmagynyň ahyrky netijesi pensiýanyň kesgitli pul

görnüşindäki möçberini bellemekden we pensioner raýada tölemekden ybaratdyr.

Pensiýalary hasaplamak we onuň möçberini kesgitlemek durmuş üpjünçilik kanunçylygynda takyk formulalar boýunça amala aşyrylýar. Bu formulalar şu elementlerden: iş döwrüni aýlar we ýyllar boýunça hasaplamakdan, Türkmenistan boýunça kesgitlenen ortaça aýlyk iş hakyndan, raýadyň ortaça aýlyk iş hakyndan, şahsy koeffisentden, ölçegden, binýatlyk ululygyndan, Türkmenistanyň kanunçylygy boýunça kesgitlenen ortaça, iň ýokary we iň pes pensiýanyň mäçberini hasaplap çykarmak üçin bellenen hasaplama görkezijisinden-usulyndan düzülýär. Şu elementlerden düzülen formula durmuş üpjünçilik kanunçylygynda hukuk kadasy hökmünde hereket edýär we hukuk kadasynyň bozulmagy döwlet tarapyndan bellenilen möçberdäki pensiýanyň kanunalaýyk möçberiniň üýtgemegine (az ýa-da köp ölçegde)- onuň nädogry hasaplanyň çykarylmagyna getirer. Şuňa laýyklykda, pensiýanyň möçberi hukuk kadasyna öwrülen formula boýunça hasaplanýar we kesgitlenýär, şol kadadan çykylmaýar.

Pensiýa önümçiliginde hasaplamak we hasaplap çykarmak düşünjeleri biri-birinden tapawutlanýan hem-de biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan düşünjelerdir. Pensiýalaryň mäçberini hasaplamak bellibir tertibi we usuly talap edýär, hasaplap çykarmak bolsa, saýlanyp alynan formula boýunça pensiýanyň pul möçberini hasaplap çykarmak funksiýasyny ýerine ýetirilýär. Şeýle-de, pensiýa möçberini hasaplamakda käbir prosessual hereketler ýerine ýetirilýär, hasaplap çykarmak önümçiliginde beýle hukuk gatnaşyklary ýüze çykmaýar

we önümçiligiň özi aslynda prosedura hereketi bolup galýar.

Hasaplamagyň esasy wezipeleri:

a). Pensiýa möçberini hasaplamak üçin zerur bolan iş döwrüni kesgitlemek

b). Pensiýa möçberini hasaplamagyň hasaplamagyň obýektlerini kesgitlemek

ç). Hasaplap çykarmagyň formulasyny kesgitlemek;

Hasaplap çykarmak hasaplaýyş önümçiliginiň prosessual hereketleriniň netijesinde taýynlanan formula boýunça işleýär we onuň dogrulygy, kanunylygy şoňa bagly bolup durýar. Hasaplap çykarmagyň formulasy bolsa, pensiýalaryň görnüşlerine, pensiýa ulgamlaryna bagly bolmagy mümkin. Meselem, arkalaşyk pensiýa ulgamy we beýleki pensiýa ulgamlary boýunça aýratyn formula däl-de, umumy formula bellenýär, emma olary hasaplap çykarmakda arkalaşyk pensiýa usulynda hakykatda işlän iş döwrinden, şertli-toplaýyş we toplama pensiýa usulynda, pensiýa ätiýaçlandyryş döwründen ugur alynýandygy bilen tapawutlanýar. Her niçik-de bolsa, şunda umumy formula olaryň hemmesine degişlidir.

Pensiýa möçberini hasaplamak üçin iş döwrüni kesgitlemek pensiýa pulgamynyň ol ýa-da beýleki usulynyň haýsysy bolanda-da, kanunda kesgitlenen bellibir döwri pensiýa möçberini hasaplamak üçin anyklamaga, şunda iş döwri diýip, hasaplanýan ähli döwürleri anyklamaga, iş döwri diýip hasaplanmaýan wagtlary we döwürleri anyklamaga, şolaryň netijesinde pensiýa möçberini hasaplamak üçin zerur bolan umumy iş döwrüni we üznüksiz iş döwrüni kesgitlemek bilen işini tamamlamaklyga gönükdirilýär.

Şunda umumy iş döwrüne möwsümleýin iş döwürlerini goşmak, bilelikdäki iş tertibinde işlenen iş döwrüni hasaplamagyň şertleri, iş döwrüne hasaplap bolýan we bolmaýan şertleri anyklamak, pensiýa ätiýaçlandyryş iş döwrüni we umumy iş döwrüni kesgitlemek bilen bagly beýleki anyklaýyş işleri esasy wezipe bolup durýar.

Pensiýalary hasaplamagyň obýektlerini kesgitlemek birinjiden, pensiýanyň kesgitli pul möçberiniň ortaça möçberini kesgitlemekde, ikinjiden, pensiýanyň maliýeleşdiriş çeşmelerini kesgitlemekde, üçünjiden, pensiýanyň möçmerini hasaplamagyň ähli şertlerini üpjün etmekde, dördünjiden, pensiýanyň möçberini hasaplap çykarmaklyga obýekti doly taýyn ýagdaýda bermekde ähmiýetli wezipedir.

Pensiýa möçberini hasaplamagyň obýektlerini kesgitlemek diýlende, pensiýa möçberini hasaplamaklyga degişli bolan zähmet haklaryny ýa-da şoňa deňleşdirilen girdeji görnüşlerini anyklamaga, anyklaýyş wagtynda pensiýa möçberini hasaplamaga degişli bolup bilmeýän zähmet haklaryny anyklamaga, iş döwrüniň aýratynlygyna baglylykda, zähmet hakyny tölemegiň görnüşlerini anyklamaga gönükdirilen hereketleriň we operasiýalaryň geçirilmegine düşünilýär.

Pensiýanyň möçberini kesgitlemegiň esasy obýektlerine geçirimler geçirilen we raýadyň pensiýa gatanjy tölenen zähmet haklary, oba hojalyk önümlerini öndürmekden alnan girdeji, telekeçilikden alnan girdeji, salgytlar tutulyp alynmaga degişli bolan beýleki girdejiler, galam haklary, şeýle hem, pensiýa ätiýaçlandyryş geçirimleriň we gatançlaryň geçirilmegine bagly bolmadyk wezipe zähmet

haklary (harby, içeri işler edaralarynyň gulluk wezipe haklary) degişli bolup durýar.

Pensiýanyň kesgitli ortaça möçberini hasaplamakda şu girdejiler hasaba alyn-maýar (goşulmaýar):
a). Bilelikdäki iş tertibinde işlenen işiň aýlyk zähmet haky,
b). Bir wagtlaýyn berilýän tölegler we zähmet haky ulgamyna girmeýän baýraklar.
ç). Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň hasabyna maliýeleşdirilýän kömek pullary.

Bilelikdäki iş tertibindäki iş boýunça zähmet hakynyň pensiýa möçberini hasaplamaga goşulmaýanlygynyň sebäbi, iş döwrüniň we pensiýa ätiýaçlandyryş döwrüniň bir iş döwri boýunça hasaplanýanlygyndan gelip çykýar. Pensiýa möçberini hasaplamak üçin alynýan zähmet haky esasan, esasy iş ýeri boýunça kesgitlenýär.

Pensiýa möçberi hasaplananda obýekt bolup durýan zähmet haklarynyň görnüşleri boýunça olaryň tölenişiniň uzynlygy-gysgalygy, pensiýany tölemegiň möhletiniň uzynlygy, olaryň aralygynda ortaça derejäni emele getirýän ýagdaýlary öwrenilip bilner we şonuň netijesinden ugur almak bolar. Ýagny, zähmet haky gatnaşygynyň hereketinde ortaça derejeden aşaklamalar we olaryň özara sazlaşmalary bolup geçýär. Şonuň ýaly ýagdaýlara ünsi çekmek bolar. Kesgitli ortaça pensiýa möçberini kesgitlemekde orta derejeden aşaklamalar:

1). Wagtlaýyn mežbury boş durlan wagt üçin tölenen zähmet hakynyň möçberi.

2). Dürli sebäpler (düzgün-nyzam jogapkärçiliginden başga) bilen wagtlaýyn başga işe geçirilende, şol sanda

ýeňil zähmet şertlerindäki işe geçirilende zähmet hakynyň möçberi;

3). Harsal (brak) önüm çykarylanda, iş kadasy (normasy) ýerine ýetirilmedik mahalynda tölenýän zähmet hakynyň möçberi;

4). Zähmet haky tölenmeýän zähmet rugsatlarynda bolunan döwür (10 güne çenli, ýeňillikli şertlerde 14 güne çenli, maýyplar üçin we beýleki ýagdaýlar üçin degişlilikde 10, 15, 30 güne çenli, çaga seredilýän döwür üçin 3 ýyla çenli , pensionerler üçin rugsat muňa goşulmaýar.);

Bu oňaýsyzlyklar raýadyň islegine görä, zähmet haky ýokary ýa-da üznüksiz kadada bolan, başga 5 senenama iş döwrüne çalyşmak, ýa-da şol döwürleri iş döwrüniň başga doly zähmet hakly bölegi bilen çalyşmak usulynda çözülip bilner.

Ortaça derejeden aşaklamalaryň öwezini dolýan zähmet haklary:

- Iş sapary üçin tölegler,
- Baýramçylyk, dynç alyş günlerinde işlenendigi üçin tölegler,
- Işden daşary işlenen wagt üçin haklar,
-Gijeki iş üçin zähmet hakynyň artdyrylan möçberi,
-kadalaşdyrylmadyk iş wagty üçin goşmaça hak ýa-da ol göz öňünde tutulan aýlyk zähmet hakynyň ýokarlandyrylan bölegi,
-Razrýadlar, derejeler üçin goşmaça haklar,
-koefisentler,

Zähmet haky gatnaşygynda hereketiň özara sazlaşmalary:

- Esasy we goşmaça rugsatlar, durmuş rugsatlary we rugsat haklary;

- Iş ýeri we zähmet haky saklanýan döwür we şol döwür üçin doly aýlyk zähmet hakynyň tölenmegi (iş sapar döwürleri, jemgyýetçilik borjunyň ýerine ýetirilýän döwri, goşmaça arakesmeler, goşmaça dynç güni, donorlyk üçin ertesi güni berilýän dynç güni);

Zähmet haklaryny tölemek hereketleri pensiýanyň ortaça möçberini hasaplap, kesgitli möçberde hemişelik pensiýa bellemek üçin mümkinçilik berýär. Ýagny, ýokarda görkezilen zähmet haklaryny tölemekligiň hereketi köplenç ýagdaýda gysga wagtlyk häsiýetde bolup, ol bir boşlugyň üstüni başga bir serişdäniň üsti bilen doldurmak bilen şertlendirilýär.

Pensiýany hasaplamagyň umumy tertibi ortaça aýlyk zähmet hakyndan hasaplamakdan we oba hojalyk önümini öndürmek bilen meşgullanmagyň we özbaşdak iş bilen meşgullanmagyň bellibir döwründe ätiýaçlandyryş geçirimi ýa-da gatanjy hasaplanýan (salgyt ýyly aralygyndaky döwri almak mümkin) hakykatda gazanylan girdejiniň möçberinden hasaplamakdan ugr alnyp bellenýär. Pensiýany hasaplamagyň umumy tertibine laýyklykda, şu tertipde tölenýän zähmet haklary hasaplamaklyga alnyp biliner: aýlyk wezipe haklary, ýyl boýunça jemlenip alynýan girdeji zähmet haklary we goşmaça ýa-da baýrak bermek göz öňünde tutulan işi, käri, wezipipäni ýerine ýetirýän döwri wagty çäklendirilmedik we wagtyny uzaldyp bolýan şertlerde tölenýän goşmaça, baýrak görnüşindäki zähmet haklary; Wagty çäklendirilmedik we wagtyny uzaldyp bolýan zähmet hakyna goşmaçalar hänär derejeleri, klimat şertleri we ş. m. üçin berilýän goşmaşa haklar, koeffisentler degişlidir. Baýrak görnüşindäki

zähmet haklaryna zähmet haky ulgamy boýunça işiň ýyllyk jemlemeleri üçin höweslendiriş zäkmet haklary degişlidir.

Pensiýalary hasaplamagyň ýörite tertibi pensiýany hasaplap çykarmagyň usulyny saýlap almaklyga we şöňa görä-de bellibir usuly kesgitlemeklige gönükdirilýär. Pensiýa üpjünçilik kanunçylygynda iki ülüşli pensiýa möçberini hasaplamak düzgüni ulanylyp bilner. Iki ülüşli pensiýa diýip, pensiýanyň möçberi iki bölekden ybarat ulgamda hasaplanyp, onuň umumy kesgitli möçberiniň bellenmegine düşünmek mümkin. Şunda pensiýa möçberi: a). Esasy möçberine, b). goşmaça möçberine bölünýär. Özü-de bu usul oba hojalyk işleri, kärleri we wezipeleri bilen baglanyşykly pensiýa belleniende amatly bolup biler. Şeýle hasaplaýyş usulynda ortaça aýlyk hakynyň bellibir göterimini esasy pensiýa möçberi hökmünde, zähmetiň haýsydyr bir şerti üçin bellibir göterim ölçegini goşmaça pensiýa möçberi hökmünde kanunda kesgitlenen möçberdäki pensiýany bellemeklige mümkinçilik döreýär. Munuň özi kanunçylykda bellenen pensiýanyň iň ýokary möçberini ulanmaga-da şert döredýär. Onuň shemasy şeýleräk düzülýär: esasy pensiýa möçberini ortaça aýlyk hakynyň 85%-i möçberinde kesgitläp, pensiýanyň goşmaça möçberini Türkmenistan boýunça kesgitlenen pensiýanyň iň ýokary möçberine çenli göterim ölçeginde (5%, 10%, 15%-e çenli) goşmaça hak görnüşinde kesgitlemek usuly. Bu usuly ulanmak üçin iş döwründe alnyp barylan işleri, kärleri we wezipeleri klassifikasiýaşdyrmak, attestasiýa etmek zerur bolup durýar.

Goşmaça hak bellemek usuly ulanylýan pensiýa oba hojalyk önümçiligi bilen baglanyşdyrylýan ýagdaýynda,

işleriň, kärleriň we wezipeleriň klassifikasiýasyny esasy iki bölek boýunça geçirmek mümkin:

1). Oba hojalyk önümini öndürmek bilen meşgullanmaklyga gös-göni degişli bolan esasy kärler, wezipeler.

2). Esasy oba hojalyk önümlerini öndürmeklige hyzmat edýän işler, kärler we wezipeler;

Aýratyn halatlarda oba hojalyk önümçiliginiň guramaçylyk-dolandyryş we ýolbaşçy düzümine degişli wezipeleri boýunça-da geçirmek mümkin.

Ýokarda görkezilen esasy toparlara laýyklykda, olara degişli bolup biljek işler, kärler we wezipeler attestasiýa edilip, şonuň esasynda-da, olaryň sanawy düzülýär. Meselem, esasy önüm öndüriji daýhan, önüm öndürmeklige hyzmat edýän bolsa ýer sürýän we kultiwasiýa geçirýän traktorist, orumçy-kombaýn mehanizatory, hasyly daşaýan ulagyň sürüjisi bolup durýar. Bu usul oba hojalyk etraplarynda (obalarda) işleýän işgärlere-de degişli bolup biler. Meselem, ulag-bejeriş ussahanasynyň mehanigi, slesary, ýolagçy ulaglarynyň sürüjisi we ş. m.

Bu usuly guramaçylyk-dolandyryş we ýolbaşçy düzümiň işgärleri babatynda-da ulanmak bolar. Meselem, daýhan birleşiginiň başlygy, agronom, hünärmenler, önümçilikden aýrylyp, esasy işi boýunça brigadirler we ş. m.

Bu usuly zähmetiň aýratyn agyr we zyýanly şertleri, ýerasty, dag-magdan işlerinde işlenmegi üçin-de, pensiýa möçberi hasaplananda ulanylyp bilner. Meselem, şeýle işlerde bellenen zähmet hakynyň gutarnykly 85%-i esasy

pensiýa möçberi, kesgitli 15 % goşmaça pensiýa möçberi= pensiýa çykylmazyndan öň ýanyndaky zähmet haky 100% ;

Umuman, pensiýany hasaplamagyň bu usulyny ulanmak üçin işleriň, kärleriň we wezipeleriň häsiýeti ýeňillikli şertleriň döredilmegine, zähmet üçin koeffisent bellenmegine degişli önümçilikleriň, önümçilik ýerleriniň häsiýetine gabat gelmelidir.

Oba ýerlerinde, şäher etegindäki dynç alyş maksatly ýerlerde (daçalarda) hususy mellek ýerlerinde, ýer böleklerinde, kömekçi hojalyklarynda oba hojalyk önümini öndürmek bilen meşgullanýan we ondan girdeji alýan adamlar şol ýerlerde ýaşaýandygyna ýa-da ýaşamaýandygyna garamazdan oba hojalygyny öndürijiler hökmünde hasaplanyp bilner. Şeýle derejedäki oba hojalyk önümini öndürijileriň şäher ýerlerinde oba hojalygy bilen bagly bolmadyk esasy işi, käri, wezipesi boýunça pensiýa çykýan adama bellenen pensiýsynyň möçberi kanunçylykda bir hojalyga bellenen ortaça paýyndan ýokary pay düşýän mellegi üçin, onyň artyk gelýän möçberine baglylykda, 2-den 5 %-e çenli aşakladylyp bilner. Şeýle hem, obalarda bölünip berilen 25 sotok ýeri her bir maşgala agzasyna paýlanyňda 4 sotukdan artýan bolsa, şol ýer bölegi üçin 2% pensiýa möçberi aşakladylyp bilner. Oba ýerlerinde bir hojalyga 16 sotok ýer bölegi düşýän bolsa, ony bölmäge degişli edip bolmaz. Bölüp bolmaýan ýagdaýynda, ýer bolegi mellekde ýaşaýan pensioneriň pensiýa möçberini aşaklatmagyň şerti bolup bilmeýär. Obalarda 25 sotok , daçalarda 8 sotuk bolan ýerden oba hojalyk önümini almak bilen meşgullanylýandygy üçin, bu usuly ulanmak mümkin.

Daýhan hojalyklarynyň çäklerinde oba hojalyk önümlerini öndürmek barada pensiýa möçberini azaltmagyň bu şerti ulanylyp bilinmez. Sebäbi daýhan hojalygynda önüm öndirmek maşgala agzalarynyň bilelikdäki zähmeti esasynda amala aşyrylýar, daýhan hojalygyna degişli ýer umumy eýeçilikde we girdeji almagyň ýeke-täk çeşmesi bolup durýar; Umuman, öndürijiligiň hususylygyna garamazdan, ýeke-täk girdeji almak çeşmesi boýunça pensiýa belleňýän bolsa, onuň hususy işinden alýan girdejisi bölünip bilinmez we ol bütewilikde, umumy esaslarda pensiýa möçberi hasaplanar.

Ýokardaky iki deňeşdirmeden görnüşine görä, agzap geçen şertimizi ýa-da şu şertiň has giňeldilen (meselem, 2%-5%, 5%-10-15%-e çenli möçberini ösdürmek, kärendeçi bolup duran ýa-da durmaýan kärler, wezipeler boýunça maşgala agzalaryna paýlanyp berilen mellek ýerlerini hasaba almagyň-almazlygyň şertleri), berkidilen görnüşini ulanmak we herekete girizmek häzirki syýasy ykdysadyýet gurluşymyza, ykdysadyýetimiziň ösen derejesine we durmuş üpjünçiliginiň häzirki zaman talaplaryna laýyk gelmeýär. Durmuş üpjünçilik hukugynda pensiýa möçberinden ýa-da pensiýa möçberini hasaplamaklyga goşulýan zähmet hakynyň möçberinden aşaklatmak üçin şertleri ýüze çykarýan faktlary, pensiýa möçberini hasaplamakda bilelikdäki iş döwrüni we onda tölenýän zähmet hakyny pensiýa möçberini hasaplamagyň obýektine degişli etmezlik şertlerine deňleşdirilmegi has maksada laýyk bolup galýar.

### § 2. Zähmet hakynyň aýratyn görnüşlerini pensiýa möçberine hasaplamak.

Pensiýa möçberini hasaplamak boýunça zähmet hakynyň umumy ulanylýan görnüşinden başga-da, zähmet hakynyň ýörite görnüşleri hem hasaplamaklyga goşulýar. Munuň üçin esasy şert: şeýle häsiýetli zähmet haklary pensiýa ätiýaçlandyryş gatanjy tutulyp alynmaklyga degişli bolmalydyr.

Zähmet haky ulgamy tertibinde tölenýän baýraklar pensiýanyň möçberini hasaplamak üçin alynýar we onuň töleniş tertibine bagly bolmazdan zähmet hakyna goşulýar. Bu görnüşdäkizähmet haky aýlyk, her çärýek, ýyllyk tertibinde tölenýär. Şu usul boýunça tölenýän zähmet haky (baýraklar) pensiýalary hasaplamagyň umumy şerti boýunça, ýagny iş döwrüniň islendik bäş (5) senenama ýylynyň zähmet hakyndan pensiýa möçberini hasaplap çykarmak usuly ulanylýar. Şunda emele gelen baýraklaryň sany 5 ýyllykdan, 10 ýarymýyllykdan, 20 çärýeklikden geçmeýän derejede hasaplamak üçin alynýar. Baýragyň şahsy-hasap kagyzyna laýyklykda geçen aýy, onuň alynan aýy hasaplanýar we onuň haýsy aýda hasaplanandygy, şol aýlaryň göz öňünde tutulan döwrüň içine girýändiginiň ýa-da girmeýändiginiň ähmiýeti ýokdur.

Zähmet hakynyň başga görnüşleri hem pensiýa möçberini hasaplamak üçin alynyp bilner. Munuň üçin esasy şertler: kesgitli ölçegden daşardaky ýa-da şondan çykýan işler üçin tölenýän haklara degişli bolan zähmet hakynyň degişli bolmagy, bu zähmet hakynyň esasy zähmet hakyna goşulýan bolmagy, olary umumylykda hasaplamaga mümkinçiligiň bolmagy zerurdyr. (Meselem,

esasy hak: wezipe zähmet haky+ iş wagtyndan daşary işlenen 1 sagat wagt üçin goşmaça zähmet haky- olaryň umumy möçberinden tutumlar: girdeji salgydy, pensiýa ätiýaçlandyrma gatanjy we ş. m.) . Şu şertleri bolan zähmet haklarynyň ählisinden pensiýa ätiýaçlandyryş gatanjy tutulyp alynyýar. Bilelikdäki iş tertibinde işlenen iş üçin pensiýa ätiýaçlandyryş gatanjy ikinji iş ýerinde tutulyp alnyp bilner, ýöne raýadyň (işgäriň) esasy iş ýeri boýunça zähmet hakyny hasaplamagyň ýokardaky şertlere bagly däldigi sebäpli, pensiýany hasaplamak üçin alynýan zähmet hakyna goşulmaýar. Onsoňam, „umumylykda hasaplamaga mümkinçiligiň bolmagy“ diýenimizde, diňe bir dürli zähmet haklaryny umumylykda hasaplap bilmekligi däl-de, esasan bu ýerde, pensiýa möçberi hasaplananda zähmet haklaryny umumylykda hasaplap bilmek mümkinçiligi-de göz öňünde tutulýar. Ýagny, bilelikdäki iş tertibinde işlenen-de, iki sany özbaşdak iş üçin özbaşdak zähmet haky tölenýär, her işiň hem özbaşdak iş döwri bolýar. Şonuň üçin-de olary umumylykda hasaplap bolmaýar, olaryň haýsy hem bolsa biriniň-esasy iş ýeri diýlip hasaplanýan iş ýeriniň iş döwri we zähmet haky boýunça hasaplamaly bolýar.

Pensiýa ätiýaçlandyryş geçirimi ýa-da raýadyň pensiýa gatanjy tutulyp alynýan zähmet haklaryna goşmaçalaryň zähmet pensiýasy hasaplanýan zähmet hakyna goşulmagy üçin, şol goşmaçalaryň tölenmegi iş döwrüniň hereket edýän döwrüniň dowamynda ulgamlaýyn yzygiderlilikde-hemişelik amala aşyrylýan bolmalydyr. Meselem, işlän ýyllary üçin goşmaça baýrak (hak) her ýylyň soňky aýynyň zähmet hakyna goşulýandygyna garamazdan, ýyl boýunça tölenýär we ony

tölemek goşmaça baýraga hukugyň dörän pursadyndan iş döwrüniň arasynyň kesilmegine çenli-işden çykylynça amala aşyrylýar. Zähmet hakyna hemişelik tölenýän goşmaçalaryň ýa-da yzygiderli tölenýän goşmaça haklaryň ählisi zähmet pensiýasyny hasaplamak üçin alynýan zähmet haklaryna goşulýar. Meselem, kämillik derejeleri üçin tölenýän goşmaçalar, kadalaşdyrylmadyk iş wagty üçin goşmaçalar (esasy ortaça zähmet hakynyň ýokarlandyrylan bölegi), beýik daglyk, çöllük we gurak (suwsuz) sebtlerde işlenmegi üçin goşmaçalar we ş. m.;

Birwagtlaýyn we wagtlaýyn haklar pensiýa ätiýaçlandyryş gatançlary tutulyp alynýan we tutulyp alynmaýan böleklere bölünýärler. Olar öz umumylyklary boýunça birnäçe ulgamy emele getirýärler:

1.Zähmet haky ulgamyna girmeýän baýraklar we sylaglar görnüşindäki
haklar. (zähmet haky gorunyň we beýleki maliýe çeşmeleriniň hasabyna) iş beriji tarapyň içki önümçiligindäki bellenilen iş kadasyndan ýokary zähmet görkezijileri üçin, işgäriň esasy iş ýerine girdeji we peýda getirýän (ýük daşamak meýilnamalarynyň artykmaçy bilen ýerine ýetirilmegi, ýol beletleriň käbir azyk önümlerini satmagy, tomaşa jaýlarynyň petek satyjylarynyň öz maksatnamalaryny satmagy, abuna ýazylyşygyň üstünlikli geçirilmegi, lotereýalaryň, petekleriň satylmagy we ş. m. ) beýleki işleri üçin pul ýa-da sowgat görnüşindäki sylaglar;
2. Zähmet haky gorunyň hasabyna tölenýän işden çykylanda berilýän kömek puly we maddy kömek hökmünde berilýän birwagtlaýyn kömek pullary;
3. döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň hasabyna kömek pullary (zähmete wagtlaýyn ukypsyzlykdan, göwrelilik we

dogrum boýunça rugsatlardan başga) Meselem, maýyplar, ekleýjisini ýitirenler üçin kömek pullary;
4. Öwezini doluş tölegleri: a). işgäriň saglygyna iş bilen bagly ýetirilen zyýanyň öwezini doluş pul tölegleri, b). iş sapary boýunça çykdajylaryň gije-gündizlik we beýleki öwezini doluş tölegleri, ç). Başga ýere işe gitmek bilen baglanyşykly işe geçirilýän mahaly emlägini äkitmek we jaýy kireýine almak, ýol çykdajylary we beýleki (işgäriň we onuň maşgala agzalarynyň) öwezini doluş tölegleri, beýleki kepilendirmeler boýunça öwezini doluş tölegleri [1] d). Gije-gündizlik tölegiň deregine zähmet hakyna tölenýän goşmaçalar we ýokarlandyrylan haklar: hemişe ýolda geçýän häsiýeti ýa-da bellibir ýerde hyzmat edýän ýa-da hyzmat edýän ýerine iş saparynda bolýan häsiýeti bolan işler için (aragatnaşyk-telegraf işgärleri,
demir ýol, derýa, gara ýol ulaglary işgärleri), gurluşykda ondan oňa göçüp ýörýän häsiýetli işler üçin, geologiýa-gözleg, topograf-geodeziýa, metreologiýa stansiýalary we beýleki meýdan işleri üçin, kanallardaky meýdan işlerinde gatnawly (wahta) işler üçin öwezini doluş haklary, kebşirleýiş we birikdiriş işleri üçin iş saparyna ugradylandygy üçin, gurluşyk ýeriniň taslamasyny düzmek we ülňilemek üçin taslaýyş edaralarynyň işgärleriniň iş saparlaryna ugradylmagy üçin, ýükleriň aýratyn görnüşlerini ugradýan ýolbeletler üçin her ugradyşyň bir gije-gündizi we iş ýerine gaýdyp gelýän aralygy üçin goşmaçalar, hasyl ýygnamak we daşamak üçin iş saparyna ugradylan işgärlere (mehanizator, sürüji we b.) esasy iş ýeri boýunça zähmet haklaryna goşundylar, önümçilik tejribeligini geçirmek bilen baglanyşykly ýerlere gidýän bilim edarasynyň we beýleki edaralaryň işgärlerine

goşmaçalar, işgärleriň öz şahsy enjamlaryny we esbaplaryny (geýimler, saz gurallary, ýazuw enjamlary we ş. m.) öz işleýän işlerinde ulanýandyklary üçin tölegler .
5). Ähliumumy we ýerli ýowarlarda ýerine ýetirilen işler üçin bellenilen haklar.
6). Iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna naharlanmagyň we şypahana-kurort bejergisine ýollamanyň bahasyna bellenen dotasiýalar;
7). Edara-kärhana tarapyndan berilmeli iş geýimleri, şahsy gigiena we beýleki
gorag serişdeleri, süýt we beýleki bejeriş-öňüni alyş ähmiýetli iýmitler berilmedik halatynda olaryň bahalary;
8). Iş ýerine ýollanýan ýaş hünärmenlere berilýän bir aýlyk rugsatlary üçin işe iberilen ýeriniň töleýän zahmet haky;
9). Raýat hukuk şertnamalary (potrat, tabşyryk, kontarktasiýa, komission, awtorlyk şertnamalary) boýunça raýadyň bellibir zähmet işini berjaý edenligi üçin iş beriji şahs tarapyndan tölenýän pul sylaglary;

Bu ulgamlara girýän haklaryň ählisine mahsus bolan alamat, olardan ätiýaçlandyryş gatanjy (wznosy) tutulyp alynmaýanlygydyr. Pensiýa ätiýaçlandyryş gatanjy tutulyp alynmaýan zähmet haklary adatça pensiýa mäçberi hasaplanýan zähmet haklaryna goşulmaýar. Emma munuň özi gutarnykly çözgüdi bolan netije däldir. Pensiýa gatanjy tutulmaýan haklary pensiýany hasaplamak üçin alynýan zähmet hakynyň deregine alynýan halaty hem bolýar we bu ýagdaý raýadyň islegine bagly bolup durýar. Raýadyň hakykatda işlemedik, ýöne welin iş ýeriniň we zähmet hakynyň saklanýan döwri üçin tölenen haklary raýadyň

[1] Türkmenistan gazýeti. № 109-112 (25762) Aşgabat. 01. 05. 2009ý. Seret: Türkmenistanyň zähmet kodeksi. IX bölüminiň 147-148-nji we beýleki öwezini dolmalar boýunça kepillendirmelere. Kodeks 01. 07. 2009ý. güýje girýär

islegine görä, pensiýany hasaplamak üçin almak mümkin. Bu ylaýta-da, wzgtlaýyn zähmete ukypsyzlyk, göwrelilik we dogrum boýunça rugsatlar üçin kömek pullary babatynda şeýle bolup galýar. Sebäbi bu kömek pullary iş berijileriň kanunda görkezilen serişdeleriniň hasabyna geçirilýär we ýitirilen zähmet hakynyň doly möçberiniň öwezini dolýar, olardan pensiýa ätiýaçlandyryş gatanjy tutlyp alynyp bilinýär. Şeýle-de, iş saparlary we beýleki ýagdaýlar sebäpli iş ýeri hem-de zähmet haky saklanýan halatlary üçin goşmaçalar ätiýaçlandyryş gatanjy tutulýandygyna ýa-da tutulmaýandygyna garamazdan, pensiýa möçberini hasaplamak üçin alynýan zähmet haklaryna goşulýar. Şeýle-de, raýat ýokardaky ýa-da başga sebäplere görä, doly iş wagty bolmadyk aýyny 5 (bäş) ýyllyk iş döwrüne başga bir doly iş güni bolan aýy bilen çalyşmagy haýyş edip biler. Raýadyň islegine görä, ýokarda görkezilen tertipde tölenen iş hakynyň deregine soňky görkezilen iş hakyny almak bolýar. Doly däl zähmet haky (mežbury boş durlan wagt, harsal önüm çykarylmagy, iş kadasynyň berjaý edilmänligi üçin haklar) tölenen döwri onuň deregine başga doly iş döwri bilen çalyşmak hem şu tertipde amala aşyrylýar.

Baýraklaryň pensiýanyň möçberine hasaplamak üçin alynýan görnüşleri ýokardan başlap anyklan alamatlarymyza görä, şu aşakdakylardyr:

1. Zähmet haky ulgamy hökmünde bellenen baýraklar.
2. Ýyllyk jemleri boýunça kärhananyň işiniň umumy netijeleri üçin bellenen baýraklar; (Maddy höweslendiriş gorundan tölenýän beýleki baýraklar birwagtlaýyn ýa-da wagtlaýynlygy sebäpli, pensiýa möçberini hasaplamak üçin alynmaýar).

Hünärler utgaşykly alnyp barylandygy üçin goşmaça haklar pensiýany hasaplamak üçin zähmet haklarynyň

hataryna goşulýar. Munuň üçin işgäriň utgaşykly alyp barýan işi (wezipesi) birinjiden, onuň esasy işi (wezipesi) boýunça wezipe borçlaryna girmeýän bolmagy, ikinjiden, kadaly iş gününiň dowamlylygyndaky çäklerde alnyp barylýan bolmalydyr, üçünjiden, goşmaça zähmet haky bellibir göterim hasabynda goşmaça haky bellenen bolmagy zerur bolup duran şertlere baglanmalydyr. Şuňa mysal edip, aşakdaky tablisany getirip göreliň:

| t/s | Utgaşdyrylandygy üçin goşmaça haklar tölenilip bilinjek işgärleriň kärleriniň we wezipelerini ady | Utgaşdyrylyp bilinjek hünärleriň we wezipeleriň ady |
|---|---|---|
| 1 | Mehanikler. (sürüjilik derejeleri we ýörite bilimi bolan) | Sürüji (ýeňil we ýük daşaýan ulag), slesar |
| 2 | Ähli derejedäki işçiler (gorag işgärleri muňa girmeýär) | - kömekçi işçi,<br>- ýükçi işçi (gruşik) |
| 3 | Elektrikler | Montýor |
| 4 | Sürüjiler | - ýükçi işçi,<br>- ekspeditor (ýüki kabul etmek we tabşyrmak boýunça)<br>-slesar (sürüji wezipesinde azyndan 5 ýyl iş tejribesi bolanda) |
| 5 | Slesarlar (sürüjilik şahadatnamasy bolan) | Sürüjilik derejelerine görä, ulag sürüjisi |
| 6 | Tokar | - Slesar,<br>- enjam (ulag) bejeriş ussasy |

Utgaşdyrylyp alnyp barylyp bilinjek hünärleriň (wezipeleriň) sanawy we olara goşmaça hak tölemegiň tertibi dörediji bolup durýan ýokary pudak edarasy

tarapyndan maliýe ministrligi bilen ylalaşmak esasynda düzülýär. Munuň esasy sebäbi işgäriň (gullukçy, işçi) ýerine ýetirýän esasy wezipesi boýunça ýerine ýetirýän işine ýa-da wezipesine utgaşdyrylyp bilinjek işiň (wezipäniň) ugurdaş-ýanaşyk häsiýetini we onuň esasy işiň (wezipäniň) kadaly ölçegdäki iş gününiň çäginde işi utgaşdyrmaga berýän mümkinçiligini anyklamak maksadyndan gelip çykýar. Meselem, poçta ýüklerini daşaýan şofýoryň hatlary we beýleki poçta ýüklerini kabul etmek we tabşyrmak boýunça ekspeditoryň wezipesini öz iş gününiň çäginde utgaşdyryp bilýär. Sebäbi şol şofýor iş gününiň dowamynda şol bir bellenen wagtda şol bir ýere-poçta ýüküniň kabul edilýän ýa-da tabşyrylýan ýerine barýar. Ammardan ýük alýan ulag sürüjisiniň hem şeýle wezipäni ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bar.

Ýokardaky mysallardan görnüşine görä, her bir pudakda utgaşdyrylyp bilinjek işleriň (wezipeleriň) häsiýetiniň önümçiligiň ýerine ýetirýän funksiýasyna baglylykda, ýüze çykýandygyny görkezýär. Meselem, karýerden çagyl daşaýan ýük daşaýjy sürüji ekspeditoryň wezipesini ýa-da dispeçeriň wezipesini ýerine ýetirip bilmez. Munuň sebäbini birinjiden, işiň meýdan işidigi, onuň şeýle wezipeleri ýerine ýetirmegi üçin şertleriň ýoklugy, ikinjiden, işgäriň utgaşykly işi ýerine ýetirýändigine gözegçilik ediş mümkinçiliginiň azlygy, üçünjiden, esasy iş ölçeginiň işi utgaşdyrmaga mümkinçilik bermeýändigi bilen düşündirmek mümkin.

Wagtlaýyn ýok işgäriň deregine işler (wezipeler) wagtlaýyn utgaşdyrylanda hem ýokardaky tertipde zähmet hakyny hasaplamak amala aşyrylýar, ýöne işler (wezipeler) wagtlaýyn ýok işgäriň deregine ýerine ýetirilen mahalynda,

onda esasy işgäriň wagtlaýyn deregini tutan işgäre wezipeleriň (işleriň) zähmet haklarynyň aratapawutlary (wagtlaýyn ýok işgäriň wezipe hakynyň deregini tutujynyň wezipe hakyndan az bolan bölegi) tölenýär. Şol aratapawut hem pensiýa mäçberini hasaplamak üçin alynýan zähmet haklarynyň hataryna goşulýar. Zähmet haklarynyň aratapawutlarynyň tölenmegi üçin, işgäriň esasy işinden wagtlaýyn boşadylyp, wagtlaýyn ýok işgäriň deregine onuň wezipesini ýerine ýetirmek üçin şol işe geçirilen ýa-da bellenen (buýruk boýunça) mahalynda, şu iki şert: a). wagtlaýyn wezipäni ýerine ýetirýän adam wagtlaýyn ýok işgäriň birlik boýunça orunbasary ýa-da kömekçisi bolup durmaýan bolmagy, b). deregini tutmak 12 iş gününden köp wagta dowam etmegi zerurdyr.

Işgäriň boş wezipe birligi boýunça işe bellenmegi ýa-da işgäriň razylygy bilen başga işe geçirilmegi işgäriň wagtlaýyn deregini tutmak hasaplanmaýar. Şonuň ýaly ýagdaýda pensiýa möçberini hasaplamak umumy şertlere esaslanýar.

Ýolbaşçy işgäriň wagtlaýyn deregini tutandygy üçin käbir hünärmenlere (meselem, baş inžiner, bölüm müdiri, orunbasar) zähmet hakynyň aratapawudyny tölemek göz öňünde tutulmaýar.

Başga kärhanalarda okuwçylaryň, talyplaryň önümçilik tejribeligine ýolbaşçylyk etmek hem wezipe orunlaryny eýelemezden, esasy işi boýunça ýerine ýetirilýändigi sebäpli, bilelikdäki iş diýlip hasaplanmaýar. Bu işler üçin özbaşdak zähmet haky tölenmeýär, ýöne ýokarlandyrylan hak ýa-da goşmaça bellenilip bilner.

Mugallymlaryň iş agramyndan daşary mugallymçylyk, okuw-terbiýeçilik we gurnaklaryň işlerini alyp barmaklary

bilelikdäki iş diýlip hasaplanmaýar we oňa zähmet haky tölenmeýär. Okuw we okuw-terbiýeçilik bilim edaralarynyň mugallymlarynyň, terbiýeçileriniň, bölüm müdirleriniň, usulyýet we beýleki ýörite otaglaryň müdirleriniň wezipesini ýerine ýetirmekleri, önümçilik-tehniki işgärleriň okuwçylara önümçilik işini öwrenmekde ýolbaşçylyk etmekleri, umumy bilim we ýörite okuw mekdepleriniň ýolbaşçylarynyň mugallymçylyk işleri, iş toparlaryna (alymlar geňeşine), ýolbaşçylygy bilelikdäki iş diýip hasaplanmaýar.

Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygy üçin ýerine ýetirilen işi (wezipäni) bilelikdäki iş diýip hasap etmezligiň ähmiýeti näme?

Işi (wezipäni) bilelikdäki iş diýip, hasaplamazlygyň netijesi şol işiň esasy iş agramyna girýän iş hökmünde garalmagyna getirýär, esasy işiň häsiýetine eýeriji işler diýen düşünjäni döredýär, şonuň bilen baglylykda, kadalaşdyrylmadyk iş wagtyny bellemäge we ýokarlandyrylan zähmet hakyny göz öňünde tutmaga esas döreýär. Şolara utgaşdyryjy iş hökmünde goşmaça hak tölenýän mahalynda, beýleki häsiýetdäki goşmaça hak tölenýän mahalynda, pensiýanyň möçberini hasaplamak üçin alynýan zähmet hakyna goşulmagyna esas döredýär.

Işi (wezipäni) bilelikdäki iş diýip hasaplamazlyk üçin, onuň şol bir kärhanada wezipe orunlarynyň tertibi boýunça esasy işine bagly, şeýle hem kybapdaş işiň esasy iş bilen bilelikde ýerine ýetirilmegi we şonuň esasynda aýlyk zähmet hakyna (wezipe hakyna) göterim ýa-da göwrüm birligi möçberinde goşmaça bellenmegi esas bolup hyzmat edýär. Işgäriň işleýän kärhanasynda esasy işi bilen bilelikde üçünji bir tarapyň tagallasy bilen ýüze çykýan işi ýerine

ýetirmegi, onuň wezipe birliginiň tertibinde göz öňünde tutulmazlygy, işiň üçünji tarapyň bähbidine ýerine ýetirilmegi, goşmaça zähmet hakynyň üçünji tarapyň hasabyna tölenmegi, işiň şol bir kärhanada ýa-da aýry-aýry kärhanada ýerine ýetirilýändigine garamazdan, daşky alamaty boýunça hakykatda bilelikdäki işdir. Emma bu häsiýetdäki işiň (wezipäniň) esasy iş ýerinde wezipe birligini eýelemek bilen bagly däldigi, şol kärhananyň çägindeligi, şeýle hem esasy işiniň iş agramynyň çäginde ýerine ýetirilýändigi ony bilelikdäki iş diýip hasaplamazlyga mümkinçilik berýär. Şeýle häsiýetdäki işlere harby wekilligiň tabşyrygy boýunça ol ýa-da beýleki bir kärhananyň iş dolandyryjysynyň harby borçlularyň harby hasap işini alyp barmaklygyny mysal hökmünde getirmek bolar. Şeýle häsiýetdäki goşmaça haklary pensiýa möçberini hasaplamak üçin alynýan zähmet haklaryna goşmak mümkin. Sebäbi olar birinjiden, hemişelik- bellibir wagt kesgitlemezden tölenýär, ikinjiden, esasy işiň zähmet hakynyň 5%-den 20%-e çenli bolan möçberinden geçmeýär.

## §3.Pensiýalara goşmaça hak bellemekligiň esaslary

Pensiýalara goşmaça hak bellemek düzgüni häzirki wagtda Türkmenistanyň durmuş üpjünçilik kanunçylygynda ulanylmaýar. Türkmenistanda pensiýalara goşmaçalar kesgitli pensiýa möçberiniň düzüm böleginde goşmaça bellemek ýa-da oňa kesgitli möçberde goşmaça bellemek görnüşinde däl-de, dürli kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulan tertipde, bellenilýän ýa-da eýýäm hukuk gatnaşygyndaky pensiýa möçberine goşmaça

tölemek görnüşinde hereket edýär. Ýagny, goşmaça bellenmeýär-de, ol tölenýär. Beýle diýildigi, goşmaça tölemek ýurt boýunça kesgitlenen iň ýokary pensiýa möçberinden bellenilen pensiýanyň möçberiniň geçýändigine ýa-da geçmeýändigine seretmezden, amala aşyrylýar diýildigidir. Goşmaça tölegler hususan-da, raýadyň, pensioneriň döwlet sylaglary bilen sylaglanmagy we hormatly atlaryň dakylmagy bilen baglanyşykly tölenýär. Döwlet sylaglary bilen sylaglamak we hormatly atlary dakmak hakyndaky kadalaşdyryjy namalarda göz öňünde tutulan ýagdaýlarynda, pensioneriň pensiýasynyň möçberiniň bellibir göterimi (%) möçberinde goşmaşa hak tölenýär. Tölenýän goşmaça hakyň möçberi ortaça 10%-den 30% aralygynda bellenýär. Eger şol kadalaşdyryjy namada goşmaça hak tölemek göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda döwlet sylagy bilen sylaglanan pensionere goşmaça hak tölenmeýär. Goşmaça hak tölemek usuly ähliumumy däl-de, ýöriteleşdirilen-şahsylandyrylan häsiýetli bolup çykýar we ol durmuş üpjünçilik subýektini şertli aýratynlaşdyrýar. Emma pensiýa goşmaça hak bellemek ähliumumy häsiýete eýe bolýar. Şeýle-de bolsa, goşmaça hak bellemek düzgüni hukuga eýe bolmagy kesgitleýän şertleri aýratynlaşdyrýar. Diňe ýuridiki faktlaryň emele getirýän şertlerine laýyklykda, goşmaça hak almaga we bellemäge bolan hukuk döreýär. Şol sanda, bu hukuk raýadyň zähmet çeken iş döwri we zähmetiň häsiýeti bilen baglanyşykly bolup galýar. Pensiýa goşmaça hak bellemek üçin birinjiden, zähmetiň alnyp barylýan ýerini we onuň aýratynlygyny, ikinjiden, zähmetiň aýratyn agyr we zyýanly şertlerini, üçünjiden, tebigy we klimat şertlerini, dördünjiden, ýerasty we dag-magdan (açyk,

ýapyk) işlerindäki zähmet şertlerini nazara almak mümkin. Şu ýerde zähmetiň alnyp barylýan ýeri diýlende, zähmet çekilýän önümçiligiň ýerleşýän ýeri hasap edilýär. Ýagny, işlenýän ýeriň oba we oba hojalyk etrabynyň çäklerindedigi, açyk klimat şertlerindäki tokaý, derýa-deňiz, çöllük-sähralyk, daglyk, beýiklik, çüňluk, ýerasty ýerleriň çäklerindedigi, ol ýerleriň aýratynlygy diýlende, şol ýerlerde önümçiligiň, işiň, wezipäniň iş wagtyna we onuň dowamlylygynyň talaplaryna, zähmet we durmuş üpjünçilik talaplaryna tabynlyk ýagdaýy göz öňünde tutulýar.

Zähmediň zyýanly we aýratyn agyr şertleri, ýerasty işlerde işlenmegi üçin, ýeňillikli şertlerde ýaşy boýunça (garrylygy boýunça) pensiýa göz öňünde tutulan bolsa, oňa goşmaça bellenmän bilner, ýöne raýadyň pensiýasyna goşmaça hak üznüksiz iş döwri ýa-da umumy iş döwrüniň bellenen kadadan ýokarylygy üçin bellenýän halatynda, ýokardaky ýagdaýlar pensiýa goşmaça hakyň ýokarlandyrylan möçberini bellemek üçin esas bolup biler, eger-de, umumy iş döwrüniň bellibir bölegini zäýanly we agyr işlerde işläp geçirmegi möçber taýdan muňa esas berýän bolsa, şeýle bolup biler.

Pensiýalara goşmaça hak bellemek düzgüni esasan, açyk klimat şertlerinde zähmet çekilmegi üçin girizilmegi durmuş üpjünçilik maksadyna laýykdyr. Şu esas bilen goşmaça hak bellemek üçin şular anyklanmalydyr:
a). Türkmenistanyň umumy klimat şertleri;
b). Türkmenistanyň çägi boýunça tebigy şertleri ýaşamak üçin kyn bolan künjekleri;
ç). Açyk klimat şertlerinde işlemekligiň adam saglygyna täsiriniň derejesi,

d). Önümçiligiň alnyp barylýan we onda işleriň, wezipeleriň ýerine ýetirilýän ýerleriniň zähmet we durmuş şertleri bilen arabaglanyşygy. (Meselem, oba ýerlerinde, oba hojalyk etraplarynda zähmet şertleriniň häsiýeti);

Bularyň umumy anyklanmagyny tassyklaýan hukuk esaslary:

a). Tebigaty goramak (ekologiýa) gullugynyň netijenamasy;

b). Saglygy goraýyş gullugynyň netijenamasy;

ç). Türkmen döwlet standartlary gullugynyň netijenamasy;

d). Ýokardakylar esasynda döredilen açyk klimat şertlerinde işlenýän işleriň, kärleriň we wezipeleriň sanawy;

Şu hukuk esaslary boýunça iş döwründe ýerine ýetirilen işiň (wezipäniň) olaryň kesgitlän häsiýetine degişli bolmagy ony-goşmaça haky bellemek üçin ýeterlik esasdyr. Şonuň üçin hem, şeýle esaslar bilen goşmaça hak bellemekligi şeýle ýerlerde işlenendigini tassyklaýan islendik resminama (buýrukdan göçürme, zähmet depderçesindäki ýazgy, kepilnamalar, şahsy-hasap kagyzy) esas bolup durýar we pensiýa bellemek baradaky raýadyň arzasynda goşmaça hakyň bellenmegi barada görkezilmegi hökmany şert däldir.

Türkmenistanyň tebigi we klimat şertleri pensiýalara goşmaça hak bellemeklige esaslary döredýär. Ýagny, ýurdumyzyň klimat şertleri aşakdaky ýagdaýda şeýle netijä gelmäge mümkinçilik berýär:

1). Klimatyň kontinental şerti;

2). Yssylygyň ýokary derejesini aňladýan jöwzanyň has ýokarylygy we uzaga çekýändigi;

3). Relýefi sährallyk tutýan böleginiň esasy medeni zona bolup durýandygy, şu zonada- zolakda hem epgegiň (gyzgyn ýel) ýygy-ýygydan bolýandygy, ekerançylyk işiniň esasy böleginiň şu zonada amala aşyrylýandygy;
4). Ekerançylygyň medeni zonada ýörite irrigasion ulgam boýunça alnyp barylýandygy,
5). Türkmenistanyň köp bölegini Garagum çölüniň tutýandygy, şu çölde jöwzanyň iň ýokary derejededigi, dymyk, gurak howalydygy, tozanly, gezme-tüweleýli ýelleriň, harasatlaryň, epgekleriň dowamly we uzak, ýygy-ýygydan bolýandygy, bu şolagyň ýurduň esasy maldarçylyk, ýol, ulgam geçiriji zolagyň, geologiýa gözleg bazasy bolup durýandygy, esasy tokaý zolagy we haýwanat dünýäsiniň tebigy gory bolup durýandygy,
6). Türkmenistanyň meýdanynyň takmynan orta gürpünde (uzboýuň ugrunda) Gyr diýlip atlandyrylýan ýarymçöllügiň ýerleşýändigi, onuň ýurduň demirgazygyna uzap gidýändigi, bu sebtde gurak-dymyk howanyň, epgegiň has ýokarydygy, gyşyna sowukdygy, has goýy (gözýetim 30 sm.-100sm.) ümürlidigi, garyň has köp saklanýandygy;
7). Türkmenistanyň günorta bölegini Köpetdagynyň, demirgazyk, günbatar böleginde Uly Balkan, kiçi Balkan daglarynyň, gündogar-günorta bölegini Köýten dagynyň tutýandygyny, daglaryň baýyrlyk we açyk ýerleriniň howasynyň dymyk-gurakdygy;

Türkmenistanyň şeýle klimatly ýerlerinde ýerine ýetirilýän önümçilikleriň zähmet şertleri gös-göni şol klimat şertlerine bagly bolup durýar. Şol klimat şertleriniň özi şol şol şertlerde zähmet çekýän adamynyň hünär keseli bilen kesellemek mümkinçiligini artdyrýar we şeýle netijäde getirip bilýär.

Klimat şertleriniň astynda bolan önümçilikleri umumy kysymdaşlygy boýunça şu aşakdakylar diýip hasaplamak bolar:

1. Oba hojalyk önümlerini öndürmek we oba hojalyk işlerini ýerine ýetirmek bilen bagly önümçilikler;
2. Tebigy ýerasty şertlerde işlenýän önümçilikler;
3. Hemişelik çyglylyk şertlerinde alnyp barylýan önümçilikler;
4. Gurluşyk işleri bilen baglanyşykly meýdan we açyk howa şertlerinde alnyp barylýan önümçilikler;
5. Geologiýa, gözleg-ylmy barlag, arheologiki ekspedision işler we önümçilikler, metreologiýa, synag we beýleki ylmy-tejribe (epidemiologiýa, biologiki, zoologiki we ş. m.) maksatly meýdan we açyk howa şertlerinde alnyp barylýan önümçilikler;
6. Aýratyn goralýan tebigy çäklerde we taryhy ýadygärlikler toplumlarynda açyk howa şertlerinde alnyp barylýan işler;
7. Açyk klimat şertlerinde alnyp barylýan beýleki önümçilikler we işler;

Ýokarda görkezilen ulgamlara girýän önümçiliklerde işlenendigi we işleriň ýerine ýetirilendigi üçin, iş döwrüniň esasy bölegini şol ýerlerde işläp geçiren we pensiýa bellenen raýatlaryň pensiýalaryna goşundy bellemek ýerine düşen durmuş üpjünçilik ynsanperwerligidir. Şeýle işlerde zähmet çeken raýatlar pensiýasyna goşundy bellenmegine, şonuň esasynda ýokarlandyrylan pensiýa doly mynasypdyrlar, şol bellenýän goşundyny olaryň durmuş taýdan üpjünçiligini, şol sanda durmuş hyzmatyny almaklaryna ujypsyzja artykmaçlyk bermek diýip hasaplamak bolar. Adatça, açyk klimat şertlerinde işleýän

raýatlara olaryň alyp barýan önümçilikleriniň we işleriniň häsiýetine görä, umumy esaslarda bellenýän pensiýa berilýär. Klimat şertleriniň astynda işlenýän ýerasty işlerde we açyk ýa-da ýapyklygyna garamazdan, dag-magdan işlerinde işleýänlere zähmetiň zyýanly we aýratyn agyr şertleri üçin ýeňillikli şertlerde pensiýa bellenýär. Gös-göni klimat şertlerinde işlenýän işlere degişlidigine garamazdan, ýerasty ýa-da beýleki dag-magdan işlerinde zähmetiň zyýanly şertlerini we aýratyn agyr şertlerini aradan aýyrmak mümkinçiligi ýokdur. Ylaýta-da, bu önümçiliklerde tebigy taýdan zäherli gazlaryň öz-özünden bölünip çykmagy, ýanmagy, radiasion şikeslenmek howpy, opurylmak, çökmek we ş. m. beýleki adamyň jany üçin howplary has ýokarylygyna saklanýar. Beýleki açyk klimat şertlerinde alnyp barylýan önümçiliklerde we işlerde işleýänlere zähmetiň aýratyn agyr şertleriniň ýoklugy sebäpli, ýeňillikli şertlerde pensiýa bellenmeýär. Bu önümçiliklerde we işlerde çekilýän zähmet aýratyn agyr şertlerde alnyp barylýar diýlip hasaplanmaýar. Şeýle hem, olarda arassaçylaga garşy şertleri, zähmetiň zyýanly şertlerini aradan aýyrmaklyga tebigy mükinçilikler bar diýlip, hasap edilýär. Açyk klimat şertlerinde alnyp barylýan önümçilikleriň we işleriň zyýanlylygy we agyrlygy işlemek mümkin bolan iş döwrüni işläp geçirmäge- zähmet çekmäge päsgelçilik bermeýär, ýüze çykýan zyýanly we agyr şertleri durmuş şertlerini döretmek bilen bellibir derejede aşakladyp bolýar. Şeýle-de bolsa, olaryň ýerine ýetirýän işleri iş wagtlaryny bellibir kada salyp bolýan işler däldir. Olaryň işleri mydamalyk dartgynlylykda geçýär, hatda olaryň wagtly-wagtynda naharlanmagy, gysga wagtlyk arakesmeleri, dynç

almaklary, uklap dynç almak üçin wagtlary, wagtly-wagtynda öz-özüne şahsy-gigiena (ýuwunmak, saç-sakal timary, çalşyrynmak we ş. m. ) taýdan hyzmat etmek, oý-pikir seljermeleri üçin wagtlary örän dartgynly ýagdaýda saklanýar, beýleki tebigi netijeler hem olaryň üstüne urna bolýar. Şeýle-de olaryň işleriniň aýratynlyklaryna görä, agyrlyklary süýşürip äkitmek, ýüklemek-düşürmek, daşamak bilen bagly işleri, dört pasyldaky ähli tebigi , açyk klimat şertlerinde amala aşyrýandyklaryny, inçeligi, uzak dümtünip işlemekligi, birsyhly monýowrlary talap edýän işleriň açyk howa şertlerinde ýerine ýetirýändiklerini nazardan sypdyrmak asla bolmaz. Her hal, bu önümçiliklerde zähmet şikesini almak howpy az bolsa-da, ahyrynda hünär keselini almak howpuny aradan aýyrmak mümkin däldir. Umumy şertlerde pensiýa bellenýän şeýle şertlerde işlän raýatlaryň pensiýasyna goşundy bellemekligi bir tarapdan, uzak wagtlyk çeken agyr zähmetleri üçin ýeňillikli şertleriň bir böleginiň öwezini dolmak hökmünde garalsa-da, ýalňyşlyk däldir.

Açyk klimat şertlerinde işländigi sebäpli, pensiýalara goşundy bellemek üçin ony tassyklaýaýan subutnamalaryň bolmagy hökmandyr we olar goşundy bellemegiň hukuk şertleriniň biridir. Umuman, bu goşundyny bellemegiň hukuk şertleri şulardyr:

a). Açyk klimat şertlerinde işlenýän işleriň, kärleriň we wezipeleriň sanawyna raýadyň ýerine ýetiren işiniň, käriniň, wezipesiniň degişli bolmagy;

b). Raýadyň şeýle işlerde, kärlerde we wezipelerde işländigini tassyklaýan subutnamalaryň bolmagy;

Pensiýa möçberine goşundy bellemek üçin talap edilýän subutnamalar şular bolup biler:

1. Raýadyň işlän ýeriniň oba hojalyk sebtine degişlidigi baradaky kepilnama;
2. Açyk klimat şertlerde işländigini subut edýän işe kabul etmek, işe geçirmek we iş saparlaryna ugratmak, işden boşatmak baradaky buýruklardan göçürme; zähmet depderçesi;
3. Ekspedision iş, gözleg, ylmy-barlag, synag-tejribe geçirmek baradaky, ekspedisiýalara onuň düzüminde gatnaşandygy baradaky buýruklardan we gaýry tassyklaýjy resminamalardan göçürme;

Şu subutnamalar bilen tassyk bolan ýagdaýynda ýokardaky pensiýa goşundy bellenip bilner. Şunda, pensiýalara goşundy ozal raýadyň açyk klimat şertlerinde işlän zähmeti üçin koeffisent tölenendigine ýa-da tölenmändigine garamazdan, bellenýär. Açyk klimat şertlerinde işländigi üçin raýadyň pensiýasyna goşundy bellemek garrylygy boýunça pensiýa bellenýän mahalynda amala aşyrylýar. Goşundynyň möçberi tablisada bellenen tertibe laýyklykda, işlän ýyllarynyň möçberine, zähmet şertleriniň derejesine bagly bolup durýar, şeýle hem, bu goşundy kanunda kesgitlenen iň ýokary pensiýa möçberinden geçýändigine ýa-da geçmeýändigine seretmezden, bellenýär. Eger raýadyň pensiýasyna başga goşundy almaga hukugy bar mahalynda, raýat bellenmeli goşundylaryň haýsy hem bolsa birini özüne amatly bolan derejede saýlap almaga hukuklydyr.

Zähmetiň zyýanly we aýratyn agyr şertleri üçin ýeňilleşdirilen şertlerde pensiýa bellemekligiň göz öňünde tutulandygy sebäpli, şeýle esas bilen bellenilen pensiýa goşundy bellenmeýär. Goşundynyň bellenmezligi beýleki ýeňillikli pensiýalara-da degişlidir.

Pensiýalara açyk klimat şertlerinde goşundy bellemekden başga-da, başga görnüşlerdäki goşundylary ýa-da goşmaçalary bellemekligi ulanmak mümkinçiligi-de bar. Ol goşundylar (goşmaçalar) şular bolup biler:

1). Iş döwrüniň möçberi bilen bagly bolan pensiýa möçberine goşundy bellemek.

a). Umumy iş döwrüniň köplügi sebäpli,

b). Üznüksiz iş döwrüniň köplügi sebäpli.

2). Pensiýa bellenýän raýadyň eklenjinde zähmete ukypsyz maşgala agzalarynyň barlygyna bagly bolan pensiýa möçberine goşundy bellemek;

Pensiýa möçberine goşmaça möçberiň bellenmegi pensiýanyň iki bölekden ybarat bolmagyna getirýär. Ýagny, ol esasy pensiýa möçberi we goşmaça pensiýa möçberine bölünýär hem-de onuň umumy möçberi pensiýanyň iş ýokary möçberinden ( 2 mln. 420 müň manat- demonirlenen möçberi 484 manat.) geçmeýär. Bu pensiýa hasaplama usuly esasan, garrylygy (ýaşy) boýunça pensiýa bellenende ulanylýar we ýeňillikli şertlerde pensiýa bellenende ulanylmaýar. Munuň sebäbi, ýeňillikli şertlerde pensiýa bellenende umumy esasda pensiýa bolan hukugy kesgitleýän iş döwründen we ýaşyndan kemilýändigi, şonuň netijesinde goşmaça belläp boljak ortaça iş döwrüniň möçberiniň emele gelip bilmeýändigi bilen baglanyşyklydyr. Diýmek pensiýa goşundy bellemek iş döwrüniň dowamlylyk derejesine baglydyr. Eger goşmaça üznüksiz iş döwrüniň dowamlylygy sebäpli bellenýän bolsa, onda onuň umumy kesgitlenen iş döwrüniň (25, 20) ýarysyndan (12 ýyl 6 aý, 10 ýyl) ýokarda bolmalydygy düşnüklidir. Goşmaça umumy iş döwrüniň Pensiýa bellemek üçin kesgitlenen möçberden köpdügi sebäpli

bellenmekçi bolsa, onda iş döwri umumy kesgitlenen möçberinden (25, 20ýyl) aňryk geçmelidir we goşmaçany azyndan 10 ýyl artyk iş döwri bolan adama bellemek mümkin.

Üznüksiz iş döwri ýa-da umumy iş döwri üçin belleňýän goşmaça bilen bilelikde pensiýanyň umumy möçberi pensiýanyň bellenip bilinjek ortaça möçberinden az, iň ýokary möçberinden köp bolmaýar. Eger-de pensiýa bellenen goşundynyň möçberine goşmaça pensiýanyň möçberi deň gelýän bolsa, raýadyň islegine görä, olaryň haýsy hem bolsa, birini almaga hukugy bolmalydyr.

Pensiýanyň şu usulynda esasy we goşmaça böleginiň emele gelmeginiň sebäbi, goşmaçanyň pensiýany hasaplamagyň şertlerine uýgunlaşdyrylýandygyn-dan gelip çykýar.Ýagny, pensiýanyň esasy bölegi, pensiýa möçberini hasaplamak üçin alynan zähmet hakynyň bellibir göterim böleginden ugur alnyp hasaplanýanýar, pensiýanyň goşmaça bölegi bolsa, üznüksiz iş döwri ýa-da umumy iş döwri üçin bellenýän goşundydan emele gelýär.

Umuman, iş döwrüniň üznüksizligi ýa-da umumy iş döwrüniň köplügi üçin bellenýän goşundy nähili emele gelmeli? Bu goşundy üznüksiz iş döwrüniň pensiýa bellemek üçin kanunçylykda kesgitlenen umumy esaslardaky 25, 20 ýyl iş döwrüniň ýarysyndan geçýän 25, 20 ýylyň tamamlanmagyna çenli aralykdaky üznüksiz döwri üçin soňky zähmet hakynyň bellibir göteriminiň (2, 5, 10, 15%) goşundy bellenmegi bilen emele gelip biler. Şeýle-de, bu goşundyny umumy iş döwrüniň umumy esaslarda pensiýa bellemek üçin kesgitleýän 25, 20 ýylyndan ýokary geçýän bölegi üçin soňky zähmet

hakynyň bellibir göterimini (2, 5, 10, 15%) goşundy bellemek bilen emele getirmek bolar.

Hakykatda, goşundy raýada bellenen pensiýanyň möçberiniň bellibir göteriminde bellenmelidir. Diňe şonda ol pensiýa goşundy bellemekligi aňladýar. Pensiýa bellenen goşundy eger ol özüniň doly manysyna eýe boljak bolsa, onda raýada bellenen pensiýanyň kanunda kesgitlenen iň ýokary möçberinden geçýändigine ýa-da geçmeýändigine garamazdan, tölenmelidir. Iş döwri bilen bagly pensiýa bellenýän goşundylar, raýadyň zähmet terjimehalynyň uzaklygy, kanun boýunça kesgitlenen kadadan zähmetiniň-de, iş döwrüniňde artykdygy-zähmet borçnamalarynyň bellenen kadadan-da ep-esli derejede ýokary ýerine ýetirilendigi üçin bellenýär ahyry.

Pensiýalara goşundy bellemekden başga-da, goşmaça bellemek düzgünini girizmek hem mümkin. Eýsem, goşundy bilen goşmaçanyň tapawudy näme?

Hakykatda, „goşundy“ we „goşmaça sözleri“ manydaş sözler. Emma hukuk jähdinden alanyňda, goşundy „esasa“ onuň talap edýän şertleriniň berjaý edilmegini üpjün edýän we ondan bölünip aýrylyp bilmeýän hem-de bilelikde hemişelik hereket edip, üstüni dolduryjy häsiýeti bilen goşulýan kömekçi serişdedir. Goşmaça bolsa, bellibir ýuridiki faktyň emele getiren ýagdaýlarynyň dowam edýän döwründe hereket edýän, şoňa görä üýtgäp durýan we bes edilýän häsiýetde esasa goşulýan kömekçi serişdedir. Meselem, pensiýa goşundy açyk klimat şertleri, iş döwürleri bilen bagly bellenende, pensiýa möçberini hasaplamagyň usuly hökmünde ulanylanylanda, goşundy ESASdan- bölüp aýryp bolmaýan serişde bolup durýar. Bu döwlet sylaglary bilen baglanyşykly pensiýasyna goşmaça

tölemek ýagdaýynda hem şeýledir. Eger pensiýa goşmaça bellemek zähmete ukypsyz maşgala agzalary bilen baglanyşykly bolsa, onda maşgala agzalarynyň sanynyň üýtgemegi bilen goşmaçanyň möçberi kiçelip ýa-da ulalyp biler, maşgala agzalarynyň zähmete ukyplylygynyň dikeldilmegi bilen goşmaça tölemek bes edilip bilner. Şeýlelikde, goşundy bellenen şertler bolan ýagdaýynda kesgitli-üýtgewsiz möçberde bellenýär. Ony gaýtadan hasaplamak hem pensiýany gaýtadan hasaplamak üçin dörän esaslara laýyklykda, amala aşyrylýar. Goşmaça bolsa, eklençdäki zähmete ukypsyz maşgala agzalarynyň sanyna baglylykda kesgitlenýär we üýtgäp durýar. Ony gaýtadan hasaplamak pensiýany gaýtadan hasaplamagyň esaslary bilen-de, şonsuz maşgala agzalarynyň sany bilen-de bagly bolup biler.

Görşümiz ýaly, Pensiýa goşmaça bellemek raýadyň eklenjinde zähmete ukypsyz maşgala agzalarynyň barlygy sebäpli-de, bolmagy mümkindir. Goşmaça pensioneriň eklenjinde zähmete ukypsyz maşgala agzasynyň sanyna görä, olaryň hemmesi üçin umumy möüberde bellenmelidir. Ýöne onuň takyk möçberi kesgitlenmelidir. Eger maşgalada bir sany eklenip bilmeýän adam bar bolsa, pensiýanyň ortaça möçberiniň 10%-i, olar iki we ondan köp bolsalar, 15%-i möçberinde bellemek mümkin.

Bu görnüşdäki goşmaça işlemeýän we maşgalasynda işe ýarowsyz, özbaşdak eklenip bilmeýän agzasy bar adamlaryň pensiýasyna bellenýär we şunda ol pensiýanyň möçberine hasaplanmaýar. Goşmaça bellenen möçberi pensiýanyň üstüne tölenilýär.

Işlemeýän raýatlaryň pensiýasyna bu goşmaça tölegi tölemek ýerlikli bolup çykýar. Sebäbi Türkmenistanyň

kanunçylygyna laýyklykda, pensiýalardan we beýleki durmuş üpjünçilik görnüşlerinden girdeji salgytlary we beýleki salgytlar tutulmaýar. Şoňa görä-de, „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň bütewi kanunynyň 188-nji maddasynyň 1-nji bölüminiň „d“ bendinde göz öňünde tutulan salgyt binýadynyň möçberindäki salgytlardan aýyrmalar olar üçin hukuk obýekti bolup bilenoklar. Şu ýerde-de, işlemeýän raýatlaryň pensiýasyna goşmaça tölegiň häsiýeti gelip çykýar. Işe ýarawsyz maşgala agzalarynyň ekleýjisi bolup durýan adamynyň pensiýa çykmagy bilen salgytlardan aýyrmalar göz öňünde tutulan zähmet hakynyň deregine, salgytlar asla tutulmaýan pensiýasyny alýar. Ýagny,
goşmaça maşgalanyň eklenip bilmeýän agzalaryny ekläp-saklamak üçin durmuş goldawy hökmünde tölenýär. Salgyt töleýji bolup durýan mahaly, raýadyň pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň ýa-da saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň möçberinde (2%) salgyt aýyrmasyna bolan hukugyndan peýdalanýan halatynda [1], salgyt aýyrmalary sebäpli, girdejiniň artýan böleginiň möçberi goşmaçanyň möçberine barabar bolsa, onda işlemeýän maşgala agzasy üçin bu görnüşdäki goşmaça kanun
boýunça ulanyşdan galdyrylyp bilner. Ýöne goşmaçanyň möçberi salgytdan aýyrmadan alnan girdeji möçberinden az bolup çyksa ýa-da barabar bolsa, bu goşmaçany ulanyp bolar. Şonuň üçin hem, şuňa meňzeş ýagdaýlar ýüze çykjak bolsa, kanunçylykda olar özleriniň şertlerine baglanýan kada boýunça ulanylýar. Bu iki kanunçylyk kadasynyň barabarlygyny ortaça zähmet hakynyň göwrüminiň ölçeginde we ortaça pensiýa göwrüminiň

ölçeginde aratapawudy kesgitlemek bilen anyklap bolar. Meselem:

[1] Salgytlar hakynda Türkmenistanyň bütewi kanunynyň 188-nji maddasynyň 2-nji bölegi.    233 sah.

| Ortaça aýlyk (manat) | Ortaça pensiýa (manat) | Girdejiden aýyrma (manat) | | Pensiýa goşmaça (manat) | | Aýyrmanyň goşmaçadan köp çykýan aratapawudy | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Bir adam | Iki we ondan köp adam | Bir adam | Iki we ondan köp adam | Bir adam | Iki we ondan köp adam |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| 735 | 425 | 68 | 136 | 42,5 | 63,75 | 25,5 | 72, 5 |
| 520 | 330 | 46,5 | 93 | 33 | 49,5 | 13, 5 | 43, 5 |
| 330 | 195 | 27,5 | 55 | 19,5 | 29,25 | 8 | 25,7 |

(Pensiýa goşmaça bellenen pensiýanyň möçberiniň 10%, 15%-i hasabynda hasaplandy; Zähmet hakyndan aýyrma ortaça aýlyk iş hakyndan salgyt binýadyny aýryp, ondan galan möçberden salgyt möçberiniň (10%) göterimine bölmek we bir adam üçin çykan aýyrma möçberini şol möçbere goşmak (55+55 manat) ýoly bilen hasaplanyp alyndy) ;

Şeýlelikde, aýyrmalaryň durmuş girdejisiniň möçberi pensiýa goşmaçanyň möçberinden ep-esli artyk bolup çykýar. Şonuň üçin-de, pensiýa goşmaçanyň bu görnüşi hukuk ulanylyşyna girizilmän biler. Eger-de, pensiýa goşmaçanyň bu görnüşi herekete giriziljek bolsa, onda ortaça zähmet hakyndan pensiýanyň ortaça möçberiniň takmynan 25-30% az bolýandygy, onuň zähmete ukypsyz

maşgala agzasy bolan ekleýjiniň sarp edijilik (satyn alyjylyk, töleýjilik) ukybyny peseldýändigi nazara alynmalydyr. Zähmete ukypsyz maşgala agzasynyň barlygy üçin berilýän pensiýa goşmaçany pensiýanyň ýokary möçberiniň çäklerinde we pensiýasy hasaplanan zähmet hakynyň doly doly möçberiniň (100%) çäklerinde bellemek düzgüni hakykatda pensioneriň maddy üpjünçiligini kanagatlandyrýar. Ylaýta-da, pensiýa bilen goşundynyň möçberi goşulanda, olaryň umumy möçberiniň raýadyň pensiýasy hasaplanan ortaça zähmet hakynyň möçberine barabar bolmagy kanagatlanarly netijedir. Sebäbi münuň özi raýadyň ozalky zähmet hakyny doly sakamagyny aňladýar.

Pensiýa goşmaça işe ýarawsyz maşgala agzalarynyň barlygy sebäpli bellenýän bolsa, bir maşgalada iki pensioneriň bolan ýagdaýynda, bu goşmaça olaryň diňe biriniň pensiýasyna bellenýär. Sebäbi şeýle goşundy işe ýarawsyz maşgala agzalary üçin umumy kesgitlenen möçberde bellenýär. Iş döwri bilen baglanyşykly goşmaça bellenen pensiýa, zähmete ukypsyz maşgala agzasy üçin 2-nji goşmaçany pensioneriň işlemeýän ýagdaýynda bellemek mümkindir. Ýöne üznüksiz iş döwri üçin goşundy bellenen pensiýa, umumy iş döwri üçin goşundy bellemek bolmaýar. Ýagny, şeýle goşundylary almaga bolan hukuklaryň ikisiniň hem bar ýagdaýynda, olaryň haýsam bolsa birini saýlap almalydyr.

Elbetde, ýokarda belleýşimiz ýaly, pensiýanyň goşundy bilen bilelikdäki umumy möçberiniň pensioneriň pensiýasy hasaplanan zähmet hakynyň möçberine deň gelmegi-de, döwlet durmuş goldawynyň ýokary derejede üpjün edilmegi bolup durýar.

# IV- BAP. DÖWLET ÇAGA PULLARY BOÝUNÇA DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGI

## § 1. Ýalňyz eneleriň çagalaryna döwlet kömek pullarynyň bellenmegi.

Döwlet çaga pullary çaganyň doglanlygy we oňa seredilýändigi üçin çaganyň özüne bellenýän, emma onuň kanuny wekiline (ene-atasy, perzentlige alanlar, hossarlar-howandarlar, beýleki garyndaşlar: doganlar, uýalar, garry ata-eneler we b.) tölenýär. Şunda kömek puly ony hakykat ýüzünde terbiýeleýän adama tölenýär we çagany terbiýeleýjiniň maşgala hojalygy boýunça är-aýal gatnaşygyndadygy ýa-da onuň çaga ýalňyz ekläp-saklaýjy ene-ata gatnaşygyndadygy nazarda tutulmaýar, şeýle hem, döwlet çaga pulunyň möçberi bu faktlara bagly däldir. Ýagny, döwlet çaga pullary boýunça durmuş üpjünçiliginiň berilmegine adamynyň ýalňyz ene derejesinde bolmagy päsgelçilik däldir we hatda, haýsydyr bir çäklendirmä-şert bellemeklige esas döretmeýär. Çaganyň dogulandygy üçin berilýän birwagtlaýyn baýrak görnüşindäki çaga puluny, çaganyň üç ýaşamagyna çenli döwlet kömek puluny bellemek üçin, çaganyň dogluş şahadatnamasy we umumy esaslarda talap edilýän beýleki resminamalaryň bolmagy ýeterlikdir. Ýagny, Türkmenistanyň kanunçylygynda ýalňyz eneden doglan çaga üçin kömek puly tapawutlandyrylmaýar.

Şonuň üçin hem durmuş üpjünçilik hukugy boýunça enäniň ýalňyz ene bolmagy çaganyň öz çagasydygyny tassyklamak üçin käbir prosessual talaplary döretmeýär. Ýalňyz ene bu kömek pullaryny almak üçin, umumy

esaslarda talap edilýän esasy we goşmaça resminamalary durmuş üpjünçilik edarasyna tabşyrmagy ýeterlikdir.

Türkmenistanyň durmuş üpjünçiligi kanunçylygynda ýalňyz ene bolup durýandygy üçin döwlet çaga pullaryny almakda artykmaç hukuk ýa-da ýeňillik bermek arkaly olaryň „ýalňyz ene“ hukuk derejesi ileri tutulmaýar, olara-da, Türkmenistanyň raýatlaryna kepillendirilen we berilýän durmuş üpjünçilik hukuklary hemmelere deň derejesinde üpjün edilýär. Munuň özi durmuş üpjünçiligi hukugynda iňňän dogry kanunalaýyklykdyr. Sebäbi „ýalňyz ene“ derejesiniň ileri tutulmagy türkmen döwletiniň-türkmen jemgyýetiniň ileri tutýan maşgala berkligini, türkmen halkynyň milli özboluşlylygyny goraýan (maddy we maddy däl gatnaşyklarynda: emläge eýeçilikde we mirasda ynsanperwerlik, adalatlylyk, deňhukuklylyk; at-abraý, mertebe, ar-namys, hormat-sylag, edep-ekramlylyk we ş. m.) maşgala durmuşyny-maşgala gatnaşyklaryny gowşadýar, türkmen jemgyýetiniň ahlak päkligini, ahlak-jemgyýetçilik psihologiýasyny milli ekiki-estetiki terbiýasinden çykarýar. Durmuş üpjünçiliginde „ýalňyz ene“ derejesiniň ileri tutulmagy maşgala gurmazdan, durmuş üpjünçilik hukugyndan artykmaçlykly şertlerde peýdalanylmagyna, şonuň netijesinde beýleki maşgala agzalary bolup durýan raýatlaryň hukuklarynyň kemsidilmegine, jemgyýetde maşgala gurmazdan-da, ýaşasa boljakdygy, hatda artykmaçlyk hem alyp boljakdygy baradaky garaýyş döreýär. Beýle ýagdaýlaryň ahyrsoňunda nirä baryp ýetýändigini jemgyýetçilik filosofiýasy açyp görkezýär.

Şu ýokardaky sebäplere görä, ýalňyz ene diýen derejä (statusa) örän seresaply çemeleşmelidir we

hemmetaraplaýyn öwrenmelidir, „ýedi ölçäp, bir kesmelidir“. Elbetde, „ýalňyz ene“ derejesindäki adama ýeňillikli hukuklary bermek mümkin. Sebäbi durmuşda adam ykbalynyň ýazgydy dürli-dürli bolýar. Şol ykbalyň häsiýetine görä-de, ýalňyz ene bolmak ýagdaýyny kesgitlemelidir. Eýsem, ýeňillikli hukuklar berlip bilinjek ýalňyz ene kim bolmaly?

„Ýalňyz ene“ derejesini bermek üçin şu ýagdaýlary öwrenmelidir:

- Ol raýat (faktiki) nikasynda hem, ýuridiki nikada hem durmaýan adam bolmaly;
-Çagasyny ýalňyzlykda ekläp-saklap, terbiýeleýän bolmaly;
- Çagany perzentlige alyp, ony ýalňyzlykda ekläp-saklap, terbiýeleýän bolmaly;
- Jemgyýete peýdaly zähmet (şol sanda, telekeçilik, oba hojalyk önümini öndürmek, raýat-hukuk borçnamalaryny: eneke, öý hyzmatçysy we ş. m. işleri ýerine ýetirmek) bilen meşgullanmakdan başga, girdeji çeşmesi bolmaly däl;
-Ozal ýuridiki nikada durup, kazyýet tertibinde nikany bozan adam bolmaly däl;
-Kazyýet tertibinde nikany bozandan soňra, barlyşyp, raýat nikasynda är-aýal bolup ýaşaýan bolmaly däl;
-Maddy-durmuş derejesi boýunça az üpjünçilikli ýagdaýda bolmaly;
-Ozal ene-atalykdan mahrum edilen adam bolmaly däl;
-Ozal galp nikada durandygy sebäpli, nikasy hakyky däl diýlip tapylan adam bolmaly däl;
-Ýuridiki ýa-da raýat nikasyny azyndan üç gezek bozan adam bolmaly däl;
-Çagany ekläp-saklamaga we terbiýeläp ýetişdirmäge gyzyklanýan adam bolmaly;

- Çaga üçin aliment almaga degişli ýagdaýy bolmaly däl ( aliment almak üçin atasy kesgitlenen bolmaly, atasy kesgitlenen çaga ýalňyz enäniň çagasy hökmünde çaga puly bellenip bilinmez);

Kanunçylyk ýalňyz enä ýeňillikli hukuklary bermekligi göz öňünde tutmakçy bolsa, onda ilki bilen şu ýokardaky ýagdaýlaryň anyklananmagyny hukugy kesgitleýän şertler hökmünde bellemelidir. „Ýalňyz ene“ derejesi aslynda nähili anyklanýar? Maşgala kanunçylygyna laýyklykda, atalygy kesgitlenmedik ýagdaýda doglan çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasynda atasynyň görkezilmezligi ýa-da enäniň görkezmesi boýunça atasynyň adynyň görkezilmegi we enäniň nikada durmaýanlygy bilen ýalňyz ene bolmak ýagdaýy anyklanýar hem-de kesgitlenýär. Ýagny, ýalňyz eneligi şu usulda anyklamak bilen kanagatlanylýar. Durmuşda bu usulyň kemçiliklerinden peýdalanylýan halatlaryna duş gelinýär. Ýagny, ýuridiki nikada durman, raýat nikasynda är-aýal bolup, bir hojalykda ýa-da aýry hojalykda ýaşaýan, maddy-durmuş ýagdaýy üpjün, hatda ýokary üpjün bolan aýallar özlerini ýalňyz ene hökmünde görkezýärler we dürli durmuş üpjünçilik (zähmet, kommunal hyzmaty, aragatnaşyk, prosessual we ş. m.) ýeňilliklerini alýarlar. Munuň özi „ýalňyz ene“ derejesiniň berilmegini kämilleş-dirmelidigini, ýörite resmileşdiriş basgançagynda amala aşyrylmalydygyny, dilden at bermäni bes etmelidigini görkezýär.

Ýalňyz ene diýmek üçin, oňa dereje-status berilmegi hökmandyr. Diňe şeýle statusy bolan adamynyň kanunçylyklarda olar üçin göz öňünde tutulan ýeňillikleri almaga hukugy bardyr. „Ýalňyz ene“ statusy bolsa

resmileşdirilen görnüşde berilmelidir. Bu resmileşdiriş prosesi iki bölekden ybarat bolup biler:
1). Raýadyň arzasy boýunça kazyýet tertibinde „Ýalňyz ene“ derejesiniň berilmegi we ony bermek hakynda çözgüdiň çykarylmagy;
(çözgüt arza berijiniň görkezmesi, şaýatlaryň görkezmesi, maddy subutnamalar, şol sanda, ýalňyz enäniň ýaşaýyş-durmuş derejesini, ýokarda görkezilen ýagdaýlaryň öwrenilendigi baradaky resminamalaryň esasynda çykarylýar.)
2). Kazyýetiň çözgüdi esasynda, Raýat ýagdaýy namalaryny ýazýan edara tarapyndan ýalňyz enä, „Ýalňyz ene“ derejesiniň berilendigi hakynda şahadatnamanyň berilmegi;

Şeýle şahadatnamasy bolan adam, ýalňyz ene diýlip hasaplanmalydyr we onuň kanunlarda göz öňünde tutulan halatlarda ýeňilliklerden peýdalanmaga hukuklary bardyr. Ýalňyz ene öz derejesini resmileşdireninden soňra, özi üçin ýeňillik göz öňünde tutulan kanunçylylygyň düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynda hukuk gatnaşyklaryna girişip biler. Käbir ýagdaýda ýalňyz enäniň arza bilen ýüz tutmagy we beýleki zerur bolan resminamalary degişli ýerine bermegi, käbir ýagdaýda bolsa (meselem, işe girilende, wezipe orny gysgaldylan ýagdaýynda we ş. m.) , degişli şahadatnamasyny görkezmegi we onuň nusgasyny bermegi talap edilýän hereket bolup durýar.

# V- BAP. EKLEÝJISIZ GALANDYGY ÜÇIN KÖMEK PULY

## § 1. Wagt çäklendirmeleri boýunça ekleýjisini ýitirenligi üçin kömek puluna bolan hukuk

Durmuş üpjünçilik kanunçylygynda hukugyň döremeginiň wagt çäklendirmeleri boýunça-da emele gelmegi nazarda tutulypdyr. Bu wagt çäklendirmeleri esasan, maşgala degişliligi anyklamak boýunça ulanylýar.

Maşgala degişliligi anyklamak bolsa, ekleýjini, eklençdäkileri, olaryň ekleýiniň eklenjinde bolandygyny ýa-da ondan ýaşamak üçin maddy kömek alandygynyň kanunylygyny üpjün edýän şertleriň barlygyny kesgitleýär.

Ýuridiki taýdan ykrar edilenden soňra, degişli hukuk döreýär.

Wagt çäklendirmeleri boýunça faktlary ykrar etmek resmileşdirilen nika we resmileşdirilmedik nika bilen baglanyşykly bolýar.

Eger çaga nikada duran adamyň aradan çykan gününden 10 (on) aýdan köp bolmadyk wagtyň içinde doglan bolsa, onda aradan çykan onuň atasy diýlip hasap edilýär. Çaganyň ekleýjiniň aradan çykmagyndan soňra dünýä inmegi degişli kömek puluny almaga bolan hukugyny ýitirmeýär.

Öňden belleýşimiz ýaly, nikanuň hakyky däl diýlip tapylmagy, galp nika döwründe doglan çaganyň hukuklaryny kesmeýär we ol çagalaryň hukugy hakyky nikada doglan çagalaryň hukugy bilen deňleşdirilýär.

Kanunçylykdaky käbir wagt çäklendirmelerine seredip göreliň: [1]

SSSR-iň 8. 07. 1944-nji ýyldaky Permanynyň (ukazynyň) çykmagyna çenli, formal nikada durmaýan ene-atadan doglan çagalaryň ekleýjisini ýitirenligi üçin kömek puluna bolan hukugy, eger aradan çykan ekleýji RÝNÝB-de degişli maglumatlar boýunça atasy diýlip hasaplanan ýagdaýynda, formal nikada duran ene-atalaryň çagalarynyň hukugy bilen deňleşdirilýär.

8. 07. 1944-nji ýyldan 01. 10. 1968-nji ýyla çenli aralykda, eger çaganyň ejesi ýuridiki (formal) nikada durmadyk bolsa, çaganyň atasy hakynda ýazgy edilmändir. Şol döwürde formal nikadan bolmadyk çagalar nikadan daşary doglan diýlip hasaplanypdyr we olar barada atalygygyň ykrar edilmegine ýol berilmändir.

Faktiki nikada durmak hukuk taýdan hiç hili hukuklary we borçlary ýüze çykarmandyr, ýagny bu nikada bolmak özüniň hukuk netijesini bermändir.

Ýöne käbir kadadan çykmalar ulanylypdyr. Ýagny, oň bile ýaşaşan döwründe çagasy bolan adamsy bilen nika baglaşmagy bilen çaganyň atasy RÝNÝB-e dogulyş hakynda ýazgylary hasaba alýan kitapda we çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasynda atasy hakynda ýazgy etmeklerini sorap, arza bilen ýüz tutan mahalynda, arza boýunça ýazgy etmek arkaly atalyk ykrar edilipdir.

01. 10. 1968-nji ýyldan bolsa, atalygyň RÝNÝB-de ykrar edilmegi ýa-da kazyýet tertibinde dikeldilmegi, şol çagalaryň hukuklaryny we borçlaryny öz ene-atalaryna we olaryň dogan-garyndaşlaryna bolan gatnaşykda nikada duran ene-atalardan bolan çagalaryňky bilen deňleşdirilýär.

Atalygy kesgitlemek işine seretmekden kazyýetiň ýüz döndermäge haky bolupdyr. 01. 10. 1968ý. öň doglan çagalara bolan atalygy kazyýet tertibinde dikeldilmändir,

diňe öň atasydygyny ykrar edýän ekleýji aradan çykanyndan soň, kazyýetiň aýratyn önümçiliginde atalygy dikeltmek işine seredilipdir.

Atalygy raýat ýagdaýynyň namalaryny ýazýan bölümlerinde ýa-da kazyýet tertibinde dikeltmegiň tertibi Nika we maşgala hakyndaky kanunçylykda düzgünleşdirilýär.

Durmuş üpjünçilik hukugynda atalygy kesgitlemegiň we garyndaşlyk ýagdaýyny kesgitlemegiň ähmiýeti, ekleýjini anyklamakdan, eklençdäkileriň onuň eklenjinde bolandygyny anyklamakdan, ekleýjiniň durmuşa ukyplylygyň esasy maddy çeşme bolandygyny, eklençdäkileriň ondan maddy kömek alandygyny anyklamakdan, anyklamagyň netijesinde fakty tassyklamakdan ybaratdyr.

Mysal üçin, Beýik watançylyk urşunda wepat bolanyň yzynda galan durmuşa çykmadyk aýalydygyny ýuridiki däl-de, faktiki nikada bolan bolsa, ýa-da ekläp-saklaýan hossary bolmadyk dogany bolsa, kazyýet tertibinde garyndaşlyk ýagdaýyny dikeltmegiň netijesi ekleýjisini ýitirenligi boýunça kömek puluny almaga bolan hukugy (şol sanda, durmuş üpjünçilik ýeňilliklerini) almaga döredýär.

Öňki sowet maşgala kanunçylygynda raýatlaryň maşgala gatnaşyklarynda perzentlige almak hukugy hemişe oňlanylyp durulmandyr. Muny aşakdaky kanunçylyk namasyndan hem bilmek bolýar.

RSFSR-ň 16. 09. 1918-nji ýylda kabul edilen „nika, maşgala we howandarlyk hakynda Raýat ýagdaýynyň namalary hakynda“ kanunlar kodeksiniň 183-nji maddasynda Perzentlige almak hukugy barada şeýle

diýilýär: „ şu kanunyň güýje giren pursatyndan ne öz ýakyn garyndaşlaryň, ne-de kesekileriň çagalaryny perzentlige almaga ýol berilmeýär. Şu kanunyň bellän pursatyndan soňra, islendik perzentlige almaklygyň geçirilmegi perzentlige alyjy we perzentlige alnan üçin hiç hili borçlary we hukuklary döretmeýär “ [2]

Elbetde, ýokardaky hukuk kadasy hukugyň döremegini wagt boýunça çäklendirmeýärem, şol çäklendirmäni hukugyň döremeginiň şerti edip goýmaýaram. Bu ýerde diňe kanuny hukukdan kesilýändigi barada gürrüň gidýär.

Raýadyň (adamyň) çagany perzentlige almak islegi kanuny islegdir. Kanuny islegini peýdalanmak hukugyndan mahrum etmek bolsa, bikanun hereketdir.

Eýsem perzentlige almaklygyň kanunylygy nämeden ybarat?

1. Perzentlige almaklygyň kanunylygy:

-Perzentlige almaklygyň sebäpleri (önelgesizlik, çaganyň hossarsyzlygy,),

-Perzentlige almaklygyň maksady (çagaly bolmak, mirasdüşer edinmek, ynsanperwerlik etmek: hossar-howandarsyz galan çagany ekläp-saklamak, terbiýelemek),

-Çaganyň bähbidi (ene-ataly bolmak, garyndaşly bolmak, hemişelik eklenç çeşmesiniň, maddy-ruhy goldaw we kömek çeşmesiniň bolmagy, terbiýe: edep-ekram, ylym-bilim almaga mümkinçilik we ş. m.),

-Perzentlige almaklygyň hukuk netijesi. (ene-ata we garyndaşlyk boýunça maşgala hukuk gatnaşyklarynyň,

[1-2] Право социального обеспечения. М. 1989 г. 157-165 sahypalar; soňky 159-njy sahypada

hukuklaryň we borçlaryň döremegi, şahsy gatnaşyklaryň döremegi. Mysal üçin, birek-biregi ekläp saklamak borjy, maddy kömek almak hukugy, miras hukugy)

Onda onuň bikanundygy nämeden ybarat?

2. Perzentlige almaklygyň bikanunlygy:

- Perzentlige almaklygyň maksadynyň galplygy (Haýsydyr bir hukuk gatnaşygyna girmek üçin edilýän kanuny talap boýunça dörän päsgelçiligi hakyky maglumaty ýa-da ýagdaýy gizlemek bilen aradan aýyrmak. Ol ýa-da başga bir bikanun islegini kanagatlandyrmak, Mysal üçin, kazyýete berilenlik aýby bolan garyndaşlyk gatnaşygyny ýatyryp, bu aýby bolmadyk maşgala agza bolmak, ýaşaýyş jaý meýdanyny edinmek, emläge eýe bolmak)
- Perzentlige almaklygyň çaganyň bähbidine ters gelmegi (çaganyň öňki ene-atasyndan geçen mirasyň umumy eýeçilige öwrülmegi, çagany öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin ulanmagy, çaganyň zähmetiniň netijesini elinden almagy, çagany aldaw ýoly bilen öz maksadyna gönükdirmek we ş. m.)
-Perzentlige almaklygyň galplygy (perzentlige alyjynyň çagany öz maksadyny amala aşyrmagyň guraly we serişdesi hökmünde ulanmagy, hukuk gatnaşygynyň galp maksadyň amala aşmagyna çenli wagtlaýynlygy )
- Galp perzentlige almaklygyň hukuk netijesi (bikanunlygy, şonuň netijesinde perzentlige almaklygyň hakyky dälligi, şonuň netijesinde öňki hukuk ýagdaýynyň dikelmegi)

Ýokarda bellenip geçilen hukukdan kesmek-gadaganlyk 01. 03. 1926-njy ýyldaky „ Nika, maşgala we howandarlyk hukugy, Raýat ýagdaýynyň namalary hakynda kanunlar kodeksine üýtgetmeleri hakynda“ RSFSR-ň BMIK we HKS-niň dekreti esasynda, bes edilýär

we perzentlige alanyň we perzentlige alnanyň hukuk derejesi ganybir garyndaşlyk boýunça ene-atanyň we ogul-gyzyň hukuklaryna deňleşdirilýär. Munuň özi, olaryň durmuş üpjünçiligine bolan hukugyny hem üpjün edýär.

Umuman, hukukdan kesmek haýsydyr bir döwrüň dowamynda şol hukugy ulanyşdan galdyrmaklygy aňladýar.

Bu ýagdaýyň özi wagt çäklendirmeleri diýen düşünjäni döretmeýär.

Wagt çäklendirmeleri- bu ol ýa-da beýleki faktyň öňki döwürdäki dowam eden häsiýetiniň kanuny bolandygy sebäpli, täze kesgitlenen wagta çenli bolanlarynyň täze kanun boýunça kanuny diýlip ykrar edilmesi, täze kanunyň güýje gireninden soňky bolan faktyň bolsa, täze kanunda bellenen tertip boýunça ykrar edilmesi ýa-da inkär edilmesidir. Mysal üçin, adat boýunça baglaşylan nika jemgyýetçilik gatnaşyklarynda kanuny nika hökmünde garalypdyr we ony döwlet edaralarynda resmileşdirmek düzgünleşdirilmändir ýa-da ýeterlik bolmandyr, şeýle hem guramaçylyk-dolandyryş gurluşy we ulgamy döredilmändir. (mysal üçin, RÝNÝB) Şeýle hukuk ýetmezçilikleri sebäpli, jemgyýetçilik gatnaşyklary boýunça hereket eden nikany kanuny diýip ykrar etmek zerur bolupdyr, hukugyň we döwlet edara ediş strukturalarynyň kämilleşmegi bu „kemçilikleriň“ aradan aýrylmagyna ýa-da kanunda nazarda tutulmadyk hukuk meseleleriniň çözülmegine getirip, bu çäklendirmeleriň üsti bilen döwür ikä bölünip, öňkini ykrar etmek arkaly ony täzesi bilen hukuk netijesini deňleşdirmek tertibinde ýüze çykan gatnaşyklar kadalaşdyrylýar.

Wagt çäklendirmeleri diňe bir öňki wagtdaky gatnaşygyň netijesini, soňky wagtdaky gatnaşygyň netijesine deňleşdirmek tertibi bilen baglanyşykly bolman, gatnaşygyň subýektleriniň biri-biri bilen hukuk baglanyşygynyň subutnamasynyň häsiýetini berýän wagt çäklendirmeleri hem bar. Mysal üçin, eger öweý ene-ata öweý ogul-gyzynyň eklenjinde azyndan 10 ýyl bolan ýagdaýynda, ekleýjiniň aradan çykmagy bilen kömek puluna bolan hukugy döreýär.

Bu çäklendirmäniň maksady öweý ene-atanyň ýa-da öweý ogul gyzyň bir hojalykda ýaşandyklaryny, eklençinde bolandyklaryny, maddy kömek alandyklaryny, maşgala gatnaşygynyň hakykylagyny subutnama hökmünde tassyklamaga şert döretmekdir.

kämillik ukyplylygy, delikt ukyplylygy boýunça çäklendirmeler wagt çäklendirmeleri häsiýetinde däldir, olaryň hukuk maksady hem aýrybaşgadyr, gelip çykyşy hem bir däldir.

kämillik ukyplylygy, delikt ukyplylygy tebigy şertlerden we adamyň hukuklaryny goramaga we borçlaryny berjaý etmäge bolan ukybynyň derejesinden gelip çykýar, maksady adamyň hukugyna eýe bolmak we jogapkärçilik çekmek, hukuk-borç gatnaşyklaryna ukyplylygyny kesgitlemeklige, şonuň bilen baglylykda hukuk kadalaryny döretmekden ybarat bolup, hukuk gatnaşygygy boýunça herekete girizilen hukuknamalaryň kadalary düzgünleşdiriji häsiýetlidir.

Wagt çäklendirmeleri durmuş üpjünçilik hukuk hereketleri boýunça käbir proseduralaryny ýerine ýetirmekde hem ulanylýar. Durmuş üpjünçiligi hakynda Türkmenistanyň bütewi kanunynyň 29-njy maddasynda

(harby gullugyň möhletlerini hasaplamak) bu kada ulanylýar. Bu maddanyň harby gullugyň möhletlerini hasaba alýan 1-nji bölüminiň 6-njy bendinde „harby ýygnanyşyklarda bolan döwri, 1993-nji ýylyň noýabr aýynyň 1-nden öň bolmaly däl“ diýlip görkezilýär. Kadanyň başky bölegi dispozitiw (rugsat beriji häsiýetlisi) kada bolup, soňky bölegi şertlendiriji dispozitiw kada häsiýetindedir we ol kesgitlenen wagtdan öňki döwrüň fakty boýunça degişli hereket etmegi gadagan edýär, ondan soňky döwrüň fakty boýunça bolsa degişli hukuk hereketini amala aşyrmaga rugsat berýär. Bu maddanyň 6-njy bölüminde hem ýokardaka meňzeş kada girizilendir. Ýöne munda ýokardakynyň tersinedir. Ýagny, 01. 01. 1991-nji ýyla çenli şol bölümiň bentlerinde görkezilen şertlerde degişli hukuk hereketiniň prosedurasyny ýerine ýetirmäge rugsat berilýär.

Wagt çäklendirmeleri hukuk gatnaşyklaryny, şoňa getirýän faktlaryň esasynda döreýän gatnaşyklaryň döwürden-döwre geçmegini, olaryň hukuk häsiýetiniň, hukuk netijeleriniň deňleşdirilmegini ýa-da hukuk dersinden aýrylmagyny düzgünleşdirmekde ähmiýetlidir. Wagt çäklendirmeleriniň bu hukuk hyzmaty ekleýjisini ýitirenligi boýunça komek puluna bolan hukugy anyklamakda, degişli hukugy üpjün ediş prosedurasyny ýerine ýetirmekde uludyr.

# VI BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIK ÝEŇILLIKLERI.

## § 1. Ýeňillikler barada düşünje. Mazmuny

Durmuş üpjünçilik hukugy özi üçin durnukly maddy ýagdaýy döretmek we öz hukuklaryny özbaşdak goramak ukyby pes bolan adamlaryň durmuş taýdan goraglylygyny olaryň girişýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynda hukuklardan peýdalanmak boýunça ýeňillikleri bermek arkaly üpjün etmekligi göz öňünde tutýar we şol ýeňillikleriň üsti bilen hukuk gatnaşyklaryny ýüze çykarýar, öz hukuk kadalary bilen olary düzgünleşdirýär.

Durmuş üpjünçilik ýeňilliklerini bermegiň esasy maksady öz hukuklaryny özbaşdak goramak ukyby pes bolan adamlaryň hukuk taýdan goraglylygyny üpjün etmekden we onuň üsti bilen olaryň maddy hal-ýagdaýyny beýleki raýatlaryňky bilen deňleşdirilmegini , şeýle derejedäki raýatlaryň öz hukuklaryndan peýdalanmaga we ony ulanmaga hukuk taýdan mümkinçiligiň döredilmegini gazanmakdan ybaratdyr. Raýatlaryň hukuk mümkinçilikleri diýlende, zähmetiň, gulluk işiniň, saglyk ýagdaýynyň häsiýeti, aýratynlygy boýunça öz hukuklaryny peýdalanmakda we ulanmakda artykmaç hukuklaryň berilmegine düşünilýär. Bu-da durmuş üpjünçilik ýeňillikleriniň bir görnüşidir we ol ençeme ýeňillikleriň ulgamyny öz içine alýar. (Mysal üçin, ulag menzilleriniň kassalaryndan binobat ýol petegini almak, binobat ýaşaýyş jaýyny almak, binobat telefon enjamyny oturtmak we ş. m. ) Raýatlaryň käbir derejedäkilerine ýeňillikleriň ýa-da artykmaç hukuklaryň berilmegi ol ýa-da beýleki durmuş-

ýaşaýyş şertlerini peýdalanýan wagtlary umumy esaslarda jemgyýetçilik gatnaşyklarynda bolýan raýatlaryň hukuklarynyň mukdar ölçeginden ýokary tutulmagyny hem göz öňünde tutýar. Mysal üçin, Çernobyl heläkçiliginiň öňüni almaga gatnaşan adamlara saglygy goraýyş hyzmatlarynyň mugt berilmegi durmuş üpjünçilik ýeňilligidir we bu raýatlar babatynda beýleki raýatlara garanyňda, onuň mydamalyk radiasion täsiri bedeninde saklaýjydygy, hemişelik bejergi tapgyrlaryny, lukmançylyk barlaglaryny üznüksiz yzygiderlilikde geçmeli bolýandygy, saglygyny durnukly saklamagy üçin saglygy goraýyş çykdajylarynyň ýokarylygy nazarda tutulýar.

Durmuş üpjünçilik ýeňillikleri düşünjesinde artykmaç hukuklaryň berilmegi diýen düşünje özüniň käbir häsiýetleri boýunça durmuş ýeňilliklerinden tapawutlanyp bilýär: Durmuş ýeňilligi esasan, hukugyň obýektiniň (maddy ýagdaýyň) mukdar ölçegini durnuklaşdyrmaga gönükdirilen hukuklary berýär. Mysal üçin, ýol nyrhynyň 50%-ini tölemek, ýylda bir gezek ulag serişdelerinide mugt gidip-gelmek we ş. m. Durmuş ýeňillikleriniň artykmaç hukuk bermek bilen döredilmegi höweslendiriş we ýokary maddy-durmuş şertlerini döretmek, döwlet gullukçysynyň wezipe ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmegi üçin amatly şertleri döretmek, döwlet gullukçysyny we onuň maşgala agzasyny durmuş amatsyzlyklaryndan goramak häsiýetlidir we artykmaç hukugyň berilmegi raýadyň maddy hal-ýagdaýynyň derejesine bagly däldir. Döwlet sylaglarynyň berilmegi we hormatly atlaryň dakylmagy bilen baglanyşykly berilýän ýeňillikler hakykatda, şol raýat üçin artykmaç hukuklaryň berilmegi hökmündedir, sebäbi ol şol raýadyň maddy hal-ýagdaýynyň durnuksyzlygy üçin däl-

de, bitiren hyzmatlary üçin höweslendirmegiň bir görnüşi hökmünde berilýänligidir. Bu ýeňillikleriň berilmegi bolsa, ylym, döredijilik adamsy babatynda, raýadyň intellektual gymmatlygy döretmekde maddy ýagdaýynyň şoňa ýeterlik bolmagyny, onuň ýaşaýyş derejesiniň häzirkisinden pese düşmeginiň öňüni almagy we ondan ýokary bolmagyny, intellektual gymmatlyklaryň kämilleşmegini, baýlaşmagyny we ösdürilmegini üpjün edýär. Şeýle-de, ylym, döredijilik işi bilen meşgullanýan adamyň intellektual-maddy däl we maddy bähbitlerini aramaklyga we oňa bolan gyzyklanmaga itergi berýär.

Umuman, durmuş üpjünçilik ýeňillikleri haýsy usulda berilende-de, onuň esasy maksady raýadyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmekdir.

Raýatlara ýeňillikleriň berilmegi üçin birnäçe esaslaryň bolmagy zerurdyr:

1). Fiziki taýdan saglyk ýagdaýynyň ýaramazlygy sebäpli öz hukugyny goramak ukybynyň pesligi,

2). Öz hukugyny goramak ukybynyň pesliginiň durmuş taýdan üpjünçiligine ýaramaz täsir etmegi,

3). Eger raýada degişli ýeňillik berilmese raýadyň öz hukugyny gorap bilmejekdigi.

Raýatlara artykmaç hukuklaryň berilmegi üçin aşakdaky esaslar gerekdir:

1). Raýadyň watanyň, halkyň öňünde bitiren hyzmatlarynyň bolmagy,

2). Döwlet gullukçysy bolmagy we onuň durmuş taýdan goraglylygy (maddy, ýaşaýyş-durmuş taýdan) artykmaç hukuklaryň berilmegine bagly bolmagy,

3). Intellektual gymmaklyklary (ylym-bilim, edebiýat-sungat, oýlap tapyşlar-açyşlar, rasionalizatorçylyk teklipler) dörediji bolmagy,
4). Intellektual gymmatlyklary döretmegiň maddy hal-ýagdaýyna we ýaşaýyş-durmuş şertlerine bagly bolmagy;

Durmuş üpjünçilik ýeňillerini bermegiň başky ýokarky üç esasy aşakdaky esaslarda-da häsiýetlidir. Soňky dört esasyň hemmesine mahsus häsiýet şeýle derejedäki raýatlary höweslendirmekdir. Şonuň üçin-de bu dört esasyň birinjisine ähli derejedäki raýatlar, ýagny ähli hünärdäki, wezipedäki, eýeçiligiň we hojalygy ýoretmegiň ähli görnüşleri boýunça zähmete meşgul adamlar degişlidir.

Ýokarda belläp geçen esaslarymyza seljerme geçirip göreliň:

**1). Maýyplar barada.**

Eger maýyplara zähmet çekmäge hukuk berilmese ykdysady we sagdyn işçi güýji boýunça bähbidi bolan iş beriji kärhana maýyby raýatlar üçin bellenen kadalar boýunça umumy esasda işe kabul edip bilmezdi. Şol sebäpli hem olara zähmet çekmäge hukuk berilýär, olary işe kabul etmegiň aýratyn düzgünleri bellenýär, olaryň işden boşadylmagy we başga işe geçirilmegi çäklendirilýär, maýyplar üçin zähmet şertleri olaryň fiziki mümkinçiliklerine garalyp döredilýär, olary iş bilen üpjün etmekligiň dürli görnüşlerini ulanmak nazarda tutulýar. Maýyplara döredilýän şu hukuk şertleri olaryň hukuklarynyň kanun tarapyndan goralmagyny, käbir çäklendirmeler boýunça maýyplaryň hukuklaryna we bähbitlerine zyýan ýetirilmeginiň öňüniň alynmagyny üpjün edýär. Şu pikirimizi has-da anyklaşdyryp barlap göreliň. Zähmet kanunçylygynda I, II topar maýyplaryny,

III topar maýyplaryny işe kabul etmekde, olaryň zähmetini ulanmakda käbir çäklendirmeler göz öňünde tutulýar. Emma bu çäklendirmeler maýyplaryň hukuklaryny çäklendirmeklige däl-de, olaryň hukuklaryny goramaklyga hyzmat edýär. Ýagny, bu çäklendirmeler maýyplaryň bähbitleri barada ýeňillik dörediji häsiýete geçýärler.

I, II-topar maýyp işe ukyplylygy ýok diýlip hasaplanýar. Şol esas boýunça hem bu derejedäki adamy işe kabul etmek çäklendirilýär. Ýöne Hemaýata mätäçligi alyklaýyş toparynyň netijenamasyna laýyklykda, aýratyn zähmet şertlerinde işlemek ýagdaýy görkezilen bolsa, II topar maýyby, I topar maýyby beden ýetmezçiliginiň derejeleri göz öňünde tutulyp, zähmetiň ýörite şertleri döredilen we olaryň saglyk ýagdaýyna laýyk gelýän işlere çekilip bilner. Mysal üçin, işi öýe bermek, ýöriteleşdirilen otaglarda, sehlerde işletmek, şeýle hem, ýerine ýetirip biljek işlerini buýurmak (şekil ýasamak, geýimleri tikmek, senetkärlik önümlerini ýasamak we ş. m.)

III-topar çäkli ýagdaýda işe ukyply hasaplanýar. Bu derejedäki raýatlary olaryň saglyk ýagdaýyna laýyk gelýän işlere kabul etmäge, olaryň öz razylygy boýunça, şeýle-de, öňki iş ýerinde olaryň saglygynyň önümçilige zyýan berýän ýa-da önümçiligiň onuň saglygyna zyýan berýän ýagdaýynda başga işe geçirmäge rugsat edilýär.

Ýokardaky mysallardan görnüşine görä, maýyplaryň öz hukugyny goramak ukybynyň pesligi görünýär. Eger kanun maýyplaryň öz hukuklaryny amala aşyrmagynda ýeňillikleri göz öňünde tutmasa, onda maýyplar ähli raýatlar üçin berilen hukuklaryny ulanmakdaky deňhukuklylygy gowşadýar.

Maýyplara (şol sanda, uruş-söweş maýyplaryna) durmuş ýeňillikleri aşakdaky şertler we sebäpler boýunça berilýär:
a). Fiziki ukyplylygyň pesligi we onuň derejesi,
b). Kesekiniň kömegine mätäçligi we onuň derejesi,
ç). Maddy taýdan çykdaýjylarynyň ýokarylygy,
g). Işlemek üçin ýörite şertleriň döredilmeginiň zerurlygy ýa-da saglygyna laýyk gelýän iş berilmeginiň (işe geçirilmeginiň) zerurlygy,
d). Fiziki ýagdaýy sebäpli ýaşamak, degişli ýerine gidip-gelmek we baryp bilmek üçin kynçylygyň, amatsyzlyklaryň bolmagy.

**2). Harby we hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri barada.**

Harby gullukçylar harby dolandyryş we harby goranyş ulgamynyň harby gullugynda duran we harby şahsy düzüme girýän gullukçylardyr. Hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri döwlet gullukçylary bolup durýarlar. Raýatlaryň şeýle derejedäkilerine ýeňillikler (artykmaç hukuklar) olaryň maddy ýagdaýy bilen bagly däl-de, durmuş ýagdaýy bilen bagly berilýär.

Eýsem, durmuş ýagdaýyna nähili düşünmeli? Durmuş ýagdaýy diýip, raýadyň ýerine ýetirýän zähmet ýa-da gulluk işiniň, durmuşda ýüze çykýan faktlaryň häsiýetiniň durmuşda öz hukuklaryny ulanmakda we kanuny bähbitlerini goramakda edýän täsiriniň döredýän ýagdaýyna düşünmeli.

Mysal üçin, Prokuratura, polisiýa edaralarynyň işgäri öz gulluk borjunyň ýagdaýy boýunça işiniň ýerleşýän ýerini bellenen tertipde üýtgedip durýarlar (hususan-da, serkerdeler we ýolbaşçylar düzümi). Şol sebäpli hem olaryň hemişelik ýaşaýyş jaýyny kireýine almak-bermek

şertnamasyny ýerli häkimiýet edaralary bilen baglaşmaga ýa-da şeýle şertnama esasynda eýelän ýaşaýyş jaýynda kanunda bellenen möhletde ýaşamaga hukuk taýdan mümkinçiligi bolmaýar. Şol sebäpli hem olaryň ýaşaýyş jaýyna bolan nobatlylygy ýa-da ýaşaýyş jaýyny bermegiň tertibi boýunça şeýle raýatlary sosial taýdan goramaklygy göz öňünde tutýan kanunlarynda ýeňillikler (artykmaç hukuklar) göz öňünde tutulýar.

Şeýle hem daşary ýurtlarda bolmak, harby gulluk bilen baglanyşykly ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmakda we oňa bolan hukugy saklamakda ýeňillikler berilýär.

Mysal üçin, ýaşaýyş jaýyny bronlamak (Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksi, 71-nji maddasy), ýaşaýyş jaýyna bolan hukugyň has uzak möhlete saklanýan ýagdaýy (66-njy maddasy), harby gullukçynyň öňki ýaşaýyş jaýyny talap etmek hukugy (70-nji maddanyň 2-nji bölegi) raýadyň kanuny hukuklaryny goramak we şol hukuk funksiýasynyň amala aşmagyny üpjün edýän artykmaç hukuklar bolup durýar. Şol artykmaç hukuklar bolsa, şeýle derejedäki raýatlar üçin durmuş ýeňilliklerini döredýärler.

**3). Durmuş ýagdaýy bolup durýan faktlar barada.**

Durmuş ýagdaýy bolup durýan faktlar diýlende maşgala sanynyň köpelmegi ýa-da köplügi, ýanýoldaşlaryň biriniň gulluk ýagdaýy sebäpli başga ýere işe geçirilmegi, saglyk ýagdaýynyň klimat şertlerine bagly bolmagy, näsaglygyň häsiýetiniň ýörite talaby döretmegi, döredijilik işi bilen meşgullygyň ýörite talaby döretmegi, (goşmaça ýaşaýyş jaý meýdanynyň berilmegi, onuň esasy ýaşaýyş jaýynyň aýratyn bir bölegi hökmünde ýa-da aýrybaşga ýerde berilmegi) jaýdan çykarmak bilen bagly ýagdaýlarda ony gaýra goýmaklyga esaslaryň ýüze çykmagy we ş. m.

wakalar göz öňüne gelýär. Diýmek, durmuş ýagdaýy bolup durýan faktlar diýip, dürli hukuk gurşawyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklarynda emele gelýän jemgyýetçilik durmuşynyň ýüze çykarýan, hukuk taýdan düzgünleşdirmeklige degişli bolan wakalaryň ulgamyna düşünmek bolar.

Ýokarda görkezilen başky we onuň bir bölegi bolan soňky kesgitlemäniň dogrulygyny subut edýän ýagdaýlaryň ýene-de bir tapgyry hökmünde Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý kodeksiniň 40-njy maddasynda görkezilen ýaşaýyş jaýy birinji nobatda, 41-nji maddasy boýunça ýaşaýyş jaýy binobat berilýän raýatlaryň ýüze çykan ýuridiki faktlaryň netijesinde dörän durmuş ýagdaýlarynyň nazarda tutulmagyny mysal getirip bolar. 40-njy maddadan mysal getirip göräýeliň: 3-nji bent: ... kanunlarynda bellenilen tertipde tassyklanylýan keseller spisogynda sanalyp geçilen käbir gozgap durýan (hroniki) keselleriň agyr formalaryndan ejir çekýän adamlara; 9-njy bent: ekiz çaga doganda, şeýle maşgalalara;

Durmuş ýagdaýy bolup durýan faktlaryň özi onuň degişli bolan raýadyna artykmaç hukuklary bermegiň çeşmesi, ýagny sebäpleri bolup durýan faktlardyr. Artykmaç hukuklaryň esaslary bolsa, durmuş taýdan goraglylygy we durmuş taýdan üpjünçiligi düzgünleşdirýän kadalardyr, hat-da ol dürli hukuk pudaklarynyň çäklerinde bolsa-da, şeýledir. Sebäbi käbir şertlerde artykmaç hukuklaryň berilmegi durmuş üpjünçilik ýeňillikleriniň düzgünleşdirilmesidir.

Mysal üçin, wezipe orny kemeldilende käbir derejedäki işgärlere işde galmaga bolan artykmaç hukugyň berilmegi olar üçin durmuş ýeňilliklerini döredýär.

Kanun maýyplaryň hukuklarynda ýeňillik döretmek bilen ähli raýatlara umumy ýaýradylýan hukuklara olaryň hukuklaryny deňleşdirýär we şonuň esasynda maýyp öz hukugyny talap etmäge mümkinçilik alýar. Şeýlelikde, hukukdaky ýeňillik maýyby maddy taýdan goramakdan başga-da, prosessual taýdan goramaklygy hem üpjün edýär. Meselem, telefon çekmek boýunça maýyba berlen ýeňilligiň aragatnaşyk edarasy tarapyndan üpjün edilmezligi, onuň prosessual tertipde bähbidini goramagynyň predmeti bolup durýar. Şikaýat bildirmek ýa-da jedel etmek üçin bolsa, oňa kanun boýunça mümkinçiligiň barlygydyr. Ýagny hut şeýle ýeňilligiň kanunda görkezilmegi, şol ýeňilligi almaga we talap etmäge hukuk berýär. Şol hukuk hem goralýan obýekt bolup bilýär.

**4. Naddy we maddy däl durmuş ýeňillikleri barada**

Maddy bähbitleri döredýän durmuş ýeňillikleri, şeýle hukuk berilmeginden soň, şoňa hukukly subýektlerde döreýär. Maddy bähbitleri we maddy-hukuk ýagdaýyny döredýän durmuş ýeňillikleri maddy taýdan goldalmagyndan gelip çykýar we maddy goldawdan peýdalanmak we olardan peýdalanmaga şert döredýän häsiýetlidir. Iş bilen üpjünçilik, ýaşaýyş jaýyny edinmek, aragatnaşykdan, ulaglardan, kommunal hyzmatlardan peýdalanmakda, saglygy goramak we derman üpjünçiliginde, diş we beýleki protez, ortepediýa serişdeleri, maýyplara niýetlenen (araba, pişek) serideler bilen üpjünçilikde we ş. m. çykdaýjylar boýunça ýeňillikler, kazyýet çykdaýjylary boýunça ýeňillikler (RIÝBK-yň 62-nji maddasy), döwlet sylaglarynyň we hormatly atlaryň berilmegi boýunça ýeňillikler, weteran

derejesindäki adamlaryň käbir salgytlardan boşadylmagy ýa-da ýeňillikleri (seret: salgytlar hakynda bütewikanuna), donorlyk üçin ýeňillikler we ş. m. häsiýeti boýunça maddy bühbitli durmuş ýeňillikleridir. Bilim-terbiýe almak, ýaşaýyş jaý we beýleki desgalarda maýyplar üçin amatlyklary döretmek, telefon çekmek, maýyplara sport we beýleki medeni desgalara baryp bilmekleri üçin şert döretmek, dynç alyş wagtlarynyň özlerine amatly wagtda bermek we ony has uzaldylan wagtynda bermek we ş. m. häsiýeti boýunça maddy däl durmuş ýeňillikleridir.

**Bu durmuş ýeňillikleri ýokardaky üç toparda görkezilen durmuş ýeňillikleriniň ählisine-de mahsusdyr. Umuman, bu dört bölek ulgama sapylan durmuş üpjünçilik ýeňilliklериniň hemmesi häsiýeti boýunça bir-biri bilen berk baglanyşyklydyr.**

Durmuş üpjünçilik ýeňillikleri boýunça raýatlaryň hukuklary şu edaralar tarapyndan goralýar:

a). Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi we onuň ulgam edaralary,

b). Maýyplaryň we weteranlaryň jemgyýetçilik birleşmeleri,

ç). Kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän edaralar,

g). Kazyýet edaralary.

Durmuş ýeňillikleri berilen raýatlaryň hukuklaryny amala aşyrmaga we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge borçly bolan edaralar:

1). Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi we onuň ulgam edaralary

2). Iş berijiler (eýeçiliginiň we hojalygy ýöretmeginiň görnüşlerine seredilmezden),

3). Ýerli häkimiýet edaralary we munisipial birlikler (ýaşaýyş jaý kommunal hojalyklary, aragatnaşyk ulgamlary, suw bilen üpjün ediji edara),
4). Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, onuň edaralary: hassahanalary, şypahanalary we beýleki bejeriş, anyklaýyş we maslahat beriş edaralary.
5). Ulag, aragatnaşyk, gurluşyk pudaklary, bilim ulgamy we olaryň edaralary.

Durmuş üpjünçilik ýeňillikleri boýunça prosessual hereketleriň döremeginiň esaslary:
- degişli ýeňillikleri üpjün etmäge borçly bolan taraplar tarapyndan durmuş ýeňillikleriniň kanunda göz öňünde tutulmadyk we esaslandyrylmadyk ýagdaýda üpjün edilmezligi,
- Durmuş üpjünçilik ýeňillikleri bellenen kanunyň bozulmagynyň beýleki halatlary.
- Durmuş üpjünçilik ýeňillikleri boýunça hukuklaryň üpjün edilýän mahalynda ýüze çykýan jedeller.

Degişli esaslaryň hukuk netijeleri:

- Raýadyň şikaýat bilen ýa-da jedel bilen degişli edaralara ýüz tutmagy, ýa-da onuň kanuny wekiliniň ýa-da kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän edaranyň talap bilen ýüz tutmagy,
- Şikaýada ýa-da jedele seretmek prosesiniň başlanmagy,
- Kanun bozulmanyň aradan aýrylmagy we hukugyň dikeldilmegi,
- Durmuş ýeňillikleriniň berilmeginden ýüz dönderilen mahalynda onuň esaslandyrylmagy we ýazmaça jogap berilmegi,

- Kazyýetde işe seredilen mahalynda kazyýetiň çözgüdiniň çykarylmagy. (talaby kanagatlandyrmak ýa-da kanagatlandyrmazlyk barada)

Şeýlelikde, durmuş üpjünçilik ýeňillikleri diýip, raýadyň fiziki ukybynyň pesdigi we onuň kanunçylykda bellenen tertipde ykrar edilmegi, durmuş we zähmet (gulluk) işi bilen baglanyşykly ýuridiki faktlaryň emele gelmeginiň aýratynlyklary, onuň netijeleriniň durmuşda hem hukugy üpjün etmekde döredýän amatsyzlyklary boýunça raýada durmukly durmuş, maddy we maddy däl hukuk ýagdaýyny üpjün etmek, şeýle hem raýadyň öz hukugyny özbaşdak ýa-da ygtyýarly edaranyň üsti bilen goramak ukybyny amala aşyrmagyna şert döretmek üçin kanun tarapyndan berilýän hukuk goldawyna düşünilýär.

Ýokardaky kesgitlemedäki raýadyň maddy ýagdaýy, raýadyň hukuk ýagdaýdy diýip nämä düşünmeli bolýarys? Biziň pikirimizçe, raýadyň maddy ýagdaýy diýip, onuň mydamalyk eklenç çeşmesiniň barlygyna we onuň maddy hal-ýagdaýynyň kadaly saklanmagynyň, üýtgemeginiň derejesine we onuň eklenijilik (ekleýjilik) ukybyna düşünilýär. Şol maddy derejäň aşaklamagyny, maddy sarp etmeleriň öwezini dolujylyk ukybyny ýüze çykarýan mümkinçilikler nazara alnyp, maddy derejä we eklenijilik ukybyna laýyklykda, hukuk ýeňillikleri bellenilýär. Şol ýeňillikleriň berilmeginiň özi durmuş üpjünçiliginiň maddy taýdan amala aşyrylmagyny kepillendirýär.

Raýadyň hukuk ýagdaýy diýip, raýadyň özbaşdak ýa-da kanunda bellenen tertip boýunça özüniň kanuny bähbitlerini, azatlyklaryny we hukuklaryny gorap bilmek ýagdaýyna we şertlerine düşünilýär. Mysal üçin, eger-de, umumy esas boýunça ýaşaýyş jaýyny bermegiň tertibi ekiz

çaga dogan maşgala üçin hem ulanylsa, onda ol maşgalanyň ýaşaýyş jaýyna (şol sanda, abadanlaşdyrylan, ýaşaýyş meýdany giňeldilen ýaşaýyş jaýyna) bolan hukugynyň amala aşyrylmagyna çenli, durmuş amatsyzlyklaryna getirjegi düşnüklidir.

§2. Durmuş ýeňillikleriniň görnüşleri we oňa düşünje

Aslynda, durmuş ýeňillikleriniň özi durmuşyň önümi bolup durýar. Şonuň üçinem olar özlerini döreden faktlaryň görnüşlerine geçýärler we şol görnüşler boýunça öz hukuk-durmuş üpjünçilik hyzmatlaryny ýerine ýetirýärler.

Şeýdibem durmuş üpjünçilik ýeňillikleri öz niýetlenen ugurlaryny, birleşýän ulgamyny saýlaýarlar.

Eýsem, durmuş ýeňillikleri haýsy ugurlarda jemlenýär we öz görnüşlerini hödürleýär? Durmuş üpjünçilik ýeňillikleriniň görnüşlerini aşakdaky böleklere jemlemek bolar:

**1. Saglygy goraýyş hyzmaty we dermanlar bilen üpjünçilik kömegi boýunça ýeňillikler. Görnüşleri:**

- Keselleriň we saglygy goraýyş kömeginiň görnüşlerine görä, lukmançylyk kömegini mugt almak,
- Keselleriň görnüşlerine görä berhizlik naharlaryna ýeňillikli şertlerde ýazyp bermek,
- Dermanlary bellenilen tertipde mugt almak,
- Saglygyny dikeltmekde we keselini bejertmekde ýeňillikli şertler, şol sanda şypahanalarda saglygy dikeltmek boýunça (kanunlarda göz öňünde tutulan

esaslarda we meýletin medisina ätiýaçlandyrma şertnamasy boýunça ),

- Dermanlaryň gymmatyndan 50% ýeňillikli almak,
- Diş protezlerini mugt taýýarlatmak, abatlamak, beýleki protezler we protez-ortapediki önümler,
- Arabalar, pişekler we hasalar,
- Ýörite harply çap önümleri, ses güýçlendiriji we duýduryjy gurallar.

Şeýle hem, durmuş ýeňillikleri saglygy goraýyş hyzmatlarynyň we kömekleriniň tölegli esasda berilýän şertlerinde we şeýle hyzmatlaryň, kömekleriň berilmegi degişli görnüşleri boýunça mugt diýlip kesgitlenen mahalynda özüniň doly manysyna eýe bolýar. Käbir mysallara ýüzleneliň:

Mugt berilýän saglygy goraýyş kömekleriniň we hyzmatlarynyň, hassalaryň we beýleki hemaýata mätäçleriň sanawy: [1]

| № | Türkmenistanyň raýatlaryna döwlet tarapyndan kepillendirilen mugt saglygy goraýyş kömeginiň (hyzmatlarynyň) sanawy | Türkmenistanyň raýatlaryna döwlet tarapyndan kepillendirilen mugt saglygy goraýyş kömeginiň (hyzmatlarynyň) möçberi we mugt saglygy goraýyş kömegi bilen üpjün edilýän hassalaryň we beýleki hemaýata mätäçleriň toparlarynyň sanawy |
|---|---|---|
| 1 | Tiz we gaýragoýulmasyz saglygy goraýyş kömegi | Gyssagly saglygy goraýyş kömegini bermek: näsagyň janyna howp salýan duýdansyz ýüze çykan kesellerde (ýürek-gan damar ulgamynyň, dem alyş agzalarynyň, garyn boşlugynyň |

| | | |
|---|---|---|
| | | agzalarynyň, beýleki bedeniň ýaşaýyş işjeňliginiň durnuklylygyny saklaýan agzalarynyň ýiti bozulmalary);<br>Betbagtçylykly wakalarda (dürli görnüşli şikes ýetmelerde, ýaralanmakda, ýanyklarda, ýyldyrym we elektrik togundan şikes ýetmekde, sowuk aldyrma, gark bolmakda, dem alyş ýollaryna del päsgelçilik düşmekde we beýlekilerde);<br>Ýöriteleşdirilen bölümlerden we edaralardan daşdaky çaga dogrumy halatynda;<br>Gaýragoýulmasyz saglygy goraýyş kömegini bermek: dürli dowamly keselleriň ýitileşmesinde ilatyň ýüz tutmasy boýunça, şeýle-de çagalaryň, esasanam bir ýaşyna ýetmedik çagalaryň ýiti ýokanç kesellerinde |
| 2 | Gatnaw şertlerinde bellenilen saglygy goraýyş kömeginiň berilmegi hem-de keselleriň öňüni almak barada çäreleriň geçirilmegi, şol sanda öňüni alyş sanjymlaryň we gözden geçirişleriň geçirilmegi, şikesleriň, zäherlenmeleriň, | Maşgala lukmanlaryň (feldşerleriň) berkidilen meýdançasyndaky ýaşaýan raýatlara saglygy goraýyş kömegi.<br>Saglyk öýlerinde inçe hünärmenleriniň hasabynda duran we aýry-aýry kesellerden ejir çekýänler (içki mäzleriň keselleri, dem gysma keseli, göz, çiş, degna (nerw), hirurgiýa ugurly keselleri, ýokanç keselleri, zenan (ginekologiki) keselleri) we hünärmenleriň ugratma haty boýunça in,e hünärli lukmanyň maslahaty hem-de saglygy goraýyş barlaglary.<br>Saglyk öýleriniň hünärmenleriniň geçirýän öňüni alyş çäreleri. |

| | | |
|---|---|---|
| | betbagtçylyklaryň we beýleki gaýragoýulmasyz ýagdaýlarynyň ýüze çykan mahaly, göwrelilik döwründe we çaga dogrulan mahaly. | |
| 3 | Saglygy goraýyş edarasyna gelip bilmeýän hassalary öýde bejermegi | Ejir çekýän keseli zerarly beden hereketleriniň durnukly çäklenmegi netijesinde saglygy goraýyş edarasyna gelip bilmeýän hassalara bejeriş-keseliň öňüni alyş çäreleri |

Durmuş üpjünçilik ýeňillikleriniň saglygy goraýyş bölegine girýän görnüşleriniň häsiýeti boýunça ol weteranlara gönükdirilen halatynda-da, keselleriň görnüşlerine bagly bolýan ýagdaýlary bardyr. Saglygy goraýyş kömeginiň berilmeginiň we lukmançylyk hyzmatynyň edilmeginiň ýeňillikli şertlere berkidilmegi keseliň adamyň janyna howplulygyna we onuň ýüze çykyş häsiýetine, adamyň beden agzalarynyň ýetmezçiligine (şowakörlük, körlük, eliň-aýagyň bir böleginiň ýoklygy, fiziologiki agzalaryň: böwrek, mäz, öt halta we b. ýoklugy) we onuň adamyň erkin hereketine päsgel berýändigine bagly bolup durýar. Şoňa görä-de, bu ýeňillikler kesellere we beýleki sökelliklere gönükdirilen diýip, düşünmek bolmaz. Bu ýeňilllikleriň näsaglara gönükdirilmegi hem muňa itergi berýär. Durmuş üpjünçilik ýeňillikleriniň saglygy goraýyş bölegine girýän görnüşleriniň obýekti bir tarapdan, adamyň saglygy, beden agzalarynyň defektiniň bellibir derejede

dikeldilmegi we öweziniň dolunmagy bolup durýan bolsa, ikinji bir tarapdan, durmuş üpjünçilik taýdan hukuk goraglygy: adamynyň maddy ýagdaýy,
hemaýata mätäçligi, durmuşa ukyplygy bolup durýar. Bu durmuş üpjünçilik
ýeňillikleriniň obýektiw düzümi ýuridiki faktlaryň ýüze çykyşy, hukugy döretmegi alamatlandyrýan bolsa, onuň subýektiw düzümi durmuş kynçylyklarynyň
çözülmegini we durmuşyň ýüze çykaran ýetmezçilikleriniň öwezini dolmagy, durmuşa ukyplylygy diteltmek maksadyny we ony üpjün etmekligi alamatlandyrýar.

Aşakda ikinji mysaly getirip göreliň [1]:

a). Öýde ulanylýan maýyplaryň arabasyny mugt şertlerinde üpjün edilýän keselleriň sanawy:

1. Gan aýlanyşynyň III derejeli durnukly bozulmaklygy,
2. Öýken we ýürek işleýişleriniň III derejeli durnukly bozulmagy
3. Hereket ediş bozulmalary: aýdyň görnüşli gemiparez, aýaklaryň paraparezi, tetraparez, gemiplegiýa, aýaklaryň paraplegiýasy, tetraplegiýa.
4. Ataksiýanyň aýdyň görnüşi, giperkinez amiostatiýa sindromy,
5. Iki aýagyň hem, injikden we ondan ýokarky derejedäki amputasiýadan (kesilip aýrylmagyndan) soňky galyndysy
6. Iki aýagyň hem işleýşiniň göze görnüp duran kemçiligi bilen çylşyrymlaşan we özbaşdak hereket edip bilmeýän ýagdaýa (kontarkturanyň we ankilozyň aýdyň
görnüşleri) getirýän keseller;.

b). Gezelenç üçin niýetlenen maýyplaryň arabasyny mugt şertlerinde üpjün
edilýän keselleriň sanawy:

1. hereket ediş bozulmalary: aýdyň görnüşli gemiparez, aýaklaryň paraparezi, tetraparez, gemiplegiýa, aýaklaryň paraplegiýasy, tetraplegiýa.
2. Ataksiýanyň aýdyň görnüşi, giperkinez amiostatiýa sindromy.
3. Iki aýagyň hem, injikden we ondan ýokarky derejedäki amputasiýadan (kesilip aýrylmagyndan) soňky galyndysy.
4. Iki aýagyň hem işleýşiniň göze görnüp duran kemçiligi bilen çylşyrymlaşan we özbaşdak hereket edip bilmeýän ýagdaýa (kontarkturanyň we ankilozyň aýdyň görnüşleri) getirýän keseller;
Saglygy goraýyş edarasynyň ýatymlaýyn bejergi bölümlerinde bejergi alýan näsaglara berhizlik naharyny ýazyp bermek diňe saglygy goraýyş-bejergi maksatlydyr. Emma onuň saglygy goraýyş-kesel bejeriş edarasynyň hasabyna mugt berilmegi, eýýäm durmuş üpjünçilik ýeňilliklerine sanylýar.

Berhizlik naharlanmaklyga degişli kesellere käbir mysallar:

1. Aşgazan-içege ýollarynyň keselçilginde:

- gastrit,
-kolit, enterkolit, enteridler
-Aşgazan we oniki barmak içege ýarasy keseli,

[1] Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 10. 03. 2004-nji ýyldaky 31 belgili buýrugyna 1-nji goşundy [1]

[1] **Bellik:** Goşundydaky sanow tassyklaýjy mysal hökmünde getirilýändigi üçin gysgaldylyp alyndy

- ýiti aşgazan-içege ýokuşmalaryndan (ganly içgeçme, salmonellez, garahassalyk, paratif we b.) soňky rekonwalessentler (sagalýan); ....
8. Inçekesellerinde:
- öýken (ýörite bölümi we keseliň ýaýramagyna garşy düzgüni üpjün edilen mahalynda)
- süňk, deri inçekeseli we ş. m.
9. Işdäniň birden kesilen wgatyndaky osteomielitleri; ...
11. Süýji diabeti,
14. Göwrelilik toksikozy...[2]
Şeýlelikde, durmuş üpjünçilik ýeňillikleriniň saglygy goraýyş bölegine girýän görnüşleriniň islendigi adamyň keselçilik ýa-da beden agzalarynyň
ýetmezçiligi bilen baglydyr, ýöne durmuş üpjünçiligi jähdinden olar durmuş taýdan goraglylyga we üpjünçilige gönükdirilendir.

Durmuş üpjünçilik ýeňillikleriniň görnüşleri boýunça şol ýeňillikleriň haýsy subýekte degişli bolmalydygyny derrew kesgitlemek mümkin. Meselem:
a). Ses güýçlendiriji serişde-bu Beýik wagatnçylyk urşunyň maýyplaryna, zähmet maýyplaryna (seret: hünär keselleri), garrylyk ýaşyndaky pensionerlere, atly pensionerlere we onuň maşgala agzalaryna, uruşda wepat bolanlaryň maşgala agzalaryna, çagalykdan maýyplara, 16 ýaşa çenli bolan kämillik ýaşyna ýetmediklere, kerleriň guramalaryna agza bolup, ses enjamlaryna mçtäçlik çekýänlere ýeňillikli şertlerde (mugt ýa-da bellenilen möçberde arzanladylan)
döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň ýa-da ýerli serişdeleriň hasabyna berilýär. Beýleki adamlara öz hasaplaryna berilýär.

Ýeňillikli şertlerde ses güýçlendiriji we ses duýduryjy enjamlaryň berilmeginiň şertleri adamynyň eşidiş ukybynyň iň aşaky derejä çenli pes bolmagy, ýokarda agzalan derejedäki adamlaryň hataryna degişli bolmagy, otoloringolog (gulak-burun-bokurdak) lukmanynyň şolary ulanmagyň gerekligi baradaky netijesiniň bolmagy, durmuş üpjünçilik edarasyna ýüz tutulmagy zerurdyr.

**2. Ýaşaýyş jaý-kommunal hyzmatlary boýunça ýeňillikler.**

-Ýaşaýyş jaýyny 1-nji nobatda we nobatsyz bermek (döwlet jaý fondy boýunça);

- Maýyplar üçin durmuş amatlyklary göz öňünde tutulan jaýlary jaý gurulanda göz öňünde tutmak,

-Hususy ýaşaýyş jaýyny düýpli abatlamak (ýerli býujetiň hasabyna),

-Eýeleýän ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdanyny mugt peýdalanmak,

-Suwdan, gazdan, tokdan bellenilen sarp ediş ölçeginden mugt peýdalanmak,

-Hususy ýaşaýyş jaýy, garaş gurmak we şuňa meňzeş ýer böleklerini mugt almak,

-durmuş galyndylaryny we beýleki galyndylary, hapa suwlary äkitmek, merkezleşdirilen ýyladyş usuly boýunça hyzmatlardan mugt peýdalanmak.

[1] Türkmenistanyň SG we DS ministrliginiň 11. 04. 2000ý. 88 belgili buýrugyna 1-nji goşundy

[2]социальное обеспечение и страхование в СССР. Сб нормативрых актов. 1979г. Стр. 387- Ирструкция ВЦСПС, Министерства торговли и Министерства здравоохранения СССР об организации диетического (лечебного) питания. 9. 08. 1968г.

**Bellik:** ýokarky mysal gysgaldylyp alyndy.

-Ýaşaýyş jaý we kommunal hyzmatlary boýunça beýleki ýeňillikler.

Durmuş üpjünçilik ýeňilliklerini emele getirýän ýaşaýyş jaý hukuklary:

a). Gulluk ýaşaýyş jaýyndan başga ýaşaýyş jaýyny bermezden göçürmekligi gadagan etmek (TÝJK-niň 118-nji maddasy),

b)Ýaşaýyş jaýyny bronlamak (71-nji madda);

ç). ýaşaýyş jaýyna bolan hukugyň has uzak möhlete saklanýan ýagdaýlary (66-njy madda),

d). harby gullukçynyň öňki ýaşaýyş jaýyny talap etmek hukugy (70-nji madda),

e). Goşmaça ýaşaýyş jaý meýdanyny almak hukugy (43-nji madda),

z). Ýaşaýyş jaý şertleriniň gowulandyrylmagyna bolan hukugy (28, 30 madda),

o). Ýaşaýyş jaý şertleriniň gowulandyrylmagyna mätäçleriň hasabynda durmak hukugynyň saklanmagy (35-nji madda);

Ýaşaýyş jaý-kommunal hyzmatlary boýunça boýunça ýeňillikler Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakynda bütewi kanuny, Türkmenistanyň ýaşaýyş jaý bütewi kanuny, Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalary boýunça düzgünleşdirilýär.

Ýaşaýyş jaý bilen baglanyşykly ýeňillikler harby gullukçylar barada ýaşaýyş jaýyna bolan hukugyny peýdalanmakda we ony saklamakda durmuş-hukuk şertlerini döredýärler. Şeýle hem, bu durmuş ýeňillikleri raýadyň maşgala ýagdaýyny (sanynyň köpelmegi), iş şertlerini (meselem, döredijilik işgäri üçin berilýän aýratyn otag), saglyk ýagdaýyny (seňse bolan, hroniki keselli, maýyp), subýektiň hukuk derejesini öz içine alýan

şertlerde durmuş üpjünçilik gatnaşyklatyny emele getirýärler. Ýaşaýyş jaý boýunça durmuş ýeňillikleri artykmaç hukuklaryň berilmegi bilen öz funksiýasyny ýerine ýetirýän bolsa, kommunal hyzmatlary boýunça gös-göni maddy-hukuk şertlerini döretmek bilen öz funksiýasyny amal edýär (mysal üçin, ýaşaýyş meýdanyndan mugt peýdalanmak, jaý töleginiň 50%-ni tölemek we ş. m)

**3. Salgytlar we beýleki ýygymlar boýunça ýeňillikler:**

- Girdeýji salgytlaryny tölemekden boşatmak, (Salgtlar hakynda bütewikanunyň 187 maddanyň 5 bölegi),

-Maýyplar bilen baglanyşykly guramalary we önüm öndürijileri peýdadan alynan salgyt boýunça salgytdan boşatmak; onuň möçberini azaltmak (170 madda we beýlekiler);

- Jemi girdeýjilerden aýyrmalar (188-nji madda),

-Salgyt özenine goşulmaýan girdeýjileri bellemek (meselem: aliment görnüşinde gelýän serişdeler, gan tabşyrandygy üçin tölenýän hak, ekleýjisini ýitirenligi üçin beriýän bir wagtlaýyn kömek puly we ş. m.), (187 madda)

- Salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň nobatlylygy üpjün edilende raýatlaryň bähbitlerini goramaga gönükdirilen hukuk şertleriniň bellenmegi (44-nji madda):

a). ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak, alimentleri töletmek boýunça tölegler,

b). zähmet ylalaşygy (şertnamasy) esasynda, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen bagly raýat hukuk häsiýetli beýleki ylalaşyklar boýunça işleýän şahslara berilýän hemaýat puluny we zähmet hakyny tölemek, şeýle

hem işgärlere awtorlyk ylalaşygy boýunça tölegleri we öwezini doluş pullaryny tölemek,
ç). Döwlet pensiýalaryny we kömek pullaryny tölemek, ylalaşyk boýunça hökmany döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyny, pensiýa we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirimler;
- Salgyt salynýan amallar boýunça ýeňillikler (106 maddasynyň 1-5, 7-11-nji benteri)
- Goşmaça tölegler boýunça ýeňillikler (122 madda)

Salgytlar boýunça ýeňillikler häsiýeti boýunça durmuş taýdan üpjünçilik funksiýasyny gönümel we gitaklaýyn ýerine ýetirýärler.

Bu ýeňillikleriň **gönümel** durmuş üpjünçiligini ýerine ýetirmegi aşakdaky hukuk şertleriniň döredilmegi bilen amala aşyrylýar:
a). Girdeýjini salgyt özenine goşmazlyk (kömek pullary, pensiýalar, adamyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak, başga ýere işe geçmek boýunça tölegler, kömekçi hojalykdan alnan girdeýjiler we ş. m.),
b). Dürli çeşmelerden (karzlar, paýdarlyk serişdeleri we ş. m.) alynan ýa-da peýda bolan seişdeleri girdeýji diýip hasaplamazlyk,
ç). Telekeçilik işinden alnan girdeýji diýip hasaplamazlyk (şereket emläginiň paýlanmagy bilen ilkibaşky gazanjynyň çäginde alan serişdesi, komissioneriň şertnamalar boýunça alan emlägi),
g). Raýatlyk ýagdaýy, raýatlyk degişliligi, gulluk-zähmet ýagdaýy bilen baglanyşykly salgytdan boşatmak (öý hyzmatkärleri, daşary ýurt döwlet gullukçylary, Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan raýatlar),

d). durmuş üpjünçiliginiň hukuk subýektine degişliligi boýunça girdeýji salgydyndan boşadylmagy (uruş, zähmet weteranlary, döwlet sylaglarynyň eýeleri, dürli derejeli maýyplar);
e). Jemi girdeýjiden aýyrmalar;

Gönümel salgyt ýeňillikleri durmuş üpjünçilik ýeňilliklerini gös-göni döredýärler. Ýöne olar diňe maýyplara we weteranlara degişli däl-de, raýatlaryň (adamlaryň) ählisine degişlidir. Gönümel üpjün edilýän salgyt ýeňillikleriniň girdeýji salgydyndan boşadylýan görnüşi ähli weteran derejesindäki adamlara, jemi girdeýjiden aýyrmalar görnüşi boýunça maşgalada eklençde bolan we özbaşdak gazanjy bolmadyk adamlara (şol sanda, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar, stipendiýa, pensiýa, kömek puly almaýan maşgala agzalary), döwlet sylaglarynyň eýesi bolan adamlara degişliligi subýektleriň ýöriteleşdirilmegini alamatlandyrýar.

Bu ýeňillikleriň **gytaklaýyn** durmuş üpjünçiligini ýerine ýetirmegi aşakdaky hukuk şertleriniň döredilmegi bilen amala aşyrylýar:
a). Döwlet edaralaryna we beýleki kärhanalara, hususy sektora degişli guramalara, kärhanalara salgytlary tölemekligiň nobatlylygy bellenilende durmuş üpjünçilik maksatly tölegleriň (seret: görnüşler: a, b, ç) ileri tutulmagy,
b). Maýyplar bilen baglanyşykly guramalary we önüm öndürijileri peýdadan alynan salgyt boýunça salgytdan boşatmak; onuň möçberini azaltmak,
ç). Salgyt salynýan amallar boýunça ýeňillikler (goşulan baha üçin salgyt tölemekden boşadylýan işleriň we hyzmatlaryň görnüşleri: maýyplara, näsaglara we garrylara

seretmek boýunça hyzmatlar, jaýlaýyş däp-dessurlar we olar bilen baglanyşykly hyzmatlar we ş. m.),
g). Goşmaça tölegler boýunça ýeňillikler (gümrük çäklerine getirilýän we goşmaça tölegler tölenmäge degişli harydyň bahasyna salynýan goşmaça tölegi tölemekden boşatmak)

Salgytlar boýunça gytaklaýyn ýeňillikler jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli gurşawlarynda we olara gatnaşyjylara ýaýradylýar. Şeýle-de olar, birinjiden, ýaşaýyş-durmuş ýagdaýyny gowulandyrmaklyga, ikinjiden, maddy-hukuk şertlerini döretmeklige, üçünjiden, durmuş üpjünçilik ýeňilliklerini almaga degişli adamlaryň durmuş hyzmatlaryndan peýdalanmaklaryna mümkinçiligiň emele gelmegine gönükdirilendir.

Gönümel we gytaklaýyn salgyt ýeňilliklerini durmuş üpjünçilik häsiýeti boýunça saýlap almalydyrys, şonda biz salgyt hukuk gatnaşyklarynda olaryň durmuş taýdan goraglylygyň we durmuş üpjünçiliginiň hukuk funksiýasyny ýerine ýetiriş häsiýetine görä, obýektiw düzümini, subýektiw düzümini kesgitläp bilýäris. Ýagny, ýuridiki faktlaryň döreýşi, olaryň hukugyň esasy hökmünde hukuk gatnaşygyny ýüze çykaryşy durmuş üpjünçilik hukugynyň obýektiw düzümini häsiýetlendirýär. Meselem, jemi girdeýjiden aýyrmalary ýerine ýetirmek üçin, birinjiden, maşgala agzalarynyň bolmagy, ikinjiden, maşgala agzalarynyň kämillik ýaşyna ýetmedik bolmagy ýa-da zähmete ukypsyz bolmagy, ekleýjiniň eklenjinde bolmagy we özbaşdak gazanjynyň ýok bolmagy ýa-da işlemeýän bolmagy esasy hukuk şertleri hökmünde talap edilýär.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, salgyt ýeňillikleri durmuş üpjünçilik hukugynyň subýektlerine-de, umumy raýat-

hukuk subýektlerine-de degişli bolup bilýär. Ýöne, olar umumy hukuk-jemgyýetçilik gatnaşyklarynda-da, jemgyýetiň ähli gatlaklaryna degişli durmuş üpjünçilik hukuk funksiýasyny häsiýetlendirip bilýärler. Meselem, Goşmaça tölegler boýunça ýeňillikler berilende, esasan, harydyň-maddy gymmatlygyň (meselem, saglygy goraýyş maksatly) gönükdirilen maksady (haýyr-yhsan, ynsanperwerlik), maliýe gymmatlylyk çeşmesi (harydyň, önümiň, gymmatlygyň ynsanperwerlik kömegi hökmünde mugt goýberilmegi), harydyň görnüşi, bahasy, möçberi, degişli ýeňillik berilende hukuk ýagdaýynyň oňňyn-amatlylyk derejesi (hukuk netijesi) göz öňünde tutulýar. Şu ýerde-de, salgyt ýeňillikleri boýunça durmuş üpjünçilik hukugynyň subýktiw düzümi emele gelýär.

**4. Raýat iş ýöredişi boýunça hukuk şertlerini döredýän ýeňillikler:**

- Döwlet pajyny tölemekden boşatmak, (Raýat iş ýörediş bütewikanunynyň 62 maddasy),

-Kazyýet çykdaýjylaryny tölemegiň möhletlerini uzaltmak ýa-da şol möhleti böleklere bölmek we kazyýet çykdaýjylarynyň möçberini azaltmak (63-nji madda),

-Kazyýetiň öz ýöretmegine alan işini başga suda bermegi (122 maddasynyň 1-nji böleginiň 1-2-nji bentleri),

- Hak isleýjiniň saýlap almagy boýunça işiň kazyýete degişliligi (118-nji madda),

-Işiň aýratyn ýagdaý hökmünde kazyýete degişliligi (119-njy madda),

- Şertnama esasynda işiň kazyýete degişliligi (120-nji madda, bu 119-njy maddanyň talaplaryny öz içine almaýar.)

-Çözgüdi ýerine ýetirmegiň möhletini gaýra goýmak we böleklere bölmek, çözgüdi ýerine ýetirmegiň usulyny hem-de tertibini üýtgetmek (208 madda, 352-nji madda-kazyýet ýerine ýetirijisiniň önümçiligi boýunça)
-Çözgüt çykarylmazyndan öň aliment töletmek (RIÝBK-yň 213 maddasy),
-Töleg tutulyp alynyp bilinmejek summalaryň bellenilmegi (404 madda)

Raýat iş ýörediş hukugy boýunça ýeňillikler durmuş üpjünçilik subýektlerine gönümel degişli däl-de, duňe öz içine alýan hukuk gatnaşyklarynda döreýärler we şol hukuga eýe bolýan adama berilýärler.

Raýat iş ýöredişi boýunça ýeňillikler berilende raýadyň emläk-maddy ýagdaýynyň derejesine, bar bolan ýuridiki faktyň hak isleýjiniň maddy-ýaşaýyş durmuşyna, iş ýörediş hukuk gatnaşyklaryna durmuşy täsiriniň barlygyna baha berilýär.

Bu ýeňillikler berilende taraplaryň emläk ýagdaýyny nazarda tutmak üçin aşakdaky şertleri hatara goşmak bolar:
-Raýadyň işlemeýänligi (şol sanda, çaga seretmek üçin tölegsiz rugsat döwri),
ýa-da özbaşdak gazanç çeşmesiniň ýa-da hemişelik eklenç çeşmesiniň ýoklugy (şol sanda, ekleýjisiniň ýoklugy, işe ukypsyzlygy),
-Maddy taýdan mätäçligi, gazanjynyň az möçberdeligi;

Şunuň ýaly ýagdaýlarda kazyýet çözgüdi ýerine ýetirmegiň usulyny we tertibini üýtgedip biler. Elbetde, bu prsessual hereketiň esasy maksady çözgüdiň ýerine ýetirilmegini amala aşyrmak, onuň üsti bilen bolsa hak isleginiň talabynyň doly berjaý edilmegini gazanmakdyr. Ýöne, hereketiň obýektiw tarapyna seredip, jogap beriji

barada maddy-durmuş ýeňilliklerini döretmek bilen eglişikler edilýär. Munuň özi çözgüdiň doly ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge ýardam edýär, ikinji bir tarapdan bolsa, jogap berijä maddy-durmuş şertleri boýunça özüne (maşgala agzalaryna) durnukly şert döretmäge, hukuk taýdan ýagdaýyny gowulandyrmaga mümkinçilik berilýär.

Raýat prosesi boýunça ýeňillikler hak isleýjiler babatynda hukuk bermek usulynda, jogap berijiler babatynda emläk ýagdaýyny nazarda tutmak usulynda berilýär. Bu häsiýet şol ýeňillikleriň gönükdirilen maksadynda we obýektinde aýdyň görünýär.

Ýeňillikleriň berilmegine şert döredýän hak isleýjiniň durmuşynda bar bolan faktlar:

a). Hak islegi boýunça emlägiň hak isleýjiniň ýaşaýan ýerinden başga ýerde ýerleşmegi we emlägiň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýet seljerişini geçirmekligiň zerurlygy,

b). Jogap beriji tarapyň emläk ýagdaýynyň pesligi we onuň çözgüdi ýerine ýetirmekligiň usulyny we tertibini üýtgetmeklige sebäp bolmagy (Meselem, bergini birwagtlaýyn däl-de, hak isleginiň bahasynyň bellibir kesgitlenen göterimi möçberinde zähmet hakyndan tutup almak, işlemeýän bolsa, kesgitlenen pul möçberinde aýma-aý töletdirmek);

ç). Jogap berijini başga jaý bermezden jaýdan çykarmak boýunça çözgüdi ýerine ýetirmäge päsgel berýän ýagdaýlaryň barlygy:

- Maşgalasynda kämillik ýaşyna ýetmedik çagasynyň, maýyp çagasynyň, işe ýarowsyz agzasynyň bolmagy,
- Çözgüdi ýerine ýetirmegiň gyş möwsümi döwrüne gabat gelmegi,

- Jogap berijini wagtlaýyn ýaşaýyş ýeri bilen üpjün etmäge mümkinçiligiň ýoklugy we ş. m.,
- Çözgüdi ýerine ýetirmäge päsgel berýän ýagdaýlaryň birden dörän beýleki halatlaryň ýüze çykmagy;

Şu ýokardaky halatlarda, kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmekligiň möhleti gaýra goýulyp ýa-da böleklere bölünip bilner.

Raýat prosesi boýunça ýeňillikleri hem hukuk şertlerini döredýänligi üçin durmuş üpjünçilik ýeňillikleri hökmünde häsiýetlendirmek mümkin. Meselem, şu kodeksiň 404-nji maddasynda töleg tutulyp alynyp bilinmejek pul möçberleri (işden çykylanda berilýän kömek puly, iş sapary üçin tölegler, bir wagtlaýyn häsiýetli baýraklar we ş. m.) kesgitlenýär. Bu prosessual maksada gönükdirilen bolsa-da, hukuk taýdan goralýan obýekt durmuş üpjünçilik hukugynyň obýekti hökmünde garalyp bilinýär. Beýleki hukuk pudaklaryna-da mahsus bolşy ýaly, paýat iş ýörediş prosesinde berilýän ýeňillikler hem raýadyň durmuş taýdan goraglylyk düşünjesini emele getirýärler we durmuş taýdan üpjün etmegiň bir gurşawyny emele getirýärler.

**5. Durmuş ýagdaýlary bilen baglanyşykly ýeňillikler:**

- Iş bilen üpjün etmek we işe ýerleşdirmek,
-Amatly zähmet şertlerini döretmek,
- Ylym-bilim we terbiýe beriş edaralarynda okamak we terbiýe almak,
- Durmuş taýdan hyzmat ediş edaralaryna (mekdep-internat, maýyplar we garrylar öýleri) ýerleşmek we olara nobatsyz kabul edilmek.
- Maýyplara medeni tomaşa we sport desgalaryna baryp bilmeklerini üpjün etmek,

- Öý telefonyny we simli radio nokadyny mugt geçirmek we ondan mugt peýdalanmak,
-Şol aragatnaşyk-habar beriş boýunça hyzmatlary 50% ýeňillikli almak, obonent tölegleri boýunça hem 50% ýeňillikden peýdalanmak,
-Maýyp agzasy bolan maşgalanyň eýeleýän ýaşaýyş jaýynda ýörite serişdeler, abzallar we telefon bilen enjamlaşdyrmak,
-Iş döwrüne hasaplamak boýunça ýeňillikler:

- Işlemeýän adamyň I topar maýybyna ýa-da 16 ýaşa çenli bolan maýyp çaga sereden (10 ýyldan köp bolmadyk) döwri,
- Çagyryş boýunça harby gullukda we içeri işler edarasynda gulluk edilen döwri,
- Dört ýyldan köp bolmadyk şertde Türkmenistanyň diplomatiki edaralarynyň işgärleriniň we olara deňleşdirilen adamlaryň aýallarynyň (adamsynyň) daşary ýurtda bolan döwri,
- Işgäriň iş döwrüniň saklanyp galýan döwürleri- iş döwrüne hasaplanýarlar. Bu ýeňillikler raýadyň pensiýa bolan hukugynyň döremegine mümkinçilik berýär.

- Maýyplara (Beýik watnçylyk urşunyň maýyplaryna we beýleki maýyplara) motokolýaskalary we el bilen dolandyrylýan awtomotoulagyny sürmegi, gurluş düzümini, ýol hereketiniň düzgünlerini we onuň iş ýüzünde ýerine ýetirilişini mugt ýa-da bellibir möçberde ýeňillikli öwretmek[1],
-Maýyplara berilen motokolýaskalary ýeňillikli şertlerde düýpli abatlaýyş geçirmek[2],

-Maýyplar üçin niýetlenen ulag-hereket ediş seridelerini bellenilen tertipde çalyşmak (weloarabany 4 ýyldan, motoarabany 5 ýyldan, kürsi-arabany 7 çýyldan, el bilen dolandyrylýan awtoulag-7 ýyldan) [3]

**6. Ulag- ýol gatnawy boýunça ýeňillikler:**

- Umumy peýdalanylýan demir ýol, howa, suw we şäherara awtomobil ulaglarynda mugt gidip-gelmek;
- şu ulaglaryň ählisinden 50% ýeňillikli peýdalanmak;
- Demir ýol, howa, suw we şäherara awtomobil ulaglarynda ýylda 1 gezek mugt ýa-da islege görä, ýylda 1 gezek 50% ýeňillikli gidip-gelmek;
- Taksiden başga, şäher ýolagçylar ulaglarynyň ähli görnüşlerinde we ýaşaýan ýerine garamazdan etrabyň çäklerindäki oba ýerlerinde umumy peýdalanylýan awtomobil ulaglarynda mugt gatnamak,
- şäherýaka ugurlar boýunça gatnaýan awtobuslarda we demir ýol ulaglarynda 50% ýeňillikli gatnamak,

-şäherýaka ulaglar boýunça gatnaýan awtobuslarda we demir ýol ulaglarynda mugt gatnamak.

Harby gullukçylar babatynda berilýän ulag-ýol gatnow ýeňillikleri:

-kanunçylykda bellenilen şertlerde ulaglaryň ähli görnüşi üçin gatnow peteklerini binobat satyn almak (20 madda 3-nji bölüm),

-iş sapar şahadatnamasy esasynda özlerine ýer berkidip goýmak (bronlamak) we ony binobat almak(20 madda 3-nji bölüm),,

-kanunçylykda bellenilen şertlerde saglygyny bejertmek bilen baglanyşykly

şypahanalara we sagaldyş edaralaryna ýylda bir gezek mugt gidip-gelmek, (20 madda 2-nji bölüm),

-Täze harby gulluk ýerine geçirilende ýa-da gullukdan boşanda howa ulagyndan başga ulaglaryň ählisinde öz emlägini öňki ýaşaýan ýerinden täze ýaşaýyş ýerine mugt äkitmek (20 madda 1-nji bölüm),
- söweş hereketlerine gatnaşanlar (olara deňleşdirilenler), wepat bolanyň yzynda galan ene-atasy barada şäher ýolagçylar ulaglarynyň ähli görnüşlerinde we etrabyň çäklerindäki oba ýerlerinde umumy peýdalanylýan awtomobil ulaglarynda, şäherýaka ulaglarynda mugt gatnamak, demir ýol, suw howa we abtobus ulaglarynda 50% ýňilliklik almak (20 madda 6-nji bölüm) [1];

Ulag- ýol gatnawy boýunça ýeňillikler Durmuş üpjünçiligi hakynda Türkmenistanyň butewi kanuny, Harby gullukçylar, içeri işler, milli howpsuzlyk edaralary hakynda Türkmenistanyň kanunlary, awtomobil, demir ýol, suw, howa ýollarynyň degişli pudaklarynyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýärler.

**7. Döwlet sylaglarynyň berilmegi we hormatly atlaryň dakylmagy bilen baglanyşykly ýeňillikler:**

a). Döwlet sylaglary boýunça:

Medal derejesinde („Altyn aý“medalyndan başga) berilen sylagyň görnüşine görä:
- birwagtlaýyn pul baýragyny bermek (iň pes aýlyk hakynyň 3 essesinden 5 essesi möçberine çenli);

[1, 2, 3] А. Д. Глазунов. Забота советского государства об инвалидах войны. 1981 г. стр. 32-34 –maglumat hökmünde getirildi

[1] Türkmenistanyň kanuny: Harby gullukçylaryň we olaryň maşgala agzalarynyň statusy we sosial taýdan goralyşy hakynda. 8. 10. 1993 ý. (kanun täzelendi. 2010ý.)

- iş (aýlyk wezipe) hakyna, pensiýasyna, kömek puluna, talyp hakyna goşmaça hak tölemek (her aýda iň pes aýlyk zähmet hakynyň 20 göterimine çenli);
-Ol ýa-da beýleki kanunda göz öňünde tutulan halatda we onda bellenilen tertipde
ýeňillikler bermek;
b). Orden derejesinde berilen sylagyň görnüşine görä:
- birwagtlaýyn pul baýragyny bermek (iň pes aýlyk hakynyň 10 essesinden 30 essesi möçberine çenli);
- iş (aýlyk wezipe) hakyna, pensiýasyna, kömek puluna, talyp hakyna goşmaça hak tölemek (her aýda iň pes aýlyk zähmet hakynyň 10 göteriminden 30 göterimine çenli);
-Ol ýa-da beýleki kanunda göz öňünde tutulan halatda we onda bellenilen tertipde ýeňillikler bermek;
ç). Dakylan hormatly atlaryň („halk“ we „at gazanan“) görnüşine görä:
-birwagtlaýyn pul baýragyny bermek (iň pes aýlyk hakynyň 4 essesinden 5 essesi möçberine çenli);
- iş (aýlyk wezipe) hakyna, pensiýasyna, kömek puluna, talyp hakyna goşmaça hak tölemek (her aýda iň pes aýlyk zähmet hakynyň 10 göteriminden 30 göterimine çenli);
-Ol ýa-da beýleki kanunda göz öňünde tutulan halatda we onda bellenilen tertipde ýeňillikler bermek;

Döwlet sylaglary (orden-medallar, hormatly atlar) bilen sylaglanan adamlara olaryň nyşanlary we şahadatnamalary berilýär.

Döwlet sylaglary özleriniň döredilmeginiň maksadyna we niýetlenilen ugruna görä ulgamlaýyn gurşawy emele getirýärler, şoňa görä-de görnüşlere bölünýärler.

Döwlet sylaglarynyň berilmeginiň ýöriteleşdirilendigine garamazdan, umumy bir häsiýeti özlerinde jemleýärler.

„Türkmenistanyň döwlet sylaglary hakynda“ 7. 12. 2005-nji ýyldaky Türkmenistanyň kanunynyň (13. 07. 2007ý., ondan soňky 01. 03. 2009 ý. çenli üýtgetmeleri we goşmaçalary, bilen) 1-nji maddasynda döwlet sylaglaryna şeýle kesgitleme berilýär: „Türkmenistanyň gahrymany diýen at, Türkmenistanyň ordenleri, medallary we hormatly atlary döwletiň we jemgyýetiň öňünde bitirilen aýratyn hzymatlar, döwletiň berkararlygyny goramakda we berkitmekde görkezilen edermenlik, onuň ykdysadyýetiniň, ylmynyň, medeniýetiniň we geljegini esaslandyrýan beýleki ugurlarynyň ösmeginde bitirilen uly hyzmatlar üçin berilýän döwlet sylaglarydyr“ [1]. Şu kesgitlemeden görnüşine görä, döwlet sylaglarynyň niýetlenen ulgamy (ykdysadyýet, ylym-bilim, medeniýet we beýlekiler), gönükdirilen obýekti (döwletiň we jemgyýetiň bähbidi, döwletiň berkararlygy, kuwwaty, goranyşy), obýektiw düzümi: döwletiň we halkyň bähbidine gönükdirilen hereketler (aýratyn hyzmatlar, maddy we intellektual zähmet netijeleri), subýektiw düzümi: döwlet sylagynyň ýörelgesi, maksady, (höweslendiriş, ýokary zähmet miweleriniň gazanylmagy), hukuk şertleri, subýektleri (döwlet sylagyna mynasyp, kanunda göz öňünde tutulan hukuk ýagdaýlary bolan we hukuk şertleri özünde dörän adamlar) özüniň doly beýanyny tapýar. Döwlet sylaglarynyň görnüşlerine we derejelerine laýyklykda, ol ýa-da beýleki döwlet sylagynyň gönükdirilen obýekti, subýekti we olaryň berilmeginiň hukuk netijeleri: **berilýän ýeňillikler** anyk kesgitlenýär. Mysal edip, Türkmenistanyň „Hormatly il ýaşulysy“ diýen adyň düzgünnamasyny (13. 07. 2007ý.) [2]getireliň (doly mazmunda):

1. Türkmenistanyň „Hormatly il ýaşulysy“ diýen at Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny berkitmekde, milli däp-dessurlaryny ösdürmekde, halkyň agzybirligini hem-de jebisligini pugtalandyrmakda, ýaş nesle edep-terbiýe bermekde uly iş bitiren hem-de durmuşda ile asylly görelde nusgasyny görkezen **ýaşuly adamlara** dakmak maksady bilen döredilýär.
2. Türkmenistanyň „Hormatly il ýaşulysy“ diýen ada mynasyp bolan adamlara „Hormatly il ýaşulysy“ diýen ýazgyly şahadatnama we nyşan gowşurylýar.
3. Türkmenistanyň „Hormatly il ýaşulysy“ diýen ada mynasyp bolan adamlara:

Iň pes zähmet hakynyň on essesi möçberde birwagtlaýyn pul baýragy berilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan telpek, çäkmen we mesi-köwüş
(erkeklere) ýa-da gyňaç, köýnek, çabyt we mesi-köwüş (aýallara) gowşurylýar;

Iş hakynyň, aýlyk wezipe hakynyň, pensiýasynyň ýa-da kömek pulunyň 30 göterimi möçberinde her aýda goşmaça hak tölenýär;
4. Türkmenistanyň „Hormatly il ýaşulysy“ diýen adyň şahadatnamasyny we serpaýlaryny Türkmenistanyň Prezidenti gowşurýar;
Şeýlelikde, döwlet sylaglary bilen baglanyşykly durmuş üpjünçilik ýeňillikleriniň umumy häsiýeti gelip çykýar. Şeýle esasdaky islendik ýeňillikleri alanymyzda-da, onuň subýektlerine bu ýeňillikleriň bitiren hyzmatlary üçin berilýändigini görýäris. Ýeňillikler esasan, maddy-pul häsiýetli bolup, käbir kanunlarda göz öňünde tutulan

halatynda beýleki, şol sanda durmuş hyzmaty görnüşindäki ýeňilliklerden hem peýdalanýarlar. (meselem, „Ruhnama“ ordeni bilen sylaglananyň girdeji salgydyndan boşadylmagy, kommunal hyzmatlar we ş. m.)

**8). Enelik ýagdaýy üçin durmuş üpjünçilik ýeňilliklerini bermek.**

Bu ýeňillikleriň gös-göni döwlet goldawyny bermek häsiýeti bardyr. Bu döwlet goldawynyň düzgünleşdiriji hukuk esasy „„„Ene mähri“ diýen hormatly ady döretmek hakynda“ 3. 03. 2008-nji ýyldaky Türkmenistanyň kanuny we şu kanun arkaly tassyklanan onuň düzgünnamasydyr.

Şol düzgünnamanyň 6-njy bendine laýyklykda, „Ene mähri“ hormatly adyna mynasyp bolan enelere, Türkmenistanyň kanunçylygynda şu esas boýunça ýeňillikler göz öňünde tutulan ýagdaýynda hem-de olarda bellenilen tertipde

ýeňilliklerden peýdalanýarlar, mundan başga-da, diş-protez hyzmatlaryny, kommunal hyzmatlaryny, jemgyýetçilik awtoulag serişdelerinden (taksiden başga) mugt peýdalanmaga bolan hukuklary berilýär.

„Ene mähri“ diýen hormatly adyň şahadatnamasy şu hukuklardan peýdalanmagyň hukuk esasy bolup durýar we şahadatnamanyň gerekli ýerine görkezilmegi munuň üçin ýeterlikdir.

Bu hukuga eýe bolmagyň esaslary:

[1-2] Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary № 3. 2007ý. :

-Türkmenistanyň kanuny. „Döwlet sylaglary barada Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de olaryň käbirini güýjüni ýitiren diýip hasap etmek hakynda“ 11-nji sahypa;

-Düzgünnama. 18-nji sahypa

1. Hormatly ady bermek üçin şertleriň döremegi: a). Enäniň sekiz çagany dogran bolmagy we terbiýeläp ýetişdiren bolmagy; b). sekizinji çagasynyň 1 (bir) ýaşyny dolduran bolmagy; ç). Çagalaryň ählisiniň diri bolmagy; d). Enäniň aradan çykan çagalarynyň hasaba alynmagy üçin bellenilen şertleriň bolmagy;
2. Sekiz çagany kemala getirenligi we düzgünnamanyň 3-nji maddasynyň 2-nji bendindäki şertleri (çaganyň perzençlige alnandygy, ýokardan „d“ bentdäki şertler barada) tassyklaýan subutnamalaryň bolmagy;
3. Durmuş taýdan üpjünçilik edarasyna „Ene mähri“ hormatly adynyň dakylmagy barasynda raýatlar tarapyndan ýazmaça ýüz tutulmagy ýa-da başga taraplaryň maglumat bermegi;

Bu hormatly adyň dakylmagy bilen berilýän ýeňillikler boýunça subýekt ýöriteleşdirilen häsiýetlidir we ýeňillikler boýunça durmuş üpjünçiligi şol hukuga mynasyp bolan enäniň özüne degişlidir. Beýle diýildigi, bu hormatly ady alan enä berilýän ýeňillikler onuň çagalaryna däl-de, özüne berilýär diýildigidir. Kanunçylykda bellenilen sandaky çagalarynyň bolmagy bolsa, hukuga eýe bolmagy kesgitleýän şert bolup durýar.

**9. Pensiýa bellenmekligi kesgitleýän şertler bilen baglanyşykly ýeňillikler:**

**a).**Iş döwri diýip hasaplamak boýunça ýeňillikler:
-Işlemeýän adama I topar maýybyna ýa-da 16 ýaşa çenli maýp çaga sereden döwrüni iş döwri diýip hasaplamak;
-Diplomatik derejeli adamlaryň ýanýoldaşlarynyň daşary ýurtda bolan döwrüni iş
döwrüne hasaplamak;

-Dürli derejedäki okuw mekdeplerinde okalan döwri iş döwrüne hasaplamak,
-çagyryş boýunça harby gullukda we içeri işler edaralarynda gulluk edilen döwür;
-iş ýeriniň saklanyp galýan döwrüni iş wagtyna hasaplamak (24 madda)
-doly däl pensiýa bellemek (23-nji maddanyň 4-nji bölümi)
b). Zähmet, gulluk ýagdaýy we işlän ýyllary boýunça ýeňillikler
-Harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň işgärleri, döwlet we raýat awiasiýasynyň dürli derejedäki işgärleri,
-Zähmetiň zyýanly we agyr şertlerinde (şol sanda, ýerasty işlerde) işlenmegi üçin ýeňillikler;
ç). Aýal adamlara berilýän ýeňillikler:
-iş döwrüniň we pensiýa ýaşynyň kemeldilmegi (umumy esasda we ýörite esasda);
-Maşgala ýagdaýy sebäpli ýeňillikler;
e). Pensiýa bellenende pensiýa möçberini kesgitlemek boýunça ýeňillikler (weteranlara, atly pensiýa alýanlara)
z). Saglyk ýagdaýy sebäpli (gipofizar nanizmi bilen kesellän adamlara-lileputlara, pes boýly adamlara we göýdüklere) berilýän ýeňillikler;

Bu ýeňillikleriň häsiýetli aýratynlygy gös-göni ýuridiki faktlar esasynda emele gelýändigi we hukuga eýe bolmak üçin ýeňillikli şertleriň häsiýetini alýandygy bilen ýüze çykýar.

Ýokarda görkezilen ýeňillikleriň görnüşlerinden başga-da, atly bank goýumlaryndaky (Weteranlar, pensionerler, talyplar) ýeňillikler (goýumlaryň möhletlerine baglylykda, şahsy goýum üçin goýumyň hasaplanýan göterim möçberiniň 1-den 12%-ne çenli)

ýeňillikler hem, beýleki ýeňillikler hem göz öňünde tutulyp bilinýär. Bank goýum hyzmatlarynyň möhletleri we göterim möçberleri aýry-aýry banklarda dürli-dürli bolup biler. Mysal üçin, „Türkmenistan“ döwlet täjirçilik bankynda goýumlaryň möhleti 3aýdan-12 aýa çenli, goýumyň möçberi 2-den 8 %-e çenli, „Halkbank“ döwlet täjirçilik bankynda göterim möçberi möhletlere baglylykda, 1-den 12%-e çenli, möhletleri 3 aýdan 12 aýa, 2 ýyla çenli bellenilip bilinýär. Goýumlaryň möhletleri we göterim hasaplama möçberi goýumyň atlaryna (Gahrymanlar goýumy, hemaýat goýumy, „Altyn asyryň nesilleri“ goýumy we ş. m.) görä kesgitlenýär. Goýum atlaryndan görnüşine görä, ýeňillikli goýum hasaplary weteranlara, pensionerlere, 16 ýaşa ýetmedik çagalara açylýar.

## §3 Durmuş üpjünçilik ýeňillikleri boýunça maýyplara berilýän esbaplar

Raýadyň, adamyň hukuk ýagdaýy, olaryň öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini özbaşdak goramak ukybynyň pesligi hem-de saglyk ýagdaýynyň durmuşa ukyplylygyny ýaramazlaşdyrýandygy durmuş üpjünçilik ýeňilliklerini bermek üçin şertleriň esasy toplumyny emele getirýärler. Şol şertler birnäçe sebäpler esasynda döreýärler. Şu ýerde biziň aýratyn üns bermekçi we öwrenmekçi bolýan zadymyz adamyň saglyk ýagdaýy bilen baglanyşykly berilýän durmuş ýeňillikleriniň gurşawyny öz içine alar. Adamyň saglyk ýagdaýyny iki görnüşde kesgitlemek bolar, ýagny, birinjiden, umumy keselçiligiň we hünär keselleriniň getiren netijesi, radiasion tasirleriň netijesi boýunça, ikinjiden, şikeslenmeden we hirurgiki

emellerden soňky beden agzalarynyň fiziki deformasiýasynyň (ýetmezçiligi) getiren netijesi, şeýle-de, duýgy-sözleýiş agzalarynyň (kerlik, körlük, lallyk) ýetmezçiligi ýa-da kemçiligi boýunça saglyk ýagdaýynyň derejesi kesgitlenýär. Şoňa görä-de, hroniki keselli, dowamly keseller bilen kesellänler, şol sanda hünär kesellerinden ejir çekýän adamlara durmuş üpjünçilik ýeňillikleri maddy-hukuk üpjünçiligi görnüşinde berilýär, şeýle ýeňillikler beden taýdan defekti bolan adamlara maddy we hukuk durmuş üpjünçilik ýeňillikleriniň binýadynda (bazasynda), adamyň durmuşa ukyplylygyny dikeltmek üçin zerur bolan esbaplar bilen üpjün etmek görnüşinde hem berilýär. Şoňa görä-de, adamyň beden agzalarynyň (daşky) ýetmezçiliginiň emeli taýdan ornuny tutýan esbaplar esasan, beden ýetmezçiligi bolan maýyplara, şol sanda, kerlere, körlere berilýär. Bu esbaplaryň hukuk degişliligi maýyplygy, Beýik Watançylyk urşunyň weteranydygy, Beýik Watançylyk urşunda tylda zähmet çekendigi, beýleki derejelerdäki weterandygy, kämillik ýaşynda däldigi, pensionerdigi boýunça anyklanýar.

Durmuş ýeňillikleri hökmünde berilýän esbaplary aşakdaky toparlara bölmek mümkin:

1). Protez-ortepediýa [1] önümleri: eliň protezi, süňk saklaýjylar, aýagyň protezi, diş
protezi, golaklyk (aýagy çolaklyk) üçin ýüň dolag-ýapynja (çehol), ortopediýa enjamlary, obturatorlar (şikesli deşikler beklenýän plastinka (agyz boşlugynyň diwaglrynda)), arkalyk (spinoderjateli), döş mäzleriniň protezi, dyzastylar (podkolenniki), deriden oturgyç, deriden jalbar, içlikli köwüşler, bili gysyjy guşak- sargy (bandaž) we başgalar.

Bu protez-ortopediýa önümlerinden başga-da, trostlar we kostyllar hem berlip bilner.

Esbaplary bermegiň tertibi:

**a). Hukuk şerti:**

1. maýyplygy we maýyplyk toparyny tassyklaýan şahadatnamasy bolmaly,
2. weteranlyk derejelerini tassyklaýan şahadatnamasynyň, olaryň maşgala agzasydygyny tassyklaýan degişli şahadatnamasynyň bolmagy
3. Hemaýata mätäçligi anyklaýyş toparynyň netijenamasy bolmaly,
4. Degişli saglygy goraýyş edarasyna arza bilen ýüz tutan bolmaly.

**b). Fakt şerti:**

1. Beden deformasiýasyndan ejir çekýän bolmaly: iki aýagynyň dyzdan aşagynyň ýoklugy, bir eliniň ýa-da ikisiniňem ýoklugy, bir aýagynyň ýoklugy, oňurgasynyň gyşyklygy we ş. m.
2. 1-2 topar maýyp bolmagy,
3. Degişli esbaby ulanmazdan durmuşa ukyplylygyň dikeldilmeginiň mümkin däldigi;

**ç). Hukuk netijesi:**

- degişli esbaplaryň olaryň bahasynyň doly möçberinde, mugt we 50%-e çenli
ýegillikli şertlerde berilmegi;

**Berilýän ýerleri:**

-Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we Derman senagaty ministrliginiň „Türkmenmedtehnika“ birleşiginiň edaralarynda;

- Saglygy goraýyş edaralary, şol sanda stomotologiýa edaralary;

-Durmuş taýdan üpjünçilik edaralary;
2). Hereket ediş esbaplary: Arabalar (weloarabalar, motoarabalar), pişekler we hasalar;

Esbaplary bermegiň tertibi:
a). Hukuk şerti ýokardaky ýaly amala aşyrylýar;
b). Fakt şerti: ýokardaky faktlaryň bar mahalynda, ýokarda görkezilen protez-ortepediýa önümlerini-esbaplaryny ulanyp bolmaýan ýagdaýlary:
- Protezirlemegiň mümkin däldigi,
-Protez-ortopediýa önümlerini peýdalanmaklygyň çynlakaý kyn düşmegi;
ç). Hukuk netijesi ýokardaky ýaly bolýar.
3). Ses duýduryş we ses güýçlendiriji enjamlary, ýörite harply çap önümleri.

Ýokardaky tertipde berilýär, ýöne ses enjamlarynyň berilmegi üçin
otoloringolog lukmanynyň netijenamasynyň bolmagy zerurdyr. Ses enjamlary kerlikden ejir çekýän, eşidiş ukyby pes bolan adamlara berilýär. Ýörite harply çap önümleri şowakörlükden we körlükden ejir çekýän adamlara berilýär.

Olara bu esbaplar okuw jaýlarynda okaýan döwürlerinde okaýan ýerleri tarapyndan hem üpjün edilip bilner. Adaty durmuş şertlerinde ulanmak üçin ýokarda ilkibaşky görkezilen tertipde berilip bilner.

[1] Rusça-türkmençe uly sözlükde (1987ý) ortepediýa adalgasy türkmençe hem ortepediýa alynma söz hökmünde berilipdir we durnukly gyşarmalary, oňurga el-aýak deformasiýasyny öwrenýän we bejerýän, öňüni alýan medisinanyň bir pudagy hökmünde düşündirilýär.

Bu esbaplaryň we enjamlaryň berilmeginiň düýp manysy kysymdaşdyrlar, öňden belleýşimiz ýaly, saglyk ýagdaýynyň derejesine görä, durmuşa ukyplylygyny durnuklaşdyrmak we emeli ýagdaýda dikeltmek häsiýetlidir.

Şonuň üçin hem, saglygy goraýyş edaralary hem durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri (ikinji subýekt) hökmünde jemgyýetçilik gatnaşyklaryna girýärler. Şeýle-de, saglygy goraýyş boýunça kanunçylyk durmuş üpjünçilik hukugyny ýöriteleşdirilen görnüşde düzgünleşdiriji hukuk çeşmesi hem bolup durýar.

# VII BAP. DÖWLET GOLDAWY WE DURMUŞ HYZMATY

## § 1 Döwlet goldawyna düşünje. Döwlet goldawyny bermegiň şertleri

Häzirki Galkynyşlar zamanasynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda, onuň yglan eden „Döwlet adam üçindir“ diýen şygary astynda döwletimiz, öz halkyna bu ýörelgelerine ygrarlylyk bilen hyzmat edip gelýär. Obrazly sözler bilen aýdanymyzda, günüň nurunyň ähli ýere ýetip, dünýäni ýagtylandyryşy ýaly, döwletimiziň nazary jemgyýetiň ähli ýerine, hatda iň bir görülmez öýdülýän künjüne-de deň düşýär.

Döwlet goldawy hukuk taýdan goldamak, maddy taýdan goldamak usullarynda-da, oňaýly şertleri döretmek bilen goldamak, zerur ýagdaýlarynda howandarlygynda saklamaklygy we ideg etmekligi gurama bilen goldamak usullarynda-da berilýär diýip hasaplamak mümkin. Şu usullary öz içine alýan ähli durmuş üpjünçilik gurşawyny döwlet goldawy düşünjesine saýmak bolar. Ýöne döwlet goldawy diýip hasaplamak üçin, ilki bilen goldawyň döwlet tarapyndan berilmegi, ikinjiden, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň haýsy gurşawynda bolsa-da, döwlet goldawynyň döwlet tarapyndan we döwlet edaralarynyň pudak ulgamy boýunça (edaralary, kärhanalary we guramalary) tarapyndan kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuknamalary bilen düzgünleşdirilýän bolmagy esasy şertlerdir.

Arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasynyň berilmegi, pensiýalaryň zähmet, gulluk we beýleki şertler nazara alnyp, ýeňillikli şertlerde
berilmegi hakykatdan-da, döwlet goldawynyň netijesidir. Durmuş üpjünçilik ýeňillikleriniň ähli görnüşlerini-de döwlet goldawy diýip hasaplamak bolar. Ýöne diňe häsiýetleri dürli-dürlidir. Mysal üçin, stimulirleýji ýeňilliklere döwlet
sylaglarynyň berilmegi bilen baglanyşykly ýeňillikler özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Kömek pullary görnüşindäki durmuş üpjünçiligi döwlet goldawynyň esasy ýüze çykmasydyr.

Döwlet goldawyna subýektiw düşünilende ýa-da dar gurşawda alanyňda, döwlet goldawy raýadyň bellibir durmuş ýagdaýy boýunça faktiki we hukuk şertlerine baglanýar hem-de şol şertleriň esasynda berilýär.

Döwlet goldawynyň faktiki şertleri bolanda, raýadyň maşgalasynyň maddy taýdan üpjünçiliginiň ortaça derejeden pes bolmagy, ýagny her bir maşgala agzasyna (perzentlige alanlardan we ýetim çagalardan başga) ekleýjiniň gazanýan
umumy girdeýjisinden düşýän paýynyň harç ediş möçberiniň ortaça derejesinden az bolmagy diýip, düşünmek bolar.

Döwlet goldawy maddy taýdan mätäç maşgalalara ýokardaky şert boýunça durmuş hyzmatlary, önümlere we harytlara islegleri, bilim-terbiýeçilik häsiýetli we ş.m. hyzmatlar hem-de sarp ediş islegleri boýunça dotasiýalar, inderimler bellemek (binýatlyk ölçegini kesgitlemek bilen) görnüşinde-de, berilip bilner. Bu döwlet goldawy

maşgalanyň (maşgalalaryň) şeýle ýagdaýy aradan aýrylýança dowam edýär.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 15. 01. 2009-njy ýylda geçirilen giňişleýin mejlisi barada Türkmen Döwlet habrlar gullugynyň teswirnamasynda "büjetiň girdeji bölegi denominirlenen nusgadaky 10,1 milliard manada (117,2 göterim), çykdajy bölegi 5,4 milliard manada (62,5 göterim) barabar boldy. Munuň özi 2007-nji ýylyň ugurdaş görkezijisinden degişlilikde 2,2 esse we 1,5 esse ýokarydyr. Iş haklary, pensiýalar, kömek pullary we talyp haklary öz wagtynda we doly möçberde tölenýär. 2008-nji ýylyň jemleri boýunça bu tölegler babatda bergiler ýok.

2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende geçen ýylda durmuş ulgamyny maliýeleşdirmäge çykdajylar ep-esli artdyryldy. Şonda ösüş 130 göterime barabar boldy. Hususan-da, pensiýalara we kömek pullaryna çykdajylar 31, 8 göterim, bilime-25,4 göterim, saglygy goraýşa-25 göterim, medeniýet ulgamyna 42, 9 göterim artdy"[1] diýip, berilen resmi maglumatlardan hem ykdysady ösüş depgini we ösüşiň durnukly ýokarlanýandygy aýdyň görünýär.

Döwlet goldawy maşgala ýagdaýyna seljerme geçirmek netijesinde berilip bilner. Şonda maşgalanyň maddy taýdan mätäçligi ýa-da däldigi, maşgala agzalarynyň girdeýji çeşmeleri we onuň möçberleri, maşgala agzalarynyň heri birine maşgala girýän umumy girdeýjiniň möçberinden düşýän paýynyň zähmet hakynyň iň pes möçberinden azlygy ýa-da köpdügi anyklanýar. Şondan soňra, maşgalanyň ýaşaýyş derejesini pes diýip hasaplamaga esaslar bar mahalynda, şol maşgala agzasyna döwlet goldawy berlip bilner. Diýmek, döwlet goldawy

ýaşaýyş derejesi pes diýlip ykrar edilen maşgalalara berilýär. Maşgalanyň ýaşaýyş derejesiniň pesligini anyklamak üçin aşakdaky hereketler ýerine ýetirilýär:

1. Maşgalanyň ýaşaýyş şertlerini öwrenmek,
2. Ekleýji bolup durýan raýadyň pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny almaga hukugynyň ýoklugyny anyklamak,
3. Ekleýjiniň her bir maşgala agzasynyň paýyna düşýän ortaça girdejisiniň ortaça sarp ediş büjetinden pesligini anyklamak;

Döwlet goldawy üç aý (Bütewikanunyň 113-nji maddasy) möhletden geçmeýän döwür üçin her aýda tölenýär. Eger döwlet goldawy pul görnüşinde bellenýän bolsa, şeýle tertipde tölenýär.

Döwlet goldawynyň pul görnüşinde däl-de, inderim (aýyrma) görnüşinde-de bolup bilýär. Döwlet goldawynyň bu görnüşi Türkmenistanyň salgytlar hakyndaky bütewi kanuny boýunça berilýär we ol eklenjinde işlemeýän maşgala agzalary bar bolan raýatlara girdeýji salgydyny azaltmak usulynda ulanylýar. Girdeýji salgydynyň möçberini azaltmak raýat ýaşaýyş jaý hojalygy edarasyndan işlemeýän maşgala agzalary barada kepilnamany iş ýerine getirp beren pursatynda, şol ýylyň dowamynda amala aşyrylýar. Bu döwlet goldawy bir senenama ýyly boýunça berilýär. Bu döwlet goldawy indiki ýyla geçmeýär, ýöne indiki ýylda degişli kepilnama (salgydy azaltmak üçin) iş ýerine gaýtadan getirilip berilen pursatyndan ony bermek dowam etdirilýär. Mysal üçin, eger şol kepilnama senenama ýylynyň başlanýan aýy bolan ýanwar aýynda, ýöne aýlyk zähmet hakyny hasaplamagyň gutarýan wagtyndan öň getirilip berilse, onda bu döwlet

goldawy bütin bir ýyla berilýär, emma kepilnama aprel aýynyň başynda iş ýerine berilen bolsa, onda bu döwlet goldawy hem şol aýdan başlap, dekabr aýynyň 31-ne çenli berilýär. Bu döwlet goldawynyň bir ýylllyk bolmagynyň sebäbi, işlemeýän maşgala
agzalarynyň sanynyň üýtgemek mümkinçiliginiň barlygydyr. Mysal üçin, maşgalada täze çaganyň dünýä inmegi, işlemeýän maşgala agzasynyň işe
ýerleşmegi we ş. m.

Döwlet goldawy raýadyň töleýän hyzmat ediş tölegleriniň möçberini bellenen şertlerde azaltmak görnüşinde hem berlip biliner. Goldawyň bu görnüşi jemgyýetçilik edaralary, hususy guramalar tarapyndan hem ulanylyp bilinýär. Käbir telekeçilik maksatly hususy guramalar ýa-da resmileşdirilen indiwidual taraplar raýatlaryň käbir kategoriýalaryna olary öz hyzmat ediş çäklerine çekmek üçin goldaw berýärler. Mysal üçin, mekdep okuwçylaryna ýeňillikli ýa-da azaldylan nyrh boýunça hyzmat tölegini bellemek.

Döwlet goldawynyň özi döwletimiziň, umuman türkmen halkynyň zandyna ynsanperwerligiň, sahawatlylygyň, rehim-şepagatlylygyň ýugrulandygyny, döwletimiziň, halkymyzyň bu belent sypatynyň ata-babalarymyzdan gan bilen geçen mirasydygyna şek-şübhe döretmeýän subutnamadyr. Türkmen döwleti, türkmen halky biri-birine bolan gatnaşygynda hiç kimi hiç haçan kyn günde goýmaýar, „näme bolsaň şol bol“ diýip bilmeýär. Bu biziň halkymyzyň tapawutlanýan artykmaç tarapydyr.

§ 2. Durmuş hyzmatyna düşünje. Mazmuny. Subýektleri

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow „Beýik Galkynyş eýýamynda döredýän, gurýan, özgerdýän merdana halkymyza, sagdyn ýaşaýyş-durmuş şertlerinde ýaşaýan milletimize ajaýyp hem-de röwşen geljek garaşýar“ [1]
diýyp, çäksiz ynam bilen aýdyşy ýaly, Türkmenistanda durmuş üpjünçiligi döwlet tarapyndan kanun boýunça kepillendirilýär we üpjün edilýär. Durmuş üpjünçiligi kanunçylykda aýratyn görkezilen halatlary bolaýmasa, şertnamalaýyn
gatnaşyklarynda däl-de, kanunlardan gelip çykýan hukuk-borç gatnaşyklary
boýunça döwlet kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenýär we düzgünleşdirilýär. Durmuş üpjünçiliginiň şeýle häsiýetde ýüze çykýandygy durmuş üpjünçiliginiň ol ýa-da beýleki görnüşine bolan hukuga eýe bolmagyň şertleri şeýle hukugy dörän subýektleriň ählisine ýaýradylmagyny üpjün edýär, şeýle-de, kanun boýunça delikt borçnamasyny (jogapkärçilikden emele gelýän borçnama) ýüze çykarýar we beýleki jogapkärçiliklere getirip bilýär. Emma şertnama esasynda döreýän gatnaşyklarda bular diňe taraplara degişli bolýar.

Durmuş üpjünçiligi döwletimiziň raýatlaryň öňündäki konstitusion
borçnamasydyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň (26. 09. 2008ý.) 3-nji
maddasynda „Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy

adamdyr. Döwlet her bir raýatyň öňünde jogapkärdir...“ diýlip, bellenýär. Döwlet raýadyň öňündäki konstitusion borçnamasy (şol sanda, onuň esasy görnüşi delikt borçnamasy) boýunça raýatlaryň (adamlaryň) durmuş üpjünçiliginiň ýörite ulgamyny döredýär. Durmuş üpjünçiliginiň ulgamynyň hataryna durmuş hyzmaty hem girýär. Munuň özi Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň
esaslandyran Täze Galkynyşlar zamanasynda, onuň alyp barýan il-ýurt bähbitli
ynsanperwer syýasatynyň netijesinde raýatlaryň jemgyýetçilik durmuşyna ukyplylygyny hukuk taýdan üpjün etmeklige gönükdirilen belent adamkärçilikli aladadyr.

Durmuş hyzmaty diýilende, durmuş üpjünçiliginiň hereket bilen berjaý edilýän
görnüşinde, hyzmaty guramak usullarynda, ynsanperwerlik ýörelgelerinde, hukuk we ahlak gatnaşyklarynda, zerurlygy boýunça adamy goldamak we onuň durmuşa ukyplylygyny dikeltmek maksadynda ýüze çykýan durmuş üpjünçilik hemaýaty göz öňüne gelýär. Elbetde, durmuş hyzmaty düşünjesiniň emele gelmegi üçin,
birinjiden, onuň düýp manysynyň bolmagy, ikinjiden bolsa, şoňa baglylykda, durmuş hyzmatyny bermegiň şertleriniň döremegi gerekdir. Diýmek, durmuş hyzmatyny bermegiň düýp manysy adamyň oňa mätäçliginden, özüne gerekli bolan hyzmata isleginden gelip çykyp, adamynyň gartaşandygy, işe
ýarawsyzdygy, maýypdygy, ýeke-ýalňyzdygy, fiziki ukyplylygynyň çäklidigi

raýadyň durmuş hyzmatyna bolan hukugynyň döremegini kesgitleýän şertler bolup
durýarlar we şol şertler durmuş hyzmatynyň mazmunyny emele getirýärler, ýagny,
durmuş hyzymatynyň görnüşlerini saýlap almagyň we üpjün etmegiň esaslaryna
öwrülýärler. Ýokarda görkezilişi ýaly, durmuş hyzmatyny bermek adamyň maddy taýdan mätäçligine hökmany bagly däldigi öz-özünden düşnükli bolup galýar.

Şeýle –umumy hyzmatlaryň pensionerlere, weteranlara, maýyplara ýöriteleşdirilmegi ýene-de durmuş hyzmatynyň ilkibaşky düýp manysyna we ony kesgitleýän şertlere gaýtaryp getirýär. Mysal üçin, weteranlar ýa-da maýyplar üçin ýörite azyk harytlary dükanlarynyň döredilmegi, pensionerler, weteranlar, talyplar üçin bank hasaplarynyň açylmagy, çagalar üçin azyk önümlerini goýberýän söwda nokatlarynyň açylmagy we ş. m. Şu mysallardan görnüşüne görä, käbir ýöriteleşdirilen hyzmatlaryň subýektleriniň häsiýetini kesgitleýän şertleriň giňelýändigi görünýär.

Durmuş hyzymaty söwda guramalary bilen alyjylaryň arasyndaky gatnaşyklarda hem ýüze çykyp bilýärler. Muňa mysal edip, olaryň alyjy bilen şertnamalaýyn hyzmatlaryny görkezmek bolar. Söwda hyzmatlary bolsa biziň gündelik

[1]Türkmenistan gazýeti. № 14 (25664) sany. 16. 01. 2009ý. TDH. 15. 01. 2009ý. Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň giňişleýin mejlisinden.
Galkynyş gazýeti. 11. 03. 2009ý. № 10 (616) sany. Sahypa: 3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň ýaşulularynyň maslahatynda sözlän sözi. Türkmenabat ş. 6. 03. 2009ý. ( şu 127 sah-daky sitata degişli.)

durmuşymyzda iş salyşýan jemgyýetçilik gatnaşyklarymyzyň biridir. Harydy satan söwda guramasy ýa-da dükany harydy öýüňe getirip bermek, satyn alnan öý goşlaryny gurnap bermek, kepillendiriş borçnamasy esasynda, satyn alnan zatlary bejerip bermek borçnamalary boýunça durmuş hyzmatyny edýärler.

Şertnama ýa-da kanun boýunça döreýändigine garamazdan, raýat hukuk-borç gatnaşyklary raýat hukuk kadalary bilen düzgünleşdirilýär we raýat hukuk gatnaşyklarynda ýüze çykýarlar. Raýat hukuk gatnaşyklarynda ýüze çykýan durmuş üpjünçiliginiň islendik görnüşi, şol sanda, durmuş hyzmaty durmuş üpjünçilik hukugy boýunça olaryň hukuk-borç gatnaşyklaryny däl-de, durmuş üpjünçilik häsiýetleri we kysymlary öwrenilýär. Şoňa görä-de, olar gatnaşygyň ýüze çykan hukuk pudagy boýunça prosessual hereketi döredip bilýärler.

Durmuş hyzmatynyň adamyň maddy ýagdaýy bilen bagly bolmadyk häsiýeti ony durmuş üpjünçilik ýeňilliklerinden tapawutlandyrýar we olaryň biri-biriniň ýerine ýetirýän funksiýasyny üýtgedibem bilýärler, üýtgetmänem bilýärler.

Raýadyň raýada edýän durmuş hyzmaty ahlak kadalary boýunça jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ýüze çykmasy bolup durýar. Eger şeýle häsiýetdäki hyzmat şertnama esasynda döreýän bolsa, onda ol raýat hukuk gatnaşygynyň ýüze çykmasy hökmünde garalýar. Meselem, ömürlik ekläp-saklamak şertnamasy (981-989-njy maddalar)[1];

Eýýäm bu ýerde, adaty jemgyýetçilik gatnaşygy däl-de, gös-göni hukuk

gatnaşygy boýunça hereket amala aşyrylýar. Bu şertnama gönükdirilen obýekti we
subýekti boýunça durmuş hyzmatynyň aýratyn bir görnüşini emele getirýär. Taraplaryň arasynda bu şertnamany baglaşmagyň düýp manysy ilkibaşdaky görkezişimiz ýaly bolup, şertnamany baglaşmaga esas bolup, eklenilýäniň ýeke-ýalňyz ýaşaýandygy, işe ýarowsyzdygy, maýypdygy, gartaşandygy hyzmat edýär.

Durmuş üpjünçilik nukdaýnazaryndan seredilende, şertnamanyň düýp manysy, ýokardaky şertler, şeýle-de, eklenilýän adamyň öz-özüni özbaşdak ekläp-saklamak mümkinçiliginiň ýaramazlygy, durmuşa uügunlaşmagynyň we ýaşaýyş ukybynyň durmukly ýagdaýyny saklamak mümkinçiliginiň pesligi  ýuridiki faktlat hökmünde, şeýle şertnamanyň tertibinde durmuş hyzymatyny amala aşyrmaklygyň esasy şertlerini kesgitleýärler. Bu raýat hukuk borçnamasy esasynda döreýän gatnaşykda durmuş hyzmaty, öňden belleýşimiz ýaly, eklenilýän adamyň başga eklenç çeşmesiniň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, onuň emläk serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Durmuş hyzmatlary bilen durmuş üpjünçilik ýeňillikleri niň käbir taraplaryny degşirip göreliň.

Durmuş üpjünçilik ýeňillikleriniň funksiýasy maddy goldawy ýerine ýetirýän bolsa, durmuş hyzmaty öz funksiýasyny adam üçin amatly şertleri döretmek funksiýasyny ýerine ýetirýär. Şu ýerde, durmuş üpjünçilik ýeňillikleri hökmünde
garalýan maýyplar üçin durmuş amatlyklarynyň döredilmegi, ikinji bir tarapdan

durmuş hyzmaty hökmünde-de häsiýetlendirilip bilinýär. Mysal üçin, maýyp adamyň medeni tomaşa we soprt desgalaryna baryp bilmekleri üçin şert döretmek (165), ýaşaýyş jaýlaryny maýyplaryň baryp we peýdalanyp bilmekleri üçin
ýaramly etmek (164 madda) we ş. m. durmuş hyzmatynyň obýektleri hökmünde çykyş edýärler. Ýöne olar ýeňillikler boýunça fiziki ukyplylykdan başga-da,
maddy ukyplylygyny hem nazarda tutýar, durmuş hyzmaty boýunça diňe fiziki ukyplylygy göz öňnünde tutulýar. Şonuň üçin hem, durmuş ýeňillikleriniň obýektiw düzümindäki meňzeşlik sebäpli, ol öz funksiýasyny durmuş hyzmatynyň funksiýasyna bereninde üýtgewsiz galýar.

Umuman, durmuş hyzmaty hiç bir adamy olaryň galtaşmaly bolýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hiç birinden çetde goýmazlyga, olaryň durmuş taýdan goraglylygynyň we durmuş üpjünçiliginiň ählisinde hemmetaraplaýyn
üpjün edilmegine, ýaşaýşa durnukly derejede ukyply bolmagyna gönükdirilendir.
Munuň özi onuň subýektiw düzümini häsiýetlendirýän alamatlaryň jemlenmegini üpjün edýär.

Durmuş hyzmatynyň ähli görnüşi, meselem, saglygy goraýyş hyzmaty subýektiň gartaşanlygyna ýa-da maýyplygyna bagly däl-de, onuň keseliniň görnüşlerine we şondan gelip çykýan fiziki ukyplylygynyň çäkliligi sebäpli öz isleglerini özbaşdak kanagatlandyrmaga mümkinçiliginiň göz öňünde tutulan derejelerde ýitirilendigine baglylykda ýüze çykýarlar. Şeýlelikde,

durmuş hyzmatynyň mazmunyndaky şu alamatlaryň biri-birinden aýrylmaz baglanyşyklydygy subut bolýar.

## §. 3. Duýgy we sözleýiş agzalary boýunça kemçiligi bolan durmuş üpjünçilik hukugynyň subýektlerine durmuş hyzmatyny bermegiň meseleleri

Her bir sagdyn jemgyýetde hiç bir adam ünsden düşürilmeýär we her bir adamyň hukuk taýdan goraglylygy üpjün edilýär, olar hakynda çynlakaý alada edilýär. Her bir adamyň öz mümkinçiliklerine, başarnygyna görä, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ählisine hukuk taýdan gatnaşmaga doly hukuk mümkinçiligi berilýär hem-de döredilýär.

Durmuş hyzmatynyň az baryp ýetýän subýektleri esasan, kör, ker we lal bolan adamlardyr. Şu derejedäki adamlardan körlere we kerlere durmuş hyzmaty olaryň gartaşandygy, maýyplygy boýunça däl-de, duýgy agzalarynyň öz funksiýalaryny ýerine ýetirip bilmeýändigi bilen bagly öz-özüne hyzmat etmäge ýa-da özbaşdak hereket etmäge ukybynyň ýitirilendigi sebäpli berilýär. Ýagny, olar maýyp, gartaşan adamlar bolmasa-da, olara degişli durmuş hyzmaty berilýär. Sebäbi olaryň ýokarda görkezilen alamatlary garrylyk sebäpli ýüze çykmaýarlar, maýyplyk sebäpli körlük, kerlik ýüze çykan bolsa-da, diňe şoňa baglylykda durmuş hyzmatynyň berilýändigini aňlatmaýar. Körlere we kerlere durmuş hyzmatlarynyň görnüşlerine görä durmuş hyzmaty olaryň ýalňyz ýaşaýandygy boýunça-da, şonsuz hem berlip bilner. Meselem, körleriň we kerleriň mekdebinde okamak üçin

şeýle derejedäki adamyň ýalňyz ýaşaýan bolmagy hökmany şert däldir.

Lal adamlara durmuş hyzmaty umumy esasda: gartaşanlygy, maýyplygy, ýaňyz ýaşaýanlygy we şolar bilen baglanyşykly bolan beýleki şertleriň bolmagy bilen berlip bilner. „Durmuş üpjünçiligi hakynda“ Türkmenistanyň Bütewi kanunynyň 161-nji maddasyna laýyklykda, gepleşik-aragatnaşyk serişdesi hökmünde üm, el hereketi bilen düşünişmek ykrar edilýär. Lal adamlaryň hem durmuş hyzmatynyň ulgamy boýunça bilim-terbiýeçilik okuwlaryny geçmek görnüşinde durmuş hyzmatyny peýdalanmaga mümkinçilikleri bar.

Kerler, körler we lallar durmuş hyzmatlary boýunça saglygy goraýyş hyzmatlaryndan, öýde hyzmat edilmeginden we hyzmatlaryň beýleki görnüşlerinden ýöriteleşdirilen şertlerde peýdalanmaga mümkinçiligi açykdyr. Şeýle-de, olaryň özlerini durmuşda ulanmagy zerur bolan serişdeler bilen üpjün etmek boýunça hyzmatlardan peýdalanmaga mümkinçiligi açykdyr.

Bu derejedäki adamlar özleriniň zähmet çekmekleri üçin ýörite şertleriň döredilmegini guramak hyzmatlaryndan hem peýdalanyp bilerler.

Körleriň, kerleriň we lalaryň durmuş hyzmatyny guramak işi ýöriteleşdirilen ýa-da dolandyryjy durmuş üpjünçilik edaralary tarapyndan, ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan, saglygy goraýyş edaralary tarapyndan, edaralar we kärhanalar tarapyndan, jemgyýetçilik guramalary tarayndan amala aşyrylmagy mümkindir. Jemgyýetçilik başlangyçlary boýunça olar barada durmuş hyzmatyny guramaklygy dürli jemgyýetçilik guramalary: weteranlar guramasy, zenanlar

guramasy, kärdeşler arkalaşygy, dini guramalar we körleriň we kerleriň jemgyýetçilik guramalary ýerine ýetirip bilýärler. Şunuň özi bu edara-guramalaryň durmuş üpjünçilik hyzmatynyň hukuk gatnaşyklarynda ikinji subýekt hökmünde-de, üçünji tarap hökmünde-de çykyş edip biljekdigini aňladýar.

Körler barada durmuş hyzmatyny guramaklygyň esasy wezipeleri olaryň aşakdaky durmuş hyzmatlaryndan peýdalanmaklaryna ýardam bermekden ybaratdyr:

a). Bilim-terbiýeçilik işini guramak we intelektual derejeleri edinmeklige ýardam bermek boýunça:

- Uly ýaşly, kiçi ýaşly kör adamlara bilim bermek hyzmatlary (orta, ýörite we ýokary okuw mekdeplerinde),

-Olaryň bilim almaklaryna we durmuşda dürli hajatlary üçin isleglerini kanagatlandyrmakda görüş fünksiýasynyň ornuny tutmaga ýardam edýän tehniki serişdeler bilen üpjün etmek hyzmatlary (ýazmagy we okamagy Braýl ulgamy boýunça okatmak üçin serideler, zähmet çekmeklerini ýeňilleşdirýän, daşky dünýäni göz öňüne getirmekligi gowulandyrýan abzallar, ýörite enjamlar, gollanmalar;)

-edebiýat, saz we beýleki sungat döredijilik işine, şeýle hem sport-medeni çärelere gatnaşmaklaryna zerur şertleri döretmek boýunça hyzmatlar;

b). Saglygyny goramaklyga we dikeltmeklige ýardam bermek boýunça:

- Saglygy goraýyş hyzmatlary: körlügiň öňüni almak we galan görüşi, duýgurlygy we eşitmekligi goramak boýunça öňüni alyş çäreleri, şypahana bejergileri;

ç). Dynç alşyny guramak hyzmatlary (dynç alyş öýlerine ugratmak, çagalar dynç alyş öýlerine ugratmak);

g). Ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak hyzmatlary (öýünde hyzmat etmek, ideg etmek, zerur bolan şertleri döretmek);
d). Körleriň işe ýerleşdirilmegine we olar üçin ýörite amatly şertleriň döredilmegine ýardam etmek hyzmatlary;
e). Hukuk hyzmatlary (hukuk maslahatlary, notarial hyzymatlar, wekilçilik etmek we ş. m.)

Göz öňünde tutulan durmuş hyzmatlaryna hukugyň döremegi üçin adamynyň kör bolmaklygy ýeterlikdir. Ýöne durmuş hyzmatynyň käbir görnüşiniň berilmegi üçin onuň ýalňyz ýaşaýan bolmagy ýa-da oňa hossarlyk edýäniň ýok bolmagy hem gerekdir. Mysal üçin, öýünde oňa ideg edýän maşgala agzalarynyň bolmagy, olaryň öz borçlaryny berjaý etmegi durmuş hyzmatynyň öýünde berilmegine zerurlyk döretmeýär. Şonuň üçin hem olara durmuş hyzmaty bellenende ýaşaýyş şertleri nazarda tutulýar. Eýsem, durmuş hyzymatyny almak üçin, kör adamynyň haýsydyr bir jemgyýetçilik guramasyna agza bolmagy hökmanmy? Şol guramanyň çäklerinde öz hukuklaryny we bähbitlerini aramak bilen çäklenmegi onuň öz hukuklaryny üpjün etmekligi üçin ýeterlikmi? Elbetde, kör adam öz hukuklaryny araçy serişdeleri ulanmazdan hem kanun boýunça öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini gorap biler. Onuň üçin kör adamyň haýsydyr bir gurama agza bolmagy hökmany däldir. Jemgyýetçilik guramalarynyň kör adamlary özlerine agzalyk degişliligi boýunça borçlandyryjy gatnaşyga çekmeginiň hökmançylygy ýokdur. Sebäbi olar, ylaýta-da, körleriň jemgyýetleri, dini (diňe ýerli şertlerde we öz ulgamy boýunça) guramalar, kärdeşler arkalaşyklary olar ýaşaýyş-durmuş şertlerini döretmeklige we ony gowulandyrmaga ýardam edijiler

hem-de olaryň hukuklaryny we bähbitlerini goraýan üçünji taraplar hökmünde çykyş edýärler.

Kör ýa-da göreji pes adamynyň durmuş üpjünçilik edarasyndan özlerini durmuş hajatlary üçin zerur bolan durmuş hyzmatlaryny bellemegi we durmuş hyzmatlarynyň berilmegini guramakda ýardam bermegini (Meselem, garrylar öýüne ýollama bermek we beýleki resminama işlerinde ugrukdyrmak, düşündiriş bermek, zerur halatlarynda aýdylan ýere ýerleşdirmekligi öz üstüne almak we ş. m.) talap etmegi kanunalaýyk ýagdaý diýip hasaplamak  mümkindir. Şeýle derejedäki adamlaryň körleriň jemgyýetinden we ýardam edijilik täsirini ýetirip biljek beýleki guramalardan durmuş hyzmatynyň berilmegine ýardam bermeklerini we bu işi guramaklaryny talap etmekleri hem kanunalaýyk hadysadyr.

Kör ýa-da göreji pes adamlar:

- özlerine kybapdaş işi tapmaga we şeýle işe ýerleşdirilmegine,
- önümçilik-hünär taýdan taýýarlanylmagyna;
- Bilim almagyna,
- Saglygy goraýyş kömeginiň berilmegine,
- Durmuş şertleriniň gowulandyrylmagyna hökmany ýagdaýda mätäçlik

çekýärler.

Ker ýa-da eşidiş ukyby has pes, şeýle hem lal, gepleýşi bozulan adamlar barada hem görüş ükyby bozulan adamlar üçin göz öňünde tutulan durmuş hyzmatlary ulanylyp bilner. Eşidiş ukyby ýok ýa-da bozulan adamlara olaryň fiziki ýetmezçiliginiň häsiýetine görä, aşakdaky hukuklardan peýdalanýarlar:

a). Üm, el hereketi arkaly düşünişmek,

b). Ses saýgaryjy, ses güýçlendiriji enjamlardan peýdalanmak;

Şu hukuklardan olaryň weteranlar derejesine we maýyplyk toparlaryna bagly bolmazdan, umumy esasda eşidiş we gepleýiş ukyby bozulan adamlaryň ählisiniň peýdalanmaklary kanunalaýykdyr.

Kerler, eşidişi pesler, gepleýşi bozulanlar degişli jemgyýetçilik guramalaryndan durmuş hyzmaty baradaky özleriniň bähbitlerine ýardam edilmegini talap edip bilerler. Olary (kör, ker, lal adamlary) öz hukuklaryny özbaşdak goramak ukyby pes bolan adamlaryň hataryna girizmek olaryň hukuk taýdan goraglylygyny üpjün edýär we olara durmuş hyzmatynyň bellenmegine, bu işiň guralmagyna hukuk mümkinçiligini döredýär. Şeýlelikde, duýgy we sözleýiş agzalarynyň funksiýasy bozulan adamlaryň durmuş hyzmatyna bolan hukugyny kesgitleýän **şertleriň** we şeýle derejedäki adamlaryň **hukuk statusynyň** kesgitlenmegi olar babatyndaky durmuş hyzmatynyň hukuk meselelerini çözýär.[1]

## § 4. Durmuş hyzmatlarynyň görnüşleri

Her bir zadyň öz keşbi, daşky gurluşy, daşky gabygy bolýar. Şol zadyň daşky görnüşine-de gelşikli ýa gelşiksiz, gyşyk ýa göni, goturaky ýa ýylmanak,
güberçek ýa ýasmak diýlip baha berilýär. Şol zadyň daşky keşbine garap, onuň içi barada ilkinji çaklamalar, ilkinji düşünjeler emele gelýär. Ol ajy däne bolmaly ýa-da süýji däne bolmaly, maňzy dokdur ýa pakdyr diýlip çak urulýar. Şeýle ýagdaý [1] abstrakt düşünjelerde-de şuňa golaýdyr. Adamyň düşünjesiniň sagdynlygyna görä, ol päk ýürekli,

ynsaply ajaýyp adam bolmaly diýip, ýa-da düşünjesi şu bolsa, niýeti-päli hem şonuň ýalydyr diýip, adamyň içki dünýäsi barada pikir edýäris.

Onda biz "durmuş hyzmaty" diýen düşünjäni aňymyzda aýlaýan bolsak,
hyzmatyň nähili görnüşlerde bolup biljekdigini, olara haýsy işleriň degişli bolup biljekdigini, şol işleriň adam üçin hyzmatdygyny ýa-da däldigini, şol hyzmaty näme üçin etmelidigini göz öňüne getirýäris. Şonuň üçin hem durmuş hyzmatlarynyň görnüşleri barada gürrüň etsek ýerlikli bolar.

Durmuş hyzmatlarynyň ýöriteleşdirilmegi ony daşarky alamatlary boýunça görnüşlere bölünmegine getirýär. Durmuş hyzmatynyň daşky alamatlary diýlende, birinjiden, guramaçylyk ýagdaýyna, ikinjiden, döwürleýin häsiýetine , üçünjiden, şertnamamalaýyn häsiýetine, hyzmatyň tölegli ýa-da tölegli däldigine düşünilýär.

Şu bölüm ýazylanda ugrukdyryjy çeşme hökmünde şu gollanmadan peýdalanyldy:
Социальное обеспечение и страхование в СССР. Сборник нормативных актов
М. 1979г. :
a). Устав всероссийского ордена трудового красного знамени общества слепых. стр. 493-502 Şu tertipnama 13. 11. 1975ý. ýokarda atlandyrylan jemgyýetiň XIII gurultaýynda kabul edilip, şol ýylyň 31-nji dekabrynda RSFSR-iň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň № 135-nji buýrugy bilen tassyklanan. (awtor ŞG)
b). Устав всероссийского общества глухих. стр. 503-515 Şu tertipnama 15-16. 07. 1975ý. ýokarda atlandyrylan jemgyýetiň XIII gurultaýynda kabul edilip, şol ýylyň 31-nji dekabrynda RSFSR-iň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň № 136-njy buýrugy bilen tassyklanan. (awtor ŞG)

Durmuş hyzmatynyň şeýle alamatlary boýunça görnüşleri aşakdakylar bolup biler:
1.Ýatymlaýyn (gije-gündizki) şertlerde berilýän durmuş hyzmatlary.
2. Ýarym ýatymlaýyn (gündizki) şertlerde berilýän durmuş hyzmatlary;
3. Öýüne baryp we öý şertlerinde berilýän durmuş hyzmatlary;

Durmuş hyzmatynyň guramaçylyk ýagdaýy diýip, bu hyzmatyň ýöriteleşdirilen tertipde guralmagyna, ýagny, ýalňyz ýaşaýan gartaşan adamlary, maýyplary we beýleki fiziki ukyplylygy çäkli bolan adamlary ýüze çykarmak çäreleriniň amala aşyrylmagyna, şeýle derejedäki adamlara kompleksleşdirilen, merkezleşdirilen görnüşde durmuş hyzmatlarynyň edilmegini guramaklyga düşünilýär. Durmuş hyzmatynyň döwürleýin häsiýeti diýilende, adamyň öz-özüne hyzmat edip we özbaşdat hereket edip bilijilik ukybynyň derejesine görä, durmuş hyzmatynyň hemişelik ýa-da wagtlaýyn bolan bellibir döwür üçin bellenmegine düşünilýär. Durmuş hyzmatynyň şertnamalaýyn häsiýeti diýilende, durmuş hyzmaty edilýän raýadyň ýa-da onuň kanuny wekiliniň şertnamamada öz üstüne alan borçnamasynyň mazmunyna we onda bellenilen möhletlere laýyklykda,
durmuş hyzmatynyň edilmegine düşünmek mümkin. Durmuş hyzmatynyň mugtdygy ýa-da töleglidigi durmuş hyzmatynyň edilmegine alnan adamynyň ýeke-ýalňyzlygyna, gartaşanlygyna, maýyplygyna, mydamalyk girdeji çeşmesiniň ýoklugyna we şu alamatlary bolmadyk adamdygyna baglydyr. Başky sanalan
alamatlary ýok adamlara durmuş hyzmatlary tölegli edilýär.

Durmuş hyzmaty özüniň niýetlenen ulgamy boýunça hem görnüşlere bölünip bilner:

1. Durmuş üpjünçilik hyzmatlary,
2. Saglygy goraýyş hyzmatlary,
3. Söwda hyzmaty;
4. Poçta-aragatnaşyk hyzmatlary,
5. Hukuk, maslahat beriş hyzmatlary,
6. Meýletin zähmet işine çekmekligi guramak hyzmatlary,
7. Ulgamlar boýunça goşulan beýleki hyzmatlar;

Şu ýokardaky ulgamlaýyn durmuş hyzmatlary bolsa, durmuş hyzmatlarynyň
içki mazmunyny emele getirýärler. Meselem, dermanlar, protez-ortepediýa önümleri, pişekler, arabalar we ş. m. bilen üpjün etmek, lukmançylyk kömegini bermek, saglygy goraýyş seredişini geçirmek, kesele garşy sanjymlary geçirmek we ş. m. saglygy goraýyş boýunça durmuş hyzmatyny etmekligiň mazmunyny düzýärler.

Durmuş hyzmatynyň saglygy goraýyş hyzmatlaryndan başga, ähli görnüşi esasan, şu subýektlere: gartaşan adamlara, maýyplara we fiziki ýagdaýy boýunça öz-özüne hyzmat etmek ukyby we özbaşdak hereket etmegi çäkli bolan beýleki adamlara ýatymlaýyn we ýarym ýatymlaýyn şertlerde berilýän görnüşlerinde, durmuş üpjünçilik hyzmatyny guramak tertibinde berilýär. Saglygy goraýyş boýunça durmuş hyzmaty durmuş üpjünçilik hysmatlarynyň guralmagyndan daşarda-da, durmuş hyzmatlarynyň islendik görnüşleri boýunça-da berilýär we onuň subýektleri kesellilik ýagdaýy bilen baglanyşykly kesgitlenýär.

Durmuş üpjünçiligi boýunça guralýan ýatymlaýyn we gündizki ýarym ýatymlaýyn görnüşlerindäki durmuş hyzmatlary aşakdaky raýatlar barada berilmeýär:
a). Bakteriýa göteriji ýa-da wirus saklaýjy bolup durýan raýatlara,
b). Alkogolly içgilere, neşe we beýleki zäherli derman serişdelerine bagly kesellilere,
ç). Ýokanç karantin keselli raýatlara,
e). Inçekeseliň iňjeň görnüşi bilen kesellilere,
z). Ruhy taýdan kesellilere,
ž). Deri keselli raýatlara,
n). Ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş bejergisini talap edýän beýleki keseller bilen kesellän adamlar; [1]
Durmuş hyzmaty mazmun taýdan görnüşlere, başgaça aýdylanda, durmuş hyzmatynyň içerki häsiýetine görä-de, görnüşleri anyklanýar. Onuň alamatlary birinjiden, durmuş hyzmatynyň niýetlenlenişini, ikinjiden, ýalňyz ýaşaýan adama gönükdirilişini, üçünjiden, adamyň öz-özüne hyzmat edip bilmeýän we özbaşdak hereket etmegi çäkli bolan ýagdaýynyň derejesini, dördünjiden, durmuş hyzmatynyň ýörelgelerini öz içine alýar.
Ýatymlaýyn we ýarym ýatymlaýyn şertleräki durmuş hyzmatlary öý şertlerindäki ähli durmuş-hojalyk işlerini öz içine alýan görnüşlerinde berilýär. Munuň özi ýokarda agzalan derejedäki raýatlaryň ýaşaýyş durmuşyny öý şertlerindäki durmuşa ýakynlaşdyrylmagyna ýardam edýär.
Öý şertlerindäki durmuş bolsa, biz her birimize mälimdir. Elbetde, öýde hojalygy alyp barmagyň ençeme hysyrdyly aladalary hem bar, ýagny öý: hapa suwlary akdyrýan lagym geçirijilerini bejermek, çalşyrmak, suw paýlaýjy enjamlary oturtmak, jaýa çyra goýmak, olary çalyşmak, öý

esbaplaryny bejrmek, abatlamak, täzesini satyn almak, öý goşlaryny gurnamak, öýi bezemek, syryp-süpürmek, kir ýuwmak, geýim ütüklemek, azyk önümlerini satyn almak, myhman kabul etmek we ş. m. ençeme aladalardan dolydyr.

Biziň göz öňümize gelýän şeýle pursatlara gartaşan we maýyp adamlary ýakynlaşdyrmak, türkmençeläp aýtsak, elbetde „uly sogap işdir“. Şu sogap işler bolsa, ýatymlaýyn şertlerde, ýarym ýatymlaýyn şertlerde, öýe baryp ýetine ýetirilýän şertlerde edilýän durmuş hyzmatlarynyň mazmunydyr, onuň maksadyny, niýetini, çemeleşýän usulyny, hyzmat etmegiň delilini aýdyňlaşdyrýan, şöhlelendirýän ýörelgedir.

Umumylaşdyryp alanyňda, ýatymlaýyn we ýarym ýatymlaýyn şertlerdäki durmuş hyzmatlarynyň görnüşleri aşakdaky toparlara birigip bilerler:

a). Naharlanmagy;

b). Özüne arassaçylyk we şahsy gigiena taýdan hyzmat etmegi,

ç). Saglygy goraýyş kömeginiň we derman üpjünçiliginiň ýola goýulmagy;

g). Özüne geýim-gejim islegini kanagatlandyrmagy we öz geýim-gejimine ideg

[1] Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi tarapyndan tassyklanan. 30. 08. 2007ý. „Ýalňyz ýaşaýan gartaşan raýatlara we maýyplara durmuş hyzmatyny edýän merkez hakynda“ düzgünnama. IV bölüm. 32-nji maddasy.

etmegi,

d). Özüne durmuş-ýaşaýyş hajatlary üçin gerekli bolan esbaplary, enjamlary edinmegi,

z). Habar beriş (radio, teleýaýlym, metbugat) serişdelerinden peýdalanmagy,
ž). Poçta-aragatnaşyk hyzmatlaryndan peýdalanmagy,
m). Dynç alar ýaly ýeriniň we ýatak jaýynyň bolmagy;
e). Mümkinçilige görä gurap boljak beýleki durmuş-medeni hyzmatlary;

Umuman, gije-gündizlik durmuş hyzmatlary hem öýde edilýän hyzmatlara ýakyndyr, ýone ol ýörite tertipde amala aşyrylýar we köpçülikleýin-guramaçylyk şertlerinde hereket edýär.

Öýde edilýän durmuş hyzmatlary adamkärçilik, ynsanperwerlik ýörelgeleriniň berjaý edilmeginiň esasy gurşawlarynyň biridir. Öýde edilýän durmuş hyzmatlary dürli-dürli usullar boýunça amala aşyrylyp bilinýär. Bu durmuş hyzmaty durmuş üpjünçilik edaralarynyň guramagy bilen ýokarda görkezilen ulgamlar boýunça durmuş üpjünçilik edaralarynyň ýörite işgärleri tarapyndan ýa-da şol ulgamlaryň degişli adamlary tarapyndan ýerine ýetirilmegi mümkindir. Öýde edilýän durmuş hyzmatlary bilim-terbiýeçilik edaralarynyň guramagynda hem, ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň guramagynda jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda, jemgyýetçilik köpçüligi tarapyndan-da berlip bilner. Meselem, mekdep okuwçylarynyň öýde edilýän durmuş hyzmatlaryna çekilmegi, olaryň göz öňünde tutulýan derejedäki adamlary ýüze çykarmaklyga, olara durmuş hyzmatynyň berilmegi boýunça işlere ýardam bermeklige gönükdirilmegi; Adamlara ynsanperwerlik kömegini berýän „Gyzyl ýarym aý“ jemgyýetiniň ýeke-

ýalňyz we beýleki mätäç adamlara durmuş hyzmatyny amala aşyrmaklaryna ýardam edilmegi we bu işiň ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýörite guralmagy, ýaşaýyş jaý-kommunal
hojalygy edaralarynyň bu işlere çekilmegi özüniň oňaýly netijelerini berýär.

Öýde edilýän esasy hyzmatlaryň aşakdaky sanawy berilýär:

- ýedi kg. çenli azyk önümlerini, gyzgyn naharlary, ilkinji nobatda zerur bolan senagat harytlaryny satyn almak we öýe getirmek;
- Nahar taýýarlamaga kömek etmek,
- Ýaşaýyş jaýyny arassalamaga kömek etmek, kir ýuwmak;
- Jemagat (kommunal) hyzmatlar we ş. m. üçin tölegleri tölemek,
- Zatlary we durmuşda ulanylýan gaýry zatlary kir ýuwulýan ýere, himiki usulda arassalaýyş kärhanasyna, abatlamak üçin tabşyrmak;
- Agaç ussaçylyk işi üçin işgäri çagyrmaga ýardam etmek;
- Hat ýazmaga, posylkalary, arzalary ibermäge we almaga, pensiýa üpjünçiligi, durmuş tölegleri meselelerini çözmäge, ýeňillikleriň berilmegine, hukuk maslahatlaryny almaga we ş. m. ýardam etmek;
- Ýaşaýyş jaýyny ýeňil abatlamaga, mellekdäki işlere ýardam etmek;
- Dermanlary satyn almak, lukmany öýe çagyrmak, saglyk öýüne bile gitmek[1];

Ýokardaky durmuş hyzmatlar özüniň alamatlandyrýan mazmuny boýunça, öýde ýa-da öýi bilen baglanyşykly edilýän durmuş hyzmatlaryna degişlidigini mälim edýärler. Şu görkezilen durmuş hyzmatlarynyň görnüşleri özleriniň haýsy ulgama degişlidiklerini hem aýan edip durlar. Gelip şol ulgamlaryň biri bolan saglygy goraýyş ulgamynda durmuş hyzmatynyň edilişi barada durup geçeliň. Beýleki ulgamlardan tapawutlylykda, saglygy goraýyş durmuş hyzmatlary birinjiden, durmuş üpjünçilik edaralary goşulmazdan özbaşdak guralmagy bilen amala aşyrylyp bilinýär, ikinjiden, durmuş hyzmaty saglygy goraýyş kömegi görnüşinde, üçünjiden anyklaýyş-ykrar ediş görnüşinde, dördünjiden, dikeldiş-uýgunlaşdyryş häsiýetinde amala aşyrylýarlar. „Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda“ Türkmenistanyň kanunynyň 38-nji maddasynyň (Saglygy goraýyş-durmuş kömegi) 1-nji bölüminde „Keselläninde, zähmete ukyplylygyny ýitirende we gaýry halatlarda raýatlara saglygy goraýyş-durmuş kömegi berilýär, **ol kömek** öňüni
alyş, bejeriş-keseli anyklaýyş, saglygyny we zähmete ukyplylygyny dikeldiş, protez-ortopedik we kömegiň beýleki görnüşlerini, şeýle hem işe wagtlaýyn ýarowsyzlyk we maýyplyk boýunça kömek pulunyň tölenmegini, **kesellilere, işe ukypsyzlara we maýyplara seretmek boýunça durmuş häsiýetli çäreleri öz içine alýar**“ [2] diýlip, saglygy goraýyş-durmuş kömegine kesgitleme berilýär.
Saglygy goraýyş durmuş hyzmatyny saglygy goraýyş-durmuş kömegi manysynda alsak, ýalňyş bolmaz. „Saglygy goraýyş durmuş hyzmaty“ diýen düşünjäni

„saglygy goraýyş durmuş kömegi“ diýen düşünjeden tapawutlandyrýan ýeke-täk
aýratynlyk, saglygy goraýyş durmuş kömegi öýe baryp we öý şertlerinde berilende ol durmuş hyzmaty häsiýetine eýe bolýar. Şeýle häsiýete geçmegiň esasy alamaty bolsa, durmuş hyzmatynyň adam üçin onuň mümkinçiliklerine
laýyklykda, oňaýly şertleri döretmek maksadyndan we häsiýetinden gelip çykýar. Meselem, transportda äkidip-getirilmesiniň kyn bolmagy, keseliniň dowamlylygy
ýa-da başga sebäpler esasynda, keselli adama, maýyba, gartaşan adama öýünde hyzmat edilmeginiň onuň üçin amatly bolup galmagy we ş. m.

Saglygy goraýyş durmuş kömegi ýatymlaýyn bejergi düzgüninde, gatnawly bejergi düzgüninde amala aşyrylýar. Bu durmuş hyzmaty kesellerıň ýokançly we beýleki alamatlary boýunça ýöriteleşdirilen görnüşinde-de amala aşyrylýar.

Saglygy goraýyş durmuş hyzmaty maşgala lukmançylygy ýörelgeleri boýunça saglygy goraýyş hyzmatlaryny ýerine ýetirmek tertibinde-de amala aşyrylýar. Elbetde, „saglygy goraýyş hyzmaty“ diýen düşünje bilen „saglygy goraýyş durmuş hyzmaty“ diýen düşünjeler biri-birinden bellibir derejede tapawutly düşünjelerdir. Saglygy goraýyş hyzmaty saglygy goraýyş işgäriniň öz wezipe borçlary we hünäri boýunça öňüni alyş, bejeriş, keseli anyklaýyş, maslahat beriş hyzmatynyň sagdyn, kesellemegine şübhelenýän we näsaglan raýatlara bermeginden ybaratdyr.

Saglygy goraýyş durmuş hyzmaty saglygy goraýyş
hyzmatynyň raýatlaryň kesellilik we fiziki ýagdaýyna baglylykda, durmuş hyzmatynyň berilmegine mätäç bolan derejedäki aýry-aýry adamlara olar üçin amatly bolan

şertlerde berilmeginden ybaratdyr. Saglygy goraýyş durmuş hyzmatlarynyň görnüşleri saglygy goraýyş kanunçylygynda göz öňünde tutulýar.
Meselem, öýde hyzmat etmeklik;

[1]„Ýalňyz ýaşaýan gartaşan raýatlara we maýyplara durmuş hyzmatlaryny edýän merkez hakynda" düzgünnama. 30. 08. 2007ý. I-goşundy.
[2]Türkmenistanyň XVI Halk maslahatynyň resminamalarynyň ýygyndysy. Aşgabat. 2005ý. 521 s.

Saglygy goraýyş durmuş hyzmatynyň öýde berilmegi üçin birnäçe şertler gerek bolýar:
a). Adamyň keseliniň dispanser gözegçiligine alynýan keselleriň (şol sanda, ginekologiki keselleriň) toparyna, şeýle hem göwrelilik sebäpli gözegçilige alynmagyna degişli bolmagy;
b). Adamynyň saglygy goraýyş edarasyna baryp bilmegi çäkli bolan beden we
beýleki kemçiligi bolan şikeslere, kesellere degişli bolmagy;
ç). Göwrelilik, emdirýän çagaly enelik bilen bagly bolmagy,
e). Adamyň maýyplygyna, gartaşanlygyna, gozgap durýan ötüşen keselliligine,
z). Saglygy dikelmek prosesindäki bejergi alan adamlar;
Dispanser gözegçiligine esasan, şu aşakdaky toparlara degişli keseller degişlidir:
- Gozgap durýan ötüşen keseleriň topary (gipertoniýa, süýji diabeti, aşgazan,
- ýürek-gan damar ýetmezçiligi, bronhit we ş. m.)

- Deri we jyns keselleri (maleriýa, siflis, gonoreýa we ş. m.)
- Onkologiki keseller,
- Semizlik,
- Alkogolizm we ş. m. [1]

Öýde berilýän saglygy goraýyş hyzmaty esasan, maşgala saglygy goraýyş işgärleri tarapyndan berilýär. Olar bu durmuş hyzmatyny amala aşyranlarynda görkezilen derejedäki näsag adamyň öý şertlerinde ýaşamaga ukybyny emele getirmek boýunça ähli çäreleri görýärler, olaryň rahatlygyny, saglgynyň dikelmegini, olaryň özüne we daş-toweregine howpsuz gurşawy döretmekligi üpjün edýärler, mümkin boldugyça şeýle adamlaryň zähmet işine çekilmegi barada aladalanýarlar. Saglygy goraýyş işgärleri öz iş meýilnamalary boýunça öýe baryp hyzmat etmek wezipesini ýerine ýetirýärler. Bu wezipäniň esasy maksady: keselçiligiň öňüni almak, keselçiligi ýa-da başga ýagdaýlary has irki döwründe ýüze çykarmak, dispanser gözegçiligine almak, lukmançylyk gözegçiligini guramak, saglygy goraýyş edarasyna gelip bilmeýän ýa-da gelmeýän raýatlaryň öýlerine aýlanmak, saglygy goraýyş hyzmatyny doly derejede durmuşa geçirmek çärelerinden ybaratdyr. Şeýle hem, sagdyn nesli kemala getirmek öýde edilýän saglygy goraýyş durmuş hyzmatynyň baş maksatlarynyň biridir. Maşgala lukma-nynyň kiçi ýaşly çaga gözegçilik etmek boýunça iş tertibine seredip göreliň [2]:

| Ýaşy | Barmaly wagty |
|---|---|
| Çaganyň dogulmagyndan 3 gün soň | Bir gezek |
| 0-1 aýlykka | Aýda 2 gezek |
| 1-12 aýlykka | Aýda bir gezek |
| 1-2 ýaşyndaka | 6 aýdan bir gezek |
| 3-6 ýaşyndaka | Ýylda bir gezek |

Şunlukda, saglygy goraýyş durmuş hyzmaty öz çygryny beýleki durmuş hyzmatlaryna garanyňda has giňden alýar. Munuň özi adamyň saglygynyň goralmagy we adam saglygy, maşgala, nesil sagdynlygy bilen berk baglanyşyklydyr. Saglygy goraýyş hyzmatynyň bütin süňňüniň aslynda durmuş hyzmaty bolup durýandygyny Mähriban Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuş üpjünçilik konsepsiýasynda öňe sürilýän pikirler aýdyň subut edýär, Milli liderimiziň bu konsepsiýasynyň esasy golunyň saglygy goraýyş hyzmaty bolup durýandygy-da, ylmy taýdan esaslandyryjy çeşme bolup hyzmat edýär, durmuş üpjünçiliginiň gerimini giňeltmegiň, täze-täze görnüşleri bilen üstüni ýetirmegiň baş sakasy-gözbaşy bolýar.

[1] Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynyň bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň ilkinji saglygy goraýyş işini guramagyň meseleleri boýunça gollanma. Aşgabat. 2000ý. 140-143 sah.

[2]Şol ýerde. 143 sah

Poçta-aragatnaşyk hyzmatlary, ulag hyzmatlary, söwda hyzmatlary, hukuk hyzmatlary we beýleki pudak-hojalyk hyzmatlary haçanda, olaryň düzgünnamalarynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalarynda gartaşan adamlara, maýyplara we beýleki fiziki taýdan ukyplylygy çäkli bolan adamlara gönükdirilen bolsa, şol hyzmatlar durmuş hyzmatlary hökmünde göz öňünde tutulan bolsa we onuň esasy şertleri kesgitlenen bolsa, onda olar durmuş hyzmatlary diýlip hasap edilýär. Meselem, notarial hereketiň adamyň öýünde (ýa-da başga jaýda) amala aşyrylmagy üçin, onuň kepillendiriş edarasyna baryp bilmäge mümkinçilik bermeýän ýagdaýynyň (näsaglygy, maýyplygy we ş. m.) bolmagy gerekdir.

Ulag hyzmatlary, söwda hyzmatlary, hukuk hyzmatlary ýokarda görkezilen derejedäki adamlar bilen raýat-hukuk şertnamalaryny baglaşmak bilen hem ýola goýlup biler. Şeýle ýagdaýda, şol hyzmatlaryň öýde edilmegine şert döretmek barada ylalaşyga gelnip bilner. Şeýle raýat hukuk gatnaşyklaryny hem durmuş hyzmaty hökmünde hasaplamak mümkin.

Umuman, durmuş hyzmatlarynyň görnäşleri gutarnykly kesgitlenen däldir, onuň sanawy uzalyp, gerimi giňelip, möçber taýdan hem, hyzmat ediş çägi taýdan hem üýtgäp durýar. Durmuş hyzmatyny etmegiň dürli hukuk usullarynyň, hukuk-guramaçylyk mehanizminiň döredilmegi we işe girizilmegi mydamalyk hereket ediş meýdanynda bolmagynda galýar.

## §5.Garrylygy boýunça pensionerler bilen bagly meseleler

Garrylyk boýunça pensiýa bellenen raýadyň öňki eýelän wezipesinde, ýerine ýetiren işinde galyp ony dowam etdirmäge hukugy bardyr. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda pensioner bolup durýan işgäriň zähmet şertnamasyny bes etmegine diňe onuň öz tagallasy bolan halatynda ýol berilýär. Munuň özi pensionerleri hukuk taýdan goramagyň durmuş-hukuk üpjünçiligidir. Pensioner bolup durýan adamy eýeleýän wezipesine saglyk ýagdaýy sebäpli, laýyk gelmeýändigi bilen baglanyşykly zähmet şertnamasyny ýatyrmak umumy esasda amala aşyrylýar. Munuň özi pensioneriň saglygy we önümçilik üçin zyýanly netijeleriň derejesiniň ýokarlanmagyny görkezýän faktlaryň döremegi bilen bagly bolup geçýär. Meselem, 67 ýaşly rentgenolog lukmanyň görejiniň pesligi sebäpli, nädogry rentgen, flýurografiýa netijenamasyny çykarmagy, hakykatda dürli derejedäki şikesli adama nädogry bejergi bellenmegine alyp barmak we ahyrynda zyýanly netijä getirmek ähtimallygyny döredýär.

Garrylygy boýunça pensiýa bellenenden soňra, raýadyň (adamyň) öňki işini, wezipesini dowam etdirmegine ýörite tertipde çemeleşmelidir. Sebäbi garrylyk ýaşynda ýaş we zähmet-durmuş alamatlarynyň ýüze çykmagy tebigy ýagdaý hökmünde dowam edýär. Şonuň üçin-de, pensioneriň ozalky işinde (wezipesinde) işlemegi dowam etdirmegini bellibir çäge çenli çäklendirmelidir ýa-da onuň şol işde (wezipede) işlemegi üçin ýörite ýeňillikli şertler döredilmelidir ýa-da pensioneriň islegine görä, onuň saglygyna-fiziki ukyplylygyna laýyk gelýän işe geçirilmegini ýa-da şeýle iş bilen üpjün edilmegini hukuk

taýdan üpjün etmelidir. Şeýle hukuk esaslarynyň döredilmegi pensionerlere zähmet-durmuş hyzmaty görnüşinde durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşygyny emele getirýär.

Şu görnüşdäki durmuş hyzmatynyň emele gelmegi üçin, şeýle hukuga eýe bolmagy kesgitleýän şertleri aýdyňlaşdyrmalydyr. Zähmet-durmuş hyzmatyna bolan hukugy kesgitlemek üçin, garrylyk boýunça pensiýa bellenenden soňra, dowam etdirmek mümkin bolan işleriň, kärleriň we wezipeleriň häsiýetini anyklamalydyr. Şol häsiýetleriň belli edilmegi, pensioneriň dowam etdirip biljek işlerini, kärlerini we wezipelerini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Bu ýerde iş agramy az bolan aýratyn ýeňil işler barada däl-de, işiň dartgynlylygy, agram berijiligi az, harsallygy döretmejek, durmuş tejribesini geçirijilik häsiýetini tanamak barada gürrüň edilýär. Şonuň üçin-de, ilki bilen işleriň, kärleriň, wezipeleriň umumy häsiýetlerini kesgitlemek bilen, pensioneriň onda işi dowam etdirmek çägini bellemek bolar we munuň üçin zerur bolan şertleri döretmek bolar.

Işleriň, kärleriň we wezipeleriň umumy häsiýetleri şular bolup biler:

1. Işiň sagatlaýyn häsiýeti;
2. Gündelik iş wagtynyň dowamyndaky iş agramynyň häsiýeti;
3. Zähmet güýjüni sarp edijilik häsiýeti;
4. Zähmet şertleriniň erkin häsiýeti;

Işiň, käriň, wezipäniň zähmet şertleriniň iş agramynyň ýokarylyk derejesine we iş kadalarynyň ýa-da bellibir borçlanylan işin ýerine ýetirilmeginiň erkinligi derejesine, şunda zähmet güýjüniň sarp edilişiniň ýokarylyk derejesine

edýän täsiri bilen olaryň häsiýetleri ölçelýär. Meselem, ýazyjynyň bellibir iş kadasy ýok, wagt çäklendirmesi uzyn, işlemek erkinligi bolsa, “gyssagy özi bilen” diýen jümlede çözülýär.

Pensioneriň ozalky işini dowam etdirip biljek işleriniň, kärleriniň, wezipeleriniň kesgitlenmegi entek ýeterlik däldir. Şundan soňam birnäçe meseleleri çözmeli bolýar. Birinjiden, pensioner bolup durýan işgäriň ozal ýerine ýetirip gelen işiniň (wezipesiniň) garrylyk boýunça pensiýa ýaşyndan soň, ony dowam etdirip biljek ortaça döwri kesgitlenmelidir, ikinjiden, kesgitlenen döwür gelip ýetenden soň, pensioneriň ýeňilleşdirilen şertlerde işläp biljek ýagdaýy kesgitlenmelidir, üçünjiden, agram berijilik ölçegi has kiçi bolan iş (wezipe) kesgitlenmelidir we pensioneriň islegine görä, şeýle işlere işe geçirmek ýa-da onuň işlemegini mundan beýläk bes etmek meselesini çözmelidir. Şu netijeleri çykarmak üçin onuň hukuk esaslarynyň bolmagy zerurdyr. Durmuş üpjünçilik hukugynda garrylyk boýunça pensiýa ýaşyna ýetensoň, iş döwrüni dowam etdirmek raýadyň islegine görä, şu aşakdaky ýagdaýda saklanýar:

1). Garrylygy boýunça doly däl pensiýa çykmak islemeýän raýadyň pensiýa çykmak üçin kesgitlenen iş döwrüniň ýetmeýän bölegini işläp doldurmagyna çenli;

2). Doly däl pensiýa bolan hukuga eýe bolmak üçin şertleriň döremegine çenli;

3). Garrylygy boýunça pensiýa ýaşyna ýeten raýadyň durmuş taýdan üpjünçilik edarasyna arza (doly ýa-da doly däl pensiýa üçin) bilen ýüz tutmagyna çenli;

Garrylygy boýunça pensiýa bolan hukugy dörän raýadyň islegine we beýleki şertlere bagly ýagdaýda

pensiýa barada ýüz tutmagyň geçirilmegi bilen baglanyşykly işi (wezipäni) dowam etdirmegiň başga ýagdaýlary hem bolup biler.

Olar saýlawly wezipäniň möhletiniň tamamlanmagyna çenli ýa-da garrylygy boýunça pensiýa bolan hukugy saýlawly wezipesinde işlemegini dowam etdirýän raýadyň saýlawly wezipesiniň möhleti gutarmanka, pensiýa çykmak baradaky arzasyny bermegine çenli, pensiýa çykmazdan işlemegiň dowam etdirilen döwre degişlidir.

Pensiýa çykylandan soňra işlemegi dowam etdirmek ýokarda görkezilen tablisamyzda göz öňünde tutulan işlerden, kärlerden we wezipelerden başga, ýene kimler öňki ýerine ýetirip gelen işini, wezipesini dowam etdirip biler diýen sorag hem döfeýär. Olara şulary degişli etmek bolar:

1). Harby gullugyň 55-60 ýaşdan soň harby hasapdan ýaşy boýunça aýrylan serkerdeler düzüminden bolan harby gullukçylar (erkek adamlar) ýolbaşçy düzümdäki harby wezipelere bellenýän mahalynda;

2). Ätiýaçdaky harby hasapda durmagy 55-60 ýaşa çenli harby derejeleri bolan ofiserler we ýolbaşçy düzümdäki içeri işler edaralarynyň gullukçylary polisiýanyň ýolbaşçy wezipelerine bellenýän mahalynda;

3). Döwlet gullukçylary indiki möhlete bellenen ýa-da ýolbaşçy wezipä bellenilen mahalynda;

4). Pudak ulgamlarynyň ýerli ýolbaşçylarynyň, pudak edaralarynyň bölüm ýolbaşçylarynyň ýokary pudak ýolbaşçy düzümindäki wezipesine öz ulgamy we beýleki ulgamlar boýunça bellenilen mahalynda;

Ýöne soraglar ýene-de ýüze çykýar. Ýeňillikli şertlerde ýaşy boýunça pensiýa çykmaga hukugy bolan raýatlaryň

pensiýa çykmak barada arza bilen ýüz tutmak hukugyny işlemegini dowam etdirip ýa-da dowam etdirmezden özünde saklap bilýärmikä? Bu soraga jogap bermek üçin, ýeňillikli pensiýa berilmeginiň sebäbini we onuň häsiýetini aýdyňlaşdyrmaly bolar. Eger raýat maşgala ýagdaýy ýa-da saglyk ýagdaýy sebäpli, garrylygy boýunça pensiýa ýeňillikli şertlerde çykmaly bolsa, onda öňki ýerine ýetiren işiniň (wezipesiniň) häsiýeti boýunça , pensiýa çykmazdan işini dowam etdirip biler ýa-da pensiýa çykmak üçin kanunda kesgitlenen şertleri edinenden soň, işi dowam etdirmedik ýagdaýynda-da, raýadyň kesgitlenmedik wagtda pensiýa çykmak üçin arza bermek hukugy saklanýar. Bu şert umumy esaslarda pensiýa çykýanlar üçin-de şeýledir.

Raýada garrylygy boýunça pensiýa maşgala ýagdaýy boýunça maşgala agzalarynyň sanyna laýyklykda, umumy kesgitlenen şertleriň möçberinden kemilip, ýeňillikli şertlerde bellenmäge degişli mahalynda, raýadyň işini dowam etdirmegi, işiň (wezipäniň) häsiýetine baglydyr. Eger iş (wezipe) umumy bellenilen kadalara we talaplara laýyk bolsa, ol pensiýa çykmak üçin arzany islendik wagtda bermäge raýadyň hukugy bolmagy üçin ýeterlik kanuny esasdyr. Bu saglyk ýagdaýy sebäpli, pensiýa çykmaly bolan raýatlar babatynda-da şeýledir. Pensiýa çykmazdan ýa-da pensiýa çykandan soň, ozalky iş orunlarynda we işlerinde, wezipelerinde işläp bilmejek adamlar diýip, şulary hasaplamak bolar:

1). Zähmetiň zyýanly we aýratyn agyr şertlerinde kanunda bellenen tertipde işlän adamlar, şol esas bilen pensiýa bellemäge degişli adamlar;

2). Birsyhly agyrlyklary götermek, süýşürmek, ýüklemek-düşürmek we daşamak bilen baglanyşykly işlerde işlän

adamlar: ýükçi (gruşik) işçiler, ýanýoda jäheklerini gurujy işçiler, agyrlyklary süýşürip äkidýän (kerpiç zawodlarynda we ş. m.) işçiler, agyrlyk bilen iş salyşýan (stangaçy, kulturist, disk, naýza zyňyjy we ş. m.) sportsmenler, ähli görnüşdäki göreş pälwanlary;

3). Ýerasty işlerde işlän adamlar, şol esas boýunça pensiýa bellemäge degişli adamlar;

4). Işiň howply we aýratyn şertlerinde işlän adamlar we şeýle esas bilen pensiýa bellemäge degişli adamlar; (awiýa gulluklarynyň işgärleri: uçarmanlar, bortinžinerii, uçarüsti dolandyryjylar, stýuardessalar, paraşýutçylar)

5). Zähmet we gulluk borjy bilen baglanyşykly şikes alan, seňse bolan, hünär keselini alan adamlar;

6). Näsaglygy ýa-da wezipe orunlarynyň sanynyň kemeldilmegi esasynda gullukdan boşadylan harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň işgärleri (serkerdeler we ýönekeý şahsy düzüm boýunça);

7). Maýyplyk we näsaglyk bilen baglanyşykly başga işe geçirilip, soňra ýaşy boýunça pensiýa çykmaga degişli adamlar;

8). Işlän ýyllary üçin pensiýa bellenen adamlar (işlän ýyllary 30 ýyldan geçýän);

Garrylyk boýunça pensiýa bilen baglanyşykly zähmet-durmuş şertleriniň kesgitlenmegi eýsem, gutarnykly hukuk çäresimidir? Ýok, pensionere zähmet-durmuş şertleriniň hukuk şertini döretmek bilen kanagatlanmak heniz ahyrky çäre däldir. Ilki bilen zähmet-durmuş şertleri diýip, nämä düşünmelidigimizi aýdyňlaşdyralyň. Zähmet-durmuş şertleri diýip, iş beriji tarapyndan işgär bolup durýan pensioner ýa-da iş bilen üpjün edilýän pensiýadaky raýat barada onuň fiziki we

hünär ukyplylygy, iş tejribe bazasy utgaşdyrylyp döredilen indiwidual zähmet şertlerine, zähmet-durmuş (durmuş hyzmaty) ýeňilliklerine, şonuň ýaly iş orunlarynyň döredilmegine we şonuň ýaly iş bilen üpjün edilmegine, şeýle hem ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň guramaçylyk tagallalary bilen pensionerleri işe ýerleşdiriş we iş bilen üpjün ediş hereketlerine düşünmek mümkin. Zähmet-durmuş şertleri özleriniň hukuk esaslary boýunça emele gelýärler, birinjiden, zähmet-durmuş şertleriniň zähmet, durmuş üpjünçilik kanunçylygynda göz öňünde tutulmagy, ikinjiden, köpçülikleýin şertnamalarda, zähmet şertnamasynda (goşmaça şertler hökmünde ýa-da aýratyn şertnama hökmünde) nazarda tutulmagy (kanuna garşy gelmezlik şerti bilen), üçünjiden, raýat-hukuk şertnamalarynda göz öňünde tutulmagy esasynda zähmet-durmuş şertleri emele gelýärler. Zähmet-durmuş şertleriniň kanunlarda (kanunçylykda) göz öňünde tutulmagy ähli pudaklar boýunça durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklaryny ýüze çykarmaga we düzgünleşdirmäge, pensioner bolup durýan raýatlary işe ýerleşdiriş we iş bilen üpjün ediş hyzmatlarynyň guralmagyna we amala aşyrylmagyna, ähli görnüşdäki (hukuk şahsy, fiziki şahsy, döwlet ýa-da hususy iş beriji) iş berijilerden pensioner bilen baglanyşykly zähmet-durmuş şertlerini döretmekligi kanun boýunça talap etmekligi mümkinçilik berýär.

# VIII BAP. MEDENI DYNÇ ALYŞ WE BEJERIŞ-ŞYPAHANA HYZMATLARY

## §. 1 Medeni dynç alyş barada umumy düşünje.

Türkmenistan döwletimizde raýatlaryň medeni dynç alşyny üpjün etmek üçin ähli şertler döredilýär. Türkmenistanyň raýatlarynyň özleri üçin medeni dynç alşy meýilleşdirmeklerine we ondan peýdalanmaklaryna bazalaýyn mümkinçilikler bar. Medeni dynç alyş- ol raýatlaryň ruhy eşretlerden peýdalanmaklaryna, şolaryň üsti bilen olaryň özlerini estetiki taýdan terbiýelemeklerine, ruhy gymmatlyklary özleriniň, maşgala agzalarynyň ruhybelentligine, zähmet işjeňligine, durmuşa höwesekligine, ahlak-intellektual taýdan kämilleşmegine hyzmat etdirmeklerine gönükdirilýär, ynsanperwer jemgyýetçilik psihologiýasynyň kemala gelmegine ýardam edýär. Medeni dynç alyş durmuş taýdan üpjünçiligiň möhüm pudaklarynyň biridir we raýatlara dynç alyş hyzmatlaryny guramagyň esasy nazarlaýan ojagydyr.

Medeni dynç alyş durmuş hyzmatlarynyň aýratyn bir ulgamyny emele getirýär. Medeni dynç alyş ulgamynyň düzüm böleklerine şulary hasaplamak bolar:

1. Ýöriteleşdirilen dynç alyş öýleri, şypahanalar;
2. Köpçülikleýin barylýan tomaşa ediş we dynç alyş ýerleri: sport toplumlary, medeni-dynç alyş zolaklary;
3. Syýahatçylyk gezelençleri, ýerli görkezme-tanyşdyryş gezelençleri;

Medeni dynç alyşyň bu ugurlary ilata medeni taýdan durmuş hyzmatyny üpjün etmegiň bazasy bolup durýarlar. Medeni dynç alyş hyzmatyny amala aşyrýan edaralar we

guramalar öz funksiýalaryny we wezipelerini özleriniň düzgünnamalaryna we içerki düzgün-tertip kadalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrýarlar. Ýöriteleşdirilen dynç alyş öýlerine haýsy edaralar girýär?

Olar şylardan ybarat:

1. Zähmet we gulluk dynç alyş-sagaldyş öýleri (kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýanyndaky, pudak ulgamyna degişli);
2. Bejeriş-saglygy dikeldiş şypahana öýleri;
3. Çagalar sagaldyş we dynç alyş öýleri (merkezleri);

Bu medeni dynç alyş öýleri haýsy hyzmatlary berýär?

1). Ýörite düzgünli dynç alyşy;
2). Gysga wagtlyk gezelençleri (maksatly görkezme-tahyşdyryş gezelençleri);
3). Metbugat we beýleki habar beriş serişdeleri boýunça hyzmatlar;
4). Kitaphana hyzmatlary;
5). Saglygy goraýyş hyzmatlary we gözegçiligi;
6). Edebiýat we sungat agşamlary, duşuşyklary, medeni köpçülikleýin tomaşalar,
7). Saglygy goraýyş we beýleki jemgyýetçilik bilimleri boýunça nituklary (leksiýalary) guramak;
8). Sport hyzmatlaryndan (suwda ýüzülýän desgalary, oýun meýdançalary, küşt-şaşka otaglary we ş. m. ) peýdalanmagy we sport çäreleri;
9). Arassaçylyk-şahsy gigiena şertleri (otagyň we onuň esbaplarynyň arassaçylygy, düşek esbaplarynyň arassalygy, dellekhana serişdeleri, hammam hyzmaty );
10). Dynç alyş-atraksion, oýun enjamlary, çagalar oýun meýdançalary we oýun esbaplary;

11). Umumy we ýöriteleşdirilen iýmitlenişiň üpjünçiligi;
12). Beýleki goşmaça medeni dynç alyş çäreleri;

Sagaldyş-dynç alyş öýleri özlerini ýerleşişi, häsiýetleri talaplary boýunça özboluşly şertler bilen baglanyşdyrýarlar, hakykatda munuň özi adam hakyndaky aladadan, bu medeni dynç alyş ýerleriniň niýetlenen funksiýasyndan gelip çykýan häsiýetlerdir we talaplardyr. Şoňa görä-de, sagaldyş we dynç alyş öýlerinde şu şertler hokmany ýagdaýda doly üpjün edilýär we gözegçilikde saklanýar:

1. Daş-töweregiň tebigy gözelligi, dynç alyş öýüniň binasynyň we onuň desgalarynyň töwereginde gök zolak gurşawynyň döredilmegi;
2.Daşky gorşawyň ekelogiki taýdan arassalygy;
3. Sagaldyş-dunç alyş desgalarynda sanitariýa talaplarynyň berk berjaý edilmegi we üpjün edilmegi;

Ýokarda görkezilen şertleriň bu medeni dynç alyş ýerleri üçin bildirilýän aýratyn talaplar bolup durýandygy aşakda getirjem jümlelerimizden (sitata) hem belli bolýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Sanatoriý-şypahana dynç alşynyň industriýasyny, köpçülikleýin sporty, halkara syýahatçylygyny ösdürmek barada ähli meýilnamalar aýdyň sosial häsiýete eýedir. "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmeginiň taslamasy onuň aýdyň mysalydyr. Hazar deňziniň türkmen kenary amatly ýumşak howasy we baý mümkinçilikleri bilen meşhur bolan täsin, ekologiýa taýdan arassa tebigy zolakdyr, munuň özi şol zolagy ýurdumyzyň şypahana babatda hakyky dürdänesine öwürmäge giň mümkinçilik açýar "[1] diýip nygtamagy, dynç alyş öýleri, şypahanalar gurulan mahalynda daşky

gurşawyň amatly şertleriniň nazarda tutulýandygyny, daşky gurşawyň klimat şertlerine, tebigy taýdan ýerleşişine , landşaftyna, olaryň adam bedenine we saglygyna edýän täsirine laýyklykda, medeni dynç alyş, bejeriş-saglygy dikeldiş şypahana, kurort zolaklarynyň saýlanyp alynýandygyny subut edýär.
diýip, bu sagaldyş öýleriniň çagalar babatyndaky esasy maksatlaryny aýdyň açyp görkezýär.

Şeýlelikde, medeni dynç alyş hyzmatlarynyň subýektleri raýatlar, maşgala, çagalar bolup bilýärler. Belli bolşy ýaly, Türkmenistanyň raýatlary zähmete ukyplylygyny, fiziki-saglyk ukyplylygyny dikeltmek, berkitmek maksady bilen bu hyzmatlardan peýdalanýarlar. Subýektleri häsiýetleri boýunça aýrybaşgalaşdyrylanda-da, işgärler, harby gullukçylar, mekdebe çenli çagalar edaralarynda terbiýelenýän çagalar, mekdep okuwçylary, ýokary, ýörite orta we hünärmen mekdepleriniň talyplary, işlemeýän raýatlar: pensionerler, maýyplar, weteranlar, gartaşan adamlar bu hyzmatlardan peýdalanyjylar bolup bilýärler.

Işgär bolup durýan raýatlar esasan, birsyhly dowam edýän zähmetiň surnukdyrmasyndan emele gelýän fiziki we akyl ýadowlygyny aýyrmak, zähmetiň ýadowlyk häsiýetini zähmet işjeňligine täzelemek, zähmet-öndürijilik ukybyny dikeltmek, hereket ediş gurşawyny üýtgetmek bilen durnukly işjeňlik kadasyny saklamak, kesellemegiň öňüni almak maksady bilen medeni dynç alyş hyzmatlaryndan peýdalanmaklyga ilgezik bolýarlar. Bu hyzmatlar diňe bir işe ukyplylygy dikeltmek üçin däl-de, adamlaryň biri-biri bilen jemgyýetçilik aragatnaşygyny ösdürmek, gözýetimini giňeltmek, estetiki lezzet almak,

zähmete döredijilikli çemeleşmegi, ruhybelentligi özüňde terbiýelemek, umumylaşdyryp aýdanymyzda, duýgy terbiýesini bermeklik üçin-de bahasyna ýetip bolmajak ähmiýete eýedirler.

Bu medeni dynç alyş ulgamy boýunça döwlet medeni hyzmaty häsiýetinde, döwlet özüniň dynç alyşy üpjün ediş funksiýasyny amala aşyrýar. Şonuň üçin hem, bu hyzmat köpçülikleýin barylýan ýerleri döretmek şertlerinde ähli raýatlar, adamlar üçin umumy elýeterli tertipde hereket edýär.

Syýahatçylyk gezelençleri ulgamy köpçülikleýin medeni dynç alyş ulgamlaryna garanyňda, has çylşyrymly prosesde hyzmaty üpjün edýär. Onuň esasy çylşyrymlylygy hyzmatyň guralyşy taýdan elýeterliliginiň çylşyrymly basgançaklarynyň barlygyndan, hyzmatyň Türkmenistanyň çäklerinde-de we ondan daşarda-da berlip bilinýänliginden, syýahatçylyk gezelençleri wagtynda syýahatçylyk hyzmatlarynyň medeni dynç alşyň beýleki ulgamlaryny öz içine alyp bilýänliginden emele gelýär.

Syýahatçylyk gezelençleri jahankeşdelik marşruty boýunça-da, gysga wagtlyk tebigatyň aýratyn gözel ýerlerine baryp görmek, adaty ýabany tebigaty synlamaga çykmak, tebigy ýerlerde maşgala dynç alşyny guramak boýunça-da amala aşyrylyp bilinýär. Munuň özi syýahatçylygyň bir tarapynyň gös-göni tebigat bilen gatnaşyga girmek bilen baglanyşyklydygyny görkezýär. Bu gatnaşyk ylaýta-da, awçylyk syýahatynda has-da açyk we içgin şöhlelenýär. Bu ýerde tebigatdan peýdalanyjynyň tebigata bolan gatnaşykda hukuklary we borçlary gös-göni emele gelýär. Bu hukuklar we borçlar ekologiýa hukugy, dolandyryş hukugy, raýat hukugy boýunça ýüze çykyp

bilýärler we olaryň hukuk düzgünleşdirmesiniň täsirine düşýärler. Elbetde, bu meselelere seretmek durmuş üpjünçilik hukugynyň çäklerine girmese-de galtaşyklydyr. Çünki tebigatdan peýdalanmak hukugy syýahatçylyk hyzmatlaryndan, dynç alyş hyzmatlaryndan peýdalanmak hukugy bilen utgaşýar. Bu hyzmatlar bolsa, esasan durmuş hyzmatlarydyr. Görnükli hukukçy alym I. Bekiýew ”Tebigatdan peýdalanmak töwerekdäki tebigy gurşawyň peýdaly maddalaryny we sypatlaryny jemgyýetiň ekologik, ykdysady, medeni, sagaldyş bähbitlerini kanagatlandyrmak üçin peýdalanmakdyr”[1] diýip belleýär. Diýmek, syýahatçylyk gezelençlerine isleg bildirende her bir raýat özi üçin tebigatyň gyzyklandyrýan we özüne çekýän künjegini saýlap aljakdygy kanuny ýagdaýdyr. Meselem syýahat gezelenjini edýän raýat, topar ýa-da maşgala derýa boýlaryny, jeňňelligi, çeşmeli, şaglawukly dag jülgesini, sazakly-selinli çöllük ýeri we ş. m. ýerleri saýlap alýar. Raýat tarapyndan tebigatdan peýdalanmak öz içki isleglerini kanagatlandyrmaklyga, medeni dynç alyş häsiýetlidigine, klimatologik taýdan saglyk ýagdaýyny gowulandyrmaklyga gönükdirilen saparlydygyna syrygýar. Şu ýerde-de, I. Bekiýewiň nygtan ”tebigy gurşawyň peýdaly maddalaryny we sypatlaryny” diýen düşünjeleri onuň nukdaýnazaryny şöhlelendirýärler. Ýöne onuň nukdaýnazary esasan, jemgyýetiň sanalyp geçilen bähbitlerini kanagatlandyrmaklygy döwletiň (hukuk şahslarynyň) garamatyna goýýar. Bu ýagdaý syýahat hyzmatlarynyň resurslarynyň esasy böleginiň tebigat bolup durýandygyny, onuň şol bähbitlere hyzmat etdirilmegi bolsa, bir tarapdan sosial häsiýete eýe bolýandygyny subut

edýär. Bu pikirimizi ýokarda salgylanan gollanmada tebigatdan peýdalanmak hukugynyň esassy alamatlarynyň 5-njisi hökmünde ”tebigatdan peýdalanmagyň bellenilen maksada (ykdysady, medeni-sagaldyş, dynç alyş we beýlekiler) laýyklykda amala aşyrylmagynyň” [2] göz öňünde tutulmagy tassyklaýar.

Medeni dynç alyş ulgamlary boýunça hyzmatlar aslynda medeni durmuş hyzmatlary bolsa-da, entek durmuş üpjünçilik hukugy boýunça durmuş hyzmatydygyny aňlatmaýar. Sebäbi bu medeni dynç alyş hyzmatlaryny raýat hukuk şertnamalary boýunça-da, kanun boýunça-da (jemagat hukugy), zähmet hukuk gatnaşyklarynyň çygrynda-da (wezipe borçlary boýunça) raýatlar alyp bilýärler. Ýagny, Bu hyzmat ulgamlarynyň ählisi umumy hukuk güýjüniň täsirindedirler we umumy hukuk elýeterlilik üpjünçiligindedirler.

Onda bu hyzmat ulgamlary haçan durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklary boýunça durmuş hyzmatlaryna öwrülýärler? Olar durmuş üpjünçilik hyzmatyna şu alamatlar boýunça öwrülýärler:

a). Subýektleriň hukuk häsiýeti boýunça;
b). Ýeňillikleriň berilmegi boýunça;
ç). Hyzmatlaryň guralyşy boýunça;
d). Hyzmatlary bellemegiň sebäpleri boýunça;

Subýektler kimler bolup biler? Olar işgärler, pensionerler, zähmet we uruş weteranlary, maýyplar, şeýle derejedäki işlemeýän adamlar, maşgala, çagalar, maýyplar we garrylar öýlerinde saklanýan maýyplar we gartaşan adamlar bolup durýarlar. Durmuş üpjünçilik hukugyna we onuň düzgünleşdirýän hukuk gatnaşyklarynyň çägine degişlidigi, subýektleriň hukuk häsiýetini aňladýar.

Durmuş üpjünçilik hyzmatynyň ýeňillikleri berilmedik ýagdaýynda medeni dynç alyş hyzmatlary umumy hukuk esaslary boýunça, ykdysady durmuş hyzmatlary bolup galýar, haçan-da bu hyzmatlar durmuş üpjünçilik hukugynyň subýektlerini we ýeňillik bermekligi öz içine alanda, olar durmuş üpjünçilik hyzmatlaryna öwrülýärler. Munuň özi durmuş hyzmatynyň guralyşy bilen-de, durmuş hyzmatyny bermekligiň sebäpleri bilen-de berk baglanyşyklydyr. Durmuş hyzmatynyň iş ýeri bilen bagly bolmagy işgär bolup durýan adamy durmuş üpjünçilik hyzmaty boýunça hukuk gatnaşygynyň subýektine öwürýär. Subýektiň maýyplygy, weteranlygy we şular ýaly hukuk häsiýeti durmuş hyzmaty berilende kanun boýunça ýeňillikleriň berilmegine şert döredýär. Işgär bolup durýan adama berilýän ýeňillikleriň meýilleşdirilmegi döwlet ätiýaçlandyryş serişdeleriniň hasabyna-da, iş berijileriň serideleriniň hasabyna-da amala aşyrylyp bilner. Beýleki hukuk häsiýetli subýektlere berilýän medeni dynç alyş hyzmatlary üçin ýeňillikler döwlet durmuş ätiýaçlandyryş serişdeleriniň hasabyna, ýerli jemgyýetçilik guramalarynyň (maýyplar birleşikleriniň, weteranlar guramasynyň, kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň we b.) hasabyna,

[1] I. Bekiýew. Türkmenistanda töwerekdäki tebigy gurşawy goramagyň we ondan peýdalanmagyň hukuk meseleleri. (soraglar we jogaplar). Aşgabat. 2002. 18. Tebigatdan peýdalanmak hukugy näme?. 46 sah.

[2] I. Bekiýew. Türkmenistanda töwerekdäki tebigy gurşawy goramagyň we ondan peýdalanmagyň hukuk meseleleri. (soraglar we jogaplar). Aşgabat. 2002. 20. Tebigatdan peýdalanmak hukugynyň esasy alamatlary haýsylar ?. 50 sah.

ýa-da ýerli häkimiýet, öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýerli býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilip bilner.

Durmuş üpjünçilik hyzmatynyň guralyşy medeni dynç alyş hyzmatlarynyň umumy döwlet hukuk täsirindedigine garamazdan, ýerli häsiýetdedir. Ýagny, göz öňünde tutulýan hyzmat ulgamlaryndan raýatlaryň peýdalanmagy ýerli şertlerde guralýar we olar häsiýeti boýunça merkezleşen ulgamy döretmeýärler. Bu hyzmat ulgamlary guramaçylyk-usulyýet taýdan we bu hyzmatlar babatynda döwlet syýasatyny amala aşyrýan pudak ulgamlarynyň dolandyryş täsirine girýärler. Hyzmatlary bellemegiň ýa-da ony raýada hödürlemegiň sebäpleri raýadyň zähmet işi bilen bagly bolanda, onuň zähmet görkezijileriniň ýokarydygy, öňdebaryjydygy, göreldeli, abraýly işgärdigi, kärhananyň we işgärler köpçüliginiň öňünde görnükli hyzmatlary bitirendigi üçin höweslendirmeden, saglygyny goramagyň üsti bilen işe ukyplylygyny goramakdan ybaratdyr, şeýle hem, işgäriň çagalarynyň dynç alyş möwsümindäki dynç alşyny guramakdan ybaratdyr. Hyzmaty bellemegiň esasy sebäpleriniň biri-de, işgäriň saglygyny berkitmek, kesellemeginiň öňüni almak, saglygyny dikeltmek bilen baglydyr, şonuň bilen birlikde-de, işgäriň özi hakdaky aladany duýmagyny, işgäriň öndürijilikli işlemegini, önümçiligiň üznüksizligine päsgelçilikleriň döremezligi üçin ähli şertleriň üpjün edilmegini gazanmak ýörelgesine eýerilmegidir. Şeýlelikde, medeni dynç alyş hyzmatlary durmuş üpjünçilik hukuk alamatlary bolan ýagdaýynda durmuş üpjünçilik hyzmatynyň häsiýetini edinýär we durmuş üpjünçilik hyzmatynyň hukuk mazmunyny düzýär.

Durmuş hyzmaty, munuň özi ol ýa-da beýleki işi edip bermek ýa-da şeýle işleri gurap bermek bilen hyzmat häsiýetini kabul edip alýar. Eger-de, maýyplara, uruş we zähmet weteranlaryna, hroniki kesellilere, keseli howa şertlerine bagly bolan raýatlara indiwidual dynç alyş mellek ýerlerini döredip, olary şol ýere äkitmek we getirmek, şol ýerde tebigy iýmitleniş, gezim etmek we ş.m. hyzmatlar guralýan we edilýän bolsa, onda ol hyzmatyň töleglidigine ýa-da däldigine garamazdan, durmuş hyzmaty bolar. Diýmek, durmuş üpjünçiligi özüniň durmuş hyzmaty görnüşine geçmek üçin hyzmat häsiýetine eýe bolmalydyr, başga hukuk pudagynyň hukuk çägindäki hyzmatyň durmuş üpjünçilik durmuş hyzmaty bolmagy üçin, öňden belleýşimiz ýaly, onuň subýektlerine gönükdirilen bolmalydyr. Şeýle jähtden alsak, raýat hukuk şertnamalary esasynda amala aşyrylýan tölegli hyzmatlar şertnamalaýyn durmuş üpjünşilik hyzmatlary häsiýetinde bolup bilerler, şunda hyzmatyň obýektiw görnüşiniň (syýahatçylyk hyzmaty, saglygy goraýyş hyzmaty, söwda hyzmaty, hukuk hyzmaty, durmuş hajatlary (dellek, hammam, bezeg we b) hyzmatlary we ş. m) haýsysynyň berilýändigine garamazdan, şeýle esas bilen berilýän hyzmatlar durmuş hyzmatlary hökmünde baha bermek mümkin, göz öňünde tutulan derejedäki şertnamanyň taraplaryna berilýän şertnamadaky ýeňillikleri bolsa, şertnamalaýyn durmuş ýeňillikleri diýip hasaplamak bolar. Şu ýerde hyzmatyň obýektiw görnüşi diýip, hyzmatyň bellibir institutyna, subýektiw görnüşi diýip bolsa, şol instituta degişli hyzmatlara düşünmek kanuna laýyk ýagdaýdyr.

§ 2. Medeni dynç alyş hyzmatlaryny guramak.

Medeni dynç alyş hyzmatlaryny, şol sanda syýahatçylyk gezelençlerini guramak durmuş üpjünçilik hukugynyň predmeti bolup durýan durmuş hyzmaty babatynda täjirçilik häsiýetli bolup durmaýar. Şonuň üçin-de, bu hyzmaty esasan, işi täjirçilik maksatly guralmadyk hukuk taraplary amala aşyrýarlar.

Medeni dynç alyş syýahatlary zähmetkeşler [2] (işgärler) köpçüliginiň köpçülikleýin şertnamalarynda[3] bellenilen tertipde dynç alyş syýahatlary kärhananyň, edaranyň we guramanyň kärdeşler arkalaşygy guramasy[4] ýa-da agzalan derejedäki iş berijiler tarapyndan hem guralyp bilner. Ahal welaýatynyň Abadan şäherinde ýerleşýän Ahal welaýat köpugurly hassahanasynyň köpçülikleýin şertnamasynyň 9-njy bölüminiň 8.1. maddasynda ”Işgärleri dynç alyş öýlerine, medeni çäkli syýahatlara, sagaldyş-bejeriş şypahanalaryna ýollamalar arkaly ibermeli” diýlip, bellenilýär. Munuň özi kärdeşler arkalaşygy guramasynyň zähmetkeşler köpçüliginiň çäklerinde şeýle maksatly çärelere işgärleri çekmekde araçyllyk ýagdaýy eýeläp bilýändigini görkezýär. Kärdeşler arkalaşygy guramasy özlerine şeýle maksatlar üçin maliýe serişdelerini harç etmegiň rugsat edilen möçberiniň çäklerinde syýahat guramalary, şypahana edaralary, medeni-köpçülik desgalarynyň (sport, teatr, muzeý we ş. m.) edaralary bilen degişli durmuş hyzmatyny guramak barada şertnama baglaşmak arkaly bu işi gurap biler. Dynç alyş ýa-da sagaldyş saparlaryny guramaklygy deslapdan üç taraplaýyn şertnama baglaşmak görnüşinde-de amala aşyrmak mümkin.

Ýagny, bu şertnamalaýyn hukuk gatnaşygynyň şu tertipde guralýandygyny aňladýar:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Birinji Tarap: Kärdeşler arkalaşygy guramasy | ↔ | Ikinji tarap: Hyzmat ediji edara | ← | Üçünji tarap: işgär |

Syýahat guramalarynyň guramagyndaky medeni dynç alyş hyzmatlary, şypahana hyzmatlary täjirçilik maksatly raýat hukuk durmuş hyzmatlarydyr. Ol özüniň hukuk subýektleri boýunça ähli görnüşdäki raýatlara, şol sanda, doly sagat
adamlara-da, bejergi-saglygy saklaýyş maksatly adamlara-da syýahat hyzmatynyň ähli görnüşlerini berip (gurap) bilýänligi bilen beýleki durmuş hyzmaty maksatly taraplardan tapawutlanýar.

Medeni dynç alyş durmuş hyzmatlarynyň raýatlara elýeterli bolmagy onuň guralyşy bilen baglydyr. Medeni dynç alyş hyzmatlary raýatlaryň işleýän kärhanalary, edaralary we guramalary tarapyndan guralýar. Şeýle hem bu hyzmatlar ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan hem guralyp bilinýär. Medeni dynç alyş hyzmatlary guralanda birinjiden, işgäriň (şol sanda işleýän pensioneriň, maýybyň) şol iş ýerinde uzak ýyllaryň dowamynda birkemsiz işländigi, bitiren hyzmatlary, ikinjiden saglyk ýagdaýy, işgäriň çagalarynyň ýaş aýratynlyklaryna hyzmatyň görnüşiniň bap gelmegi, üçünjiden, işgäriň medeni dynç alyş hyzmatyna bolan islegi, dördünjiden, işgäriň durmuş-ýaşaýyş derejesi we maddy ýagdaýy göz öňünde tutulýar. Medeni dynç alyş

hyzmatyny guramak kärhananyň, edaranyň we guramanyň ýolbaşçylygy ýa-da şol ýeriň kärdeşler arkalaşygy guramasy tarapyndan maliýeleşdirilýär. Ýöriteleşdirilen çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezlerinde berilýän medeni dynç alyş hyzmatlary ýol hatyny bermek bilen-de, şol dynç alyş edarasyna olarda bellenen tertip boýunça kabul etmek bilen-de guralýar.

Kärhana, edara we gurama tarapyndan işgäre medeni dynç alyş ýerlerine ýol
haty berilende şu meseleler çözülýär:
1. Medeni dynç alyş hyzmatlarynyň gatnawly ýa-da ýatymlaýyn görnüşi;
2. Hyzmaty edýän ýere ýa-da edara ugratmak (meselem, kärhananyň garamagyndaky dynç alyş öýüne, syýahatçylyk hyzmatyny guraýan edara-gurama, teatrlara, sport toplumlaryna we ş. m.);
3. Medeni dynç alyş hyzmaty edilýän ýere işgäriň bir özüniň gidýändigi ýa-da maşgala bolup gidýändigi;
4. Ýol hatynyň mazmunyny düzýän hyzmatlaryň görnüşleri;
5. Ýol hatynyň bahasy we onuň bahasynyň ýeňillikli böleginiň bellenmegi;
6. Ýol hatynyň bahasynyň ýeňillikli bölegini tutuşlygyna, ýa-da onuň bilen doly bahanyň aratapawudyny maliýeleşdiriş çeşmesini anyklamak;

Ýol haty mugt berilende tutuşlygyna, onuň bahasynyň ýeňillikli bölegi (meselem, 30%-i, 50%-i) bellenen halatynda, doly bahasyndan aratapawutly möçberini tölemegi iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna ýa-da kärdeşler arkalaşygynyň hasabyna maliýeşdirilýär. Ýol hatynyň ýeňillikli kesgitli möçberi hyzmata isleg bildiren

işgär tarapyndan tölenýär. Ýol hatyny satmak meýilleşdirilende bu mesele çözülmelidir we eger raýdaşlyk tertibinde maliýeleşdirmegi meýilleşdirýän bolsalar, onda, özlerine düşýän paýlary kesgitlemelidirler. Medeni dynç alyş hyzmatlary ýöriteleşen dynç alyş öýlerinde berilýän halatlarynda, ýol hatlarynyň bahalary döwlet tarapyndan ýa-da şol dynç alyş ulgamynyň ýokary pudak edarasy tarapyndan kesgitlenýär.

Hyzmatlaryň möhletleri hem şeýle tertipde kesgitlenýär. Medeni dynç alyş hyzmatlarynyň möhletleri hyzmatlary guramagyň möwsümleýin tertibinde we işgärleriň nobatdaky zähmet rugsatlarynyň möçberine baglylykda bellenýär.

Ýol hatynyň bahasy hyzmatyň assortimentine hem-de hyzmatyň dowam edýän möhletine laýyklykda bellenýär.

Ýol hatlary işgäriň esasy iş ýerindäli kärdeşler arkalaşygy guramasynda ýöredilýän nobatlylyk tertibi boýunça berilýär. Ýol hatlaryny bermekligi nobata goýmak ýyl we çärýek boýunça meýilleşdirilýär, nobat tertibi düzülende isleg bildirýän işgärler hasaba alynýar we olara ýol hatlaryny bermegiň düzgünleri düşündirilýär.

Medeni dynç alyş hyzmaty hyzmatyň görnüşine we işgäriň meýilleşdirmegine, maşgala gönükdirilmegine görä, möwsümleýin guralyp bilner. Syýahatçylyk gezelelençleri daglyk ýerlerde asma ýollaryndan (kanat) pedalanmaklygy, garly eňňitlerde lyžaly typmaklygy göz öňünde tutýan bolsa, ýol haty boýunça bu hyzmaty gyşky möwsümine-de bellemek mümkin. Çagalaryň gyşky dynç alşy döwründe çagalar sagaldyş-dynç alyş öýlerine ýol haty, buzly köşge petek bilen ugratmaklygy, ýazky dynç

alyş döwründe medeni-estetiki ýerlere gezelençleri-ekskursiýalary guramaklygy bellemek mümkin.

Medeni dynç alyş hyzmatlaryny amala aşyrýan edaralardan, guramalardan olar üçin ýöriteleşdirilen hyzmatlaryň ýol hatlary (putýowka) iş beriji taraplar ýyllyk we çärýeklik meýilnamalary boýunça bellibir mäçberde sargyt etmek esasynda alýarlar. Olary satmagy we onuň bilen bagly durmuş üpjünçilik meselelerini çözmegi öz üstlerine alýarlar.

Medeni dynç alyş hyzmatlary yeatrlara, muzeýlere, tomaşa zallaryna, sport ýaryşlaryna, festiwallara, aýdym-saz şowhunlaryna tomaşa etmäge niýetlenen tomaşaçy peteklerini sargyt edip almak we işgärlere (talyplara, mekdep okuwçylaryna we b.) satmak çäreleriniň guralmagy oňňyn netijeli guraýyş usullarynyň biridir. Ýol hatlaryny, tomaşaçy peteklerini mugt bermek göz öňünde tutulýan bolsa, şu tertipde bermek maksadalaýyk bolar: 1). Baýrak görnüşinde;
2). Sylaglamak görnüşinde; Eger olary umumy we ýeňillikli şertlerde bermek göz öňünde tutulýan bolsa, onda ýol hatlaryny, petekleri meýilnama boýunça ýa-da bellenen nobat tertibi boýuça bermek amatlydyr.

Çagalar sagaldyş- dynç alyş öýlerine ýol hatynyň möhletleri olaryň çärýekara dynç alyş döwürlerine we tomusky dynç alyş möwsümine laýyklykda, aşakdaky tertipde bellense, maksada laýyk bolar:

| Güýzki dynç alyş (günlerde) | Gyşky dynç alyş (günlerde) | Ýazky dynç alyş (günlerde) | Tomusky dynç alyş (günlerde) |
|---|---|---|---|
| 3 | 7 | 5 | 40 |

Çagalykdan maýyp we maýyp çagalar üçin (umumy orta, ýöriteleşdirilen umumy orta, ýörite orta we hünärmen mekdeplerde okaýan) ýol hatlarynyň möhletleri aşakday ýaly bellenip bilner:

| Güýzki dynç alyş (günlerde) | Gyşky dynç alyş (günlerde) | Ýazky dynç alyş (günlerde) | Tomusky dynç alyş (günlerde) |
|---|---|---|---|
| 5 | 10 | 7 | 50 |

Şu möhletler boýunça çagalaryň ýol hatlarynyň bahasynyň ýeňillikli möçberi bellenende maddy taýdan üpjünçiligi ýaramaz ýagdaýyny, köp çagaly maşgaladandygyny, weteranlar derejesindäki adamlary, maýyplary bolan maşgaladandygyny, ýalňyz enäniň eklenjindedigini nazarda tutmak mümkin.

Ýyl boýunça umumy meýilleşdirilen sandaky ýol hatlarynyň bellibir sandaky möçberi, şeýle derejedäki maşgalalaryň çagalary niýetlenip goýulýar;

Uly ýaşly raýatlara ýol hatlaryny bermek esasan, olaryň nobatdaky zähmet rugsatlarynyň döwrüne gabat getirmek arkaly guraýlýandygy sebäpli, olary zähmet rugsadyna goýbermegiň tertibindäki bellenen döwür nazarda tutulmalydyr we medeni dynç alyş hyzmatlarynyň görnüşleri şol döwrüş möwsümi üçin häsiýetli bolmalydyr hem-de hyzmatlaryň möhletleri rugsat döwrüniň möhletleriniň çäklerinde raýatlaryň islegi nazarda tutulyp kesgitlenmelidir. Ýol hatlarynyň möhletlerini kesgitlemek hakykatda olary bermegi ýyl (çärýek) boýunça meýilleşdirýän pursatunda amala aşyrylýar.

Işlemeýän pensionerlere, maýyplara, çagalykdan maýyplara, weteranlar derejesindäki adamlara, gartaşan

adamlara olaryň arzalary boýunça ýol hatlaryny bermek, garrylar we maýyplar öýleriniň administrasiýasy, durmuş taýdan üpjünçilik edaralary tarapyndan guralyp bilner. Ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary özleriniň ýerleşýän ýerleri we täsir ediş dolandyryş çägi boýunça şeýle derejedäki adamlaryň medeni dynç alyş hyzmatlaryny gurap bilerler. Şeýle hem bu edaralar şeýle derejedäki raýatlaryň köpçülikleýin medeni dynç alyş we tomaşa ýerlerine baryp bilmekleri üçin amatly şertleriň döredilmegine ýardam etmelidirler.

## §3.Bejeriş- saglygy dikeldiş şypahana hyzmatlary

Şypahana hyzmaty adamynyň daşky gurşawyň ekeologiki arssalygyna bolan hukugyny amala aşyrmagynyň binýatlarynyň biridir. Şypahana hyzmatlary adamynyň medeni dynç alşyny guramaga, saglygyny dikeltmek ýa-da keseli bilen bagly saglyk ýagdaýy sebäpli saglygy dikeltmekligi dowam etdirmek bilen baglanyşykly toplumlaýyn (kompleksleýin) bejergi tapgyrlaryny gatnawly ýa-da ýatymlaýyn tertipde geçmäge gönükdirilen dynç alyş we saglygy goraýyş durmuş hyzmatynyň bir ulgamydyr. Çünki, şypahana hyzmatlary medeniýetli dynç alşy hem, saglygy goraýyş bejergisini hem utgaşdyrýar.

Şypahana hyzmatlaryny ýerine ýetirýän bejeriş-saglygy dikeldiş şypahanalaryna ugratmak we bu çäräni iş beriji kärhananyň, edaranyň we guramanyň öz üstüne almagy şu ýagdaýlardan gelip çykýar we ol işgäriň zähmete ukyplylygyny kadaly saklamaklyga hyzmat edýär. Bejeriş-saglygy dikeldiş şypahana hyzmatlary ýörite tebigy aýratynlyklary bolan ýerlerde döredilýär we şonda

adamynyň dynç almagy, özünde estetiki duýgulary terbiýelemek islegini ösdürmegini jemleýän estetiki lezzet almagy, adamynyň keseliniň häsiýeti bilen tebigy şertleriň bejergi toplumlaryny geçirmäge mümkinçilik berýän häsiýetiniň gabat gelmegi zerur bolan tebigy aýratynlyklar öwrenilýär. Tapylan tebigy artykmaçlyklara laýyklykda, şypahana hyzmatlarynyň dynç alyş we bejergi beriş ulgamlarynyň mazmuny düzülýär.

Şypahana bazalary tebigi artykmaçlygy bolan zolaklarda kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň balansynda, şeýle hem olaryň degişli bolan pudak ulgamlarynyň balansynda hem döredilip bilner.

Şypahana hyzmatlarynyň berilmegi boýunça tebigy taýdan bap gelýän ýerler şular hasaplanýar:

1. Kurort zolaklary bolup durýan tebigatyň gözel landşaftly ýerleri (dag jülgeleri, baýrylyklar, şaglawukly, çeşmeli ýerler-dereler, tokaýlar, çemenzarlyklar);
2. Suptropiki klimat şertleri bolan ýerler (Magtymgyly, Gyzyletrek etraplarynyň tutuş sebtleri);
3. Ýyly suwlaryň çykýan ýerleri, patlawuklaryň ýerleşýän ýerleri, ýerasty bejergi häsiýetli ýyly suwlar;
4. Tebigy taýdan bejergi häsiýetli mineral duzlaryň, toprak düzümleriniň dörän ýerleri;
5.Gün şöhlesiniň bejergi häsiýetli ýagdaýda düşýän ýerleri;
6. Deňiz kenarlary we howasynda ýodly birleşmeleriň bolan ýerleri;

Şypahana hyzmatlary amala aşyrylýan kurort we tebigy artykmaçlygy bolan zolaklar, ýerler şulardyr:

1).Hazar deňziniň kenar ýakalary: a). Türkmenbaşy şäherinde (Awaza milli syýahatçylyk zolagy ýerleşýär), b).Hazar-Çeleken şäherinde, ç). Esenguly etrabynda;

2). Uzboýuň ugurlary: a). Mollagara kurorty (şypahana ýerleşýär); b). Garaçagyl tebigy ýeri;
3). Ýyly suwlar we patlawuklar: a). Serdar şäheride kükürtwodorodly suw, b). Baharly etrabynyň Durun obasynyň golaýyndaky ýyly suw; ç). Baharly etrabynda Köwata ýerasty ýyly suwly gowak-köw d). Arçman çeşmesi (Arçman şypahanasy ýerleşýär); g). Berzeňňi mineral suwly ýeri; e). Kaka etrabynyň Duşak obasynyň töweregindäki kükürtwodorodly mineral suwlary, ýyly suwlar;
4). Köpetdagynda: a). Arçabil jülgesi, b). Gökdere jülgesi; ç). Ýanbaş dag etegi; d). Bekrewe jülgesi we baýyrlyklary; z). Baharly etrabyndaky „Kyrk gyz“ jülgesi; e). Nohur jülgeleriniň ulgamy; ž). Serdar şäherinde Garaälem (kaçkowskiý) jülgeleri; g). Magtymguly etrabynyň ýerleşýän tutuş sebti (sumbar derýasynyň, şaglawugyň jülgeleri, Çendir, Sünt-Hasar, Aýdere we ş. m. jülgeler);
5). Balkan dagynda: „Dam-dam çeşmesi“ we beýleki çeşmeler;
6). Baýramaly Böwrek şypahanasynyň ýerleşýän ýerleri,

Şypahana hyzmatlary ýerli ýagdaýda we ýörite bellenen tertipde guralýar. Şypahana hyzmatlary işleýän adamlar üçin guralýan bolsa, ony guramaklygy işgäriň işleýän kärhanasynyň, edarasynyň we guramasynyň administrasiýasy ýa-da ilkinji kärdeşler arkalaşygy guramasy amala aşyrýar. Işgär ilkinji guramasynyň ýazyp bermegi boýunça etrap hukukly kärdeşler arkalaşygy guramasy tarapyndan ugradylyp bilner. Şypahana edaralaryna ugratmak çäresi ýol hatyny bermek bilen ýola goýulýar we ony bermek maýyplara, zähmet we uruş

weteranlaryna birinji nobatda bermek tertibi göz öňünde tutulýar.

Eger ýol hatyny mugt ýa-da beýleki ýeňillikli şertlerde bermek göz öňünde tutulýan bolsa, ýol haty bilen baglanyşykly (ýeňillikli baha bilen doly bahanyň aratapawudy, şypahana ýerine gitmek we gelmek üçin ýol çykdajylary, mugt berilen mahalynda, ýol hatynyň doly bahasy, ýeňillikli ýa-da mugt berhizlik iýmitine ýazyp bermek we b. ) çykdajylary ýol hatyny bermekligi öz üstüne alan tarap öz serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirýär. Ýol haty meýilleşdirilmezinden öň, işgär bilen şu meseleler anyklanýar:

1. Işgäriň şypahana hyzmatyny wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk haty döwründe bejeriji lukmanyň netijenamasyna laýyklykda alýandygy;

2. Işgäriň şypahana hyzmatyny lukmanyň netijenamasy esasynda esasy we goşmaça zähmet rugsady döwründe alýandygy we onuň haýsy möwsüme gabat gelýändigi;

3. Işgäriň lukmanyň netijenamasynda kesgitlenen keseliniň häsiýeti;

4. Işgäriň ýerine ýetirýän işiniň (wezipesiniň) düýpli zähmet şertleri zyýanly, agyr şertleri, önümçiligiň arasyny üzüp bolmaýan häsiýeti, çalşykly iş wagty we ş. m.);

5). Bejeriji lukman tarapyndan berhizlik iýmitine ýazylyp berilmegi;

6). Şypahana bejeriş-saglygy dikeldiş hyzmatynyň möhleti;

7). Işgäre bir adamlyk ýa-da maşgala (gitjekleriň sany görkezilen ) ýol hatynyň gerekligi;

8). Ýol hatynyň bahasynyň dolulygyna işgäriň hasabyna tölenýändigi, ýa-da ýol hatynyň bahasynyň bellibir bölegini

, doly möçberini ýeňillikli şert hökmünde ýol hatyny berijiniň öz hasabyna tölemegi öz üstüne alýandygy, ýol hatynyň bahasy kesgitlenende, naharlanmak (ş. s. Berhizlik iýmiti) üçin, ýol harjy üçin çykdajylary umumy baha hasaplamalydygyny ýa-da däldigini;
9). Ýol hatynyň bahasy kesgitlenende işgäriň maşgala we maddy üpjünçilik ýagdaýy boýunça ýeňillik bermegiň gerekdigi we ony bermäge kärhananyň maliýe-maddy mümkinçiligi;

Işgär bilen şu meseleleriň anyklanmagy ýol hatyny bermekligi meýilleşdirmek we olaryň doly satylyp ýerlenmegi üçin ähmiýetlidir. Sebäbi şu meseleleri anyklamagyň üsti bilen haýsy görnüşdäki şypahana hyzmatlary üçin ýol hatynyň gerekdigi, şypahana hyzmatlarynyň haýsy çärýegiň möwsüminde berilýän görnüşini soramalydygy, şypahana hyzmatynyň möhletiniň näçe bolmalydygy, ony esasy we goşmaça zähmet rugsatlarynyň döwrüne gabat getirmek mümkinçiligi, şypahana hyzmatlary üçin ýol hatlarynyň sanynyň näçe bolmalydygy we şol sandaky ýol hatlarynyň keselçilik boýunça bejergi geçmek, saglygy berkitmek isleglerine deň üleşdirilmegini, şolaryň umumy sanynyň näçe göteriminiň işleýän maýyplara, pensionerlere we weteranlara degişli bolmalydygy, şypahana hyzmatlarynyň umumy bahasy, hyzmatlara naharlanmagyň we beýleki käbir şertleriň goşulmaýan halatyndaky işgäriň tölemeli umumy bahasy meýilleşdirilýär. Ýol hatlaryny meýilleşdirmegiň göwrümine laýyklykda, şypahana edaralaryndan ýol hatlary sargyt edilip alynýar we şol sargydyň ýerine ýetirilmegi boýunça-da şypahana durmuş hyzmaty guralýar. Şypahana hyzmatlarynyň kesel bejeriş we kesel boýunça saglygy

dikeldiş bilen bagly ýagdaýynda, ýol haty maşgala lukmanynyň ýa-da bejeriji lukmanyň netijenamasy berilen halatynda berilýär. Eger saglygy goraýyş edarasy şeýle netijenamany bermedik ýagdaýynda, ýol haty berilmeýär. Lukmanyň saglygy goraýyş netijenamasy iki görnüşde berilýär:

1. Ýatymlaýyn ýa-da gatnawly bejergi üçin wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk hatyny bermek we onda keseli we keseli bejermegiň görnüşini görkezýän netijenama ýazmak;
2. Şypahana kartasyny bermek we onda lukmanyň netijenamasyny ýazmak;

Işgäre wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk haty berilen halatynda, iş ýylynyň haýsy döwründigine garamazdan, resminamada görkezilen möhletlerde şypahana bejergisine bolan hukuga eýe bolýar. Şunda işgäriň şypahana bejergisi şypahana hyzmaty üçin meýilleşdirmeden daşarda bolup, oňa ýol haty berlip bilinmeýän halatynda, işgär diňe wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwründe bolan adam diýlip hasaplanýar, bejergiden beýleki şypahana hyzmatlaryny almak meselesini işgär bilen şypahana edarasy özbaşdak çözýärler. Şypahana bejergisi bilen şypahana hyzmaty diýen düşünjäniň tapawudy hem şundan gelip çykýar. Şypahana bejergisi wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk haty we onady lukmanyň netijenamasy esasynda amala aşyrylýar, şypahana hyzmaty bolsa, şypahana bejergisini hem öz içine almak bilen, saglygy berkitmek, medeni dynç alşy we beýleki hyzmatlary üpjün etmek bilen amala aşyrylýar. Ýol hatynyň düzülip, oňa baha bellenmegi-de, şoňa görädir. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk haty saglygy goraýyş kanunçylygynda bellenen tertibe görä, bejeriji lukman tarapyndan 3 günden-6 güne

çenli, ondan ýokary möhlete LBMBT-y tarapyndan uzaltmak bilen berilýär.

Bjergi görnüşi şypahana üçin bellenen wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk haty diňe kesel boýunça bejergi üçin berilýär, ýol haty bolsa toplumlaýyn şypahana hyzmatynyň berilmegi üçin göz öňünde tutulýar. Şonuň üçin-de, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwri keseliň aýratynlygyna görä meýilleşdirilip we şol döwür üçin ýol haty niýetlenip bilner.

Şypahana kartasy (ýa-da bejergä ýollaýyş haty) işgäre wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk hatyny bermezden, esasy we goşmaça zähmet rugsadynda şypahana bejergisi we hyzmaty alynýan halatynda berilýär. Bu resminama işgäre ýol hatyny bermek üçin esas bolup durýar.

Işgär tarapyndan peýdalanylmadyk ýyl we çärýek boýunça meýilleşdirilen ýol haty şypahana edarasyna gaýtarylyp berilýär ýa-da başga isleg bildiren işgäre berilýär ýa-da meýilleşdirme boýunça ýol haty adyna niýetlenen işgäriň haýyşyna görä, şol ýylyň dowamyndaky başga bir çärýegiň ýa-da indiki ýylyň meýilnamasyna goşulýar. Şunda kärhananyň balansyndaky şypahana-dynç alyş öýi üçin ýol hatyny tygşytlanan serişde hökmünde indiki ýyla geçirmek mümkin, emma aýrybaşga şypahana edarasyndan sargyt boýunça alynan ýol hatlaryny eger bahasy tölenen bolsa, indiki ýyla geçirip bolmaýar, sebäbi ol eýýäämm meýilleşdirilen çykdajylaryň hasabyna goşulýar we diňe bergileriň indiki ýyla geçirilmegi hökmünde amala aşyrylyp bilner.

Işgärleriň islegleri boýunça şypahana hyzmatlary üçin ýol hatlarynyň meýilleşdirilmegi esasynda sargyt edilip alynan ýol hatlarynyň bahalary kärhana, edara we gurama

ýa-da onuň kärdeşler arkalaşygy guramasy geçirim tertibinde öňünden tölemedik bolsa, ýol hatlary satylan diýlip hasaplanyp bilinmez. Şeýle ýagdaýda administrasiýanyň ýa-da kärdeşler arkalaşygy guramasynyň işgärden ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy talap edip bilmez, ýagny, işgärde maddy jogapkärçilik ýüze çykmaýar. Töleg geçirmek-tölemek tertibi şypahana edarasynyň özünde, raýadyň özi tarapyndan tölemek usulynda ýerine ýetirilýän bolsa, onda bu mesele asla ýüze çykmaýar. Eger sargyt boýunça ýol hatlarynyň bahalary kärhana tarapyndan geçirim tertibinde tölenen bolsa, onda işgär öz islegi boýunça sargyt edilen ýol hatyny hökmany ýagdaýda ulanmalydyr. Onuň şeýle ýagdaýda ýol hatyny ulanylmazlygynyň netijesi işgäriň günäsi bilen kärhananyň maddy zyýan çekmegine getirýär. Kärhananyň zyýan çekmegi diýip, bahasy tölenen ulanylmadyk ýol hatyny başga bir isleg bildirijä satyp bilmedik we şonuň netijesinde meýilleşdirilen smeta boýunça maliýe möçberine ýetmezçiligiň öwezini dolup bilmedik böleginiň- berginiň emele gelmegine düşünilýär. Şeýle ýagdaýlarda zyýanyň öwezini dolmak (şol sanda, işgärden talap etmezden, bergini beýleki girdeji çeşmesiniň hasabyna üzmek) mümkin bolmadyk ýagdaýynda, işgäri maddy jogapkärçilige çekmek ýa-da jedelli meseleleri çözmek kanunlarda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

Ýol hatlarynyň bahalaryna ýeňillik bellenende şu aşakdaky ýagdaýlar göz öňünde tutulýar:

1. Ýol hatlarynyň hyzmatlaryň görnüşleri (assortimenti) boýunça bahalaryna kanun boýunça ýeňillikleriň bellenen möçberi;

2. Iş berijiniň hasabyna maliýeleşdirilýän ýagdaýynda raýadyň maşgala we maddy ýagdaýy;

Şu ýagdaýlarda ýol hatlary berilmeýär:

1). Medisina netijenamasy bolmasa;

2). Işgäriň, raýadyň keseli ýokanç keseller bilen bagly bolanda;

3). Ýol hatynyň bellenilen bahasynyň (ýeňillikli we şonsuz) tölenendigi baradaky kwitansiýanyň getirilip berilmedik ýagdaýynda;

4). Raýadyň ýol hatyny berýän kärhananyň, edaranyň we guramanyň işgäri bolup durmaýan ýagdaýynda;

5). Zähmet düzgün-nyzamyny bozujy hökmünde birnäçe gezek hasaba alynan (duýdurylan, düşündiriş alynan) ýagdaýynda ýa-da düzgün-nyzam jogapkärçiligini çekýän döwründe;

Medisina netijenamasy bolmadyk raýatlara şypahanalara şypahana hyzmatynyň meýilleşdirmesi boýunça däl-de, şypahana bejergi-saglygy dikeldiş lykmançylyk durmuş hyzmaty nazarda tutulmadyk-bellenmedik, umumy medeni dynç alyş durmuş hyzmaty derejesindäki dynç alyş öýlerine ýol hatlary berlip bilner. Eger şypahanalara dynç almaga ýol hatlary berilýän bolsa, ýol hatynda bejergi tapgyrlary nazarda tutulmaýar, emma bu raýadyň bejeriş-saglygy dikeldiş hyzmatyndan peýdalanyp bilmejekdigini aňlatmaýar. Raýat şypahana edarasynyň lukmançylyk gözegçilik barlagynyň netijesinde, özbaşdak saglygy berkidiji bejergileri alyp biler. Şeýle tertipde ýol hatynyň berilmegi üçin, ýokardaky soňky üç ýagdaýyň degişlidigi düşnüklidir.

Raýatlaryň şu toparlaryna, ýagny, I we II, III topar maýyplaryna lukmanyň netijenamasy bolmazdan, ýol haty

berlip bilner we şypahana edarasyna şonsuz kabul edilip bilner.

Işleýän raýatlara ýol hatlaryny bermek şeýle tertipde guralsa, işlemeýän raýatlara şypahana hyzmatlary nähili guralyp bilner? Şypahana hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin adatça, raýatlaryň özleri ýekelikde ýa-da maşgala bolup özbaşdak şypahana edaralaryna ýüz tutýarlar. Şunda şol raýatlar üçin hem kanunlarda göz öňünde tutulan ýeňillikler bilen üpjün edilýär. Kanun boýunça birinji nobatda we ýeňillikli hyzmat etmekde şular ileri tutulýar:

1. Maýyplar,
2. weteranlar,
3. Çernobyl AES-daky heläkçiligiň netijelerini aradan aýyrmaklyga

gatnaşyjylar;

4. Beýleki ýeňillikler göz öňünde tutulan adamlar (harby gullukçylar, içeri işler adaralarynyň gullukçylary, köp çagaly eneler we b.). Şypahana hyzmatlaryny guramaklygy maýyplar we garrylar öýleri, durmuş taýdan üpjünçilik edaralary, jemgyýetçilik guramalary, ýerli häkimiýet (häkimlik, halk maslahatlary) we öz-özüňi dolandyryş (geňeşler) edaralary amala aşyryp biler. Şol edaralaryň üsti bilen ýol hatlary boýunça şypahana-bejeriş durmuş hyzmatlaryny işlemeýän maýyplar, pensionerler, weteranlar, ýalňyz ýaşaýan gartaşan adamlar alyp bilerler. Olara ýol hatlarynyň satylmagy şol görkezilen edaralar tarapyndan şypahana edaralaryna ýol hatlaryny sargyt edip almak arkaly guralyp bilner. Maýyplar we garrylar öýleri tarapyndan maýyplary we garrylary şypahana edaralaryna äkitmek we ýerleşdirmek arkaly hem şypahana hyzmatlarynyň berilmegi guralyp bilner.

Şypahana hyzmatlary doly sagdyn bedenli adamlar üçin hem guralyp bilner. Sagdyn adamlar iş ýerleriniň, degişli jemgyýetçilik guramalarynyň araçyllyk etmeginde, syýahat guramalary ýa-da olaryň dellalçylyk guramalary, şypahana edaralary bilen gönümel gatnaşykda özleri üçin şypahana dynç alşyny gurap bilerler. Eger bu çäre iş ýeri bilen bagly bolsa, iş ýeri boýunça kesgitlenen nobatlaýyn tertipde amala aşyrylyp bilner.

Sagdyn adamlara şypahana hyzmatyny etmek şypahana dynç alşy häsiýetinde ýerine ýetirilýär. Sebäbi şypahana hyzmaty lukmançylyk saglygy saklaýyş maksatly bolup durýar. Diýmek, sagdyn adamlar üçin-de, şypahana dynç alşynyň çäklerinde hyzmat etmek üçin esaslaryň käbir aýratyn talaplaryny bellemek zerurlygy ýüze çykýar. Ýagny, şypahana hyzmaty barada şertnama baglaşylmazyndan öňürti, sagdyn adamdan lukmançylyk barlagyndan geçenligini tassyklaýan saglyk ýagdaýy barada bellenen görnüşdäki resminama (kepilnama) soramak hökmanydyr we diňe adamyň sagdynlygy anyklanandan soňra, şeýle dynç alyş hyzmaty boýunça şertnama baglaşylyp bilner. Sebäbi sagdyn adama şypahana dynç alyş hyzmaty lukmançylyk gözegçiliginiň we saglygy berkidiji proseduralaryň kesel bilen bagly bolmadyk görnüşlerinde alnyp barylýar. Bu çäräni, ýagny raýadyň saglyk ýagdaýyny barlagdan geçirmegi raýadyň hemişelik ýaşaýan ýerindäki saglygy goraýyş edarasynda, eger şeýle mümkinçiligi bar bolsa, degişli şypahana edarasynyň özünde-de geçirmek mümkin. Diýmek, sagdyn adam barada lukmançylyk häsiýetli dynç alyş guralýar. Sagdyn adam üçin dynç alyş şypahana hyzmatlary adam saglygyny saklamak, berkitmek bilen baglylykda, onuň hünäriniň häsiýetine kybapdaş usullary ulanmak bilen berjaý edilip bilinýär. Şeýle hyzmatlaryň usullary hökmünde saz

terapiýasy, beden maşklary, owkalama we beýleki rahatlandyryjy hyzmatlary guramak we ulanmak bolar.

Sagdyn adamlara şypahana dynç alşyny guramagyň hukuk esaslary birinjiden, saglyk ýagdaýy baradaky resminama, ikinjiden, sagdyn adama bellenip bilinjek lukmançylyk häsiýetli dunç alyş hyzmatlarynyň görnüşleri barada ylalaşmak, üçünjiden bolsa, şolaryň esasynda şertnama baglaşmak bolup durýar. Bu şertnama dilden dälde, tipli şertnama görnüşinde baglaşylsa, iki tarap üçin hem bähbitli bolar. Sebäbi ol ýüze çykan jedeli çözmegiň we jogapkärçiligi anyk kesgitlemegiň netijeli usuly hökmünde hyzmat eder.

Ýokardaky tipli şertnama esasynda doly sagdyn diýlip hasaplanan adam iş ýeri bilen bagly ýagdaýda nobatdaky zähmet rugsatlarynyň we beýleki döredijilik rugsatlarynyň döwründe saglygy saklaýyş-şypahana durmuş hyzmatyndan peýdalanmaga mümkinçilik alyp biler. Saglygy saklaýyş şertnamasy şypahana bilen edara-kärhanalaryň arasynda hem, aýratyn raýatlaryň arasynda baglaşylyp bilner.

Durmuş hyzmatynyň bu usulynyň täşirçilik hsiýetiniň hem bolup bilýändigine garamazdan, aslyýeti boýunça durmuş hyzmaty bolmagynda galýar. Umuman, saglygy saklaýyş dunç alşyny guramagyň netijeli görnüşi şertnamalaýyn gatnaşygy guramagy ýola goýmakdyr. Bu şertnama raýat hukuk pudagynda tölegli hyzmat etmek şertnamasynyň bir görnüşi hökmünde baha berlip bilner. Eger şeýle bolsa, onda bu şertnamany raýatlaryň durmuş goraglylygyna ýykgyn edýän jemgyýetçilik guramalary, ýerli häkimiýet edaralary we beýleki munisipial organlary, syýahat guramalary, ýokary pudak edaralary özara baglaşyp bilerler we durmuş hyzmatynyň bu görnüşini bermegiň we ony guramagyň şertnamalaýyn ulgamyny döredip bilerler.

# Okuw gollanmasy boýunça peýdalanmaly edebiýatlar:

(giriş, umumy we aýratyn bölüm )

1. Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary“, Aşgabat, 2007ý.
2. G.M.Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watana, halka sőŷgi–bagtdyr.-Aşgabat-2007ŷ.
3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007ý.
4. „Halkyň ynam bildireni“. Aşgabat, 2007ý.
5. „Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy.“ Aşgabat, 2007ý.
6.Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy“, Aşgabat, 2007ý.
7.Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007ý.
8.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007ý.
9. „Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy“. Aşg. 2007ý.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli „Galkynyş“ Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýynyň bilelikdäki mejlislerinde sözlän sözi.

11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň räze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008ý.
12. Азарова Е. Г.Личность и социального обеспечение. М. 1983г.
13. Проблемы трудового права и социального обеспечение. М. 1975г
14.. Бабкин Б. А, Смирнова Г. Б. Комментарий к положению о порядке назначения и ваплаты государственных пенсии. М. 1977 (1984)
15.. Захаров М. Л. Писков В. М. Социальное обеспечение и странование в СССР. Сборник нормативных актов. М. 1979г.
16. Государственное социальное странование. М.1958г.
17. Советское социальное странование. Учебное пособие. М. 1985г.
18. Советское право социального обеспечения. Учебное пособие. М. 1989г.
19. Советское право социального обеспечения. Учебное пособие. С-Петербург. 1992г
20. Право социального обеспечения России. Учебнк. М. 2006г.

MAZMUNY:

Giriş. ........................................................................... 9

UMUMY BÖLÜM
I BAP. TÜRKMENISTANDA DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGI WE DÖWLET SYÝASATY
§1.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasatynda durmuş üpjünçilik konsepsiýasy............................................. 13

§ 2. Türkmenistanyň durmuş üpjünçiligi boýunça döwlet syýasaty we onuň ugurlary....................................... 19

§ 3. Durmuş üpjünçiligi hakynda Türkmenistanyň bitewi kanuny we onuň ähmiýeti...................................... ...23

II BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGINI EDARA EDIŞ ULGAMY
§ 1. Durmuş üpjünçiligini dolandyrmagyň düşünjesi.....27

§ 2. Durmuş üpjünçilik edaralarynyň ulgamy.................30

§ 3. Durmuş üpjünçilik edaralarynyň esasy wezipeleri.. 33

§ 4. Durmuş üpjünçilik edaralarynyň ýerine ýetirýän işi (funksiýasy) ......................................................... 36

UMUMY BÖLÜM.

## I BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGI HUKUGYNA DÜŞÜNJE

§1. Durmuş üpjünçiligi hukugynyň düşünjesi............... 42

§ 2. Durmuş üpjünçilik hukugynyň dersi...................... 46

§ 3. Durmuş üpjünçilik hukugynyň ulgamy...................50

§ 4. Durmuş üpjünçilik hukugynyň usuly.....................51

§ 5. Durmuş üpjünçilik hukugynyň hukuk çeşmeleri.... 54

§ 6. Durmuş üpjünçilik hukugynyň ýörelgeleriniň düşünjesi we mazmuny.............................................60

§ 7. Durmuş üpjünçiliginde alimentar düşünje...............65

## II BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIK HUKUGYNYŇ HUKUGY ÜPJÜN EDIŞ ÇEŞMELERI

§ 1. Durmuş üpjünçiliginiň usullarynyň ulgamy we görnüşleri........................................................... 73

§ 2. Durmuş ätiýaçlandyrmasynyň ýerine ýetirýän işi. 79

§ 5. Durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmegiň çeşmeleri.............................. ...............................80

## III -BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGI BOÝUNÇA HUKUK GATNAŞYKLARY

§1 Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň düşünjesi. 84

§ 2. Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny........................................................................ 89

§ 3. Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri....................... ......................................100

§ 3. Durmuş üpjünçilik hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň häsiýetleriniň köpdürlüligi we aýratynlyklary.......................................................... 105

## AÝRATYN BÖLÜM
## III BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGINDE IŞ DÖWRI

§ 1. Iş döwrüne düşünje. Mazmuny................................................................ 115

§ 2. Pensiýa ätiýaçlandyryş döwri............................. 118

§ 3. Iş döwrüniň görnüşleri........................................... 121

§ 4. Möwsümleýin iş döwrüne düşünje...................... 126

§ 5. Möwsümleýin iş döwrüniň aýratynlyklary........... 129

§ 6. Raýat hukuk şertnamalarynyň iş döwrüni döretmek ukyby.................................................... 134

## II BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGINDE PENSIÝALAR.

§ 1. Pensiýalar hakynda düşünje..................................137
§ 2. Pensiýa üpjünçiliginde adamynyň ýaşy bilen bagly düşünjeler we olaryň pensiýa bolan hukuga täsiri....140
§ 3. Döwlet atly pensiýalary.........................................149
§ 4. Käbir hünärmenlere pensiýa bellemekligiň aýratynlyklary.......................................................160

## III BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGINDE PENSIÝALARY HASAPLAMAK HEREKETLERI

§ 1. Pensiýalary hasaplamagyň umumy düşünjesi.........164

§ 2. Zähmet hakynyň aýratyn görnüşlerini pensiýa möçberine hasaplamak... .........................................175

§ 3. Pensiýalara goşmaça hak bellemekligiň esaslary....185

## IV BAP. DÖWLET ÇAGA PULLARY BOÝUNÇA DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGI

§ 1. Ýalňyz eneleriň çagalaryna döwlet kömek pullarynyň bellenmegi.......................................................201

## V BAP. EKLEÝJISIZ GALANDYGY ÜÇIN KÖMEK PULY.

§ 1. Wagt çäklendirmeleri boýunça ekleýjisini ýitirenligi üçin kömek puluna bolan hukuk.............................. 206

## VI BAP. DURMUŞ ÜPJÜNÇILIK ÝEŇILLIKLERI

§ 1. Ýeňillikler barada düşünje.
Mazmuny.......................................................... 214

§ 2. Durmuş ýeňillikleriniň görnüşleri we oňa düşünje................................................................ 226

§ 4. Durmuş ýeňillikleri boýunça maýyplara berilýän esbaplar.................. ..............................................252

## VII BAP. DÖWLET GOLDAWY WE DURMUŞ HYZMATY

§ 1. Döwlet goldawyna düşünje. Döwlet goldawyny bermegiň şertleri.................................................... 257
§ 2. Durmuş hyzmatyna düşünje.................................. 262

§ 3. Duýgy we sözleýiş agzalary boýunça kemçiligi bolan durmuş üpjünçilik hukugynyň subýektlerine durmuş hyzmatyny bermegiň meseleleri............................. 268

§ 4. Durmuş hyzmatynyň görnüşleri............................273

§ 5. Garrylygy boýunça pensionerler bilen bagly meseleler............................................................... 287

## VIII BAP. MEDENI DYNÇ ALYŞ WE BEJERIŞ-ŞYPAHANA HYZMATLARY.

§ 1. Medeni dynç alyş barada umumy düşünje........... 294

§ 2. Medeni dynç alyş hyzmatlaryny guramak........... 304

§ 3. Bejeriş-saglygy dikeldiş şypahana hyzmatlary.... 310

Okuw kitaby boýunça peýdalanylmaly edebiýatlar... 322